«Şeýtanyň aly» atly bestselleriň awtory

**JON BIWER**

# HORMAT SYLAGY

Bu unudylan ýagşy
häsiýetiň güýjüni açyň

Eý, mähriban dostum!

Hormatlamak häsiýeti gündeki durmuşymyzdan ýitip barýan ýagdaýlaryň biri bolsa-da, onuň heniz hem ýüreklerimize galtaşyp, bizi ruhlandyrmaga güýji bardyr. Hormat-abraý düşünjesi hazirki döwürde iň meşhur filmleriň sýujetinden eriş-argaç bolup geçýär we haýrana galdyryp, öwga mynasyp bolýar. Emma bu wajyp açar Hudaýyň durmuşymyzdaky meýliniň dolulygyny kabul etmegimizde şu gün nähili orny eýeleýär?

Hormat uly sylaglary getirýär, Hudaý siziň bu sylaglary almagyňyzy isleýär. Unudylan bu esasa ter bakyş bilen garamaklyk Hudaýyň siziň durmuşyňyz üçin kesgitlän we niýetlän zatlarynyň baryny almaga ýardam eder.

Siz hormata düşünmek, ony kabul etmek we ulanmak arkaly Hudaýyň gymmatlyklar ulgamyny özüňiz üçin ýüze çykararsyňyz we hormatyň Awtorynyň ýüregine has-da ýakynlaşarsyňyz.

**MessengerX.com** saýtyndan bu mowzuga degişli multimedia resurslary öwrenmegi we olary başgalar bilen paýlaşmagy maslahat berýärin.

Öz durmuşyňyzy hereketler bilen dolduryň, içiňizdäki belentligi oýaryň!

Iň ýagşy dilegler bilen,



MessengerX.com

Jon Biwer
JohnBevere@ymail.com

MESSENGER INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

“Hormat sylagy” size Hudaýyň uly üns berýän häsiýeti babatdaky soraglaryňyzyň baryna jogap berer. Bu häsiýet biziň, ýagny mesihileriň ýüreginden dökülmelidir.

– Joýs Maýer

“Hormat sylagy” atly kitaby okamak bilen, men kitabyň awtory Jon Biwere Mukaddes Kitaby öwredýän mugallym hökmünde hormat bildiresim gelýär. Ol kitapda garalýan meselä çuňňur düşünýär we zehinli awtordyr. Jon hormatyň ýüregimizden döreýän garaýyşdygyny ykrar etmek bilen, okyjyny ynsan aragatnaşyklarynyň dürli çäklerini açyp görkezýän syýahata äkidýär we bizi bolelin sylaga ýetirjek bu wajyp ruhy kanunlary şöhlelendirip ýaşamaga ruhlandyrýar.

– Braýan Hýuston

Men “Hormat sylagy” atly kitaby ilkinji gezek okanymda, elimde ýygnaklara, maşgalalara we önümçiliklere düýpli täsir etjek ajaýyp bir kitaby saklaýandygyma düşündim. Bu häzirki we gelejekki durmuşda öňegidişligi, nirede boljagyňy we üstünligi açýan açardyr. Jon Biwer, häzirki wagta çenli bu Siziň oňat işiňizdir!

– Jentezin Franklin

JON BIWER

# HORMAT SYLAGY

JON BIWER

# HORMAT SYLAGY

**Bu unudylan ýagşy häsiýetiň güýjüni açyň**

***Honor's Reward***, Turkmen, by John Bevere
© 2022 Messenger International
MessengerInternational.org
Originally published in English as Honor's Reward

Additional resources in Turkmen by John and Lisa Bevere are available for free download and video streaming at **MessengerX.com** and on the **MessengerX** App
To contact the Author: JohnBevere@ymail.com

This book is a gift from Messenger International and is
NOT FOR SALE

***Hormat sylagy***, Türkmen dilinde, awtory Jon Biwer
© 2022 Messenger International
MessengerInternational.org
Asyl nusgasy iňlis dilinde *Honor's Reward* ady bilen neşir edildi.

Jon bilen Liza Biweriň türkmen dilindäki goşmaça resurslary mugt indermek we wideolary görmek üçin **MessengerX.com** saýtyna we **MessengerX** App-e giriň.
Habarlaşmak üçin: JohnBevere@ymail.com

Bu kitap Messenjer Interneşenldan sowgat we
SATUWA DEGIŞLI DÄL

Download on the App Store
GET IT ON Google Play

App Store Apple Inc-iň söwda belgisi bolup, ABŞ-da we beýleki ýurtlarda hasaba alnandyr.
Google Play we Google Play logotipi Google LLC-iň söwda belgisidir.

# Mazmuny


**1** Sylaglar 9

**2** Bölekleýin sylaglar we sylagsyz galmak 19

**3** Doly sylag 29

**4** Mesele liderde däl 39

**5** Ygtyýarlyk 49

**6** Ýowuz ygtyýarlyklar 63

**7** Häkimiýet liderlerini sylamak 73

**8** Jemgyýetçilik liderlerini sylamak 89

**9** Öýdäki liderleri sylamak 99

**10** Ýygnakdaky liderleri sylamak 113

**11** Iki esse hormat 127

**12** Deň-duşlary sylamak 145

**13** Garamagymyzdaky adamlary sylamak 157

**14** Öýdäki sylag-hormat – çagalar 171

**15** Öýdäki sylag-hormat – aýal 183

**16** Hemmeleri sylamak 195

**17** Hudaýy sylamak 203

Goşundy 217

# 1

# Sylaglar

Sylag-hormat. Ol 21-nji asyrda päk ahlaklylygyň ýitdi diýseňem boljak görnüşleriniň biri bolsa-da, biziň ýüreklerimizi tolgundyryp biläýjek güýji özünde jemleýändir. Hormata mynasyp kino gahrymanlary gözlerimize ýaş aýlamaga mejbur edýärler, sebäbi biz olaryň şeýle hereketlerinde mertligiň we jan aýamazlygyň alamatlaryny görýäris. Ähli meşhur blokbasterleriň her bir sýužetinden diýen ýaly hormat-sylag düşünjeleri eriş-argaç bolup geçýär. Biz kinodaky päk ahlaklylyga uly şatlyk bilen el çarpýarys, ýöne hakyky durmuşymyzda bularyň bary nirä ýitirim bolduka? Adaty durmuşyň bölegi bolmaly zatlar biziň neslimize birdenkä ýat bolup galyberdi.

Men Hudaýyň oguldyr gyzlarynda hakyky hormatyň gaýtadan dikelişini görmek isleýärin. Ol Rebden ýagşylyklary almaklygyň möhüm açary bolup durýandyr. Hut şu sebäpdenem janymyzyň ganym duşmany sylag-hormatyň hakyky güýjüni ýok etdi. Hormat özi bilen beýik sylaglary – Hudaýyň her bir adam üçin taýynlap goýan sylaglaryny getirýär. Olar biziň durmuşymyzda beýik güýje eýedir.

Siz özüňizi Hudaýyň ýüregine ýakynlaşdryjak syýahata ugraýansyňyz, Ol ähli zatlaryň Awtorydyr. Men bu aç-açan hakykatlaryň durmuşyňyza çuňňur täsir edip, amaly täsirini ýetirmegi üçin dileg edýärin. Käbir adamlar bu sapaklary juda giç öwrendiler. Hut şu sebäpdenem resul Ýohanna şeýle duýdurýar:

> Şonuň üçin ägä boluň. Çeken zähmetiňizi ýele sowurman, onuň rehnetini doly görer ýaly, berk duruň.
>
> – 2 Ýoh. 8

Ýohanna öz durmuşynyň ýarym asyrlyk döwrüne göz aýlap, bu sözleri ýazanda, goja ýaşulydy («Klarkyň teswirleri», Abingdon Press; 1977; Accordance 6.6). Biziň bähbidimizi aramak bilen, ol bizi şindi hem habardar edýär. Ýohannanyň synaglardan doly ýyllaryň dowamynda toplan tejribesi bardy. Ol uzak we wakalardan doly durmuşda ýaşan adamlaryň hataryna degişlidi. Ýohanna ýaly gahrymanlaryň öz çagyrylan işlerinde, imanda we güýçde uzak durmuş ýoluny sadyklyk bilen geçip, ýeten ýerleri diýseň ajaýyp. Bu meniň “ata-babanyň” ýa-da “ene-mamanyň ak patasy” diýip atlandyrýan zadym: olar gürlände, dana adamlar diňleýärler.

Ýigrimi bäş ýylyň dowamynda maňa Hudaýyň şeýle erkekdir zenanlarynyň käbirleri bilen söhbetdeş bolmak miýesser etdi. Bu iberilen hyzmatçylar öz durmuşlarynda göreldeli hyzmat edip, belli bir derejä galansoňlar, şol ýerden yzlaryna garap, näme etmelidigini bilýärler. Olar taplanan weteranlar, olaryň käbir umumy häsiýetleri bar, biz şolaryň üçüsine garap geçeris. Birinji häsiýet – olar syzyjylyk bilen öz ýüreklerini iň wajyp işlere bagyş edýärler. Olar el gowşuryp oturmaýarlar, boş işlere wagtlaryny sarp etmeýärler. Ikinjisi – olar wajyp zatlary birnäçe sözler bilen aýdýarlar. Üçünjisi – agramly sözleri saýlap aýdýarlar. Olaryň diýseň seýrek jümleleri uzak we tejribeden doly durmuşy başdan geçirmedik başga bir adamyň aýdýan şeýle sözlerinden has saldamly gelýär. Men bu taplanan weteranlaryň aýdan bir ýa iki sözleminiň üstünde birnäçe aýlap oýlanyp gezýändigime üns berdim.

Ýokarda aýdylanlardan ugur alyp, Ýohanna resul şu bir sözlemde köp zatlary aýtdy diýip bolýar. Umuman, men onuň ruhlandyryjy sözleri barada köp ýyl oýlanyp gezdim we henize çenli-de olardan aýanlyk almagy dowam edýärin. Geliň, onuň duýduryşynyň her bir jümlesine aýratyn garap geçeliň.

## Öz mirasyňyzy ýitirmäň

Ol öz sözüni “Ägä boluň” diýip başlaýar. Ýohanna özümizi öwrenip, özümize üns berip, seresaplygy elden bermezimiz ýaly, biziň her birimizi ruhlandyrýar. Onuň sözleri öwüt-ündew äheňinde ýaňlanýar, ýöne şol bir wagtyň özünde-de olary ýüzleý kabul etmek bolmaýar, ol barada diýseň çynlakaý oýlanmaly.

Biz öz çeken zähmetimizi ýele sowurmaz ýaly, örän ünsli bolmaly. Biraz aýňaldyjy äheňde ýaňlanýar: diýmek, biz öz der saçyp gazanan zadymyzy ýitirip bilýäris. Arman-ýadaman zähmet çekýän daýhany göz öňüne getirip görüň. Ol jöwzaly günde topragy hasyla päsgel beräýjek daşlardan, zir-zibilden arassalaýar. Ol topragy arassalandan soň, ýeri sürüp başlaýar-da, ony ekişe

taýýnlaýar. Ekişi tamamlandan soň, ol ekin üçin oňaýly şertleri döretmek üçin uzakly gün zähmet çekýär: ýeri dökünleýär, haşal otlary otaýar, tohumy suwarýar. Tohum şineländen soň, daýhan zähmet çekmegini dowam edip, meýdany zyýanly mör-möjeklerden goraýar. Ýöne şeýle zady göz öňüne getirip göreli: hasyl ýygymyna birnäçe hepde galanda, ol özüni juda ýadaw duýýany üçin ähli işi taşlaýarmyş diýeli. Onuň zähmeti puja çykýar, sebäbi ol iň soňky pursatda tutuş hasylyny ýitirýär. Ýa-da, belki, tupan turmalymyş, ýöne daýhan onuň alamatlaryny görse-de, olara üns bermeýär. Onuň säwligi ähli zähmetini puja çykarýar. Iň soňky jogapkärli pursatda aýgytly hereket etmänligi zerarly, gör, näçe wagty, güýji, birgiden çykdajylary ýitirmeklik.

Kompaniýasyny ösdürmek üçin ençeme ýyllap zähmet çekip, iň soňky jogapkärli pursatda aýgytly hereket etmedik telekeçi babatda nähili? Bu hem gynandyryjy waka. Ýagdaýlaryň ikisinde-de nädogry çözgütler zerarly agyr zähmetiň netijesi bir pursadyň içinde zym-zyýat bolýar.

Hut şu sebäpdenem Mukaddes Ýazgylar bizi dogry tamamlaýşa gaýta-gaýta çagyrýar: *“soňuna çenli* çydan halas bolar” (Mat. 10:22; 24:13; Mark 13:13). Ýene-de: “Biz owal-başdaky ynamymyzy *soňuna çenli* berk saklasak, Mesih bilen şärikdeş bolýarys” (Ýewr. 3:14) we ýene-de: “Meniň yradamy ahyra çenli berjaý edene” (Aýan. 2:26, nygtama awtoryňky), bu sanawy dowam edibermeli. Mesihilik – gysga aralyga ylgamaklyk däl, ol çydamlylygy barlaýan ylgaw. Şonuň üçin-de, ylgawymyzy nähili başlandygymyz o diýen wajyp däl, ony nähili tamamlajagymyz wajypdyr. Ony tamamlaýşymyz biziň çözgütlerimize, edýän saýlawlarymyza baglydyr, çözgütler bolsa, adatça, tutuş ýoluň dowamynda emele gelýändir.

## Durmuşy kesgitleýän pursatlar

Günleriň birinde ogullarymyň biri bilen şeýle waka boldy. Ol meniň göwnüme bütinleý ýaramaýan bir işi etmekçi bolýardy. Ol meniň öz hereketlerini oňlamaýandygymy bilse-de, ýeterlik derejede özbaşdak bolany üçin, iň soňky çözgüt oňa baglydy.

Aradan wagt geçdi, men onuň maslahat berşim ýaly etmändigini bildim. Biz gürleşip, onuň hereketleri barada pikir alyşmak üçin bir ýere geçip oturdyk. Men oňa: “Saýlawy sen etmelidiň, ýöne mundan sapak öwreneriň ýaly, men bu ýagdaýdan peýdalanasym gelýär” diýip düşündirdim. Şunlukda, hakylat-dan-da bolup geçen şu waka gulak goý.

Ýaş patyşa Rehabgam şalyk tagtyna çykandan soň, öz jemagatyndan şeýle

sözleri eşitdi: “Kakaň bize agyr zulum etdi. Indi sen kakaňyň bize eden agyr zulumyny ýeňlet we bize salan salgydyny azalt, şonda biz saňa gulluk ederis” (1 Pat. 12:4).

Onsoň Rehabgam patyşa kakasy Süleýmanyň diri mahalynda onuň hyzmatynda duran ýaşulular bilen geňeşip, olardan: “Bu halka nähili jogap bermegi maslahat berýärsiňiz?» diýip sorady. Ýaşulular oňa: “Eger sen şu gün bu halka ýagşy hyzmat edip, olardan ýagşy sözüňi gaýgyrmasaň, olar saňa baky hyzmat ederler” diýip jogap berdiler (1 Pat. 12:6-7).

“Emma Rehabgam ýaşulularyň beren maslahatyny äsgermän, özi bilen bile önüp-ösen, huzurynda hyzmat edýän ýaş ýigitlere geňeşdi. Onuň bilen bile önüp-ösen ýaş ýigitler oňa: “Saňa ‘Kakaňyň bize eden agyr zulumyny ýeňlet’ diýýän bu halka öz külem barmagyň kakaňyň bilinden ýogyndygyny aýt. Kakam size agyr zulum eden bolsa, men size edilen zulumy has-da artdyraryn; kakam sizi çyrpy bilen jezalandyran bolsa, men sizi gamçy bilen jezalandyraryn diý’ diýdiler” (1 Pat. 12:8,10-11).

Ýaş patyşa Rehabgam öz dostlarynyň maslahatyna eýerdi, bu bolsa gözgyny netijelere sezewar etdi. Onuň kakasy Süleýmanyň guran patyşalygy agzalalyga uçrady, ysraýyllaryň on iki tiresinden onusy dyngysyz ýok edilýärdi, sebäbi patyşalygyň altydan bäş bölegi demir ýumrukdan bölünip aýrylypdy. Ýeke-täk bir nädogry çözgüt onuň tutuş durmuşyna täsir etdi.

Soňra men ogluma şeýle diýdim: “Gel, yza dolanaly. Begzada Rehabgam öz dostlary bilen köp ýyllaryň dowamynda, belki, öz kakasy Süleýmanyň we ýaşulularyň maslahatlaryny äsgermezlik bilen ret edendir. Belki, olar patyşa köşgüniň gizlin otaglarynda şerapdan doly bulgurlary yzly-yzyna içip, akmak we yza galan diýip hasaplan maslahatlaryny ýaňsylandyrlar. Belki, şöhratparaz Rehabgamyň aňynda: *“Heniz begzadakam, dymaýyn, ýöne patyşa bolanymdan soň welin bu samsyk garrylaryň bir maslahatyna-da gulak asmaryn”* diýen pikirler dörändir. Ol heniz begzadaka ýaşulularyň maslahatyny äsgermän, olaryň gadyryny bilmezlik karary oňa hiç hili täsirini ýetirmeýärdi. Ol oýnuň eýýäm başlanandygyna we özüni akylly saýyp-da, aslynda akmak galjak gününiň ýetip geljekdigine aň ýetirmeýärdi. Ol *durmuşy kesgitleýän* çözgüdi kabul etmeli pursat ýetip gelende, paýhasly maslahatlara gulak asmak endigi onda emele gelmändi.

Soňra men ogluma şeýle diýdim: “Biziň ählimiziň *durmuşy taýdan wajyp çözgütleri* kabul etmeli pursatlarymyz bolýar. Olar açyk kitapdaky barlag işleri ýaly, ýöne synag gutarmazdan, özümiziň ondan geçip-geçmänligimize hiç düşünmeris. Oglum, şu gezek sen meniň maslahatyma gulak goýmadyň, bu hem saňa hiç ýitgi çekdirmedi. Ýöne *durmuşy taýdan wajyp çözgüdi* kabul et-

meli günüň ýetip geler. Eger şol pursada çenli sende eýýäm paýhasly maslahata gulak goýma endigi emele gelse, sen şolara eýerip bilersiň we beýik sylagy gazanarsyň".

Geliň, meniň oglum baradaky gürrüňi bir gyra goýup, başga bir mysala garap geçeliň. Ysraýylyň perzentleri Hudaýyň sözlerine gulak asma endigini edinmändiler. Ol olary gulçulykdan azat etdi, ýöne olar dyngysyz zeýrenýärdiler we Oňa garşy pitne turuzýardylar. Olaryň hereketleri göräýmäge göze ilmän, jezasyz galdyrylan ýaly bolup görünýän döwürler bolýardy. Olaryň pitneleri olara bütinleý ýitgi çekdirmedik döwürleri hem bolýardy. Emma ençeme gezekden soň olarda şeýle häsiýetli edim-gylyk emele geldi. Ahyrynda bolsa *durmuşy kesgitleýän* pursat gelip ýetdi. On iki sany içaly Hudaýyň olar üçin niýetlän Kengan ýurduny gözden geçirmäge iberildi. Içalylar ýaramaz jogap bilen dolanyp geldiler, olar gorkupdylar we bütin jemagat endiklerine görä ozalkylary ýaly zeýrenmäge başlady, ýöne bu pursatda welin olar öz hereketleri üçin ymykly töleg tölemeli boldular. Olar indi wada berlen topraga asla gadam basyp bilmeýärdiler we ömürleriniň ahyryna çenli çölde sergezdan gezmelidiler. Wajyp pursat gelip ýetende, olar köpden bäri zähmet çekip gazananlaryny ýitirdiler. Olar öz sylaglaryny gözleri bilen görýändiklerine garamazdan, ony asla alyp bilmediler. Bu hem edil Rehabgamyň ömrüniň ahyryna çenli we özünden soňky nesillerinde on tiräni ýitirişi ýalydyr.

Bu ýerde ýaşulular üçin-de, ýaşlar üçin-de öwrenmeli sapak bar: biz Hudaýa gulak asmak bilen çäklenmän, eýsem Onuň ýüregini gazanmaly. Şonda biz Onuň görkezmelerini diňe bir kanun hökmünde kabul etmän, eýsem olardaky danalygy göreris. Ýaş begzada Rehabgam öz atasynyň we ýaşulularyň ýüreklerini gazanyp bilmändi. Ysraýyllaryň ata-babalaryna Hudaýyň edýänlerin görmek başartmandy, olar Onuň ýüreginiň özlerine ymtylýandygyna düşünmediler, şonuň üçinde ähli zady ýitirdiler.

Indi bolsa meseläniň beýleki tarapyna garalyň. Mukaddes Ýazgylarda käbir adamlaryň Hudaýyň ýüregini görüp, wajyp çözgütleri paýhasly kabul etmegi endik edinendiginiň mysallary bar. Durmuşy kesgitleýän pursatlar gelip ýetende, olar dogry çözgütleri kabul edýärdiler we beýik sylaglary alýardylar.

Öz zähmetiň rehnetini ýitirmezligiň iň aňsat usuly – Hudaýyň maslahatlaryna sarpa goýmak endigini ösdürmeklik. Biz haýsydyr bir zady saýlap, çözgüdi kabul etmeli bolýan ýagdaýlara günde duş bolýarys. Günleriň birinde yzymyza garap, durmuşy kesgitleýän pursatlara göz aýlajak günümiz ýetip geler, ýöne welin dogruçyl endikleri edinen bolsak, dogry hereket ederis we biraz soňra öz sylagymyzy göreris.

## Sylaglar

Indi bolsa Ýohannanyň beýleki pikirine geçeliň; oňa aňsat düşünerimiz ýaly, tutuş aýada garap garap geçeliň:

“Şonuň üçin ägä boluň. Çeken zähmetiňizi ýele sowurman, onuň rehnetini doly görer ýaly, berk duruň” (2 Ýoh. 8). Üns beriň, Hudaý Özüni agtarýanlary sylaglaýandyr (ser. Ýew. 11:6). Biz bu hakykaty ýüregimize ymykly ornaşdyrmaly.

Ol Sylaglaýjy.

Ol Özüni Ybraýyma nädip tanadypdy? “Ybram, gorkma! Men seniň galkanyňdyryn, *seniň sylagyň juda uly bolar”* (Gelip çykyş. 15:1, nygtama awtoryňky). Ol: “Men seniň... *seniň sylagyň juda uly bolar”.* Beý-bä, gor nähili başlangyç! 18-nji mezmurda (9-12-nji aýatlar): “Rebbiň buýruklary dogrudyr, olar ýüregi şatlandyrýar...olary berjaý etmekde *beýik sylag bar”* diýip ýaň salýar. 56-njy mezmurda (3-nji aýat) hem biz şuny okaýarys: “Men çagyraryn Beýik Hudaýy — meni ýalkaýan hem-de *sylaglaýan Hudaýy”* (men babatda niýetini berjaý Edýäni we elbetde olary berjaý eder! (AMPC, nygtama awtoryňky).

Hudaý sylaglaýar we Ol Öz perzentlerini sylaglamagy halaýar. Men dört ogluň atasy hökmünde bu lezzetden biraz datdym. Men öz dogry saýlawlary üçin sylag alan ogullarymyň begenişini synlamagy halaýaryn, olaryň gözleriniň minnetdarlykdan ýaňa nurlanyşyny synlamagy halaýaryn. Emma men erbet hereketleri sylaglamagyň o diýen paýhasly çözgüt däldigine hem akyl ýetirdim. Sylaga mynasyp bolmadyklary sylaglanyňyzda, höweslendirmäniň güýjüni weýran edýärsiňiz, höweslendirme welin peýdaly zatdyr. Men öz ogullarymy söýýärin, ýöne olar söýmek bilen göwnühoş bolmaklygyň arasyndaky tapawuda kem-kemden düşünmegi öwrendiler. Hudaý biziň her birimizi söýýär, Onuň söýgüsi kämildir. Ýöne bu Onuň biziň hereketlerimizden bütinleý närazy boljak wagtlarynyň bolmajakdygyny aňlatmaýar. Hudaý Onuň göwnünden turýanlary, Onuň parzlaryna gulak asýanlary sylaglaýar.

Ýohannanyň: “rehnetini *doly* görer ýaly” diýýändigine üns beriň. Men bu aýat barada oýlanýarkam, doly sözi sahypadan edil böküp çykan ýaly boldy. Şonda men: *“Eger doly sylag bar bolsa, diýmek bölekleýin sylag we hatda onuň bütinleý bolmaýan ýagdaýy-da bolup bilýär-ow”* diýip pikir etdim. (Ýatda saklaň, biz häzir gutulyş däl-de, sylag barada gürrüň edýäris.) Oýlanmagy dowam edip, Ýohannanyň esasan-da iki ýagdaý barada aýdýandygyna göz ýetirdim. Birinjisi – Isa Mesihiň kazylyk edýän ýeri. Pawlus şeýle diýýär: “Hawa, bütinleý arkaýyndyrys. Biz Rebbiň ýanynda mesgen tutup bilerimiz ýaly, bedenden aýrylanymyzy gowy görýäris” (2 Kor. 5:8).

Biz Pawlusyň bu ýerde tutuş adamzada ýüzlenmeýändigini bilýäris, sebäbi iman etmeýän adam bedenden aýrylanda, Rebbiň ýanynda mesgen tutmaýar, ol dowzaha düşýär. Munuň ýowuz eşidilýän bolmagy ahmal, ýöne bu hakykat. Isa Mesih dünýä bizi höküm etmek üçin däl-de, halas etmek üçin gelipdi. Dünýä eýýäm Adam ata zerarly höküm edilendi, ol bizi baky ölüme duçar etdi (ser. Ýoh. 3:17, 18). Diňe Isa Mesihi kabul edip, ömürlerini Oňa bagyş edenler bedenlerinden çykanlarynda Rebbiň ýanynda mesgen tutarlar. Pawlus iman edýänlere ýüzlenmegini dowam edip, şeýle diýýär:

> Emma pany bedende ýaşasak-da, baky mesgene beslensek-de, Hudaýyň göwnünden turmagy maksat edinýäris. Çünki ýagşy bolsun, ýaman bolsun, parhy ýok, bedendekäk eden işlerimize laýyk paýymyzy almak üçin, hemmämiz Isa Mesihiň höküm kürsüsiniň öňünde durmalydyrys.
>
> – 2 Kor. 5:9-10

Imanlylaryň her biri Isa Mesihiň höküm kürsüsiniň öňünde durar. Şol gün biziň her birimiz ýer ýüzündäki gysga wagt aralygynda eden işlerimize görä paý alarys. Iňlis dilindäki häzirki zaman terjimesinde şeýle diýilýär: “Biziň her birimiz öz mynasyp paýyny alar”. Biz öz günälerimiz üçin höküm edilmeris sebäbi Isa Mesihiň gany günälerimizi ýuwup, günä üçin berilýän jezany ýok etdi. Biz ýer ýüzünde ýaşan durmuşymyza laýyklykda sylag alarys, ýa-da, tersine, ony ýitireris. Biziň işlerimiz, sözlerimiz, pikirlerimiz, hatda niýetlerimiz Onuň Sözüniň şöhlesinde derňeler. Eger biz öz durmuşymyzy wagtlaýyn zatlarda bina eden bolsak, olar ýiter, biz olar üçin hiç hili sylag almarys, baky zatlar bolsa köýmejek sylaga öwrüler (ser. 1 Kor. 3:14-15).

Biz ähli zady ýitireris ýa-da sylag alarys. Hakykat ýüzünde hemme zat şeýle bolar: ähli zat otda ýanyp kül bolar, biziň özümiz bolsa otdan gutulan ýaly bolarys ýa-da biz Isa Mesih bilen tagtda baky oturarys (ser. 1 Kor. 3:15; Aýan. 3:21). Munuň tapawudy ägirtdir. Birinji ýagdaýda biz asla sylag almaýarys, ikinjisinde – doly sylag alýarys, aralykda bolsa bölekleýin sylag galýar.

Höküm kürsüsiniň öňünde çykaryljak karar “baky çözgüt” diýip atlandyrylýar, bu bolsa hiç bir üýtgetmeleriň, düzedişleriň bolmajakdygyny aňladýar. Şoňa görä-de, Isa Mesihiň haçy babatda edýän hereketlerimiz bakylygy *nirede geçirjekdigimizi* kesgitleýär diýen netijä gelip bolýar. Biziň imanly hökmündäki ýaşaýşymyz bakylygy *nähili geçirjekdigimizi* kesgitleýär.

Şoňa görä-de, Mukaddes Ýazgylaryň baky höküm we sylag barada aýdýanlaryny anyk bilmek örän wajypdyr. Bu bilim Isa Mesihiň sada ýa-da başlyngyç taglymy hökmünde beýan edilýär. Başlangyç mekdepde binýat okuw, ýazuw, matematika we ş.m. bilim kerpiçjikleri arkaly bina edilýär. Eýsem ýazmagy, okamagy, aýryp goşmagy bilmezden, ýagny başlangyç bilimi bilmezden ýokary synplarda ýa-da ýokary okuw jaýlarynda okap bolýarmy? Mümkin däl. Ýöne köp imanlylar Isa Mesihiň taglymynyň başlangyç bilimlerini bilmezden, mesihilik durmuşlaryny bina etmäge dyrjaşýarlar. Bu mesele şeýle wajyp bolany üçin, ol meni *“Bakylykdan ylhamlanýanlar”* atly kitaby ýazmaga höweslendirdi. Bu kitapda bu meseläniň ähli taraplary jikme-jik beýan edilýär. Men size bu kitaby okamagy maslahat berýärin.

## Ýer ýüzündäki ýaşaýyş

Biz dogruçyl endikleriň höküm gününde sylaglara ýetirjekdigini kesgitledik, ýöne olaryň ýalkanyşlary bize ýer ýüzündäki ýaşaýşymyzda hem ýetýär. Biz şuny okaýarys: “...özüňi Hudaýyň ýolunda türgenleşdirmek hemmetaraplaýyn peýdalydyr. Sebäbi munda *häzirki we geljekki ýaşaýşyň wadasy bardyr”* (1 Tim. 4:8, nygtama awtoryňky).

Biziň Atamyz Onuň tabşyryklaryny berjaý eden ýagdaýymyzda bizi häzir we gelejekde sylaglamak isleýär. Bize şeýle diýilýär: “Dogruçyla paýy ýer ýüzünde berilýär” (Sül. 11:31, häzirki zaman terjimesi). Diňe gökde däl, ýerde hem. Soňra biz şuny okaýarys: “Dogry adama ýagşylyk edilýär” (Sül. 13:22, häzirki zaman terjimesi). Ýakup nygtap, şeýle diýýär: “Eziz doganlar, aldanmaň! Her bir oňat we kämil peşgeş ýokardan, gökdäki yşyklaryň Atasyndan gelýändir” (Ýak. 1:16-17).

Ýagşy zatlar Hudaýdan gelýändir. Haýsydyr bir erbet ýa-da helákleýji zada Hudaýyň dahyly bardyr öýtmäň. Ol diňe ýagşy zatlary berýär. Reb size Öz peşgeşlerini şu ýerde we şu wagt beresi gelýär. Onuň sylaglarynyň hiç bir erbet netijesi ýokdur. Bize şeýle aýdylan: “Rebbiň berekedi baýlyk getirýär, Ol bu baýlyga dert-alada goşmaz” (Sül. 10:22) we “Sadyk adam sylagy bolelin alar” (Sül. 28:20, häzirki zaman terjimesi). *Bolelin sylag “doly sylag”* diýmegi aňladýar.

Ýakubyň aýdanlary barada pikirlenýärkäm: “Bize doly ýa bölekleýin sylagy almak ýa-da bütinleý sylagsyz galmak garaşýan bolsa, onda bu ähli sylaglar bize ýer ýüzündäki durmuşymyza hem degişli diýip çaklap bolýar-

da” diýen pikir aňyma geldi. Eger Isa Mesihiň ýer ýüzündäki ýaşaýşyna ünsli garasak, munuň hakykatdygy aýdyň bolýar. Ol ýer ýüzünde gezen wagty Oňa duşan adamlaryň käbiri bölekleýin sylagy alýardy, käbirleri bütinleý sylagsyz galýardy, käbirleri bolsa doly sylagy alýardy. Geliň, ol ýa bu ýagdaýyň nädip döreýändigini bilmek, üçin ýagdaýlaryň her birine aýratynlykda garap geçeliň, şonda biz Onuň bize näme taýynlandygyny göreris.

# 2

# Bölekleýin sylaglar we sylagsyz galmak

Nasyrada wada berlen Mesihiň gelmegine uly tolgunma bilen garaşýardylar; Ysraýyl Onuň gelerine taýyndy, olar bolup geçýän zatlara üns bilen garaýardylar, sebäbi wagt ýetip geldi, möwsüm geldi. Hudaýyň halky häzirki döwrüň mesihileri ýalydy, sebäbi biziň aglaba bölegimiz Onuň ýer ýüzüne ikinji gezek geljek döwründe ýaşaýandygymyzy bilýäris. Isa Mesih biziň wagty we möhleti bilsek-de, gününi we sagady bilmejekdigimizi aýdypdy. Şonuň üçin-de, ysraýyllaryň Mesihiň ýer ýüzüne birinji gezek geljek möwsümini bilendigi geň zat däl. Danyýel öz kitabynda wagt çäklerini diýseň anyk kesgitläpdi (Dan. 9:24-26) we kanuny teswirleýän hünärmenler danalara Mesih bäbegi nirede gözlemelidigini aýdypdylar (ser. Mat. 2:4). Olar wagtyň ýetip gelendigini bilýärdiler, ýöne Mesih gelende welin, biz adamlaryň muňa geň-taň seslenişlerini görýäris:

> Ol birnäçe hassanyň başyna elini goýup sagaltmakdan başga ol ýerde hiç bir mugjyza görkezip *bilmedi*.
>
> – Mark 6:5

"Ol ýerde hiç bir mugjyza görkezip *bilmedi*" diýen sözlere üns beriň. Birnäçe ýyl mundan ozal Mukaddes Ýazgylaryň şu ýerini okanymda, men bu jümlede sägindim. Men şeýle pikir etdim: "Dursan-a, bu ýerde 'Ol şol ýerde hiç bir mugjyza görkezmedi' diýlenog-a, bu ýerde 'Ol şol ýerde hiç bir mugjyza

görkezip *bilmedi'* diýip aýdyň aýdylýar ahyryn". Eger "mugjyza görkezmedi" diýip ýazylan bolsa, men muňa hiç üns bermezdim, sebäbi bu ýerde Onuň Öz islegi barada aýdylýandygy aýdyň bolardy. Emma bu ýerde "bilmedi" diýip ýazylan, diýmek, Isa Mesihi nämedir bir zat bökdäpdir, Onuň hereketlerini çäklendiripdir. Beýleki terjimelerde bu ýagdaý nygtalýar we düşündirilýär. Mysal üçin, AMPC terjimesinde şeýle berilýär: "Ol şol ýerde hiç bir mugjyza görkezmegi başarmady".

Onda şeýle sorag ýüze çykýar: *Isa Mesih näme üçin Nasyrada hiç mugjyza görkezip bilmedi?* Ony näme bökdedi? Ol beýleki şäherlerde ajaýyp mugjyzalary görkezipdi: körler görüp başlady, kerler eşidip başlady, ysmazlar ýöräp başlady, ölüler direldi. Bular ýazylan şaýatlyklaryň diňe sanlyjasydyr. Biz hoş habarlarda köplenç Onuň örän köp keselleri we ýarawsyzlyklary bejerendigini görýäris. Tapawudy nämede? Ol näme üçin Öz dogduk mekanynda diňe birnäçe adamy sagaldyp bildikä? Biz munuň jogabyny Nasyra şäheriniň ilatynyň öňýanyndaky aýatda aýdan sözlerinde görýäris:

> "'Bu Adam munça zady nireden öwrendikä? Oňa beýle danalygy kim berdikä? Ol nädip beýle mugjyzalary görkezmegi başarýarka? Ol Merýemiň neçjar ogly dälmi? Ýogsa-da Ol Ýakup, Ýose, Ýahuda we Simun dagyň dogany dälmi näme? Onuň uýalary-da biziň aramyzda ýaşaýarlar ahyry!' diýşip, Isanyň bolşundan nägile boldular. Onsoň Isa olara: 'Pygamberiň diňe öz dogduk ýurdunda, garyndaşlarynyň arasynda we öýünde gadyry ýokdur' diýdi".
>
> – Mark 6:2-4

Geliň, näme bolýandygyna garap geçeliň. Isa Mesih Özüniň önüp-ösen şäherine dolanyp gelýär we şenbe güni Hudaýyň halkynyň üýşýän ýerine barýar. Hemmeler sinagoga ýygnanypdy. Isa birdenkä ýerinden galýar-da, şu sözleri okaýar: "Rebbiň ruhy üstümdedir. Ol Meni seçip-saýlady" (Luka 4:18).

Adamlar gürrüňiň näme baradadygyna düşünýärdiler, sebäbi bu sözler olara tanyşdy. Olar bu parçany Işaýa pygamberiň kitabyndan köp gezek eşidip-diler, bu kitabyň pygamberlik babynda geljek Mesih barada aýdylýardy. Biziň üçin Dagdaky wagyz ýa-da "Eý, Gökdäki Atamyz" dilegi hut şolar ýaly tanyş eşidilerdi, biz soňundan haýsy sözleriň gelýändigine oňat bilerdik.

Isa Mesih sözüni dowam etdi: "Garyplara Hoş Habary bildirmegim üçin,.. tussaglara azatlygy, körlere gözüniň açyljakdygyny yglan etmäge Ol Meni

iberdi. Zulum astyndakylary azatlyga çykarmaga, Rebbiň merhemet ýylyny jar etmäge Meni iberdi" (Luk. 4:18-20).

Indi ýygnanan adamlara düşnüksiz diňe bir zat bardy: Mukaddes Ýazgyny näme üçin tejribeli rawwin okaman, bu sowatsyz ýaş obadaşlary okaýarka? Onsoň bolsa edil günortan çagy ýyldyrym çakan ýaly bolýar, Isa kitaby ýapýarda: "Siziň eşiden bu mukaddes ýazgyňyz şu gün berjaý boldy" diýip yglan edýär; soňra başga şäherlerde amal edilen beýik mugjyzalary gürrüň berýär we şunlukda Özüniň güýçli pygamberlik habaryny tamamlaýar.

Näme? Ol ähli zady çyny bilen aýdýarmy? Olar hemme zady dogry bir eşitdilermikä beri? Ol Işaýanyň pygamberlik edip aýdanlarynyň biri diýip, dogrudan-da Özi barada aýtdymy? Boljak zat däl! Akmaklyk! Adamlar uly ynamsyzlyk bilen biri-birine: "Bu Isa! Onuň edýäni näme? Onuň diýýýänleri näme?" diýip başladylar.

Haýsydyr bir ejäniň: "Boljak zat däl! Ol meniň oglum bilen Töwrat öwrenmek üçin bir synpda okapdy" diýşini göz öňüne getirip bilýän.

Aýallaryň ýene biri hem muňa söz goşup: "Onuň maşgalasy biziň ýanymyzda ýaşaýar. Ol Benýamin bilen oýnaýardy!" diýip bilerdi.

Başga adamlar bolsa şeýle diýip bilerdi: "Ol biziň gündeki naharymyzy edinýän hantagtamyzy ýasapdy! Ol bize oturgyçlary ýasap beripdi! Bu neçjaryň ogly ahyryn! Ol: 'Rebbiň ruhy üstümdedir' diýip näme diýmekçi bolýar-aý? Ol Özüne kimdir öýdýär?"

Häzirki döwürde biz: "Ol meniň oglum bilen futbol oýnapdy! Ýa-da meniň gyzym bilen bir matematika synpda okapdy!" diýerdik.

Olaryň Köne Ähte düşünişlerine görä Mesihiň nädip gelmelidigi barada şahsy düşünjeleri bolardy. Işaýa pygamberiň kitabyndan tanyş parçalaryň, ine, ýene biri:

> Biziň üçin bir çaga doguldy, bir ogul berildi bize, hökümdarlyk onuň gerşinde bolar; ...Hökümdarlygy dynuwsyz öser, parahatçylygy tükeniksiz bolar. Dawudyň tagtyndan baky berkarar eder öz patyşalygyny.
>
> – Işaýa 9:6,7

Hudaýyň halky beýik Patyşa – adatdan daşary paýhasly we güýçli göreşiji Bolana garaşýardy. Halk Ol gelip, özlerini rimlileriň zulumyndan azat ederine, garaşsyz milleti döreder ine garaşýardy. Ol Dawudyň tagtyny eýeläp, baky

şalyk sürer. Ýöne Isa halkyň içinden çykan bir adam hökmünde gelende, olar bilen bir mekdepde okap, başga çagalar bilen daşarda gülüp-oýnanda, Öz kakasy bilen agaçdan öý-goşlaryny ýasanda, şeýle-de mafiýanyň (salgyt ýygnaýjylaryň) we lolularyň goňsuçylygynda önüp-ösende, Onuň bilen önüp-ösenleriň gözleriniň gapyk bolmagy tebigy zatdy. Olar düşünip bilmeýärdiler, muny aňlaryna sygdyryp bilmeýärdiler. Olar hemme ýerde: “Biz Mesihiň gelşini göz öňüne beýle getirmeýärdik!” diýip gygyrýardylar. Isa Mesihiň dogduk şäherindäki adamlar “Bir ogul berildi bize” diýen pygamberlik bilen onuň “Hökümdarlygy dynuwsyz öser, parahatçylygy tükeniksiz bolar” diýip doly amal bolmagyna, ýagny Mesihiň ikinji gezek gelmegine çenli birnäçe müň ýylyň geçjekdigine düşünmeýärdiler.

Bu ýagdaý Mukaddes Ýazgylardaky beýleki ýagdaýlar bilen bir hatarda düşünmesi kyn bolan hakykaty açyp görkezýär: *Hudaý bize gerek bolan zatlary köplenç göwnümize ýaramajak görnüşde iberer.* Näme üçin? Onuň Hudaýdygyny we Onuň hereketlerini öňden çaklap başarmaýandygymyzy bilmegimiz üçin. Jogaplary öz aňymyz bilen tapmak mümkin däl, biz Onuň Özüni we Onuň peşgeşlerini jan-tenden agtarmaly. Mukaddes Ýazgylary adamyň çäklije düşünjesi bilen teswirlemek bolmaýar. Hudaýyň Ruhunyň demi bolmaly. Bize dana maslahaty berip, ony nädip ulanyp bolýandygyny görkezjek ýeke-täk Oldur.

## Düýpli tapawut

Men size ýene bir mysaly getireýin. Fariseýler hem hemmeler ýaly gudratly Mesihi, ýeňijini, Hudaýyň halkyny rim zulumyndan azat etjek gahrymany gözleýärdiler. Olar Onuň gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýan liderlerdi; olar Iýerusalimde berkarar ediljek täze şalykda özleri hem höküm sürer öýdýärdiler. Şunlukda, Isa, ýagny Jelileden sowatsyz adam gelende, olar Onuň üstünden güldüler, sebäbi Ol olaryň Mesih baradaky çaklamalaryna gabat gelmeýärdi.

Mukaddes Ýazgylaryň bir ýerinde şuny okaýarys: “Bir gün fariseýler Isadan Hudaýyň Şalygynyň haçan geljekdigini soranlarynda, Ol: ‘Hudaýyň Şalygy göze görnüp gelmez. Adamlar: ‘Ine, bu ýerde!’ ýa-da ‘Anha, ol ýerde!’ diýmezler, sebäbi Hudaýyň Şalygy siziň araňyzdadyr’ diýip jogap berdi” (Luka 17:20, 21).

Fariseýler ýene-de Işaýanyň Mesihiň ýer ýüzündäki şalygy baradaky pygamberligine salgylanýarlar. Olar Mesihi agtarýarlar, ýöne Hudaýyň Ruhunyň ugrukdyrmasyna eýermäge derek, Onuň keşbini Mukaddes Ýazgylara berýän

öz teswirlemesine laýyklykda suratlandyrýarlar. Olar Hudaýy ýüregi bilen dälde, aňy bilen bilýärdiler.

Deňeşdirmek üçin, geliň, Mesih bilen duşuşmagy arzuwlan ýene bir adama garap geçeliň. Onuň ady Şimgondy. Lukanyň hoş habarynda ol barada şeýle diýilýär:

> Şol wagt Iýerusalimde Şimgon atly bir dogruçyl we takwa adam ýaşaýardy. Ol ysraýyl halkynyň azat edilmegine garaşýardy, *Mukaddes Ruh* onuň üstündedi. Oňa Rebbiň Mesihini görmezden öň ölmejekdigi *Mukaddes Ruh* tarapyndan aýan bolupdy. Simun *Mukaddes Ruhuň* ugrukdyrmagy bilen ybadathananyň howlusyna geldi. Isanyň ene-atasy Töwratda ýazylan adaty berjaý etmek üçin, Çagany içeri salanlarynda, Simun Ony gujagyna alyp, Hudaýa alkyş okap, şeýle diýdi...
>
> – Luka 2:25-28 (nygtama awtoryňky)

Şimgonyň indiki sözlerini, umuman, ýaňy 30 günlük bolan çagany Mesih hökmünde yglan etmeklik diýip düşündirip bolýar. Indi bolsa iň gyzykly zat. Ine, doglanyna ýaňy 30 gün dolan oglanjygy Mesih diýip kabul edýän adam. Şol bir wagtyň özünde bolsa Nasyra Ony kabul etmeýär. Fariseýler Ol otuz ýaşap, adamzadyň tutuş taryhynda heniz görlüp-eşidilmedik mugjyzalary görkezip başlanda, Onuň üstünden gülerler. Näme üçin? Sebäbi Hudaý Ruhdur, Ony we Onuň ýörelgelerini bilýän adamlar Ony hakykaty açyp görkezýän Ruh arkaly tanamalydyr. Şimgon bilen beýleki ähli adamlaryň arasynda düýpli tapawut bar we biz bu tapawudy aýdyň görmeli. Mukaddes Ruhuň aýanlygy bize köp adamlaryň näme üçin Hudaýdan bolan mirasyny doly alyp bilmeýändigine düşünmegimize ýardam berer.

## Gadyr

Ilki bilen, geliň, Isa Mesihiň Öz dogduk şäherindäki adamlaryň Onuň hyzmatyna nähili seslenendikleri baradaky sözlerine garalyň. Ol şeýle diýdi: “Pygamberiň diňe öz dogduk ýurdunda, garyndaşlarynyň arasynda we öýünde gadyry ýokdur” (Mark 6:4).

Gadyr – ine, açary söz şudur. Olar Onuň gadyryny bilmediler.

Grek dilinde “gadyr” sözi time (ti – mi diýip aýdylýar); men bu sözi we oňa degişli sözleri ymykly öwrendim. Men grek diliniň sözlükleriniň, grek

dilini derňeýän kitaplaryň we teswirleriň ençemesine garadym. Şeýle-de men grek dilini suwara bilýän adamlar bilen gürleşdim, olaryň biri Gresiýada ýaşaýar (onuň dört arkasy eýýäm hyzmat edip gelýär). Ýene bir hyzmatçy Beýik Britaniýada ýaşaýar. Men size häzir berjek kesgitlemäm şol gözbaşlardan alan maglumatlarymyň ählisini özünde jemleýär.

“Time” (gadyr) sözüniň iň sada we sözme-söz kesgitlemesi – “gymmatlyk” Eger siz haýsydyr bir grek adama time diýseňiz, ol haýsydyr bir “*gymmatbaha, eziz, ähmiýetli”* zady, mysal üçin, altyny göz öňüne getirer. Pikir ediň – siz altyny her dürli zatlaryň saklanylýan gutusyna goýmarsyňyz ahyryn; siz oňa has abraýly ýer taparsyňyz. Gadyryň beýleki kesgitlemeli – *“ýokary baha bermek, gadyryny bilmek, galpyldy bilen kabul etmek, hormatlamak”.*

Käwagt sözüň manysyna oňat düşünmek üçin, onuň gapma-garşy sözüne garamaly. Gadyr sözüniň antonimi – gadyrsyz, bigadyr. Grek dilinde atimia. Onuň käbir kesgitlemeleri şeýle: *“sylamazlyk, hormat goýmazlyk”, “adaty, ýönekeý bir zada, hyzmatkäre kimin garamak”.* Eger siz grek adama “bigadyr” sözüni aýtsaňyz, ol *haýsydyr bir adaty, aňsat gelip, tüsse kimin gaýyp bolýan zat* barada diýip düşüner. Sylamazlygyň has güýçli görnüşi haýsydyr bir masgaraçylykly we kemsidiji zat hökmünde kabul edilýär.

Grek diliniň sözlüklerini we teswirlerini öwrenmek bilen, men gadyryň hereket, söz we hatda pikir görnüşinde aýan bolup bilýändigine düşündim. Ýöne hakyky gadyr, hormat hemişe ýürekden gelip çykýandyr. Hut şu sebäpdenem Hudaý şeýle diýýär: “Bu halk Maňa ýakynlaşyp *dili, dodaklary bilen Meni hormatlaýar, ýöne ýürekleri Menden uzakdadyr.* Ynsan buýruklaryna görä *Maňa ybadat edýärler* olar” (Işa. 29:13, nygtama awtoryňky).

Hudaýyň “Maňa ybadat edýärler” diýýändigine üns beriň. Hakyky hormat Hudaýyň huzurynda galpyldaýan ýürekden döreýär. Bu örän wajyp we biz bu gürrüňe soňra ýene dolanarys. Isa Mesih Nasyradaky halkyň Onuň gadyryny bilmändigini, ýagny dogduk şäherinde Ony hormatlamandygy we ähmiýet bermändigini aýtdy. Olar Ony Hudaýyň yradasyny berjaý etmek üçin Iberilen hökmünde tanamadylar. Tersine, olar Onda adaty adamy, goňşy ýigidi gördüler. Hut şu sebäpdenem olar bölekleýin sylagy aldylar. Isa Mesih şol ýerde hiç hili mugjyzalary görkezip bilmedi. Ol ýerde düýpli bir zatlar bolmady: belki, sanlyja adam kellagyrysyndan, ýene birnäçesi guragyrysyndan we birki adam arkasyndaky agyrylaryndan dynandyr.

Bu barada oýlanyň. Isa Mesih – Hudaýyň Ogly, Mukaddes Ruhdan çäksiz

dolan Ynsan Ogly – şypa bermek we jyn-arwahlaryň eýelän adamlarynyň ählisini boşatmak üçin iberildi. Ýöne Ol Öz tabşyrygyny berjaý edip bilenok; bu Hudaýyň şol şäherdäki adamlara şypa beresi gelmänligi sebäpli däl-de, olaryň Oňa degişli hormat-yzzaty görkezmän, Ony özleri çäklendirendikleri üçin şeýle boldy. Olar Oňa adaty bir ýerli ýigit hökmünde garadylar. Şonuň üçin-de olar örän kiçijek, bölekleýin sylagy aldylar (diňe sanlyja adam şypa aldy).

## Bütinleý sylagsyz ýagdaýlar

Biz hoş habarlarda Isa Mesihiň fariseýler bilen Töwrat mugallymlarynyň ençemesine öýde sapak berýän mysallarynyň ýene birini görýäris. Bu hyzmatçylar Ony diňlemek üçin Jeliläniň we Ýahudanyň ähli şäherlerinden gelipdiler. Biz şuny okaýarys: "Isa Rebbiň gudraty arkaly *hassalara* şypa berýärdi" (Luka 5:17, nygtama awtoryňky).

Hassalar diýen söze üns beriň, gürrüň şol ýerde bolan adamlar barada gidýär. Indi bolsa maňa hakykaty aýtmaga rugsat ediň: Hudaý hiç haçan hiç zady biderek sarp etmeýär. Isa Mesihiň ilki dört müň adamy, soňra bäş müň adamy doýruşyna ýada salyň. Iki ýagdaýda-da Ol galan zatlaryň ýekesi-de zerzaýa bolmaz ýaly, olaryň ählisini ýygnamagy berk tabşyrdy. Ol biziň şol ýerde ýöne goýup gaýdaýjak ýa-da zir-zibile taşlaýjak zatlarymyzy ýygnatdy. Muny *Mukaddes Ýazgylaryň ähli ýerinde, Hudaýyň işlerinde* görüp bolýar. Ol hiç haçan hiç zady bisarpa tutmaýar.

Şunlukda, eger Rebbiň güýji fariseýlere we Töwrat mugallymlaryna şypa bermekde aýan bolan bolsa, bu olardan birine, belki-de, köpüsine şypanyň gerek bolandygyny aňladýar. Indi bolsa öz tejribämden aýdaýyn. Geliň, bu ýagdaýy öz döwrümizde göz öňüne getirip göreliň. Zala birnäçe ýüz adamy jemläň, şeýle uly toparda iň azyndan on, belki-de ondan hem köp hassa adamlar bolar. Hudaýyň güýji olara şypa bermek üçin şol ýerde, ýöne hiç kim şypa almaýar.

Biraz soňra birnäçe adam öz ysmaz dostlaryny düşegi bilen getirdiler. Olar gapydan girjek boldular, ýöne başarmadylar, sebäbi girelge adamlardan hyryn-dykyndy. Şonda olar başga ýol tapmaga synanyşdylar. Olar ýeň bermän, üçege çykyp, onuň bir bölegini söküp ýärler-de, ysmazy edil Isa Mesihiň öňüne düşürýärler. Soňra bir şuny okaýarys: "Isa olaryň imanyny görüp, ysmaza: 'Dost, seniň günäleriň ötüldi' diýdi. Töwrat mugallymlary bilen fariseýler: 'Hudaýa dil ýetirýän bu adam kim? Günäleri ýeke-täk Hudaýdan başga kim

ötüp biler?’ diýip, içini gepletmäge başladylar” (Luka 5:20-21).

Üns beriň, Luka fariseýler “içini gepletmäge başladylar” diýip ýazýar. Geliň, biraz içginräk öwreneliň. Bu liderler biri-biriniň gulagyna pyşyrdadylarmy? Ýa-da olar toparlara birigip, Isanyň sözlerini özara maslahatlaşyp başladylarmy? Ýagdaýy aýdyňlaşdyrmak üçin Mattanyň hoş habaryna ýüz tutalyň: “içinden diýdiler” (Mat. 9:3, nygtama awtoryňky). Şunlukda, biz Töwrat mugallymlarynyň Isa Mesihi diňe pikirlerinde sylamandygyny görýäris. Olar utanç, tankydy, ýerliksiz sözleri sesli aýtmadylar, olar diňe pikirlerinde şeýle oýladylar. Mark hem “içinden oýlandy” diýip ýazýar (Mark 2:6). Isa Mesihiň olaryň pikirlerine näme jogap berýändigine gulak goýuň:

> Isa dessine olaryň näme pikir edýändigini ruhunda syzyp: “Näme üçin göwnüňize beýle pikirler getirýärsiňiz? Ysmaza haýsyny aýtmak aňsat: ‘Günäleriň ötüldi’ diýmekmi ýa-da: ‘Tur, düşegiňi al-da, ýöre’ diýmek? Emma siz Ynsan Oglunyň ýer ýüzünde günäleri ötmäge-de ygtyýarynyň bardygyny bilip goýuň’ diýdi. Onsoň Ol ysmaza: ‘Saňa diýýärin, tur, düşegiňi al-da, öýüňe gaýt’” diýdi.
>
> – Mark 2:8-11

Ysmaz bada-bat turdy-da, ahli hyzmatçylaryň göz alnynda düşegini alyp, öýüne gaýtdy. Mukaddes Kitap bu wagyzçylaryň we mugallymlaryň hemmesiniň seslenmesi barada şeýle diýýär: “Hemmeler haýran galdy. Olar: ‘Biz beýle zady asla görmändik’ diýşip, Hudaýy şöhratlandyrdylar” (Mark 2:12).

Olar haýran galdylar, ýöne hiç biri şypa almady! Olar bütinleý sylagsyz galdy, sebäbi olar pikirlerinde Isa Mesihe sarpa goýmadylar. Şu ýagdaýda sözler we hereketler däl-de, daşyndan sesli aýdylmadyk pikirler öz täsirini ýetirdi. Ýatda saklaň, gadyry we gadyrsyzlygy hereketlerde, sözlerde ýa-da aňda görkezip bolýar, ýöne hakyky gadyr-hormat welin elmydama ýürekden gaýdýandyr.

Fariseýleriň, Töwrat mugallymlaryň köpüsi Isa Mesihe sarpa goýmazlygy endik edinipdiler. Olar Ony ýaňsylaýardylar, Oňa ýigrenç bilen garaýardylar we köp gezek Ony ilortalaýyn masgaralamaga synanyşýardylar. “Töwrat mugallymlary bilen fariseýler Isany aýyplamakçy boldular...Ony aňtadylar” (Luk. 6:7). Başga bir ýerde şuny okaýarys: “Isany göz astyna alyp, Ony aňtamak üçin, birnäçe dogruçylsumagy Onuň yzyna saldylar. Olar Isany gepde tutup...” (Luk. 20:20). Bu ýerde şeýle bellikleriň diňe birnäçesi

berilýär, aslynda welin olar örän köp. Siz bu adamlaryň Isa sarpa goýmazlyk bilen çäklenmän, eýsem Ony abraýdan düşürip, masgalamakçy bolandygyny görýärsiňiz.

Nasyranyň halky Isa Mesihiň gadyryny bilmän, kiçijek ýa bölekleýin sylag aldylar. Fariseýler Isa Mesihi pikirlerinde masgaraladylar we bütinleý sylagsyz galdylar. Indi bolsa doly sylag alan adamlara garap, olaryň sylaglarynyň gadyr bilmeklik bilen bagly bolup-bolmazlygyny göreliň.

3

# Doly sylag

Isa hyzmatynyň başynda Kapernauma barýar we şol ýerde bada-bat rim ofiserine – ýüzbaşysyna duşýar, ol güýçli jebir çekýän ysmaz hyzmatkärine şypa diläp, Mesihe ýalbarýar. Isa: “Men baryp, ony sagaldaryn” diýýär (Mat. 8:7).

Ýüzbaşy: “Agam, Seniň öýüme gelmegiňe *men mynasyp däl”* (Mat. 8:8, nygtama awtoryňky).

Dursaňyzlaň, “mynasyp däl”? Bu *ýeňiji ýeňlen* bilen gürleşýär ahyryn! Rim ysraýyl halkyny basyp alypdy. Onda näme üçin rim ofiseri ýewreý agaç ussasyna: “Seniň öýüme gelmegiňe men mynasyp däl” diýýär? Bu edil amerikan flotunyň polkowniginiň yrak suw ussasyna: “Seniň öýüme gelmegiňe men mynasyp däl” diýşi ýaly bolardy. Bu adamyň Isany nädip sylaýşyny görýäňizmi? Serediň, rim ýüzbaşysy bu ussanyň aslynda Kimdigini bilýär. Ol Isa Mesihe ähmiýetli bir adam hökmünde garap, yzzat-hormat edýär. Soňra esger şeýle diýýär: “Men hem buýruk astyndaky adamdyryn, ygtyýarymda esgerlerim bar. Birisine: ‘Git’ diýsem gidýär, başgasyna: ‘Gel’ diýsem gelýär. Hyzmatkärime” ‘Şuny et!’ diýsem edýär” (Mat. 8:9).

Birinjiden, geliň, bu ofiseriň harby derejesine garalyň. Rim legionynda alty müň esger we tutuş legiona baştutanlyk edýän bir serkerde bardy. Alty müňlik legionda alty ýüz ýüzbaşy bardy, olar öz baştutanlaryna hasabat berýärdiler we her ýüzbaşynyň golastynda ýüz esger bardy.

Ol Isa Mesihe özüniň haýyş edýän zadynyň nädip we näme üçin amal boljakdygyny düşündirýär. Onuň esgerleri ony sylaýardylar we oňa tabyn

bolýandylar, sebäbi ol öz baştutanyny sylaýardy we onuň ygtyýaryna tabyn bolýardy. Ol öz baştutanlyrynyň goldawyny halaýardy, olar bolsa öz gezeginde Rimiň ygtyýarlygy bilen kuwwatlanýardylar. Sada sözler bilen aýtsak: “Meniň ygtyýarlygym bar, sebäbi men öz ýurdumyň we ýolbaşçylarymyň gadyryny bilýärin, hökümeti sylaýaryn. Şunlukda, meniň bar etmeli zadym – bir söz aýdaýmaly, şonda meniň golastymdaky esgerler ähli buýruklarymy şobada berjaý ederler”.

Onuň ilkinji sözlerine üns beriň: “Men hem”. Ol Hudaýyň Isa Mesihiň üstündäki ygtyýarlygyny kabul edýär, sebäbi bu esger Isanyň hem göze görünmeýän ruhy Şalygyň ygtyýarlygyndan peýdalanýandygyny bilýärdi, bu onuň harby dünýäde ygtyýarlykdan peýdalanyşy ýalydy. Hut şu sebäpdenem ol diňe ýönekeý buýruk bermelidigine düşündi we kesel tabyn bolmalydy. Onuň golastyndaky esgerleriň buýruga näderejede tiz seslenjegi oňa o diýen wajyp däldi. Isa Mesihiň näme jogap berenine gulak goýuň:

> Isa bu sözleri eşidip haýran galdy. Ol yzyna düşüp gelýänlere: “Size dogrusyny aýdýaryn, Men hatda Ysraýylda hem şeýle imany bar adamy tapmadym”.
>
> – Mat. 8:10

Düşünýäňizmi? Isa Mesih bu rim esgeriniň imanynyň Ýahýa çümdürijiňkiden köpdügini aýdýar! Bu barada oýlanyp görüň-ä. Ýahýa çümdüriji Ysraýyldan ahyryn. Dowam edeliň: ýüzbaşynyň imany Isanyň ejesi Merýemiňkiden has uly. Isa Mesih Özüniň Ysraýylda ýaşan tutuş otuz ýyl ömrüniň dowamynda bu ýüzbaşynyňky ýaly imany görmändigini aýdýar. Isa Mesih bolsa hiç haçan ulaldyp aýtmaýardy. Rim raýaty we rim goşunynyň esgeri – häzirki wagtda ysraýyl halkyny basyp alan basybalyjylaryň tarapyndaky hakyky sylagy alýar.

Men iman adamy, siz hem şeýlesiňiz diýip umyt edýärin, sebäbi iman etmezden Hudaý hoşnut edip bolmaýar (ser. Ýew. 11:6). Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär: “Şunlukda, iman eşitmekden, hawa, Isa Mesih hakdaky Hoş Habary eşitmekden döreýändir” (Rim. 10:17).

Men Ýahýa çümdürijiniň bu ýüzbaşa garanda Mukaddes Ýazgylardan has köp eşidendigi barada jedel etmäge-de taýyn, emma muňa garamazdan, ýüzbaşynyň imany onuňkydan has köpdi. Men Isanyň ejesi Merýemiň, on iki şägirdiniň we Onuň tanaýan beýleki ysraýyllarynyň Hudaýyň Sözüni

rim esgerinden has köp eşidendiklerini çaklaýaryn (özümiň hakdygyma ynanýarynam), ýöne şonda-da bu esgeriň imany olaryňkydan has köpdi. Onuň imanyny şeýle beýik eden zat nämekä? Onuň Isa Mesihe bildiren gadyr-hormaty we ygtyýarlyga tabyn bolmak baradaky düşünjesi. Lukanyň hoş habarynyň 17-nji babynda (5-10) biz iman diňe Hudaýyň Sözüni eşitmeklikden döremän, eýsem gadyr-hormatyň we ygtyýarlyga tabyn bolmaklygyň hem oňa hemra bolmalydygyny görýäris.

Bu adam özüniň doly sylagyny aldy, sebäbi ol gadyr-hormat etdi we ygtyýarlygyň asyl manysyna düşündi. Onuň ygtyýarlyga bolan garaýşy ýüreginde gadyr-hormatyň bardygyny görkezýär. Şunlukda, onuň niýetiniň köki gadyr-hormatdy.

## Ret edilmejek aýal

Markyň hoş habarynyň ýedinji babynda biz asly siriýaly bolan grek aýaly barada okaýarys; ol Isanyň ýanyna kömek sorap gelipdi. Mukaddes Ýazgylar bu aýalyň Isa dyngysyz ýalbaryp, gyzyndan arwah-jynlary kowmagyny diländigini aýdýar. Bu Isanyň bu aýalyň dilegine birinji gezek-de, ikinji gezek-de üns bermändigini aňladýar. Onuň Isa Mesihe köp gezek ýüz tutan bolmagy ahmal. Ol, belki bu aýala garamadyk bolmagy-da ahmal. Ýöne ol ýalbarmasyny dowam etdi. Ol umydyny ýitirmedi we ahyrda: “Isa oňa: ‘Goý, öňürti çagalar doýsun. Çagalaryň çöregini alyp, itlere zyňmak dogry däldir’” (Mark 7:27) diýen jogaby aldy.

Bu aýat her nähili teswirlense-de, manysy barybir üýtgänok. Isa Mesih ony it diýip atlandyrdy! Men bu aýalyň amerikan bolmandygyna örän begenýärin. Ýogsa Isa Mesih ýaramaz sözleriň birgiden akymyny diňlemeli bolardy. Ol şeýle sözler bilen gykylyk turzardy: “Näme! Sen maňa it diýdiňmi? Sen şondan soň nähili hyzmatçymyşyň? Sen neneň edip maňa dil ýetirip bilýäň? Men ýanyňa kömek diýip geldim, ine, onsoň alýanym-da şu! Bu ýerde jynsparazlygyň ysy bar ýaly-la! Meniň grek, Seniň-de ýewreý bolanyň üçin maňa it diýmäge haklydyryn öýdýäňmi? Bu mertebäme dil ýetirmeklik! Öz kömekçileriň bilen bu ýerde otyrsyň we Saňa öz gyzy üçin ýalbarýan mätäç aýala göz-de aýlamaýarsyň! Seniň wagyz edýän söýgiň, hany, nirede? Hä, bu ýerde mähelle ýok, täsir etjekleriň ýok-da, bu ýerde diňe Sen we Seniň kömekçileriň bar, indi-hä men Seniň aslynda kimdigiňi görýärin. Sen ikiýüzlisiň, besdir! Men bärden gidýärin!”.

Eger ol goh turzan bolsa, onuň gyzy asla şypa almazdy. Ol hiç bir sylagsyz yzyna gaýdardy. Emma aýal başgaça hereket etdi. Ol gaýtam Onuň bilen ylalaşdy

we şu orundan öz sylagyny aldy: “Hawa, Agam! Ýöne itler hem çagalaryň saçak başynda döken çörek owuntyklaryndan iýýändir’ diýdi. Isa oňa: ‘Bu sözüň üçin, bar, gidiber, arwah-jyn seniň gyzyňdan çykdy’ diýdi” (Mark 7:28-29).

Men Isa Mesihiň başyny ýaýkap, bu keseki aýalyň imanyna haýran galyp ýylgyryşyny görýän diýen ýaly. Eýsem Ol ony ret edip bilerdimi? Ol oňa arwah-jynlaryň gyzyndan çykandygyny aýdýar, ol hem öýüne baryp, gyzynyň azat bolandygyny görýär!

Eger ol ýaýdanjaň ýa öýkelek bolan bolsa, sylaga bolan umydyny bütinleý ýitirerdi. Ol Isa Mesihiň Kimdigini bilýärdi we özüniň yzzat-hormatdan doly äheňini ýeke pursat-da üýtgetmedi. Ol tutanýerlik bilen kömek diledi we hatda, göräýmege, kemsidiji garaýşa-da üns bermän garaman, ol ýerden gaýtmady, sögüşip başlamady. Ol öz erjelligi üçin doly sylagyny aldy.

Gyzykly zat, biz ýagdaýlaryň ikisinden-de keseki milletlerden bolan adamlaryň haýran galdyrýan imanyny görýäris, olar Ybraýymyň ähtine şärik däldi. Ýüzbaşy we grek aýal Isa Mesihi öz imanlary bilen haýrana galdyrdylar. Olar biziň jemgyýetimizde köplenç äsgerilmeýän esaslara düşünýärdiler, kyn ýagdaýlaryň jümmüşinde olaryň ikisi-de yzzat-hormat bildirip, doly sylaglaryny aldylar.

## Hormatyň esaslary

Eger siz hoş habar kitaplaryna ünsli garasaňyz, adamlaryň bölekleýin, doly sylagy alan ýa-da bütinleý sylagsyz galdyrylan ýagdaýlaryň köp mysalyny görersiňiz. Mysallaryň her biri gyzyklydyr, olar bildirilen hormatyň derjesini özüçe suratlandyrýar. Käbir adamlar Isanyň gadyryny bilmän, Ony ýeterlik derejede sylamadylar, başgalary bolsa Oňa tüýs ýürekden yzzat-hormat bildirdiler, ýene käbirleri bolsa Ony göz-görtele sylamadylar, gadyryny bilmediler. Tekstde yzzat-hormat barada aç-açan aýdylmasa-da, bu prinsip barybir hereket edýändir, sebäbi bu ruhy kanundyr. Hudaý ol barada şeýle diýýär:

> Men Özümi sylany sylaryn, äsgermezlik edeni bolsa ryswa ederin.
>
> – 1 Şam. 2:30

Yzzat-hormat gökleri açýan açardyr. Men ýokardaky aýatda agzalýan “hormat esasyny” halaýaryn. Hudaýy sylany Ol sylar. Bu prinsip hut şeýle işleýär. Isa Mesihe hormat bildiren her bir adam öz görekezen yzzat-hormatyna

laýyklykda mätäç zadyny göklerden aldy. Şu barada pikir ediň: bu hyzmatkäriň gutulmagy, gyzyň azat bolmagy bilen tamamlanmady, biz olaryň saýlawyny we imanyny heniz-de baýram belleýäris!

Bu prinsip aýaratyn-da Pesah baýramynyň edil öňýanyndaky wakada aýdyň suratlandyrylýar. Isa Mesih Beýtaniýada deri keselli Simunyň öýünde otyrdy. Isa hemmeler bilen saçak başynda otyrka, bir aýal alebastr çüýşede gymmatbaha sap-arassa nard ýagyny alyp geldi. Bu gymmatbaha ýagyň bahasy adaty işgäriň bir ýyllyk zähmet hakyna deňdi. Bu aýal gözýaşlary bilen Isanyň aýagyny ýuwup, olary saçy bilen süpürdi, soňra bolsa çüýşäniň dykysyny açyp, ýagy Onuň başyna guýdy.

Ol Isanyň başyna ýagy bolelin guýup, oňa hormatyny bildirdi, ýöne öýdäkileriň hemmesi muňa begenmedi: “Käbirleri gaharlanyp, biri-birlerine: ‘Näme üçin bu ýag isrip edildi? Muny bir ýyllyk gazanç pulundan hem gymmat satyp, garyplara paýlap bolardy ahyry’ diýşip, aýala igendiler” (Mark 14:4-5).

Keseden göräýmäge olaryň delilleri diýseň akylly we ynandyryjy. Mesihiler garyp-gasarlaryň pikirini edýärler we şol bir wagtyň özünde-de şol pursat bolup geçýän zatlary sypdyrýarlar. Olaryň Hudaýyň Ogly Isa Mesihi sylap, ýeri-gögi ýaradan Hudaýa yzzat-hormat bildirmek mümkinçilikleri bardy. Mugallymlarynyň olara berk käýeýşine gulak goýuň:

> Emma Isa olara: “Naçary öz gününe goýuň! Näme üçin ony ynjadýarsyňyz? Ol Meniň üçin ajaýyp iş etdi. Garyplar hemişe siziň ýanyňyzdadyr, olara islän mahalyňyz ýagşylyk edip bilersiňiz, emma Men hemişe ýanyňyzda bolmaryn. Bu aýal elinde baryny etdi, ol bedenime atyr ysly ýag guýup, Meni jaýlamaga öňünden taýýarlady. Size dogrusyny aýdýaryn, Hoş Habar dünýäniň niresinde wagyz edilse, bu aýalyň edeni-de şol ýerde ýatlanar” diýdi.
>
> – Mark 14:6-9

Beý-bä! Onuň ony öwüşini eşitdiňizmi? Isa Mesihiň döwründe köp adamlar beýik işleri amal edipdi, ýöne Ol bu aýala hormatlaýşy ýaly hiç kimi hormatlamandy. Isa onuň ýagşy we ajaýyp yzzatynyň Hoş Habaryň wagyz ediljek ýerleriň ählisinde, diňe şol pursatda däl, eýsem asyrlarboýy nesilden nesle ýatlanyljakdygyny pygamberlik etdi.

Aýal Mugallymy sylasy geldi, ýöne Onuň başyna nard ýagyny guýmak bilen, özi Mugallymdan sylag aldy. Hormat prinsipi elmydama ulanylar we elmydama

täsir eder. Hudaý şeýle diýýär: “Men Özümi sylany sylaryn, äsgermezlik edeni bolsa ryswa ederin” (1 Şam. 2:30, NIV, nygtama awtoryňky). Üns beriň, sylamadyklar ryswa ediler. NIV-iň täze terjimesinde ryswa etmek sözi ulanylan; ol “kimdir biriniň başganyň üns bermegine we sylamagyna mynasyp bolmadyk ýagdaýyny” aňladýar. Hudaý Özüni sylamadyk adamlary Onuň ünsüne mynasyp däl diýip hasaplaýar. Şeýle-de Onuň olaryň mätäçliklerine we dileglerine üns bermejekdigini aýdyp bolýar.

Isa Mesihiň diýýänlerine gulak goýuň: “Size dogrusyny aýdýaryn, Meniň iberen adamymy kabul eden Meni kabul edýändir” (Ýoh. 13:20). Isanyň aýdýanlarynyň manysynda – kimdir birini kabul etmeklik Ony sylamaklygy aňladýar. Şunlukda, Isa Mesih şeýle diýýär: “Meni sylaýan adam Meni iberen Atamy sylaýandyr”. Hut şu sebäpdenem Ol bize şeýle aýdyňlyk bilen: “Ogla hormat goýmaýan adam Ony iberen Ata-da hormat goýýan däldir” (Ýoh. 5:23) diýýär.

Isa Mesihi sylamadyk adamlar özleri bilmezden Atany-da sylamadylar. Isa Şeýle diýdi: “Men ynsanlardan öwgi agtarmaýaryn” (Ýoh. 5:41); Ol Öz ýüreginde ähli öwgini Atasyna berýärdi. Ol heniz şöhratlanmandy. Ýöne Ol şöhratlanan badyna Ata bada-bat şeýle buýurdy: “Goý, Hudaýyň ähli perişdeleri Oňa sežde etsinler!” (Ýew. 1:6) we ýene-de: “Eý, Hudaý, Seniň şalygyň dowam eder baky ebedi, Seniň şalyk hasaň — adalatlylyk hasasy” (Ýew. 1:8, şeýle-de ser. Fil. 2:8-10). Ol şöhratlanan badyna Oňa hem edil Ata sežde edilişi ýaly sežde edip başladylar.

Ýöne Isa Mesih ýer ýüzünde gezip ýörkä, Ol Ynsan Ogly hökmünde ýaşady we hyzmat etdi. Mukaddes Ýazgylaryň AMPC terjimesindäki Filipililere hatynda (2:6-7) şeýle diýilýär: “Isa Mesih Hudaýyň tebigatyna eýe bolsa-da,... ondan mäkäm ýapyşmady (Özüniň ähli artykmaç hukuklaryndan we hakly mertebesinden). Gaýtam, bir gul kimin bolup, ynsan keşbinde bu dünýä indi, Ol Özüni asla hiç etdi”. Ol Ynsan bolanda, Özüne edilen yzzat-hormaty elmydama ýüreginde atasyna berdi. Hut şu sebäpdenem Ol şypa beren adamlarynyň hemmesine hemişe şeýle diýýärdi: “Ägä bol, muny hiç kime aýtmagyn. Ýöne git-de, ruhana görün we deri keselinden saplanandygyňy hemmelere subut eder ýaly, Musanyň buýran sadakasyny ber” (Mat. 8:4). Biz şuny hem okaýarys: “Ägä boluň, muny hiç kim bilmesin” (Mat. 9:30), şeýle sözleri biz hoş habar kitaplarynyň ählisinde görýäris.

Isa Mesihiň ýer ýüzünde Atasy bilen baglanyşygy bolansoň, islendik adam

üçin Atany sylamagyň iň oňat usuly – Onuň Ogluna dogry garaýşy görkezmek. Hut şu sebäpdenem Ol gymmatbaha ýagy guýup, Ony derejelän aýala hiç käýemedi. Ol Özüni sylanlara hiç haçan käýemeýärdi, tersine, Ata bilen bu gatnaşygy sylanlary üçin, Ol olary şöhratlandyrdy. Şuňa düşüniň: Ol yzzat-hormaty Özi üçin agtarmady, tersine, Ol Özüniň iberilen adamlary üçin hormat prinsipini emele getirdi.

## Yzzat-hormat akymy

Isa Mesih haça çüýlenmeziniň öňýanynda Özi gidenden soň hyzmatynyň nähili dowam etjekdigi baradaky çuňňur netijäni beýan etdi:

> Size şuny aýdaýyn: „Rebbiň adyndan Gelýäne alkyş bolsun!“ diýýänçäňiz, Meni gaýtadan görmersiňiz.
>
> – Luka 13:35

Başga sözler bilen aýdylanda: “’Rebbiň adyndan Gelýäne alkyş bolsun!’ diýip, Meniň size iberenlerimi kabul edýänçäňiz, Meni gaýtadan görmersiňiz”. Ýa-da başgaça şeýle aýdyp bolar: “Siz tä Meniň Öz adymdan ýanyňyza iberenlerimi hormatlaýançaňyz, Meni gaýtadan görmersiňiz”. Säginip, şu ýeri barada oýlanyň. Isa Mesih Onuň iberenlerini kabul edip, sylanymyzdan soň gaýdyp geljekdigini aýtdy. Näme üçin? Isa bu soraga Mukaddes Ýagzylaryň başga ýerlerinde jogap berýär. Şeýle jogaplaryň biri şeýle ýaňlanýar: “Size dogrusyny aýdýaryn, Meniň iberen adamymy kabul eden *(sylan)* Meni kabul edýändir *(sylaýandyr),* Meni kabul eden *(sylan)* bolsa, Meni Ibereni kabul edýändir *(sylaýandyr)”* (Ýoh. 13:20, nygtama awtoryňky).

Ýokarda aýdylanlardan ugur alyp, hormat prinsipiniň durmuşymyzda nähili ulanyp bolýandygyny barada Isa Mesihiň näme diýýändigine gulak goýuň:

> Sizi kabul eden Meni kabul eder, Meni kabul eden hem Meni Ibereni kabul eder. Kim birini pygamberdigi üçin kabul etse, pygamberiň sylagyny alar. Bir dogry adamy dogrulygy üçin kabul eden dogry adamyň sylagyny alar. Kim Meniň şägirdimiň hormaty üçin, bu pes saýylýanlaryň birine diňe bir käse sowuk suw bersede, size dogrusyny aýdýaryn, ol asla sylagsyz galmaz.
>
> – Matta 10:40-42

Şu aýatlaryň manysyny üýtgetmezden, *kabul etmek* we *berse* sözleriniň deregine hemme ýerde *sylamak* sözüni goýmaga ygtyýar ediň.

Sizi sylan Meni *sylar*, Meni sylan hem Meni Ibereni *sylar*. Kim birini pygamberdigi üçin *sylasa,* pygamberiň sylagyny alar. Bir dogry adamy dogrulygy üçin sylan dogry adamyň sylagyny alar. Kim Meniň şägirdimiň hormaty üçin, bu pes saýylýanlaryň birine diňe bir käse sowuk suw bilen sylasa-da, size dogrusyny aýdýaryn, ol asla sylagsyz galmaz.

Şu aýatlarda sylamaklygyň gurluşyna has oňat düşünmek üçin, esasy iki pikire üns bermeli. Birinjiden, Hudaýyň Şalygynda ygtyýarlygyň strukturasy bar. Ol Atadan başlap, Isa Mesihe geçýär, Ol Ony iberdi we bütin ygtyýary Oňa berdi. Isa Mesih direlenden soň şeýle diýdi: "Gökde we ýerde ähli ygtyýarlyk Maňa berildi" (Mat. 28:18). Ol – ýygnagyň Başy we ähli duşmanlary Onuň aýak astyna salnanda, Şalygy Atasyna gaýdyp berjek gün ýetip geler (ser. 1 Kor. 15:24-26).

Ygtyýarlygyň indiki derejesinde pygamber dur. Unutmaň, Isa Mesih bu sözleri Täze Ähti bolmadyk adamlara ýüzlenip aýdypdy. Olar biziň bilýän adalgalarymyzy we jümlelerimizi bilmeýärdiler, şonuň üçin-de Ol olara düşnükli boljak dilde gürleýärdi.

Köne Ähtdäki pygamberler Rebbiň wekilleri hökmünde hereket edýärdiler (Müs. 4:16,7:1). Ýewreýlere haty (1:1-2) muny tassyklaýar: "Hudaý gadym döwürde ata-babalarymyza pygamberler arkaly köp gezek we dürli ýollar bilen gepledi. Bu ahyrky günlerde bolsa Ol bize Öz Oglunyň üsti bilen gepledi. Ogly arkaly Hudaý älem-jahany ýaradyp, Ony ähli zadyň mirasçysy edip belledi". Isa Mesih direlip, göge galanda, "käbirlerini resul, käbirlerini pygamber, başga birilerini Hoş Habarçy, öwrediji, beýleki birlerini ýygnagyň çopanlary edip belledi" (Efes. 4:11) diýip, Täze Ähtde ýene gaýtalanýar.

Eger Isa Mesih şu gün bize ýüzlenen bolsa, Ol şeýle diýip bilerdi: "Resulyň hatyrasyna resuly sylan resulyň sylagyny alar; çopanyň hatyrasyna çopany sylan, çopanyň sylagyny alar". Bu pygamberlere, hoş habarçylara, mugallymlara hem degişli bolardy.

Mattanyň hoş habarynyň 10-njy babynda Isa Mesih pygamberleri (ýa-da başga sözler bilen aýdylanda, liderleri) sylamakdan dogruçyllara geçýär, soňra bolsa "kiçileri, pes saýylýanlary" sylamaklyk bilen tamamlaýar. Ol imanlylaryň ol ýa bu ýagdaýda iş salyşmaly bolýan ygtyýarlygyň ähli derejelerini agzaýar we sözüni biziň garamagymyzdaky ýa ygtyýarymyzdaky adamlar bilen tamamlaýar.

Biziň duşýan ol ýa bu adamlarymyz ýokarda agzalan toparlaryň haýsy hem bolsa birine degişlidir.

Şunlukda, biz ikinji pikire ýakynlaşýarys. Eger biz özümizden ýokary bolanlary sylasak, sylag alarys. Eger biz öz deňimizdäki adamlary sylasak, sylag alarys. Iň soňunda-da, eger biz garamagymyzdaky ýa ygtyýarymyzyň astyndaky adamlary sylasak, sylag alarys. Ýadyňyzda bolsa, biz jümläni şeýle üýtgedipdik: “Siz tä Meniň Öz adymdan ýanyňyza iberenlerimi hormatlaýançaňyz, Meni gaýtadan görmersiňiz”. Eger biz bu sözleri Mattanyň hoş habaryndaky sözler bilen birikdirsek, onda üç derejäniň hersiniň göklerden ajaýyp sylaglary çekýändigini ýüze çykararys. Mundan başga-da, bu sylaglar özi bilen Isa Mesihiň Kimdigi baradaky aýanlygy getirerler. Bu bolsa kitabyň galan böleginde ünsümiziň merkezinde boljak zat bolar.

# 4

# Mesele liderde däl

Ilkinji üç bapda biz Rebden haýsydyr bir zady almak islänimizde sylag-hormatyň näderejede wajyp orny eýeleýändigini kesgitlemek üçin, Mukaddes Ýazgylaryň köp ýerlerini gözden geçirdik. Gysgaça gaýtalalyň: resul Ýohanna doly sylagy almaga ymtylmagymyz we yhlas bilen ýaşamagymyz üçin, bize öwüt-ündew berýär. Ol "doly sylaga" ymtylmalydygyny nygtaýar, diýmek, bölekleýin sylag, şeýle-de bütinleý sylagsyz galmak ähtimallygy hem bar. Biz Isa Mesihiň hyzmatyna göz aýlanymyzda, doly sylagy alan adamlaryň, şeýle-de Oňa bolan garaýyşlary (Ony sylap-hormatlamandygy) sebäpli bütinleý sylagsyz galan adamlaryň bolandygyny görýäris.

Isa Mesih gitmezinden ozal şeýle diýdi: "Men gidýärin we siz tä Meniň adymdan Geljege hormat goýýançaňyz, siz Meni görmersiňiz" (Luk. 13:35, awtoryň teswiri). Şunlukda, Isa Mesih eger biz lidere hormat goýsak, onda Hudaýyň bu lider arkaly bermekçi bolýan sylagyna eýe bolarys. Ýöne biz başga imanlylary-da, biziň ygtyýarymyzdaky adamlary hem hormatlamalydyrys. Biz ilki bilen ygtyýary bolan adamlara gararys, indiki baplarda bolsa beýleki iki dereje barada gürrüň ederis.

## Biziň günlerimizden mysal

Men Hoş Habary wagyz etmek üçin saparlara köp gatnaýan beýik hyzmatçylaryň köpüsini hut özüm tanaýaryn. Olaryň arasynda birnäçesi diýseň saýlanýar. Men ilki bilen T.L. we Deýzi Osborn jübütiniň toparyny agzasym gelýär. Şu kitabyň ýazylýan döwründe olaryň ikisi-de göklerdäki baky sylagyna ýetdiler. Segseninji ýyllaryň ortalarynda olara hyzmat etmeklik Liza

ikimize miýesser edipdi. Men şol günlerde sekiz müň agzasy bolan ýygnakda işleýärdim; meniň wezipäm wagyz etmäge gelýän myhmanlary garşylamakdan ybaratdy. Osbornlaryň maşgalasy ýygnagymyzyň çärelerine gatnaşmaga birnäçe gezek gelipdiler, şonuň üçin-de, wagty bile geçirmäge mümkinçiligimiz bolupdy. Biz ýakyndan tanşyp, ýygy-ýygydan hat ýaşyşyp, telefonde gürleşýärdik. T.L. iki gezek dagy maňa posylka iberipdi, sebäbi biziň ölçeglerimiz deňdi. Ol meniň üçin heniz hem iman gahrymanlarymyň biri bolup durýandyr.

Şol döwürde T.L. bilen Deýzi eýýäm millionlarça adamlaryň halas bolmagyna ýardam edipdiler. Aslynda olaryň hyzmaty arkaly takmynan elli milliondan-da köp adamyň Isa Mesihi kabul edendigi mälim. Bu teleýaýlym arkaly däl-de, bütin dünýä boýunça açyk meýdançalarda geçiren kruseýdleri arkaly amala aşypdy. Kruseýdleriň aglaba bölegi Afrikada geçirilipdi. Dürli ýerlerde geçiren ýygnaklaryna 50 000-den 250 000-e çenli adamlar gatnaşýardy.

Ýygnaklaryň her birinde köp körleriň gözleri açylýardy. Ýygnaga bütinleý kör gelen adamlar ondan gözleri görmäge ukyply halda çykyp gidýärdiler! Ýöne bu buzdagyň diňe çür başydy. Ýüzlerçe kerler şypa alýardylar; ençeme adamlar bejerilmeýän kesellerden gutulýardylar; ýygnaga zemmerlerde getirilen hassalar düşeklerini göterip, özleri çykyp gidýärdiler. Osborn dogan öz ýygnaklarynyň dowamynda, aýratyn-da Afrikada amala aşan gudratlary beýan edip, ençeme kitaplary ýazdy.

Onuň gürrüňlerinden aýratyn ýadymda galan wakalaryň iň tolgundyryjysy ýygnaklaryň arasynda Deýziniň ýanyna baran aýal baradaky wakady. Ol öz elinde öli bäbejigini saklaýardy. Çaga boýdan-başa, hatda ýüzi-de ýorgana dolangydy. Ene çagasyny Deýzä berip, terjimeçi arkaly öz çagasynyň ýaşap bileri ýaly dileg etmegini haýyş edipdir. Deýzi ýorgana dolangy çagany eline alyp, sadaja dileg etmäge başlapdyr. Ol birnäçe minutdan hereketi duýup, ýorganyň içinden asgyrma-üsgürmäni eşidipdir. Ol ýorgany açanda özüne seredip ýatan diri oglanjygy görüpdir.

Soňra Deýzi çagajygyň ýüzüni ýapypdyrdy-da, ony ejesine beripdir. Eejesi ýorgany açyp, onuň ýüzüne seredenden, begenjinden ýaňa gygyryp başlapdyr.

Deýzi muňa aňk-taňk bolupdyr. Ol çaga elinde asgyryp-üsgürende onuň ejesiniň näme üçin şeýle seslenmändigini bilesi gelipdir. Ejesi näme üçin ýorgany galdyryp, onuň ýüzüni görýänçä şatlykdan ýaňa gygyrmadyka?

Şunlukda, Deýzi terjimeçi arkaly ejeden sorapdyr. Çaganyň ejesi şeýle diýipdir: "Meniň çagam doglanda diňe bir gözi bardy. Ol şikeslidi, ikinji gözüniň bolmaly ýerinde diňe boş oýluk bardy. Şindi bolsa, oňa seredenimde, balamyň maňa eýjejik iki gözi bilen garaýandygyny gördüm!"

Olaryň Isa Mesihiň, biziň direlen Halasgärimiziň ady bilen amal eden beýik işleri barada täsin wakalaryň ýene ençemesi bar.

Meniň Afrikada, esasan-da Efiopýada we Sudanda kruseýdleri geçiren ýene bir dostum bar. Onuň ýygnagyna 50 000-den 200 000-e çenli adamlar gatnaşýardy. Ol hem öz ýygnagynda ýüzlerçe adamlaryň kör gözleriniň we ker gulaklarynyň açylyşlaryny görüpdi. Ol agsaklaryň ýöräp başlaýşyny, kessellileriň gutulyşyny, rak düwünleriň kiçelip, ýitip gidişini görýär.

Birnäçe ýyl mundan ozal ol maňa wakalaryň iň täsinini gürrüň berdi. Ol Afrikanyň bir çäginde öz yygnaklaryny geçirende, şol ýerde "maýmyn-adam" ýaşaýan eken. Bu adamy arwah-jynlar eýelänsoň, ol hiç kime başartmandyr. Ol agaçlaryň üstünde ýalaňaçlygyna ýaşap, el-aýagyna daýanyp ýöräpdir. Onuň elleri hem edil aýaklary ýaly gabarçakly we gataňsy bolupdyr.

Ýerli adamlaryň birnäçesi oňa ýürekleri awansoň, ony daňyp, ýygnaga getiripdirler. Meniň dostum şeýle gürrüň berýär: "Jon, men uly mähelläniň öňünde wagyz edip durkam, bu adamyň ýokary, takmynan sekiz fut beýiklige böküp, birdenkä-de ýere gaçanyny gördüm. Ol gymyldaman ýatdy. Men ol ölendir öýtdüm. Ýöne ertesi gün ol meniň ýanyma sahna egni penjekli-balakly çykyp, Hudaýyň ony azat edişi baradaky şaýatlygyny aýdyp berdi. Bu "maýmyn-adamdy".

Şu wakadan soň adamlaryň sanynyň onlarça müňden ýüzlerçe müňe ýetendigini aýtdy, sebäbi töwerek-daşdakylaryň hemmesi "maýmyn-adamy" tanaýan ekenler. Bu adamlaryň hemmesi jynlaryň eýelän ýesirini boşadan Hudaýyň Sözüni eşidesleri gelipdir.

Men şeýle gudratlary, aýratynda Afrikada bolan gudratlary gören erkekler we aýallar baradaky wakalary dynman gürrüň berip bilerdim. Ýöne mesele şundan ybarat: hut şol hyzmatçylar Amerika ýa-da günbatar ýurtlaryna dolanyp gelýärler – şol bir adam, şol bir habar, şol bir mesh, şol bir wagyz usullary, ýöne şol hyzmatlaryň dowamynda sanlyja adam kellagyrysyndan, arkadaky agyrysyndan, guragyrysyndan gutulýarlar. Näme üçin? Ähli zat sylag-hormata bagly! Meniň şol gürrüňini beren dostlaryma käbir ýurtlarda öran hormat goýýarlar. Olara: erkeklerini-de, aýallaryny-da edil Rebbiň iberen adamlary ýaly kabul edip, olara patyşalar hökmünde garaýarlar.

## Sen Hudaýyň adamy, şeýle dälmi?

Men hem Afrikanyň Keniýa, Zimbabwe, Angola we beýleki ýurtlaryna birnäçe gezek hyzmata gidipdim. Men köplenç özümiň myhman alnyşym-

dan ýaňa özümi birhili duýýardym (olara söz ýok, ýöne özümi biraz oňaýsyz duýýardym. Olar hamala öňlerinde patyşa duran ýaly hereket edýärdiler. Olar meni iň oňat myhmanhanalara ýerleşdirýärdiler, munuň olara arzan düşmändigini-de bilýärdim. Olar maňa hiç goşumy, hatda Mukaddes Kitabymy-da götertmeýärdiler. Olar maňa tagamlaryň iň oňadyny berýärdiler, iň oňat adamlary maňa hyzmat edýärdiler.

Bir waka ýadyma düşýär: birnäçe müň adamyň ýygnanan auditoriýasynda wagyz edip bolanymdan soň, meni kondisionerli otaga äkitdiler (şeýle ýygnaklarda kondisionerli otag örän seýrek duşýan ýagdaý). Töweregi aýallar bilen gurşalan bir aýal hyzmat etmek üçin ýanyma geldi. Ol dyzyna çökdi-de, başyny egip, elinde legeni saklap durdy, şol wagtda bolsa başga bir aýal el ýuwar ýaly suwly küýzäni alyp geldi. Meniň ellerimi ýuwanlaryndan soň başga bir aýal desmaly alyp, ellerimi süpürdi. Olar maňa naýbaşy zatlaryny berip, maňa uly hormat bildirýärdiler.

Aýal öňümde dyzyny epende, men özümi örän oňaýsyz duýup: “Men elimi özüm-de ýuwup bilýän; saňa muny etmek gerek däl” diýip oýladym. Ýöne *Mukaddes Ruh* maňa berk äheň bilen: “Ýüz öwürmegi pikir-de etme. Olara saňa hyzmat etmäge rugsat ber” diýip duýdurdy.

Hormatlamak bilen sežde etmegiň arasynda tapawut bar. Biz baky we asyrlarboýy diňe Hudaýymyz bolan Rebbimize we Patyşamyza sežde ederis. Ýöne hormata mynasyp bolanlara biz baky we asyrlarboýy hormat goýarys. Bu Hudaýyň Şalgyndaky tertip-düzgündir.

Maňa 1990-njy ýyllarda örän meşhur bir resulyň liderlerine wagyz etmek mümkinçiliginiň miýesser edişi ýadyma düşýär. Bu adamyň garamagyndaky ýygnaklarda bäş milliona golaý adam bardy. Onuň ýygnaklary Afrikan kontinentiniň on sekiz ýurdunda ýerleşýärdi. Ol her ýylyň fewral aýynda alty müň baş çopany bir ýere ýygnap (çopanyň kömekçileri bu ýygnaga çagyrylmaýardy), olara wagyz etmekleri üçin Amerikadan we beýleki kontinentlerden liderleri çagyrýardy. Men munuň togsanynjy ýyllarda iň güýçli hyzmatlaryň bolandygy ýadyma düşýär. Men edil başga dünýäden bolan adam hökmünde wagyz edipdim. Hudaýyň huzury akyla sygardan güýçlüdi.

Ýygnaklaryň arasynda maňa edil ýokarda beýan edişim ýaly bir adam hyzmat etdi. Ol gidenden soň lider maňa garap, şeýle diýdi: “Sen edil şu pursat özüňe hyzmat eden adamy gördüňmi? Ol bütin milletiň Halkara mesihiler birleşmesiniň baştutany”.

Men agzymy açyp galdym. Biraz özüme gelenimden soň bolsa ynamsyzlyk

bilen: “Ol bularyň baryny meniň üçin etdimi?” diýip mydyrdadym. Men şeýle uly wezipäni eýeleýän adamyň maňa şeýle pespällik bilen hyzmat edişine ynanyp bilemokdym. Onuň maňa hyzmat etmeg-ä beýlede dursun, hatda onuň ýanynda bolmagyň özi-de meniň üçin uly derejedi.

Bu beýik resul maňa çiňerildi-de, geň galyp: “Eýsem sen Hudaýyň adamy dälmi näme?” diýip sorady. Men şonda: “Biz amerikanlar muňa hiç düşünmeris” diýip pikir etdim.

## Iberileni nädip kabul etmeli

Men ýigrimi ýyldan gowrak wagt bäri saparlara gidip gidip, Hudaýyň Sözüni wagyz edýärin. Men ösüp barýan ýurtlarda, türmelerde we harby bazalarda hyzmatyň has oňat geçýändigine hemişe üns berýärin, sebäbi şol ýerlerde köp mugjyzalar we alamatlar amala aşýar; şol ýerlerde wagyz etmek aňsat we şol ýerlerde Hudaýyň huzury güýçli duýulýar. Näme üçin? Sebäbi şol ýerde köplenç hormat bildirilýär we ygtyýarlyga çuňňur sarpa goýulýar.

Günleriň birinde meseläniň hyzmatçy hökmünde maňa däl-de, adamlaryň meni kabul edişine baglydygyny ýüze çykaryşym ýadyma düşýär. Men Birleşen Ştatlaryň günorta-gündogar böleginde ýerleşýän ýygnakda wagyz etmelidim. Şol çäkde berk režimdäkii türme-de ýerleşip, onda bir müň bäş ýüze golaý tussag bardy. Ýygnagyň baş çopany türme ruhanasynyň kömekçisi hem bolup hyzmat edýärdi. Ol ýekşenbe güni irden şol tussaglar üçin wagyz etmegimi haýyş etdi. Olaryň hyzmaty irden sagat sekizde başlanýardy, ýygnakdaky hyzmat bolsa sagat on birde başlanýardy. Biziň bu iki ýygnaga-da ýetişmäge ýeterlik wagtymyz bardy. Şonuň üçin-de men höwes bilen razy boldum.

Şol ýekşenbe güni irden ýygnaga ýüzden gowrak tussag geldi. Sežde diýseň üýtgeşik boldy: erkekler bütin ýürekleri bilen öwgi aýdýardylar. Men tä sežde lideriniň näçe ýyla höküm edilendigini soraýançam, özümiň berk režimli türmededigimi bütinleý unudypdyryn. Bu adamyň gözleri arassa, ýüzi mylaýym bolansoň, men onuň iki ýa üç ýyl diýer öýtdüm.

Ol maňa adatdan daşary parahatlyk bilen garap: “Jenap, men üç sany ömürlik tussaglyga höküm edildim” diýip, pespällik bilen jogap berdi. Meniň sarsyp gidendigimi aýdyp-da oturmaýyn. Ol maňa diýseň hormat bilen garaýardy. Men şeýle hormaty olaryň her birinden hem duýýardym. Tussaglar başga şäherden gelen hyzmatçynyň olara Isa Mesih barada wagyz etmek üçin wagt tapyp gelendigine juda begenipdiler. Olar maňa täsin sylag-hormaty görkezdiler, şonuň üçin-de olaryň meni kabul edişi maňa güýçli täsir etdi.

Men mikrofony elime alan badyma edil başga dünýäniň adamy kimin olara wagyz edip başladym. Hudaýyň huzury şeýle güýçli bolansoň, men kuwwatdan doludym, sahnada edil öz futbol toparyny çempionlyk baýragyny almaga taýýarlaýan tälimçi ýaly ylgaýardym. Erkekler sesleriniň ýetdiginden gygyrýardylar. Örän ajaýyp wagtdy!

Men bir sagat wagyz etdim, onsoň *Mukaddes Ruh* otaga indi-de, indiki bir ýarym sagadyň dowamynda täsin işler amala aşdy. Erkekler halas bolýardylar, Mukaddes Ruhdan dolýardylar, şypa alýardylar, doly wagtyna hyzmata çagyrylýardylar.

Meniň saparlarymda ýanym bilen gidýän kömekçim ýygnagyň ahyrynda ýanyma gelip, mikrofony eline aldy-da, ýaňagyndan syrygýan gözýaşlary we yhlasdan doly sesi bilen: “Eger men şu çäkde ýaşan bolsam, bu meniň ýerli ýygnagym bolardy” diýdi. Zalyň içi şatlykly gygyryşlardan doldy, erkekler begençli seslendiler.

Biz türmeden sagat on biriň ýarynda çykyp gaýtdyk. Çopan, meniň kömekçim we men şol täsiriň astyndadyk. Biz çopanyň ýygnagynda başlanjak ajaýyp hyzmata sabyrsyzlyk bilen garaşýardyk. Men: “Şeýle täsin ýygnaga gatanaşanymyzdan soň, indiki ýygnak hem ajaýyp bolaýmaly” diýdim. Men bina giren badymyza üstümizdäki şöhratyň şol binadaky ýygnaga bada-bat geçjekdigini anyk bilýärdim.

Men şonda bolup geçen zatlary asla unutmaryn. Ýygnaga girenimde, men sözleri kynlyk bilen aýdyp bildim. Atmosfera şeýle bir agyr we üstüňden basýan ýaly bolansoň, wagyz etmek juda çetindi. Men dyngysyz şeýle pikir edýärdim: *“Bu nädip beýle bolýar-aý? Meniň wagyz edip, edil başga dünýäniň adamy kimin hyzmat edenime iki sagat-da geçenok ahyryn. Näme bolýar?”* Men muňa hiç düşünip bilemokdym, özümde hiç zady üýtgedip ýa yhlasymy güýçlendirip bilemokdym. Men birhili sönen ýaly bolup galdym. Durmuşymdaky mesh akymy birdenkä çäklendirilen ýaly boldy. Men şol döwürde sylag-hormat prinsipi barada heniz bilmeýärdim. Men ýaňy-ýaňy öwrenýärdim. Ýöne indi welin ol barada hemmeleriň bilmegini isleýärin!

Türmede geçirilen hyzmatyň wakasy munuň bilen tamamlanmandy. Şol wakadan on alty ýyl geçenden soň maňa Nebraska ştatynyň Omaha şäherindäki uly ýygnakda wagyz etmegi haýyş etdiler. Men ol ýerde özüme nähili garaýşyň garaşýandygyny bilmeýärdim. Birinji hyzmatda men ses enjamlaryna jogap berýän we doly wagtyna işleýän hyzmatçyny görenimde, onuň şol ýekşenbe güni türmedäki ýygnakda sežde toparynyň lideridigini tanadym. Men muňa örän haýran galyp, kalbym sarsyp gitdi. Men ondan şeýle

soradym: “Sen ol ýerden nädip çykyp bildiň? Sen üç sany ömürlik tussaga höküm edilip, rehim edilmek hukugyndan mahrum edilipdiň-ä”.

Ol maňa gudrat bilen azatlyga çykyşyny gürrüň berdi, bu waka edil şu pursat beýan edilerden juda çuňňur. Ýöne ol maňa on ýyl mundan ozal şol hyzmatyň ortasynda Hudaýyň Ruhunyň erkekleriň arasynda hereket edende pygamberlik bilen aýdan sözümi ýatlatdy. Türmede geçirilýän hyzmatlaryň ses ýazgylary edilýärdi, şonuň üçin-de ol hut özüne aýdylan zatlaryň baryny kagyza ýazyp alan eken. Ol ony öz gündeliginde ýyllar boýy saklap gelipdir. Hudaý men arkaly oňa Hudaýyň Şalygynda doly wagtyna hyzmatçy boljakdygyny, türmedäki hyzmatynyň bolsa ondan daşardaky hyzmatyna taýýarlykdygyny aýdypdyr. Men muny oňa onuň üç sany ömürlik tussaglyga höküm edilendigini bilmezimden öň aýdypdym. Men bu ýagdaýy ýygnakdan öň bilmändigime begenýärin, ýogsa şeýle hökümiň näderejede zabundygyny bilip-de, şol sözleri aýtmak kyn düşerdi.

Siz ýygnakda geçirilen şol ýygnakda Hudaýyň hereketiniň nähili güýçli bolandygyny, şondan bir sagat geçmänkä geçirilen beýleki ýygnakda atmosferanyň juda agyr bolup, meniň sönen pelte ýaly bolup galandymy görýärsiňiz. Men şonda zordan wagyz edipdim. Şol gün men meseläniň mende däl-de, meni Hudaý tarapyndan iberilen hökmünde kabul edilip-edilmeýänligimdedigine düşündim. Tussaglar maňa hormat bilen garadylar. Beýleki ýygnakdaky agzalar bolsa tutuş durklary bilen: “Biz bulary öň eşitdik, biz bärde myhman wagyzçylaryň birentegini gördük-le, sen haýsydyr bir täze zady aýdaryn öýdýärmiň?” diýen pikiri mälim edýärdiler. Dürli hyzmatlaryň arasynda ägirt tapawut bar, ýöne ähli zat diňe bir söze – hormat diýen söze baglydyr.

## Hatda göwnüňe deglen-de hormatlamak

Mukaddes Ýazgylardan meseläniň lideriň nähilidigine bagly bolman, ony nähili kabul edilýändigine baglydygyny aýdyň aýdýan ýerlerini görkezmäge ygtyýar ediň. Köne Ähtde Elkana atly bir adam bardy. Onuň Hanna hem-de Peninna atly iki aýaly bardy (Men indi iki aýallygyň ýokdugyna begenýärin. Men özümiň diňe bir aýalymyň bardygyna diýseň şat).

Peninnanyň çagalary bardy, Hannanyň bolsa çagalary ýokdy, ol önelge-sizdi. Şol döwürde aýallar öz ärlerine bolan söýgüsini çaga, aýratyn-da oglan çagalary dogurmak arkaly görkezýärdiler. Näme üçin? Sebäbi erkegiň neslini dowam etmek diýseň wajypdy.

Maşgala ýylyň-ýylyna Hudaýa gurbanlyk bermek üçin, Şilo galasyna gidýär-

di. Peninna yzly-yzyna çaga dogruýardy, Hannanyň bolsa Rebbiň huzuryna getirer ýaly ýeke çagasy-da ýokdy. Hanna muňa gaty gynanýardy, mundan başga-da Peninna onuň üstünden gülýärdi. Mukaddes Ýazgylarda şeýle ýazylan: “Rebbiň perzent bermeýändigi sebäpli, Hannanyň günüsi ony ynjadardy, kemsiderdi” (1 Şam. 1:6). Peninnanyň ony ynjadyp, aýdan kemsidiji sözlerini göz öňüne getirip bilýäňizmi: “Hä, günim, ikimizden haýsymyz ärimizi has köp söýýäris? Hany seniň çagalaryň? Sen aýal däl, hatda ýarym aýal-da däl. Äriň seni düşekde-de görmeýän bolaýmasyn? Sen näme, oňa ýigrenji görünýärmikäň? Elbetde, ol meni söýýär ahyryn”. Ol ony dyngysyz ynjydýardy.

Günleriň birinde Hannanyň sabyr käsesi doldy. Ol ybadathana gidip, ähli jepalardan çola bir ýerde Rebbiň huzurynda köşeşmek isledi. Ol ezýet çekip, möňňürýärdi we Rebbe dileg edýärdi.

Hanna ýüreginde gürleýärdi, onuň dodaklary gymyldaýardy, ýöne sesi eşidilmeýärdi. Ol Rebbe wada berdi. Eger Ol onuň ýatgysyny açyp, oňa bir çaga berse, ol bu çagany bütin ömrüne Rebbe bagyş etjekdigini wada berdi.

Şol wagt baş ruhany Eliý ony gördi. Ol Hanna şerapdan serhoşdur öýdüp, oňa: “Haçana çenli beýdip, entirekläp ýörjek? Bar, serhoşlykdan açylansoň gel” diýdi (1 Şam. 1:13,14).

Hannanyň amerikan bolmandygyny gaýtalaýaryn. Ýogsa Eliý ýakymsyz sözleriň birnäçesini eşiderdi. Ol gaharlanyp, belki, şeýle diýerdi: *“Bu nähili ruhany bolýarmyş? Men Hudaýyň öňünde ýüregimi dökýärin, agyz bekleýärin, ol bolsa meni serhoşlykda aýyplaýar. Ýok, mümkin däl, belki gulagyma eşidilendir. Maňa ol şeýle diýen ýaly görnendir. Ýok-laý, ol hut şeýle-de diýdi ahyryn. Nähili zabun we biperwaý. Nähili gödek. Ol neneň edip ybadathanada baş ruhany bolup bilýärkä? Oňa duýduryş bermeli, wezipesinden boşatmaly, hyzmatdan kowmaly”.*

Ol gahardan ýaňa ýarylyp, oňa şeýle gygyryp-da bilerdi: “Sen maňa serhoş diýýärmiň? Men agyz bekläp, durmuşymdaky mätäçligimi aýdyp, Hudaýyň öňünde ýüregimi dökýärin, sen bolsa meni serhoşlykda aýyplaýarsyň! Sen hatda Hudaýyň päk ýürekden agtarýanlary saýgaryp-da bileňog-a! Sendenem bir ruhany bolarmy? Bu nähili ybadathana bolýarmyş? Men ärime bar zady aýdyp bererin, bu ýere gaýdyp aýagymyz sekmez! Biz başga ybadathana gideris!”

Eger Hanna şeýle diýen bolsa, hiç sylagy almazdy. Onuň hiç haçan çagasy bolmazdy we ol Hudaý babatda öz ýüregini gatadardy. Ol Hudaý onuň dileglerini eşitmedi diýen pikir bilen ömrüni tamamlardy. “Men agyz bekläp, yhlas bilen dileg etsem-de, Hudaý maňa jogap bermedi”. Emma Hanna başgaça hereket

etdi. Ol öz göwnüne degen lidere şeýle jogap berdi: “Ýok, agam, men serhoş däl, men ýarym göwün bir biçäre. Meniň çakyr-şerapdan içen zadym ýok. Men diňe Rebbiň huzurynda içimi döküýän. Gyrnagyňa ýaramaz aýaldyr öýtme. Men ajy gam-gussadan we gaýgy-hasratdan ýaňa dileg edýärin” (1 Şam. 1:15,16).

Onuň nähili hormat bilen garandygyny görýäňizmi? Hanna ony “agam”, özüni bolsa “gyrnak” diýip atlandyrýar. Ol oňa edep bilen jogap berip, ony sylady. Şonda Eliý oňa şeýle diýdi: “Bar, arkaýyn öýüňe gaýdyber, goý, Ysraýyl Hudaýy dilegiňi kabul etsin” (1 Şam. 1:17).

Indiki üç aýyň dowamynda Hanna göwreli boldy. Onuň ybadathanadaky dileginden heniz bir ýyl geçmänkä, ogly boldy, ol ony Şamuwel diýip atlandyrdy. Ol Ysraýyla galkynyş getiren beýik adam bolup ýetişdi. Hanna isleýän, dilegde soran zadyny baş ruhana hormat goýandan soň aldy. Bu ruhany oňa gödek daraşypdy we Hudaý ol barada soňra şeýle diýipdi: “Onuň neslini ebedilik jezalandyrjakdygymy Men oňa aýdypdym. Çünki ol ogullarynyň Maňa dil ýetirendiklerini bilip hem, olary bu işden saklamady. Şoňa görä Eliýiň maşgalasynyň günäsi gurbanlyk bilen-de, sadaka bilen-de hiç wagt ýuwulmaz diýip, Men onuň nesline garşy ant içdim” (1 Şam. 3:13, 14).

Beý-bä, beýle zady Hudaýdan özüň we maşgalaň barada eşidesiň gelmez. Asyrlarboýy bagyşlanmaz! Ýöne şonda-da Hanna bu adamy sylany üçin Rebden sylag alýar. Mesele Eliýiň nähili bolup, näme edenliginde däl-de, Hannanyň ygtyýarlyk derejede özünden ýokary duran adama nähili garanlygynda. Eger biz özümizden ýokarda duran adamlara sylag-hormat goýsak, Rebbiň berýän sylagyny alarys.

# 5

# Ygtyýarlyk

Pygamberlik ýa-da lideriň sylagy baradaky gürrüňimizi dowam etmezimizden ozal biz ygtyýarlygyň ähmiýetine we gymmatlygyna garap geçmeli. Bu hakykat ýüreklerimize ornaşandan soň, biz ýokarda duranlary päk ýürekden we has çuňňur hormatlap bileris.

Geliň, *hormat* sözüniň manysyna garap geçeliň: “gadyryny bilmek, haýsydyr bir zady ähmiýetli, gymmat zat hökmünde kabul etmek”. Eger hormatyň obýekti ygtyýarlygy bolan adam bolsa (biz indiki baplaryň dowamynda hut şeýle ýagdaýlar barada gürrüň ederis), onda *hormat* sylamaklyk, hatda galpyldamak, gadyryny bilmek diýen ýaly mana eýedir. Websteriň sözlügi (1828-nji ýyldaky neşiri) hormat sözüne şeýle kesgitleme berýär: *“galpyldamak, hormatlamak; hormat we tabynlyk bilen garamak, degişli wezipeleri ýerine ýetirmek”.* Biz bu kesgitlemeden ygtyýarlaga tabyn bolmaklygyň hakyky sylag-hormat hereketiniň bolup durýandygyny görýäris.

Biz ygtyýarlyga hormat goýýarys diýip-de, oňa tabyn bolmakdan we gulak asmakdan boýun gaçyrýan bolsak, öz-özümizi aldaýandyrys. Ygtyýarlyga hormat goýmak – bu ygtyýarlyga tabyn bolmakdyr; ygtyýarlyga hormat goýmazlyk – oňa tabyn bolmazlykdyr. Rim ýüzbaşysyny ýada salyň: ol ygtyýarlyga hormat goýýan we oňa tabyn bolýan adamdy. Bu onuň ýürek tebigatynyň aýrylmaz bölegidi. Soňra ol Isa Mesihe çuňňur hormat goýup, özüniň doly sylagyny aldy.

## Ygtyýarlygyň dört derejesi

Hudaýyň Şalygynda berilýän ygtyýarlyga hiç bir dahylhyz ýaşamak, onuň nähili gurnalandygyna, aýratyn-da häzirki döwürde nämä gerekdigine düýpli

düşünmezden ýaşamak añsat. Ýöne welin bu hakykat ýüreklerimize mäkäm ornaşmalydyr. Bize aýdyňlyk bilen şeýle aýdylan:

> Her bir ynsan öz üstünden höküm sürýän häkimiýete tabyn bolsun, sebäbi Hudaý tarapyndan bolmadyk häkimiýet ýokdur. Höküm sürýän häkimiýetler Hudaý tarapyndan bellenendir. Şoňa görä, häkimiýete garşy çykýan her kes Hudaýa garşy çykyp, jeza duçar bolar.
>
> – Rim.13:1-2

Birinjiden, üns beriň, bu teklip ýa maslahat däl-de, buýruk. Şeýle-de “her bir ynsan” diýen sözlere üns beriň. Başga sözler bilen aýdylanda, hemmeler. Isa Mesihiň adyny çagyrýan her bir adam bu talaba tabyn bolmalydyr.

Bu “höküm sürýän häkimiýet” kimler? Pawlus bu parçada hem raýat, hem-de hökümet ygtyýarlyklaryny göz öňüne tutýar. Emma bu duýduryş sözleri diňe hökümet liderleri däl, eýsem berlen ygtyýarlyklaryň beýleki çäkleri babatda hem ulanylýar.

Täze Ähtde berilýän ygtyýarlygyň dört derejesi barada aýdylýar: raýat ygtyýarlygy, ýygnak, maşgala we jemgyýetçilik ygtyýarlygy. Jemgyýetçilik ygtyýarlygy barada aýtmak bilen, men ähli ýolbaşçylary, mugallymlary, tälimçileri we başgalary göz öňüne tutýaryn. Täze Ähtde ygtyýarlygyň her bir görnüşi babatda aýratyn öwütler berilýär, ýöne tabynlygyň ol ýa bu görnüşleri baradaky öwütler berlen ygtyýarlyklaryň beýleki çäklerine hem degişlidir.

Geliň, şuny ýatlalyň: pygamberi pygamberiň hatyrasy üçin kabul etmeklik barada aýdanda, Isa Mesih dogruçyl adamlar babatda hem hut şeýle diýýär we soňunda bolsa iň pes saýylýanlary hem agzaýar. Ozal belläp geçişim ýaly, biz bu ýerde jemgyýetiň üç derejesini görýäris, biz olar bilen dürli gatnaşyklarda bolýarys: biziň üstümizden bellenilenler, biziň derejämizdäkiler we biziň ygtyýarymyza berlenler. Liderlerimiz babatda aýtsak, Onuň “pygamber” (ol ýygnakdaky ygtyýarlygyň nyşanydyr) barada diýýändigine garamazdan, bu prinsipler ähli çäkleri gurşap, ygtyýarlygyň ähli derejelerine ýaýraýandyr. Mukaddes Ýazgylaryň şu parçasy muny tassyklaýar:

> Siz salgytlary hem şu sebäbe görä töleýänsiňiz. Sebäbi häkimiýet ýolbaşçylary öz borçlaryny berjaý etmek bilen, Hudaýa hyzmat edýändirler. Şoňa görä-de, her kese berilmelisini: salgyt bolsa — salgydy, gümrük bolsa — gümrügi, *gorky bolsa — gorkyny, hormat bolsa — hormaty beriň.*
>
> – Rim. 13:6-7 (nygtama awtoryňky)

Raýat ygtyýarlyklary Hudaý tarapyndan bellenilip, Onuň üçin işleýärler. Olary sylanymyzda, biz olary Belläni sylaýandyrys, şonda Hudaý bizi sylar. Hormat-sylag prinsipi hut şeýledir. Jemgyýetçilik ygtyýarlygy babatda bolsa biz şuny okaýarys:

> Hudaýyň adyna we öwredýän taglymatymyza dil ýetmez ýaly, gulçulyk boýuntyrygy astyndakylaryň bary öz hojaýynlaryny hormata mynasyp saýsyn.
>
> – 1 Tim. 6:1 (nygtama awtoryňky)

Biziň üçin bu aýat şeýle ýaňlanýar: “Ýolbaşçylygynyň golastyndaky işgärleriň bary öz iş berijilerini ýa ýolbaşçylaryny hormata mynasyp saýsyn”. Ýa-da şeýle: “Bilim alýan talyplaryň we okuwçylaryň bary öz mugallymlaryny hormata mynasyp saýsyn”. Muny türgenler we talimçiler, umuman, biriniň beýlekä tabyn bolmaly bolýan gatnaşyklary barada aýdyp bolar. Maşgala ygtyýarlygy babatda biz şuny okaýarys:

> “Ene-ataňa *hormat* goý, şonda ýagşylyk görüp, ýer ýüzünde ömrüň uzak bolar» — bu Hudaýyň wada bilen beren ilkinji buýrugydyr”
>
> – Efes. 6:2-3 (nygtama awtoryňky)

Ene-atany sylamaklygyň sylagy şu öwüt bilen baglanyşyklydyr. Biraz soňra biz muňa has giňişleýin garap geçeris. Indi bolsa, ýygnakdaky ygtyýarlyk barada aýdylýany okalyň:

> Indi bolsa, eý, doganlar, sizden şulary haýyş etmekçi: araňyzda zähmet çekýänleriň, Reb ýolunda size öňbaşçylyk edýänleriň, terbiýe berýänleriň gadyryny biliň; edýän işleri üçin olary söýüň, olara uly *hormat goýuň;* özara parahat ýaşaň.
>
> – 1 Sal. 5:12-13 (nygtama awtoryňky)

Mukaddes Ýazgylarda ýgtyýarlygyň her bir görnüşi babatda aýdylýan aýatlar köp, biz biraz soňra bu görnüşleriň her birine aýratyn garap geçeris. Hudaý berlen ygtyýarlygyň her bir görnüşini sylamaly diýip bize öwüt berýär, hormat prinsipi diňe şeýle ulanylýar. Biz özümiziň bölekleýin ýa-da doly sylagymyzy ygtyýarlygyň gadyryny näderejede bilip, oňa nähili hormat goýýandygymyza görä alýarys.

## Şalyk

Biz Hudaý Şalygynyň dogrudan-da Şalykdygyny unutmaly däl. Onda derejeler, tertip-düzgün we berlen ygtyýarlyklar bar. Men bu barada köp ýyl bäri aýdyp gelýärin, ýöne Hoş Habary bütin dünýäde, her bir kontinentde (Antarktikadan başgalarynda) wagyz etmek bilen, Hudaýyň tertip-düzgün baradaky hakykatyny günbatar ýurtlarynyň adamlaryna ýetirmegiň kyndygyna üns berdim. Näme üçin? Munuň jogaby sada:

*Biz Şalygyň esaslaryna öz demokratik pikir ýöretmelerimiz arkaly düşünjek bolýan halk.*

Hudaýyň Şalygy demokratiýa däl. Şonuň üçin-de, eger biz Hudaýa öz demokratik pikir ýöretmelerimiz arkaly aň ýetirmäge synanyşsak, Oňa hatda galtaşyp-da bilmeris. Biz Onuň ygtyýarlygynyň berýän goragyndan mahrum galarys, şonuň üçin-de gowşak bolup, dogry ýoldan aňsat azaşarys. Eýsem Isa Mesih neslimiziň köp adamlarynyň aldanjakdygyny hut şu sebäpden aýtmadymy näme? Häzirki döwürde biz ygtyýarlyklara öňde-soňdakymyzdan has köp äsgermezçilik edýäris; ýöne has howplusy – olary diňe dünýewi adamlar däl, eýsem imanlylar hem ret edýärler. Biz hemişe şuny ýatda saklamaly: ygtyýarlygyň bary Hudaý tarapyndan berilýär we ol bize gorag, howpsuzlyk we parahatlyk üçin berilýär.

Günbatar ýurtlaryndaky adamlaryň pikir ýöretmeleri Amerikadaky köp ýygnaklaryň arasyndaky agzalalyga sebäp boldy, hut şonuň üçin-de köp adamlar öz öý ýygnaklaryna gatnaýarlar. Bu nominal imanlylar Isa Mesihiň hut Özünuň oturdan ygtyýarlygyna tabyn bolasy gelenok. Siziň şeýle diýmegiňiz ahmal: “Jon, Hytaýdaky ýygnaklaryň ählisi köp öý ýygnaklary ýaly gurnalan-a”. Hawa, bu hakykat, ýöne olar ýygnaklaryny şeýle gurnamaga mejbur bolýarlar, sebäbi olaryň aç-açan ýygnanmaga mümkinçiligi ýok. Mundan başga-da, olaryň guramasyndaky tertip-düzgüniň saklanylyşyna haýran galaýmaly, ol Hudaýyň Sözüne doly laýyk gelýär. Olaryň ygtyýarlyk strukturasy örän täsin gurnalan.

Birnäçe ýyl mundan ozal menden Hytaýdaky gizlin ýygnaklaryň bäş lideri bilen duşuşmagy haýyş etdiler. Bäş lider on million jana jogap berýär. Olar gizlinlikde hereket edýän ýygnagyň ýaşuly liderleri. Olarydaky tertip-düzgüne telpek goýaýmaly. Biziň hyzmatymyz olaryň ýygnaklaryna iki ýüz elli müň kitap iberdi, şol kitaplaryň hersi sanlyja günüň içinde öz ýerine ýetdi. Olarda Mukaddes Ýazgylaryň beýan edýän ygtyýarlygy bilen bir akymda hereket edýän strukturasy bar.

Amerikada peýda bolýan öý ýygnaklaryň köpüsi bütinleý beýle däl. Olar-

da Köne Ähtdäki ýaly hakyky dolandyryş we hasabat bermeklik ýok. Eger siz üns beren bolsaňyz, Pawlus hatlarynda elmydama, mysal üçin, resullar Titus bilen Timoteosy düzetmek, käýemek, ündew bermek we gurmak üçin iberen ýygnaklarynda ýaşululary bellemegi ündeýärdi. Şeýdip, Isa Mesihiň berkarar eden ygtyýarlygynyň strukturasynda hasabat bermeklik saklanyp bilýärdi. Amerikadaky öý ýygnaklarynda şeýle strukturany tapmarsyňyz. Tersine, öýke-kineden doly, kemsidilen we ahyrda ýygnakdan göwni geçen imanlylara duş gelersiňiz.

Biz ýygnagy adamyň däl-de, Isa Mesihiň döredendigini ýatda saklamaly. (Ýygnak hemişe-de kämil däldi, Pawlusyň hatlaryny okap göräýiň.) Eger siz Resullaryň işleri kitabyny okasaňyz, onda imanlylaryň bile we her bir öýde ýyganandyklaryny görersiňiz. Öýde duşuşmak oňat zat, ýöne baştutatanlyk we hasabat bermeklik bellenilen ýaşulular tarapyndan amala aşyrylmalydyr.

Maňa dogry düşüniň, men öý ýygnaklaryny geçirmeklige garşy däl. Biziň döwrümizde gyzgalaňly öý ýygnaklarynyň ençemesi bar. Ýöne olar özlerini Isa Mesihiň uly bedeniniň bir bölegi hökmünde duýýarlar. Olar öýke-kineden, lapykeçlikden, agyrydan ýa-da agzalalykdan ýaňa özlerini çetleşdirmeýärler.

Ýygnak ilki bilen onuň agzalary bolmadyk adamlar üçin ýeke-täk guramadyr; muny unutmak aňsat. Biz ýygnagy bähbitliligiň ýene bir pidasyna öwürdik, ýöne ol özümizi amatly duýjak giňişligimiz bolmaga hem niýetlänmändi. Ýygnak bizi kwo-statumyza çagyryp, Hudaýdaky täsin syýahatda öňe gitmäge itergi berýän adamlar, şol sanda liderler bilen egni-egne berip durmaga ýardam bermelidir.

## Kanuny ygtyýarlygyň ählisi Hudaýdandyr

Rimilere ýazylan hata dolanalyň: biziň her birimiz üstümizden höküm sürýän häkimiýete tabyn bolmaly. Näme üçin? Sebäbi “Hudaý tarapyndan bolmadyk häkimiýet ýokdur” (13:1). Älemdäki kanuny ygtyýarlyklaryň bary öz gözbaşyny Hudaýyň tagtyndan alyp gaýdýar. Eger siz hakykatdan-da Hudaýyň Ruhundan doglan bolsaňyz, siz ygtyýarlygy kabul edersiňiz we ony sylarsyňyz. Aslynda, maňa ygtyýarlyga äsgermezlik edýän adamy görkeziň, men hem size kimiň Hudaýyň perzendi däldigini görkezeýin. Siz Hudaýa duşanyňyzda, ygtyýarlyga duşýarsyňyz, sebäbi Hudaý we Onuň ygtyýarlygy bütewidir. Adam günäkäriň dilegini okap-da, ýygnaga her hepde gatnasa gatnabersin, ýöne ol ýüreginde ygtyýarlyga hormat goýmaýan bolsa, ol hakyky imanly däldir.

Siz: “Jon, sen bu barada batyrgaýlyk bilen neneň gürläp bilýäň?” diýip

soramagyňyz ahmal. Isa Mesih hakyky imanlylaryň kiçi dilden bäri okan toba dilegi boýunça däl-de, miwesinden tanalýandygyny aýdypdy. Hudaýy hakykatdan-da söýüp, Ony tanaýan adam - Onuň ygtyýarlygyna tabyn bolýan adamdyr, sebäbi Hudaýy tanamaklyk – ygtyýarlygy tanamaklygy aňladýar. Reb we Onuň ygtyýarlygy bölünmezdir.

Pawlus Rimlilere hatynda sözüni dowam edip, şeýle diýýär: “Höküm sürýän häkimiýetler Hudaý tarapyndan bellenendir”. Siz bu ýerde ygtyýarlygyň adamlar tarapyndan saýlanylmaýandygyna üns berdiňizmi? Olary Hudaý belleýär. Şu aýatda iňlis dilindäki *appointed* sözüniň grek dilindäki manydaş sözi tasso, ol (tabşyrmak, bagyş etmek, bellemek” diýmegi aňladýar. Bu sözde hereketiň “tötänleýin” bolmagynyň çala ýaňzytmasy-da ýok. Gürrüň anyk bellenilme barada gidýär. Ähli ygtyýarlyklar Hudaý tarapyndan bellenillen, şonuň üçin-de, eger biz olary äsgermeýän bolsak, sylamaýan bolsak we olara tabyn bolmakdan boýun gaçyrýan bolsak, onda olaryň aňyrsyndaky Ygtyýarlygy ret edýändiris. Bilip-bilmeýändigimize garamazdan, biz tertip-düzgüne we Hudaýyň kadalaryny garşylyk görkezýäris. Biz Hudaýyň bellän ygtyýarlygyna garşy çykanymyzda, Hudaýyň hut Özüne garşy çykýandyrys. Şonuň üçin-de resul şeýle ýazýar: “Häkimiýete garşy çykýan her kes Hudaýa garşy çykýar” (Rim. 13:2).

Men günleriň birinde bu hakykaty birinji gezek aň ýetirişim ýadyma düşýär. 1992-nji ýylda Bill Klinton Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň prezidentligine saýlanyldy. Men üç günläp lapykeç bolup, gaharlanýardym. Soňra Mukaddes Ruh hiç bir adamyň wezipäni Ondan bidin almaýandygyny maňa gürledi. Men aýanlygy ýüregim bilen alanymdan soň, prezident Klintony tankytlamagy bes edip, ony sylap başladym, dileg edip, onuň üçin Hudaýa şükürler etdim. Reb bize resul Pawlus arkaly şeýle diýýär: “Şoňa görä, eý, Timoteos, ilki bilen şulary ündeýärin: ...Parahat we gep-gürrüňsiz, her zatda Hudaýyň ýörelgesine eýerip, edepli ýaşap bilerimiz ýaly, patyşalar we ygtyýarlylaryň ählisi üçin doga-dileg ediň” (1 Tim. 2:1, 2).

Üns beriň: parahat durmuşda diňe ygtyýarlyga sylag-hormat goýlanda ýaşap bolýar. Bu Hudaýyň hökümeti sylaýan adamlara berýän sylaglarynyň biridir. Eger biz imanlylar hökmünde döwlet adamlaryny sylamasak, biz başymyzy bela sokarys.

Yzarlamalaryň iki görnüşi bar. Olaryň biri – öz başymyzy özümiz bela sokanymyzda bolýar; ikinjisi bolsa – dogrulyk ugrunda yzarlanmak. Resul Petrus bu iki görnüşi-de agzap geçýär. Birinjisi barada ol şeýle diýýär: “Eger eden nädogry işiňiz üçin ýenjilmelere döz gelýän bolsaňyz, bu size näme hormat getirer?” (1 Pet. 2:20). Başga sözler bilen aýdylanda, eger biz nädogry iş etsek, munuň jezasyny çekeris. Ýa-da has sada sözler bilen aýdaly: eger siz “Saklan”

diýen belgä saklanman geçeniňizden soň yzky aýnaňyzdan depesindäki gyzyl-gök çyrasyny ýakyp sizi kowalap gelýän maşyny göreniňizde, munuň üçin şeýtany aýyplamaň. Näme üçin? Hudaýyň ygtyýarlygy bellemeginiň sebäpleriniň biri hem hut şonuň üçindir. “Ýagşy iş edýänler häkimiýet ýolbaşçylaryndan gorkmaýarlar. Olardan ýaman iş edýänler gorkýandyrlar. Häkimiýetden gorkman ýaşasyň gelýärmi? Ýagşy işleri et, şonda häkimiýet seni taryplar” (Rim. 13:3). Şunlukda, öz etmişiň zerarly uçran yzarlanmalaryňdan gutulmagyň täri aňsat – ygtyýarlyklara tabyn bolaý, şonda hiç biz mesele döremez.

Yzarlanmalaryň beýleki görnüşi – dogrulyk ugrunda yzarlanmak. Bu hökümet bizi ýagşy işlerimiz üçin bize jeza beren ýagdaýlarydyr, Petrus şeýle diýýär: “Emma ýagşylyk edibem ýene ejir çekseňiz we muňa çydasaňyz, Hudaý mundan has köp razy bolar. Ine, siz şunuň üçinem çagyryldyňyz, sebäbi Mesih siziň üçin ejir çekdi. Öz yzyna eýermegiňiz üçin, Ol size görelde boldy” (1 Pet. 2:20-21).

Bize erbet garanlarynda hem oňat işgär, talyp, raýat, ýygnak agzasy we başgalar bolup galsak, onda bu sylag-hormatyň iň ýokary derejedäki aýan bolmasydyr. Biz özümize erbet garaýanlara uly hormat goýup bilmegimiz üçin, ýüregimizde Hudaýdan bolan gorkyny göterip gezmeli.

Tabşyrylan şu sözleri berk berjaý etmäge derek köp adamlar bu gün şeýle diýýärler: “Men azat adam, men mesihi, men azat ýurtda ýaşaýaryn, men bolgusyz zatlar bilen oňuşmaryn!” Hawa, siz erkin, ýöne Hudaýyň Sözünde şeýle diýilýändigini unutmaň: “Eý, doganlarym! Siz azat bolmaga çagyrylansyňyz. Ýöne bu azatlygyňyzy ynsan höwesleriňizi kanagatlandyrmak üçin ulanmaň. Gaýtam, birek-birege söýgi bilen hyzmat ediň” (Gal. 5:13). Biz nadogry garaýyşlara dogrulyk bilen döz gelip ýaşamaga çagyrylandyrys. Petrusyň diýýänlerine gulak goýuň: “Ine, siz şunuň üçinem çagyryldyňyz (bu siziň ýokardan bolan çagyrylyşyňyzdan aýrylmazdyr), sebäbi Mesih siziň üçin ejir çekdi. Öz yzyna eýermegiňiz üçin, Ol size görelde boldy” (1 Pet. 2:21, AMPC).

Isa Mesihiň göreldesi nähilidi? Ol diňe ýagşy işleri etse-de, ygtyýarlyklar Ony erbet işde aýyplap, Oňa jeza berdiler. Onda ebedi sorag ýüze çykýar: *erbet hökümdarlara, aýratyn hem olar bize adalatsyz garanlarynda, tabyn bolup, olary sylamalymy?*

## Erbet hökümdarlar

Köp adamlar meniň bilen jedelleşip, şeýle diýerler: “Ýöne, Jon, men şeýle bir erbet, hatda zabun hökümdarlary bilýärin. Onsoň sen maňa olary Hudaý goýdy diýip aýdýarmyň? Mundan başga-da, biz, näme, olara tabyn bolmalymy?”

Bu hakykat. Zabun we adalatsyz hökümdarlar köp; hatda Mukaddes Ýazgylarda hem şeýle hökümdarlaryň köp mysallary bar. Biz Hudaýyň Sözüniň aýdýanlaryny elmydama ýatda saklamaly. Ol bize şeýle diýýär: “Ygtyýarlyklaryň bary Hudaýdandyr, ýöne olaryň bary dogruçyl däldir”.

Hudaý Täze Ähtiň awtorlaryny Onuň perzentlerini ygtyýarlyga tabyn bolmaga ündemäge höweslendirende, köp zabun hökümdarlaryň boljakdygyny bilýärdi. Ozal aýdyşymyz ýaly, biz Mukaddes Ýazgylarda hem zabun hökümdarlary görüp bilýäris. Faraona serediň. Ol Ybraýymyň neslini – diri Hudaýyň halkyny zabun tutdy. Ol olary ezdi, ýençdi, hatda çagalaryny öldürdi.

Faraondaky bu ygtyýarlyk nireden geldi? Mukaddes Ýazgylarda Hudaý faraona: “Men seni diri saklap ýörün” diýýär (Müs. 9:16). Pawlus öz hatlarynyň birinde muny tassyklaýar (ser. Rim. 9:17), hakykat bolsa iki şaýadyň şaýatlygy bilen tassyklanýar (Ýoh. 8:17). Faraony hökümdarlyga belläp, ony beýgeldeniň adam ýa şeýtan däl-de, Hudaýdygyna hiç şübhe ýok. Şunlukda, “höküm sürýän häkimiýetler Hudaý tarapyndan bellenendir” diýen ykrara çapraz gelýän zat ýokdur (Rim. 13:1).

Babylyň patyşasy Nebukadnesara garaň. Ol Ýahudany weýran etdi, ybadathanany we Hudaýyň halkynyň öýleriniň hemmesini diýen talady. Soňra ol belli bolan tutuş dünýäni basyp alan imperiýany esaslandyrdy. Ol öz ýollarynda Hudaýa asla tabyn bolmasoň, hökümdarlyk süren döwründe akylyndan azyşyp, ”ynsanlar arasyndan kowuldy, öküzler ýaly ot iýdi, onuň endamy gögüň çygy bilen ýuwuldy. Saçy bürgüdiň ýelegi ýaly, dyrnaklary guşlaryň penjesi ýaly ösdi” (Dan. 4:33). Ýogsa Hudaý bu adam barada şulary aýdyň diýýär: “Ine, Men Babylyň patyşasy *bendäm* Nebukadnesary bu ýere getirip, tagtyny bu gömen daşlarymyň üstünde guraryn. Nebukadnesar öz şa çadyryny bu daşlaryň üstünde diker” (Ýerm. 43:10, nygtama awtoryňky). Hudaý oňa “Meniň bendäm” diýýär, sebäbi “höküm sürýän häkimiýetler Hudaý tarapyndan bellenendir”.

Şawul patyşa garaň. Men köp hyzmatçylaryň: “Şawuly halk saýlady, Dawudy bolsa Hudaý saýlady” diýýänlerini eşidýärin. Bu nädogry pikir, onuň Hudaýyň Sözi bilen hiç umumylygy ýok. Şeýle sowatsyz teswirler Hudaýyň halkyna zyýan ýetirip bilýär, sebäbi olar käbir kanuny häkimiýetleriň Hudaý tarapyndan däl-de, adamlar tarapyndan goýlup bilýändigini habar berýärler. Şeýlelikde, adamlar käbir hökümdarlary sylaman, özlerine zyýan ýetirýärler. Bu biwepa, ýabany we nädogry ýürek barada Hudaýyň hut Özüniň näme diýýändigine gulak goýuň: “Şawuly patyşa edendigime ökünýärin, çünki ol Menden ýüz öwürdi, buýruklarymy ýerine ýetirmedi” (1 Şam. 15:11).

Üns beriň, Hudaý: “Şawuly Men patyşa etdim” diýdi. Ony adamlar dälde, Hudaý patyşa etdi. Biz ýene-de şol bir ykrary görýäris: “höküm sürýän häkimiýetler Hudaý tarapyndan bellenendir”.

Mukaddes Kitapda “Hudaýyň göwnünden turan” diýip atlandyrylýan ýeketäk adam bolan Dawut Şawulyň golastyna goýulýar. Bu ýagdaý Hudaýyň Şawuly patyşa edip goýandygy üçin ökünýändigini aýdandan soň bolup geçýär. Bu waka tötänleýin däl, ol Hudaýyň meýliniň bir bölegi bolup durýar.

Şawul Dawuda ilkibaşda, ol oňa hyzmat edýärkä, rehim we merhemet bilen garaýardy. Dawut Şawul üçin howpa öwrülen badyna welin oňa zabunlyk bilen garap, ony öldürmegiň kül-külüne düşýär. Dawut janyna howp abanansoň, gaçyp gitmäge mejbur bolýar.

Indiki on dört ýylyň dowamynda Dawut gowaklarda, çöl-beýewanda we uzak ýerlerde, hatda ýat ýurtlarda hem ýaşap gezýär. Pikir edip görüň: on alty ýaşdan tä otuz ýaşaýança, ol öýüne hatda bir salymlyk-da baryp bilmändi. Ol öz maşgalasyndan jyda düşýär, öýünden, çagalyk dostlaryndan mahrum bolýar. Ol indi özüniň jana-jan dosty Ýonatan bilen görşüp bilmeýär, sebäbi Şawul ony aňsatlyk bilen öldürip bilýärdi. Ol özüniň ýaşlykdan şeýle söýen zatlaryny: amatly şertleri, howpsuzlygy, çagalykda ýüregini şatlandyran zatlary on dört ýaşyndaka Hudaýyň onuň üstünden goýan lideri zerarly taşlamaly bolýar. Hudaý Öz göwnünden turan adam babatda neneň şeýle edip bildikä?

Hudaý Şawuly patyşa edendigine ökünýändigini aýdandan soň hem Dawut oňa hormat bilen garap, patyşasyna tabyn galýar. Ol Şawulyň öňünde günäsiniň ýokdugyny köp gezek subut edýär, ýöne Şawul şonda-da onuň janyny aňtap gezýär. Gaçyp gezen döwründe günleriň birinde Dawuda lideriniň oňa ýetiren betbagtlyklaryny bes etdirmek mümkinçiligi peýda bolýar. Eýngedi çölünde Dawudyň Şawuly öldürmäge mümkinçiligi peýda bolýar. Patyşa bütin goşuny bilen Eýngedi gowagynda düşleýär-de, ýaraglaryny bir gyrada goýýar; olar Dawudyň öz ýaragly adamlary bilen gowagyň töründe bukulyp oturandygyndan bihabardylar. Dawudyň adamlary ony Şawuly öldürmäge öjükdirenlerinde: “Rebbiň saňa ‘Duşmanyňy eliňe bererin, sen oňa islän zadyňy edersiň’ diýen güni, ine, şu gündür” diýip, hatda Hudaýyň Sözüni-de öz bähbitlerine teswirleýärler (1 Şam. 24:5).

Olar Dawuda ýalbarýardylar: “Dawut, Şawul patyşa akylyndan azaşan, ol biziň halkymyzy gyrýar, ol bigünä maşgalalary we ruhanylary öldürdi. Beýik pygamber Şamuwel seni Ysraýylyň indiki lideri diýip, başyňa ýag guýdy, sebäbi Reb şeýle gürledi. Eger sen ony öldürmeseň, ol seni öldürer. Bu özüňi goramaklyk ahyryn, islendik kazylyk muny subut edip, seni bigünä hasaplar!”.

Ajaýyp deliller, mese-mälim faktlar barada gürrüň-de ýok: Şawulyň nähäk aýyplamalary we hüjümleri Dawudyň we onuň adamlarynyň durmuşyny çydardan agyr edipdi.

Olaryň delilleri Dawuda gowy pikiri berse-de, ony ynandyrmady. Ol Şawulyň donunyň syýyndan bir bölegi kesip almak bilen, ol öz günäsiniň ýokdygyny hemişelik subut edip bilerdi. Eger Şawulda Dawudyň ony öldürip bilen ýagdaýynda-da, mundan özüni we adamlaryny saklap bilendigi baradaky subutnamasy bolan bolsa, ol Dawudyň onuň tagtyny we ygtyýarlygyny ogurlajak bolýandygy barada gaýdyp pikir etmezdi we ony yzarlap, janyna kast etmesini bes ederdi.

Dawut öz lideriniň donunyň syýyndan kesip alandan soň, Mukaddes Ýazgylar onuň ýüreginiň gopan ýaly bolup, ynsabynyň paş edendigini aýdýar. Ol öz patyşasyny masgaralady. Ol neneň edip şeýle hereketi edip bildi? Ol derrew özüne gelip, öz adamlaryna şeýle diýdi: “Jenabyma, Rebbiň saýlan adamyna beýle zat etmekden, oňa garşy el götermekden Rebbiň Özi saklasyn, çünki ol Rebbiň seçip saýlanydyr” (1 Şam. 24:7).

Emma patyşanyň donunyň syýyndan kesip almak bilen, ol bigünädigini görkezmek kararyna gelýär. Ol öz lideriniň yzyndan gygyryp, şeýle diýdi:

> “’Dawut saňa ýamanlyk etmek isleýär’ diýýänleriň sözüne näme üçin ynanýarsyň? Şu gün gowagyň içinde Rebbiň özüňi meniň elime berendigini öz gözleriň bilen gördüň. Seni öldürmegi talap edenlerinde-de, men saňa rehim etdim. Men olara: ‘Öz jenabyma el galdyrmaryn, çünki ol Rebbiň Öz seçip saýlanydyr’ diýdim.
>
> Eý, atam, donuňdan kesilen elimdäki şu kesindini görýäňmi, ine, seret. Donuňyň syýyndan kesip aldym, ýöne seni öldürmedim. Saňa ýamanlyk etmek ýa-da haýynlyk etmek niýetimiň ýokdugy şundan hem belli ahyryn. Meni öldürmek üçin aňtap ýörenem bolsaň, men seniň öňüňde günä gazanmadym. Ikimize, goý, Reb kazylyk etsin. Meniň arymy senden, goý, Reb alsyn. Men saňa garşy el götermerin.
>
> – 1 Şam. 24:10-13

Eger hatda ar almaga tutarygy bolan hem bolsa, ol bardy hem, Dawut bularyň baryny Rebbe tabşyrýar. Onuň hereketi babatda aýtsak, ol Şawuly sylady. Ol hatda özüni ýoklamak islän adama “atam” diýdi.

Dawudyň mähribanlygyna haýran galan Şawul oňa jogap berip, şeýle diý-

di: “Sen menden adalatly ekeniň. Ýamanlygyma ýagşylyk bilen jogap berdiň” (1 Şam. 24:18). Soňra Şawul öz adamlary bilen gaýtdy.

## Dawudyň hormat babatdaky iň uly synagy

Dawut öz niýetiniň päkdigini subut edenden soň, siz, belki, Şawul ony öz gününe goýandyr öýdýänsiňiz. Ýöne bu zabun lider beýle däldi. Biraz wagtdan Şawul Dawudyň Hakyla daglarynda gizlenip ýörendigini eşidýär. Ol ýene-de Ysraýylyň saýlama nökerleriniň üç müňüsini alyp, Dawudy öldürmek üçin, ony yzarlap başlaýar.

Dawudyň kalbynyň ýagdaýyny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Ol ýaňy-ýakynda niýetiniň päkdigini Şawula subut edipdi, ol bolsa ony aňtap, janyna kast etmekçi bolýar. Bu ýagdaý Dawudyň umydynyň puja çykandygynyň subut edýär: onuň lideri barypýatan ganhor. Şawulyň hereketlerine aňsat sögünip, şeýle diýip bolardy: *“Men öz liderimi syladym, özümi goramak üçin ony öldürip bilýän bolsam-da, onuň janyna degmedim; ol bolsa ony sylanyma şeýle ýamanlyk edýärmi?”* Onuň ýerine bolan adamlar gülüp: “Indi-hä almytyňy alarsyň!” diýip, ony ýaňsylardylar.

Soňra Dawut bütin goşunyň Rebden bolan uka batandygyny bilýär (ser. 1 Şam. 26:12). Ol öz adamlaryndan Şawulyň düşelgesine kimiň gitmek isleýändigini soraýar. Ökde söweşiji Abyşaý öňe çykýar, ol Ýowabyň inisidi (olaryň ikisi-de öz ganhorlygy bilen bellidi).

Şunlukda, Dawut Abyşaý bilen gije Şawulyň düşelgesine gelýär. Şawul çadyrda uklap ýatyrdy, ýanynda Abner hem ýatyrdy. Şonda Abyşaý Dawuda şeýle diýýär: “Hudaý bu gün duşmanyňy eliňe berdi. Indi maňa ygtyýar et: naýzany bir salamda, ony ýere çüýläýin — men ony ikinji gezege goýjak däl” (1 Şam. 26:8).

Dawudyň nähili ýaýdanandygyny göz öňüme getirip bilýärin. Ol şeýle pikir edendir: “Men şu pursat diňe meniň durmuşymdaky däl, eýsem adamlarymyň, eziz diýarymyň halkynyň ähli betbagtlyklaryny tamamlap bilýän. Ine, maňa eýerýänleriň biri, ol maňa hemişe wepaly, ol menden öz logikasyna görä hereket etmegimi soraýar, bu diňe meniň üçin däl, yzyma eýerýänleriň hemmesi üçin-de dogry bolardy. Bu wepaly adamlar öýlerine öz maşgalalaryna dolanmagy arzuw edýärler. Men näme üçin olara däl-de, Şawula wepaly bolmaly? Şawul meni aldady. Ol bütin halka meniň dönükdigimi aýdyp, abraýymy weýran etdi. Ol meniň atam öýündäki we Ysraýyl ýurdundaky raýatlyk hakymy ogurlady. Ol meniň aýaly ogurlap, ony başga äre berdi (1 Şam. 25:44). Ol meniň ähli zadymy elimden aldy”.

Onuň pikirlerini Abyşaýyň – elmydama ýanynda sadyklyp bilen bolup, öz durmuşyny Dawudyň abadanlygyna sarp eden ýoldaşynyň sesi bölýär. “Dawut, edýäniň näme? Näme üçin ýaýdanýaň? Näme üçin bu zalymy öldürmegi buýraňok?”

Abyşaýyň öz sözüni dowam edip, şeýle diýşini göz öňüme getirýärin:”Muny edesiň gelmeýändigini maňa aýdyp-da oturma. Sen özüňiň günäkär däldigiňi näçe gezek subut etdiň? Ýadyňdamy, Engedi çölündäki şol gowakda ol seniň eliňdedi, ýöne sen onuň janyny aman sakladyň. Oňa sadyklygyňy subut edendigiňe hiç şübhe ýok, ýöne ol şonda-da seni aňtamagyny dowam edýär. Bu özüňi goramaklyk, islendik kazyýet muny tassyklar.

Jogap bolmady.

Abyşaýyň sabyr-takatyny ýitirip başlaýşyny göz öňüme gelýär. “Dawut, beýik pygamber Şawul seni patyşalyk üçin başyňa ýag guýdy. Sen Ysraýylyň indiki patyşasy bolmaly. Halky zalym patyşadan siňe sen azat edip bilýäň. Eýsem onuň Nop galasynda saňa çörek berenleri üçin segsen ruhanyny, olaryň aýallaryny we çagalaryny sowukganlyk bilen öldürişini ýadyňdan çykardyňmy (1 Şam. 22)? Ol barypýatan ganhor-a!”

Ahyrda Abyşaý çydaman, şeýle diýýär: “Dawut, Hudaý tutuş goşuny näme üçin uka gidirendir öýdýäň? Ol muny seniň ýurdy bu ýigrenji patyşadan dyndyrmagyň üçin edýär ahyryn!”

Dawut sadyk dostunyň maslahatyny hemmetaraplaýyn ölçerip görýärdi. Ol aýdýanlarynyň jany bardy, ýöne olar Hudaýyň maslahaty bilen gabat gelenokdy. Dawut Abyşaýyň sözlerini we özüni goramak baradaky pikirlerini goýbolsun edip, şeýle berk buýruk berýär: “’Ony öldürme, sebäbi Rebbiň seçip-saýlan adamyna el götermek günä bolar’ diýdi. Dawut oňa ýene şeýle diýdi: ‘Rebden ant içýärin, ony ýa Reb urar, ýa ol öz ajalyna öler ýa-da söweşde öler’” (1 Şam. 26:9-10).

Dawut öz nökerini saklady, soňra olaryň ikisem düşelgeden çykyp gitdiler.

Hudaý näme üçin goşunyň üstüne agyr ruky inderdi? Dawudyň ýüregini synamak üçin. Ol Hudaýyň göwnünden turýan är bolarmy ýa-da ähli zady öz eline alyp, Şawul ýaly bolarmy? Ol Hudaýyň seçip-saýlanyna äsgermezlik etmek arkaly Hudaýa hem äsgermezlik edermi? Bu pusat Dawudyň ömrüni kesgitleýän örän wajyp pursatdy.

Dawut patyşanyň ony abraýdan mahrum etmek üçin elinden gelenini gaýgyrmandygyna garamazdan, oňa hormat goýýardy. Munuň sylagy Dawudyň göz öňüne getirip biljeginden-de has artyk bolar. Zabun lideri sylap, onuň gadyryny bilen bu adam barada Rebbiň näme diýendigini göreliň:

> Men Öz gulum Dawudy tapdym, başyna mukaddes ýagymy çalyp,ony saýladym. Elim elmydama ony söýgetlär, golum hem ony kuwwatlandyrar. Duşman ony aldawa salmaz, erbet adam oňa hiç sütem etmez. Duşmanlaryny öňünde weýran ederin, ony ýigrenýänleri gyryp taşlaryn. Onuň bilen bolar söýgim, wepadarlygym, Meniň adym bilen onuň güýji beýgeler. Bir gezek Öz mukaddesligimden ant içdim, Dawuda ýalan sözlemerin Men. „Onuň nesli dowam eder ebedi, Meniň gaşymda onuň tagty — Gün ýaly. Gökde sadyk şaýatlyk bolan, baky berkarar edilen Aý ýaly bolar“.
>
> – Zebur 88:21-25, 36-38

Dawut Şawulyň zabunlygyndan has uzak görýärdi, ol öz üstündäki ygtyýarlygy görýärdi. Ol sylag-hormat prinsipine görä ýaşaýardy: eger ol Hudaýyň onuň üstünden goýan adamyny sylasa, onda bu Hudaýyň hut Özüni sylaýandygyny aňladýar. Eger ol Hudaýy sylaýan bolsa, onda Reb ony sylar. Mukaddes Ýazgylardan alnan bu parça Hudaýyň Dawuda bildiren çäksiz hormatyny görkezýär. Onuň sylagy hem beýik boldy!

Şol wakadan köp wagt geçmänkä, Reb Şawuly höküm etdi: piliştliler ony söweşde öldürdiler. Dawut Şawulyň ölümi barada eşiden badyna Şawula we Ýonatana söýgi nagmasyny düzdi we Ýahudanyň tutuş ilatyny bu nagmany aýtmaga mejbur etdi. Ol öz liderini hatda ol höküm edilenden soň hem sylady.

Biz adamlary liderlik ornuna adamyň ýa-da jyn ruhlaryň däl-de, hut Rebbiň belleýändigini görkezýän mysallaryň birnäçesine garap geçdik. Adamzadyň tutuş taryhynyň dowamynda Hudaý her bir lideri onuň hereketleriniň oňat ýa ýaramazdygyna garamazdan, Özi belleýärdi. Liderleriň her biri tötänleýin däl-de, belli bir maksat üçin bellenýärdi. Men Hudaýyň hakyky we baky Sözüni ýene bir gezek gaýtalaýyn: “Höküm sürýän häkimiýetler Hudaý tarapyndan bellenendir”.

Zalym we ýowuz lideriň ygtyýarlygy Hudaý tarapyndan ykrar edilýär, ýöne onuň zalymlygy Hudaýdan däldir. Lider ähli edenleri üçin Hudaýyň huzurynda jogap berer, ýöne şoňa çenli onuň ygtyýaryndaky adamlar edil Dawudyň synalyşy ýaly synalar. Eger olar liderlerine hormat goýsalar, onda olaryň sylagy uly bolar.

Şunlukda, biz baştutanlyk edýän adamlary hut Hudaýyň belleýändigini gördük. Indiki bapda bolsa: *“Biz ygtyýarlyga, eger ol rehimsiz we hatda zabun hökümdar bolsa-da, oňa tabyn bolmalymy?”* diýen soragy öwrenmegi dowam ederis.

# 6

# Ýowuz ygtyýarlyklar

Geçen bapda biz her bir kanuny häkimiýet, hatda ol berk we ýowuz bolsa-da, Hudaý tarapyndna bellenilýändigini aýdyp geçipdik. Eýsem rehimli Reb neneň edip zabun adamlary häkimiýet ornuna belleýär? Munuň jogaby sada: Hudaý ygtyýarlygyň awtory bolsa-da, zabunlygyň awtory däldir. Adamyň edýän zabun hereketleri üçin Hudaý däl-de, onuň özi jogap berýär. Şu hakykaty ýatda saklaň: häkimiýetleriň ählisi Reb tarapyndan bellenilýär, ýöne olaryň ählisi Hudaýyň ýolundan ýöreýän däldir.

Indi bolsa gadymy soraglaryň ýene birine dolanalyň. Eger ýowuz häkimiýetler bize nädogry garaýan bolsa, olara tabyn bolmalymy? Munuň jogabyny Dawudyň durmuşyndaky mysaldan tapyp bolýar. Onuň göreldesi bize Hudaýyň biziň üçin bolan erkini görkezýär: biz ygtyýarlyga, hatda ol dogruçyl bolmadyk ýagdaýynda hem oňa tabyn bolmaly. Ýöne mowzugy dowam edip, geliň, aýdylýanlary gönüden-göni bileliň. Munuň üçin, resul Petrusyň ýazanlaryny okalyň:

> Eý, hyzmatkärler (işgärler, talyplar, raýatlar, ýygnak agzalary we başgalar), diňe bir mähirli hem ýumşak hojaýynlaryňyza (başlyklaryňyza, mugallymlaryňyza, raýat ygtyýarlyklaryňyza) däl-de, eýsem, ýowuz hojaýynlaryňyza-da (başlyklaryňyza, mugallymlaryňyza, raýat ygtyýarlyklaryňyza) hormat goýup, tabyn boluň.
>
> – 1 Pet. 2:18 (ýaýyň içindäki sözler awtoryňky).

Rehimdar we ýumşak liderli bolmak ajaýyp zat, olar biziň ösüşimiz we öňe gitmegimiz üçin gerek. Ýöne şonda-da Petrus bize diňe bir mähirli hem ýumşak

hojaýynlara däl, eýsem, ýowuz hojaýynlary-da tabyn bolmalydygymyzy aýdýar.

Petrusyň buýrugynyň asyl manysynyň “hormat bilen tabyn boluň” diýen sözlerde jemlenendigine üns beriň. Ýadyňyzda bolsa, biz hakyky hormatyň ýürekde döräp, Rebden gorkmaklykdan emele gelýändigini aýdypdyk. Biziň, ýagny amerikanlaryň, ygtyýarlyklara: “Ilki meniň hormatymy gazanyň, soňra men hem size tabyn bolaryn” diýmek endigimiz bar. Emma Işaýa pygamberiň aýdanlaryna laýyklykda Reb görşüne görä höküm çykarmaýar, eşidişine görä karar çykarmaýar, Ol dogrulyk bilen kazylyk edýär (ser. Işa. 11:3). Hut şu sebäpdenem adamyň ýüreginde Rebden gorkmak duýgusy mesgen tutanda, ol şeýle diýýär: “Men seniň üstüňde Hudaýdan bolan ygtyýarlygy görýärin. Şonuň görä-de, men seni eýýäm sylap-hormatlaýaryn. Saňa olary gazanmak gerek däl, sebäbi men seniň hereketleriňe däl-de, seniň eýeleýän ornuňa hormat goýýaryn”.

Petrusyň soňky sözleri üns beriň: “ýowuz hojaýynlaryňyza-da hormat goýup, tabyn boluň”. Men şu aýat barada oýlanýarkam, şeýle pikir etdim: “Dursan-a, ýowuz? Mukaddes Kitabyň NKJV terjimesinde bu söz iň soňky derejesinde terjime edilen bolsa näme? Grek dilindäki asyl nusgasynda näme söz bardygyny göreýin-le”.

Meniň ilkinji açan sözlügim Taýeriň sözlügidi; onda grek dilinde “zabun” sözi üçin *skolios sözüniň ulanandygyny gördüm, sözlük ony “*bozuk, azgyn, ahlaksyz, erbet, hüjüm edýän” diýip kesgitleýär. Men oturan ýerimden atylyp turdum-da: “Bu manysy öňküsinden-de erbet!” diýip oýladym. Men rahatlanmak umydy bilen: “Ol bulaşdyran bolaýmaýsyn, başga sözlügi hem göreýin-le” diýip pikir etdim. Soňra men W.E. Winsiň, ýagny Grek dilindäki Täze Ähtiň sözleri boýunça başga bir hünärmeniň sözlügini açdym. Ol bu söze “zabun we adalatsyz ýolbaşçylar (liderler)” diýip kegitleme berýär.

Men sözüň manysyny gözlemegi dowam etdim. Şonda onuň başga terjimelerde NKJV terjimesindäkisinden-de ýitidigini ýüze çykardym. Täze Ýüzýyllygyň terjimesinde men şuny okadym: “Diňe bir dogruçyl we rehimli hojaýynlaryňyza däl, eýsem dogruçyl däl hojaýynlaňyza hem”. Iňlis dilindäki Häzirkizaman terjimesi şeýle diýýär: “Diňe bir rehimli we aladyňyzy edýänleri däl, eýsem size rehimsizlik edýänleri hem sylaň”. Mukaddes Kitabyň Täze amerikan standart terjimesinde bolsa “paýhassyz” diýen söz alnypdyr.

Indi bolsa başga bir soragy orta oklamagyň wagty ýetdi: “Hudaý Öz perzentlerini ynjadýarmy?” Ýok, müň gezek ýok! Ol älem-jahandaky iň oňat Ata! Ol diňe bir söýmeýär, Onuň hut Özi söýgüdir! Onda geliň, pikirimizi dowam edeliň” Şunlukda, meni söýýän gökdäki Atam maňa, *ýagny Öz perzendine*

*ýowuz, zabun, bozuk, azgyn, rehimsiz, adalatsyz we wyždansyz lidere tabyn bolmalydygymy aýdýar. Näme üçin Ol diňe bir aýtman, eýsem maňa muny buýurýar? Munuň sebäbi köp, ýöne hemmesini bir ýere jemläp, bir jümlede şeýle diýip bolar: meniň bähbidim üçin.*

*Ýowuz ygtyýarlyklary sylamag*yň *üç bähbitli tarapy bar. Birinjiden, size adalatsyzlyk edenlerinde, siziň* gulak asyjylygyňyz we tabynlygyňyz siziň işiňizi Hudaýyň eline tabşyrýar, Ol bolsa adalatly kazylyk edýär (ser. 1 Pet. 2:21-23). Eger biz işi öz elimize alsak, Hudaý bir ädim yza çekiler, biz hem Onuň kömeginden mahrum galarys, bu bolsa diýseň ýaramaz ýagdaý. Mesele ygtyýarlyklar bilen baglanyşykly bolany üçin, biziň ýeňilmegimiz gaty ahmaldyr. Biz seýrek ýagdaýda ýeňip bilýäris, ýöne ruhumyzda galan ýaralar we kökler soňra kynçylyklary, hatda haramlyklary getirip bilýär, olaryň netijesi soňra ýüze çykar.

Ikinjiden, Petrus özümize erbetlik edilýändigine garamazdan, olary sylap, ak pata berenimizde, şeýle zadyň bolup geçýändigini bize mälim edýär: "Ýamanlyga ýamanlyk, sögünje sögünç bilen gaýtargy bermän, tersine, alkyş (hormat) bilen jogap beriň, sebäbi *siz ýalkynyşy miras alaryňyz ýaly*, şeýle ýaşamaga çagyrylansyňyz" (1 Pet. 3:9 NIV, ýaýyň içindäki sözler awtoryňky).

Biz *özümize rehimsiz daraşýanlary sylamak, gadyryny bilmek, olara tabyn bolmak we ýalkamak arkaly edilýän* adalatsyz garaýşa *döz gelmäge çagyrylandyrys. Biz muňa näme üçin çagyryldyk? Özümizi ýalkynyşlar (sylaglar) ornuna goýmak üçin. Şunlukda size adalatsyz garasalar, aýratyn-da ygtyýarlylaryň biri şeýle etse, juda begenip bilersiňiz, sebäbi siz şeýle ýagdaý arkaly sylaglanma ornuna goýlansyňyz!*

## Ýokary wezipä çekilme sylagy

Men siziň bilen bir wakany paýlaşasym gelýär, ony öňki kitabymda hem gürrüň beripdim. Bu özümize adalatsyz garaýanlary sylap-hormatlanymyzda Hudaýyň bizi nähili ýalkaýandygynyň nusgawy mysalydyr.

Meniň bir ýakyn dostum bar, onuň ady ady El Braýs, ol çopan. Birnäçe ýyl mundan ozal Dallas ştatyndaky bir ýygnaga çopançylyk edýärdi. Ýekşenbe günleriň birinde ol Petrusyň birinji hatyny wagyz edýärdi. Ol wagzyny tamamlandan soň, ýygnagyň bir agzasy (oňa Braýan diýäýeli) ýanyna gyssagly bir sorag bilen barypdyr. Ol şeýle diýipdir: "Çopan, men örän uly ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň ýerine ýetiriji kiçi müdüri wezipesinde işleýärin. Men köp ýyl işledim we wise-prezidentiň wezipesini indiki eýemeli adamdym. Meniň

işdeşlerimiň hemmesi wezipämiň ýokarlanmagyna mynasypdygymy bilýärdi. Men bu wezipäni dogrudan-da gazanypdym. Ýöne wezipä adam bellenmeli wagt gelende, kompaniýa ony başga bir adama berdi”.

— Bu näme üçin beýle boldy? — diýip, çopan El sorapdyr.

— Sebäbi beýleki adamyň jynsy ak, men bolsa gara. Çopan, bu jynsparazlyk. Men muny subut edip bilýärin we indiki hepdede kazyýete arzamy bermekçidim. Ýöne siziň şu günki wagzyňyz başymy çaşyrdy!

Çopan Braýs Braýana garap, şeýle diýipdir: — Sen bu meseläni Hudaýyň usuly bilen çözesiň gelýärmi ýa-da öz usulyň bilen?

Ol asla ikirjeňlenmän, şeýle jogap beripdir:

— Çopan, men Hudaýy jan-tenden söýýärin. Men ony Hudaýyň usuly bilen çözesim gelýär, hut şonuň üçin-de men şu ýerde siziň bilen gürleşip durun. Siz meniň bilen dileg edip bilermisiňiz?

— Elbetde ederin, — diýip, El jogap beripdir.

Olar başlaryny egip, dileg etmek bilen, bu meseläni Hudaýa – adalatly Kaza tabşyrypdyrlar.

Ertesi gün Braýan işe baran badyna ýaňy-ýakynda ýokary wezipä çekilen işdeşine hormat bildiripdir. Ol onuň iş otagyna baryp, elini uzadypdyr-da, ak ýürekden ýylgyryp, şeýle diýipdir:

— Men seniň ýokary wezipä bellenmegiňi gutlaýaryn. Bilip goý, men iň oňat işgäriň bolmakçydyryn. Siz şol adamyň özüni näderejede oňaýsyz duýandygyny göz öňüne getirip bilýänsiňiz, sebäbi ol hem bu wezipäniň berilmeli adamyna berilmändigini bilýärdi. Eger şol zatlar bolmadyk bolsa, Braýan onuň başlygy bolup, şu kürsini eýeläp oturmalydy.

Birnäçe hepde geçdi, ýöne hiç üýtgeşiklik bolmady. Ýagdaýyň şeýle bolmagynyň seýrek däldigine düşünmek gerek. Hudaýyň adalaty we erkinligi gelýär, ýöne bu köplenç biziň isleýşimizden gijräk gelýär! Şunlukda, Braýan özüne adalatsyz garalandygyna üns berip durmady. Ol hormatlama ýoluny saýlap aldy. Ol öz işini iň ýokary derejede ýerine ýetirmegini dowam etdi.

Günleriň birinde Braýana bäsdeş kompaniýadan jaň edýärler. Bu kompaniýa halkara derejedäki örän uly ätiýaçlandyryş kompaniýasy bolup, Dallasda onuň şahamçasy bar eken. Telofonda gürleýän adam oňa şeýle diýipdir:

— Biz umumy müşderilerimiz bilen işleýşiňize syn edip gelýäris. Siziň işleýşiňizi örän haladyk. Siz biziň bilen işläsiňiz gelýärmi?

Braýan köp pikirlenmän, şeýle jogap beripdir:

— Ýok, islemeýärin. Men öz iş ýerimi çalşasym gelenok. Men bu

kompaniýada köp ýyl bäri işläp gelýärin. Meniň oňat bähbit girdejim we müşderileriň abraýly topary bar. Meniň müşderilerim we işdeşlerim abraýymy we häsiýetimi oňat bilýärler. Meniň iş ýagdaýym oňat we hiç zady üýtgedesim gelenok. Teklibiňiz üçin minnetdar, ýöne ol meni gyzyklandyranok.

Beýleki kompaniýanyň adamy erjellik bilen:

— Biziň bilen bary-ýogy ýekeje gezek duşuşaýyň-da. Geliň, duşuşyp, nahar başynda gürleşeliň. Bu bir erbet iş däl-ä! — diýip, ýeň bermändir.

Braýan öňküden-de aýgytly ses bilen şeýle diýipdir:

— Siz wagtyňyzy biderek ýitirýäňiz. Meni siziň teklibiňiz gyzyklandyranok.

Bu edil beýeki adamyň onuň aýdýanlaryny eşitmeýän ýaly görnüpdir.

— Bolýar-laý! Bary-ýogy ýekeje gezek bile naharlanaýaly!

Braýan çekeleşikden ýadap, ahyrda:

— Bolýar, men siziň bilen duşuşaryn, — diýipdir.

Bellenilen nahar wagty ýetip gelipdir. Braýan başga kompaniýanyň adamlary bilen saglyk-amanlyk soraşandan soň, olar naharlaryny sargyt edipdirler. Beýleki uly ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň başlyklarynyň biri şeýle diýipdir:

— Braýan, biz seniň işleýşiňe syn edip gelýäris we saňa telpek goýýarys. Biziň kompaniýamyzyň adamlary şeýle adam bilen işleşmek isleýändigini aýdýarlar.

Braýan başyny ýaýkapdyr-da:

— Men size ozal telefonda hem aýtdym-a. Siz wagtyňyzy ýitirip oturmaň. Men öz iş ýerimi çalyşmak islämok. Maňa durnuklylyk ýaraýar. Meniň bähbit girdejilerim oňat. Men kompaniýa köp güýjümi sarp etdim. Men siziň bilen işlejek däl.

— Bolýar, Braýan, biz seni eşidýäris. Ýöne seniň şuny etmegiňi isleýäris. Öýüňe gaýt-da, aýalyň bilen gürleş. Bizden näçe aýlyk hakyny almak isleýändigiňizi ikiňiz çözüň. Soňra bir hepdeden duşuşyp, muny maslahatlaýarys.

Braýan öz garaýşyna garşy çykyp, uludan dem alypdyr-da:

— Bolýar, pikirleneýin, — diýipdir.

Ol öýüne gaýdypdyr. Ol muny dogrudan-da çynlakaý kabul etmändir. Ol edilen teklip barada tä nahar başynda duşuşmaly gününiň öňki gününe çenli aýalyna-da aýtmandyr. Braýan aýaly bilen dynç alyp otyrka, ahyrda şeýle diýipdir: "Men dogrudan-da işimi çalşasym gelenok. Olar biziň näçe aýlyk hakyny almak isleýändigimizi bilesi gelýär. Men şundan halys ýadadym, şonuň üçinde men şeýle etmekçi. Men olar bilen tä gürrüň aýlyga geçýänçä gürleşerin,

soňra bolsa olara bolmajak bir zady aýdaryn. Men olara şindi gazanýanymdan üç esse köp aýlygy isleýändigimi aýdaryn! Olar meniň üstümden gülerler-de, söhbetdeşligimiz tiz tamamlanar.

Ol şindi alýan aýlygyndan üç esse artyk bolan aýlygy görkezip, gysgajyk hat ýazypdyr. Onuň öz kompaniýasynda eýýäm uly wezipä eýe bolandygyny ýatdan çykarmaň. Şeýle uly mukdar akyla sygardan gülkünç görünýärdi.

Ertesi gün Braýan nahar edinmäge gidipdir. Tagamlar sargyt edilenden soň, kompaniýanyň ýolbaşçysy Braýandan aýlyk babatda teklibiniň bolup-bolmazlygyny sorapdyr.

— Hä, hawa, — diýip, Braýan penjeginiň jübüsinden öz hatyny çykarmaga başlanda, ol adam ony saklap, şeýle diýipdir:

— Ýok, ýok. Biz siziň näçe isleýändigiňizi göresimiz gelenok. Biz öňi bilen size näçe aýlyk tölemekçi bolýandygymyzy görmegiňizi isleýäris.

Ol saçak üstaşar Braýana ýazylan hatjagazy uzadypdyr. Braýan ony alyp, birnäçe setiri okandan soň, tas özünden giden eken. Olar oňa şindi gazanaýanyndan dört esse köp aýlygy hödürleýärdiler! Braýan gözlerine ynanman, dili tutulan ýaly bolupdyr. Ol hata çiňerilip oturypdyr. Başga kompaniýanyň adamlary onuň dymmasyna nädogry düşünip, eden teklipleri o diýen ýeterlik däl öýdüpdirler. Şonuň üçin-de, olar aýlygynyň üstüne sylag hakyny hem belläpdirler!

Braýan ahyrda özüni ele alyp, şeýle diýipdir:

— Jenaplar, men mesihi; men siziň teklibiňizi öýe äkidip, ol barada aýalym bilen dileg edesim gelýär. Men size jogabymy aýdaryn.

— Elbetde, elbetde, siz pikir edip bilýäňiz, — diýip jogap beripdirler.

Braýan öýüne baranda bolan zatlary aýalyna gürrüň beripdir. Olar dileg edipdirler we Mukaddes Ruh oňa şu sözleri aýdypdyr: “Oglum, sen öz işiňi Maňa tabşyrdyň. Men oňa garadym. Bu wezipe ösüşi Mendendir. Ony kabul et!”.

Ýyllar geçdi. Braýan indi Dallasda ýaşanok. Ol Wirjiniýada ýerleşýän halkara ofisinde bu ätiýaçlandyryş kompaniýanyň baş prezidentiniň wezipesini eýeleýär. Bu kompaniýa Braýanyň ozal işlän kompaniýasynyň ösüşine böwet boldy. Şol kompaniýa Braýan babatda adalatsyzlyk edipdi we mynasyp bolan wezipesi oňa berilmändi.

Biz nähili netijä gelip bileris? Braýan, elbetde, özüni gorap bilerdi we hatda ar hem alyp bilerdi. Ol kazyýete arza berip bilerdi. Onuň şeýle etmäge kanuny haky bardy. Ol kemsidilipdi, oňa erbet daraşdylar we onuň kazyýet dawasyny ýeňmegi gaty ähtimallydy. Ol dawada üstün çykaýanda hem ol şindiki ýerinde

bolmazdy. Ol özi üçin taýynlanan ýalkanyşy sypdyrardy! Ýöne ol özüne adalatsyzlygyň edilendigine garamazdan, ygtýarlaga hormat goýdy. Ol ar almazlygy saýlap aldy we bu işini Hudaýa tabşyrdy Ol bolsa ony sylaglady!

## Tabyn bolmaklyk we gulak asmaklyk

Ýowuz ygtyýarlyklara tabyn bolmaga çagyrylmagymyzyň üçinji sebäbi, ine şundan ybarat: biz özümizi aklamaga derek Hudaýa bil baglanymyzda, özümizde dogruçyllyk häsiýetlerini terbiýeleýäris. Petrus sözüni dowam edip, şeýle diýýär: “Şunlukda, Mesihiň dünýäde ejir çekişi ýaly, siz hem şeýle pikirler bilen ýaraglanyp, muňa taýýar boluň. Sebäbi Mesih üçin ejir çekmäge taýyn bolsaňyz, günä etmekden ýüz öwrensiňiz” (1 Pet. 4:1).

Şu parçanyň asyl manysy Isa Mesihiň ygtyýarlyklaryň adalatsyzlygy zerarly çeken ejirleri baradadyr. Biz hem şeýle pikirler bilen ýaraglanmaly. Näme üçin? Sebäbi biz ygtyýarlygy onuň bize ýowuz daraşýandygyna garamazdan, sylap-hormatlamaga çagylandyrys.

Petrus biz şeýle etmek bilen, günä etmegi bes edýändigimizi aýdýar. Başga sözler bilen aýdylanda, ol biziň ruhy kämillege ýetjekdigimiz barada aýdýar. Pawlus muny tassyklap, şeýle diýýär: “Biz muşakgatlarymyza hem begenýäris, sebäbi muşakgatlaryň bize ýagşylyk getirjekdigini bilýäris – olar bize çydamly bolmagy öwreder. Çydamlylyk bolsa bizde güýçli häsiýetiň emele gelmegine ýardam eder” (Rim. 5:3-4, NLT). Güýçli häsiýetiň emele geldigi saýy hormata mynasyp bolmadyklary sylamak bize aňsat düşýär. Bu bolsa durmuşymyzda Hudaýdan bolan gorkymyzyň artandygyny aňladýar; bu gorky bize has uly sylagy getirer.

Indi bolsa, geliň aýdan zatlarymyň baryny deňagramly ýagdaýa getireliň. Şunlukda, Mukaddes Kitap ygtyýarlyklara gep-gürrüňsiz tabyn bolmaklygy öwredýär, ýöne ol ygtyýarlyklara gep-gürrüňsiz gulak asmalydygyny öwretmeýär.

Tabyn bolmaklyk bilen gulak asmaklygyň arasynda kesgitli tapawut bar. Tabynlyk biziň garaýyşlarymyz bilen bagly, gulak asmaklyk bolsa biziň edýän hereketlerimiz bilen baglydyr. Şoňa görä-de, bize şeýle aýdylandyr: “Eger sözlerimi göwünjeňlik bilen diňleseňiz, ýurduň naz-nygmatyny iýersiňiz” (Işa. 1:19). Günleriň birinde *Mukaddes Ruhuň* maňa düzediş berşi ýadyma düşýär. Men işleriň isleýşim ýaly bolmaýanlygyndan ýaňa lapykeçdim. Men alty aýyň dowamynda öz ýygnagymda Hudaýdan hiç zat almadym. Çopanymyň wagyzlary meni iýmitlendirenokdy. Dileg wagty Reb maňa şu aýady görkezip, munuň hiç zat almaýanlygymyň sebäbidigini görkezdi.

Men garşy çykyp: “Men tabyn! Men çopanyň we öz üstümden duranlaryň ählisiniň aýdýanlaryny berjaý edýärin” diýdim.

Mukaddes Ruh şobada maňa jogap berip, şeýle diýdi: “Men diňleseňiz ýurduň naz-nygmatyny iýersiňiz diýip aýtmadym. Men eger siz göwünjeňlik bilen diňlän ýagdaýyňyzda ýurduň naz-nygmatyndan iýjekdigiňizi aýtdym. Tabynlyk seniň hereketleriň bilen bagly, göwünjeňligiň bolsa seniň garaýşyňa bagly. Seniň garaýşyň bolsa porsaýar!”

Men birdenkä ýürek garaýşyň ähmiýetine düşündim. Ozal aýdyşymyz ýaly, Rebden gorkmaklyk hut şol ýerde mesgen tutýandyr, hormat-sylag bolsa şol gorkudan döreýändir.

Biz muny tassyklaýan sözleri Täze Ähtde hem görýäris. Pawlus şeýle diýýär: “Ýolbaşçylaryňyzyň sözüne *gulak asyň,* olara *tabyn boluň.* Olar siziň janyňyz üçin Hudaýa hasabat bererler. Olaryň sözüne gulak asyň, sebäbi olar size gözegçilik edýändirler. Goý, olar borçlaryny şatlyk bilen ýerine ýetirsinler, gaýgy-hasrat çekmesinler, ýogsam, munuň size peýdasy degmez” (Ýew. 13:17, nygtama awtoryňky). Üns beriň, ol üstümizden ygtyýarlyk berlen adamlara gulak asyp, tabyn bolmalydygymyzy aýdýar. Gulak asmaklyk hereketlerimiz bilen bagly, tabynlyk bolsa ygtyýarlyga bolan garaýşymyza bagly. Ýene-de bir gezek üns beriň: eger biz üstümizden goýlan adamlary sylamasak, olara däl-de, özümize zyýan ýetirýändiris. Biz öz sylagymyzy ýitirýäris.

Ozal aýdyşym ýaly, Mukaddes Kitap bize ygtyýarlyklara gep-gürrüňsiz tabyn bolmagy öwredýär, ýöne bu gep-gürrüňsiz gulak asmaklyga degişli däldir. Mukaddes Ýazgylar diňe bir gezek, gaýtalaýaryn, diňe bir gezek ygtyýarlyklara gulak asmazlygy öwredýär; bu hem ygtyýarlyklaryň bize günä etmäge (Hudaýyň Sözünde ýazylan zatlara ters bolan işleri) iteren ýagdaýlaryna degişlidir.

Mukaddes Ýazgylarda şeýle mysallar köp. Geliň, olaryň birine garap geçeliň. Babyl patyşasy Nebukadnesar saz gurallarynyň çalnan wagtynda ähli adamlaryň ýere ýüzin düşüp, altyndan ýasalan äpet heýkele sežde etmelidigi barada buýruk çykarýar. Buýruga boýun bolmadyk adam ýanyp duran kürä atylmalydy.

Şol döwürde onuň patyşalygynda Meýşak, Şadrak we Abednego atly üç ýewreý ýigidi bardy. Patyşa olary halaýardy, sebäbi olar zehinli we paýhaslydy. Ýöne bu üç ýigit Hudaýdan gorkýardy, olaryň liderleriniň buýrugy bolsa Musa pygambere Töwratda berlen ikinji tabşyrygy bozýardy.

Bu ýigitler patyşanyň buýrugyna gulak asmadylar. Nebukadnesar iru-giç

olaryň boýun towlaýandygyny eşitmelidi. Ol ýigitleriň edýänlerine gazaba münüp, olary sorag üçin ýanyna getirmegi buýurdy. Olaryň näme diýýändigini diňläň: “Bu ýagdaýda özümizi senden goramagyň geregi ýok. Eý, patyşahym, bizi ýanyp duran küreden halas edip bilýän Hudaý — bu biziň gulluk edýän Hudaýymyzdyr, Ol bizi seniň eliňden halas eder. Ýöne Ol bizi halas etmese-de, eý, patyşahym, şuny bilip goýgun: biz seniň hudaýlaryňa gulluk etmeris, seniň diken altyn heýkeliňe sežde etmeris” (Dan. 3:16–18).

Olar Hudaýyň tabşyrygyny mäkäm sakladylar, ýöne şonda-da onuň bilen salykatly gürleşdiler. Olar oňa: “Eý, patyşahym” diýip ýüzlendiler; olar oňa: “Haý, zabun eşek, biz seniň aýdanlaryňy asla etmeris!” diýmediler. Patyşa bilen şeýle äheňde gürleşmeklik Hudaýy sylamazlygy we hormatlamazlygy aňladardy, sebäbi bu patyşany liderlige Hudaý belläpdi. Biz ygtyýarlyklaryň kanunlaryny berjaý etmesek-de, olara tabyn bolmaly (hormat goýmaly).

Meýşak, Şadrak we Abednego Hudaýa we patyşa sarpa goýdular. Birinjiden, olar ýanyp duran kürä oklanjakdygyny bilseler-de, günä etmekden ýüz öwrüp, Hudaýa hormat goýdular. Ikinjiden, patyşanyň olary ýigrenip gürländigine garamazdan, olar onuň ygtyýarlygyna tabyn boldular, onuň bilen sypaýy gürleşip, hormat goýdular. Olar jogap berenlerinde onuň mertebesini peseltmediler, ýaňsylamadylar we howp salmadylar. Olar sylag-hormat esaslaryna daýandylar. Olara beýik we göräýmäge mümkin bolmadyk sylag garaşýardy.

Patyşa olary bada-bat ýanyp duran kürä oklamagy buýurdy. Ol gazap atyna atlanansoň, küräni adatdakysyndan ýedi esse güýçli ýakmagy buýurdy. Ol özüniň iň güýçli nökerlerine Şadragyň, Meýşagyň we Abednegonyň el-aýagyny daňyp, lowlap duran kürä oklamagy buýurdy.

Küräniň howry juda güýçli bolany üçin, olary kürä oklan adamlary ýalyn köýdürip taşlady. Soňra biz şuny okaýarys:

> Şadrak, Meýşak we Abednego bolsa daňlyp, ýanyp duran küräniň içine ýykyldylar.
>
> Şol wagt Nebukadnesar patyşa gorkudan ýaňa aňk bolup, haýran galyp, çaltlyk bilen ör-boýuna galdy. Ol geňeşçilerine ýüzlenip: “Biziň daňyp, oduň içine atanymyz üç adam dälmidi näme?” diýdi.
>
> Olar: “Dogry, eý, patyşahym!” diýip jogap berdiler.
>
> Patyşa: “Emma men oduň içinde gezip ýören, el-aýagy çözülen dört adamy görýärin. Olara hiç hili zeper ýetmändir we olaryň dördünjisiniň keşbi hudaýlaryň biriniňkä meňzeýär” diýdi.

> Onsoň Nebukadnesar ýanyp duran küräniň agzyna golaý baryp: “Eý, Beýik Hudaýyň sadyk gullary Şadrak, Meýşak we Abednego, daşary çykyň! Bäri geliň!” diýdi.
>
> Şeýdip, Şadrak, Meýşak we Abednego oduň içinden çykdylar. Emirler, serdarlar, häkimler we patyşanyň geňeşçileri üýşüp, oduň bu adamlara hiç hili zyýan ýetirmändigini gördüler. Olaryň başlaryndaky saçlary-da çirkizilmändi, donlaryna-da zeper ýetmändi, hatda olaryň üstüne oduň ysy hem urmandy.
>
> – Dan. 3:23-27

Olara öňegidişlik geldi! Ygtyýarlygy bolan kimdir biri bize adalatsyz garaýandygyna garamazdan, ony sylasak, ätiýaçlandyryş kompaniýasyndaky adam we ýaňy okan wakamyzdaky üç ýigit ýaly sylaglanarys. Bu ruhy kanun: Rebbiň öz üstümizden goýanlary sylanymyzda, Onuň hut Özüni sylaýandyrys. Muňa jogap edip, Hudaý bizi sylar. Eger biz ýagdaýlarymyzdan üstaşary seredip, ünsümizi bu ruhy kanunda jemlesek, lapykeçlige asla duçar bolmarys.

Petrus sözüni dowam edip, şeýle diýýär: “Ýagşylyk etmäge jan etseňiz, size kim ýamanlyk eder?” (1 Pet. 3:13). Başga sözler bilen aýtsak, eger siz öz ýüregiňiziň jümmüşine sylag-hormat prinsipini kabul eden bolsaňyz, size kim näme edip biler? Size edilen her bir adalatsyzlyk, aýratyn hem üstüňizden goýlan ygtyýarlyklar tarapyndan edilen adalatsyzlyk oňa dogry garan ýagdaýyňyzda sizi öňegidişlige ýa-da sylaga ýetirer. Şunlukda, öz-özüňizden şuny soraň: sylag-hormat prinsipine ulanmanlygyňyz zerarly näçe sylagy we öňe gidişligi sypdyrdyňyz?

# 7

# Häkimiýet liderlerini sylamak

Ýagşy iş edýänler häkimiýet ýolbaşçylaryndan gorkmaýarlar. Olardan ýaman iş edýänler gorkýandyrlar. Häkimiýetden gorkman ýaşasyň gelýärmi? Ýagşy işleri et, şonda häkimiýet seni taryplar. Sebäbi häkimiýet ýolbaşçysy seniň ýagşylygyň üçin *Hudaýyň hyzmatkäridir.* Ýaman iş edýän bolsaň, häkimiýet ýolbaşçysyndan gork, sebäbi ol gylyjy ýöne ýere göterýän däldir. Ol *Hudaýyň hyzmatkäridir,* ýaman iş edeni jezalandyryp, Hudaýyň gazabyny onuň üstünden inderýändir. Şoňa görä, diňe jeza duçar bolmak gorkusyndan däl, eýsem ynsabyňyzy päk saklamak üçin häkimiýete tabyn bolmalydyr. Siz salgytlary hem şu sebäbe görä töleýänsiňiz. Sebäbi häkimiýet ýolbaşçylary öz borçlaryny berjaý etmek bilen, *Hudaýa hyzmat edýändirler.* Şoňa görä-de, her kese berilmelisini: salgyt bolsa — salgydy, gümrük bolsa — gümrügi, gorky bolsa — gorkyny, *hormat bolsa* — hormaty beriň.

– Rim. 13:3-7 (nygtama awtoryňky)

Şu aýatda iki gezek raýat baştutanlary “Hudaýyň hyzmatkärleri” diýip atlandyrylan. Bize bolsa olary sylap hormatlamak tabşyrylan. Üns beriň: Pawlus olardan diňe biriniň däl, eýsem hemmesiniň Hudaýyň hyzmatkärleri bolup durýandygyny nygtaýar. Men her gezek ýangyn söndürijini, polisiýa işgärini, şäher geňeşçisini, häkimi, döwlet kanunçysyny, kazyny, kongresmeni, senatory ýa-da hökümet şahamçasyndaky islendik başga adamy görenimde, olara bolan hormat-sylagy duýýaryn. Men şähere çykanymda, döwlet ýa-da hökümet edaralaryna baranymda, kalbymda şeýle duýgular dolup-

daşýar. Men munuň ýüregimde mesgen tutan Reb gorkusydygyna düşünýärin.

Ýaňy-yaýkynda men örän wajyp ofis ýygnaklarynyň birini ýetişjek bolup howlugyp barýardym. Bu okuw ýyly başlanan wagtlary bolupdy. Şondan iki ýarym aý ozal – tomus kanikuly döwründe men maşynymy öz töwereklerimde sagatda otuz bäş mil* tizligi bilen sürüp bilýärdim. Emma okuw ýyly başlanandan soň, ýoluň käbir aralyklarynda belli bir wagtyň dowamyndan sagatda diňe 25 mil tizlikde sürmek rugsat edilendi**. Men howlugyp barşyma pes tizlikde sürmelidigini duýdurýan belgini görmän, maşyny sagatda 31 mil*** tizlik bilen sürüp barýardym. Men polisiýa işgärini we gyrymsy agaçlaryň arasynda duran motosiklini gördüm. Ol maňa çyralaryny ýakyp, saklanmagy buýurdy. Men şobada ýoluň gyrasyna sowlup togtadym.

Sürüjileriň şahadatnamasyny we ätiýaçlyk kagyzlaryny barlaýan ofiserleriň aglabasy ýaly, bu polisiýa işgäri hem örän çynlakaý we ýanbermezek görünýärdi. Men özümi sylaşykly alyp barýardym we özümiň näme üçin saklanylýandygymy bilýändigimi, muňa ökünýändigimi bütin durkum bilen görkezýärdim. Biz onuň bilen meniň ýol hereketini bozandygym barada gürrüň etdik. Soňra ol ýol hereketini bozujylary saklanda, köp adamlaryň zeýrenýändigini, özlerini aklap, hüňürdeýändigini gürrüň berdi.

“Jenap, men günäkär” – diýip boýun aldym.

Ol maňa rugsat edilen tizligi artdyranlygym üçin 220 dollar jerimesiniň bardygyny habar berdi. Ýöne meniň sürüjilik şahadatnamamy we ätiýaçlandyryş hatlarymy yzyna berip: “Ýoluňyz ak bolsun!” diýmegi meni gaty geňirgendirdi. Soňra ol yzyna öwrüldi-de, öz motosikline tarap ýöneldi.

Men haýran galyp: “Eýsem siz maňa jerime ýazmakçy dälmi näme?”- diýip, yzyndan gygyryp galdym. Ol bolsa ýylgyrdy-da, ýoluny dowam ediberdi. Men mähir duýgusyna gaplanyp, onuň ýanyndan gaýtdym. Men diýseň minnetdardym.

Ýöne bu hemişe beýle däldi. Ozalky ýyllarda hem ofiserlere şeýle hormat bilen garamagyma garamazdan, maňa jerime hatlarynyň birnäçesini ýazyp beripdiler. Şeýle bir ýagdaý ýadyma düşýär: men täze işgärlerimiziň biri bilen howa menziline barýardym. Men spidometriň peýkamjygyny gözden sypdyryp, tizlik kadasyny bozanlygym üçin, öz etrabymda ýol ofiseri meni saklady. Meniň

---

* 56,3 km/sag. — Terjimeçiniň belligi.

** 32,18 km/sag. — Terjimeçiniň belligi.

*** 49,8 km/sag. — Terjimeçiniň belligi.

kömekçim özüniň hereketleri oňlanar öýdüp, polisiýa işgäri barada gödek degişme aýdyp, ony ýaňsylama bilen teswirledi. Ol meniň tizligi bary-ýogy sanlyja mil artdyranym üçin polisiýa işgäriniň meni saklamagyna gynanypdy. Ofiserleriň başga biri meniň bu etmişimi görmän-de bilýärdi.

Men ozalkym ýaly polisiýa işgäri babatda mylaýym we hormat bilen ýüzlendim, ýöne ol ozalky ýaly ýakymly we geçirimli däldi. Ol berklik bilen maňa jerime hatyny ýazyp bermekçidi. Men bilgeşleýin onuň şeýle ederine garaşdym we soňra şeýle diýdim: “Jenap, men edenime ökünýärin. Men özümiň günäkärdigimi bilýärin. Siziň çekýän zähmetiňiz we jemgyýete edýän hyzmatyňyz üçin minnetdarlyk bildirýärin”. (Men onuň öz kompýuterinde jerime hatyny ýazandan soň ony goýbolsun edip bilmeýändigini bilýärdim).

Onuň hereketleri bütinleý üýtgedi, sesiniň äheňi bolsa diýseň janlandy. Ol özüniň ygtyýarlygyna hormat goýulýandygyny görende, ýumşady. Indi ol özüni, hamala, jerime hatyny yzyna alasy gelýän ýaly hereket edýärdi, ýöne biziň ikimiz-de munuň mümkin däldigini bilýärdik. Men Rimlilere hata laýyklykda bu adama Hudaýyň hyzmatçysy hökmünde garap, oňa ak pata beresim gelýärdi. Biz şol duşuşygy dostlukly söhbetdeşlik bilen tamamladyk.

Ofiser bizi goýberen dessine men öz kömekçime tarap öwrüldim-de: “Eger sen aýdan sözleriňi men oňlaryn öýden bolsaň, ýalňyşýarsyň” diýdim. Soňra men oňa öwüt bermegimi dowam etdim.

Ol öz hereketleriniň polisiýa işgärine hormat bilen garamaklygy terbiýelemeýändigine derrew düşündi. Onuň kadalaýyk diýip hasaplan hereketleri Hudaýyň Sözüniň raýat hökümetini sylamak barada öwredýänlerine bütinleý laýyk gelmeýärdi. Şol wakadan soň ol sylag-hormat esaslaryny öwrendi.

## Döwlet ygtyýarlyklaryndan sylag

Hökümet ygtyýarlyklaryna hormat goýanymyzda nähili sylaglary alýandygymyzy nygtaýan bir şaýatlygy siziň bilen paýlaşaýyn. Men 80-nji ýyllaryň ahyrynda syýahat edip başladym. Ilkinji birnäçe ýylyň dowamynda men Midwestde ýerleşýän ýygnakda birnäçe gezek wagyz edipdim. Ýygnagyň bir ýarym müň agzasy bolup, ol durgunlyk ýagdaýyndady. Men olara ýylyň ýylyna barýardym, ýöne onda hiç üýtgeşmeler bolmaýardy. Soňra olara barmagymy bes etdim. Birnäçe ýyl geçenden soň men olaryň ýylda geçirilýän konferensiýalaryna gatnaşmaga çakylyk aldym (şondan ozal ol

ýygnakda hiç konferensiýalar geçirilmeýärdi). Men oňa meşhur wagyzçylaryň çagyrylandygyna we sekiz müň myhmanyň çagyrylandygyna üns berdim. Men muňa guwanç bilen haýran galdym.

Meniň bilesigelijiligim diýseň artdy. Dileg edenimden soň, men öz kömekçime olara meniň barmaga razydygymy habar bermegini aýtdym. Men olaryň şäherine ugradym. Ýygnagyň täze binasynyň golaýyndaky ulag duralgasyna golaýlanymda, onuň täze maşynlardan doludygyny gördüm. Men mejlisler zalyna girenimde, ol ýeriň sekiz-dokuz müň adamdan ýaňa hyryn-dykyndygyny görüp, agzymy açdym. Hudaýyň huzury bu ýerde öňde-soňdakymda duýşumdan has güýçlüdi. Bu diýseň ajaýyp ýygnakdy.

Ýygnakdan soňra çopan bilen ikiçäk galanymyzda, men oňa ýüzlenip, şeýle diýdim:

— Näme bolup geçdi? Seniň ýygnagyňda şonça ýyllap durgunlyk bolupdy. Seniň ýygnagyň nädip şeýle çalt ulaldy? Men size üç ýyl gelmändim-ä.

Ol şobada nämeleriň bolup geçendigini gürrüň berdi:

— Jon, men adamlaryň salgyt tölemeli bolýandyklary, hökümet ýolbaşçylarymyzyň näderejede dogry däldigi baradaky zeýrençlerini diňlemekden ýadap, haýsydyr bir çäreleri görmelidigimi duýdum. Şonuň üçin-de men dileg edip başladym, Hudaý-da maňa bir pikir berdi.

Soňra ol maňa hökümet ygtyýarlyklarynyň ýanyna baryp, iň uly mätäçlikleriniň nämedigini sorapdyr. Olar ýangyn söndüriji gullugynda mätäçlikleriniň bardygyny aýdypdyrlar. Olara ýangyn söndürijer tüssäniň içinde görüp bilerleri ýaly ýörite maskalar gerek eken. Ýangyn wagty bolýan heläkçilikleriň köpüsi ýangyn zerarly däl-de, tüssä bogulýandyklary zerarly bolýandygyny aýdypdyrlar. Ýangyn söndürijeler üçin bolsa kynçylyk tüssesiniň juda goýy bolýanlygy zerarly bir ädim öňündäki zatlary hem görüp bilmeýänliginde eken. Şeýle maskalar ýangyn söndürijilere pidany görüp, oňa bada-bat kömek etmäge ýardam edip bilýärdi. Bu şäheriň uly mätäçligidi, ýöne şäheriň býujetinde muňa ýeterlik serişde ýokdy. Bir maskanyň bahasy ýigrimi bäş müň dollardy.

Indiki ýekşenbe güni ol münbere çykyp, Rimlilere hatyň 13-nji babyndan wagyz edipdir. Ol öz ýygnagyny hökümet ygtyýarlyklary baradaky zeýrençleri babatda olara söýgi bilen öwüt beripdir.

Ol öz ýygnagynyň agzalaryna bu adamlaryň Hudaýyň hyzmatçylarydygyny we imanlylaryň öz salgytlaryny tölezmezlik, hökümet liderelerini sylamazlyk

arkaly ýalkanyp bilmeýändigini aýdypdyr. Ol Mukaddes Ýazgylara görä berk binýadyň düýbüni tutandan soň şäheriň ýangyn söndürijileriň mätäçligini mälim edipdir. Çopan şähere gerekli maskalary satyn almaga kömek eder ýaly ýörite pul serişdelerini ýygnajakdygyny mälim edipdir. Ol öz ýygnagyna Rebbiň olara şäherde hyzmat etmäge bellän adamlaryna hormat bildirmegiň oňat usulydygyny aýdypdyr.

Ýygnak öz nädogry garaýşy babatda toba edip, ýigrimi bäş müň dollary sadaka ýygnapdyrlar. Çopan häkime jaň edip, şäheriň ähli liderlerini ýygnamagy haýyş edipdir, sebäbi olaryň maskalary satyn alyp bilmegi üçin ýygnagyň pul bermek isleýändigini aýdypdyr. Çopan öz liderleri bilen şäher häkimliginiň jaýyna baranlarynda, hormatlamanyň täsin alamatyny görmäge isleg bildirip, şol ýere ýygnanan döwlet emeldarlarynyň sanyna haýran galypdyrlar.

Çopan pul çeki bermezden ozal Rimlilere hatyň 13-nji babyndan bir parçany okap, onuň ýygnak agzalarynyň şäher ygtyýarlyklarynyň we işgärleriniň gadyryny bilip, olara Hudaýyň hyzmatkärleri hökmünde garaýandyklaryny aýdypdyr. Ol jemgyýeti gorap, oňa hyzmat etmek üçin bu adamlaryň edýän ähli işleri üçin minnetdarlyk bildiripdir. Döwlet emeldarlary ýygnagyň jomartlygyna we eden hormatyna haýran galypdyrlar. (Köp ýagdaýlarda sylag-hormat maliýe berimleri arkaly bildirilýär, sebäbi abraý – bu gymmatlykdyr. Biz öz pulumyzy dogrudan-da gymmatyny bilýän zatlarymyza sarp edýäris.)

Çopan sözüni dowam edip, şeýle diýdi: “Birnäçe aý geçenden soň täze binamyzyň açylyş we ony mukaddesleme dabarasy boldy. Oňa köp şäher gullukçylary we emeldarlary geldi. Olaryň köpüsi halas bolup, ýygnagymyza gatnamagy karar etdiler. Jon, biziň ýygnagymyzy köpelden, ine, şudur”.

Biz Isa Mesihiň şu sözlerini ýatda saklamaly: “Kim birini pygamberdigi üçin kabul etse, pygamberiň sylagyny alar”. Ol ýygnak liderleri barada aýdypdy, ýöne ruhy kanunlaryň ygtyýarlygyň beýleki çäkleriniň ählisine hem ýaýraýandygyny ýatdan çykarmaň. Netijede, biz şuny aýdyp bileris: “Kim birini raýat ygtyýarlygy üçin kabul etse, raýat ygtyýarlygynyň sylagyny alar”.

Olaryň sylagy nähili? Jogaby – jemgyýetiň, adamlaryň açary. Olar bizi obalarymyzyň şäherlerimiziň, welaýatlarymyzyň, ýurdumyzyň tebigy goragçylarydyr. Bu olara Hudaý tarapyndan berlen. Eger ähli ýygnak liderleri öz hökümetlerini tankytlap, salgyt tölemekden gaça durmaga derek,

hökümetlerini sylamakda birikseler, näçe jemagatlaryň we milletleriň ýüregi Hoş Habara açyk bolup biler?

## Abatlaýyş işleri

Meniň bir oňat dostum bar. Onuň ady Denni. Ol Awstraliýanyň Adelaida şäherinde uly ýygnagyň çopany. Geçen ýyl onuň konferensiýasynda wagyz edenimde, ol bolup geçen bir ajaýyp wakany gürrüň berdi. Ol ýygnagyň öňüne çykyp, öz şäherlerine hyzmat edýän we ony goraýan adamlary sylap-hormatlamak isleýändigini mälim edipdir. Köp oýlanmalardan we dileglerden soň, ol şol pursatda döwlet mekdepleriniň ulgamyny ösdürmekligiň uly mätäçlik bolup durýandygyny duýupdyr. Şonuň üçin-de, ol şäherdäki binasy we töwerek-daşyndaky meýdanyň dargap ýatan bir mekdebi tapypdyr. Ol şäheriň ygtyýarlyklaryna ýüz tutup, şenbe günleriň birinde şol ýere baryp, abatlaýyş işlerini geçirmäge rugsat sorapdyr. Olar höwes bilen razy bolupdyrlar.

Çopan şäheri hormatlap-sylajak bolşy baradaky görnüşini ýygnaga habar beripdir. Ol agaç ussalaryny we telekeçileri öz zehinleri bilen ýekeje gün hyzmat etmegi sorapdyr. Soňra ol ýygnagyň ähli agzalaryndan öz zähmetlerini bagyş etmeklerini sorapdyr. Birnäçe hepdäniň dowamynda ýygnagyň liderleri giňgerimleýin çäreleri gurapdyrlar. Olar mekdebi özgertmek üçin gerek materiallary we täze enjamlary satyn alypdyrlar.

Soňra ol maňa şol günüň wideoýazgysyny görkezdi. Agaç ussalary könelen we çüýrän agaçlary, döwük gurluşyk materiallaryny aýyrýardylar. Mekdepden köne şkaflar çykarylýardy we olaryň ýerine bütinleý täze şkaflar goýulýardy. Köp sanly adamlar zähmet çekýärdier: çäge daşaýardylar, ýelmeýärdiler, reňkleýärdiler. Men olaryň köne synp tagtalaryny täzelerine çalşyşyny, mekdepdäki enjamlary boýdan-başa täzeden oturdyşlaryny, mekdebiň töweregindäki meýdança täze ot düşeýişlerini, agaçlary, çalylary, gülleri ekişlerini gördüm. Olar maňa mekdebiň öňki we soňky suratyny görkezdi. Bu diýseň täsindi: ol bütinleý täze görünýärdi.

Ýygnak şähere höwes bilen hyzmat etdi. Hakykat üýtgewsizdir: muny asla oslamadyk adamlary sylap-hormatlanyňyzda, ýürek şatlykdan püre-pür bolýar. Olar Reb Isa Mesihiň hatyrasyna şähere hyzmat etmekleriniň netijesinde dörän göwnühoşlugy öz çeken zähmetleri üçin alan sylaglary bolup durýandygyny duýdular. Ýöne muňa garamazdan, olara has uly sylag

garaşýan eken. Awstraliýanyň premýer-ministri Jon Howard ýygnagyň şäher üçin edenlerini eşidip, şahsy minnetdarlygyny bildirmek üçin ýygnaga hut özüniň barjakdygyny mälim edipdir. Netijede bu ýygnak şäherde iň sylanylýan ýygnaga öwrülipdir. Olaryň şäherdäki, şeýle-de ýurtdaky abraýlary we ýetirýän täsirleri artypdyr.

Ýöne bu hem hemmesi däl! Çopan Danni mekdebi abatlaýyşlary baradaky wakasyny başga ýygnaklar bilen paýlaşyp başlandan soň, ýurda köpelme pursady ýetip geldi. Munuň netijesinde ýygnaklar öz taslamalaryny başladylar. Häzirki wagtda Awstraliýada, Angliýada, Şwesiýada, Singapurda we Malaýziýada 200-den gowrak mekdepler abatlanyldy.

Çopan Danniniň ýygnagy başlangyçlaryny dowam edip, ýerli aýallar türmesini abatlamaga başlapdyrlar. Şu taslamanyň dowamynda ýygnak Düzediş departamentiniň işgärleri bilen işçi gatnaşyklary ýola goýupdyrlar. Munuň netijesinde tussaglara “myhman günleri” bagyş edilipdir; şol günlerde olar ýygnaga gatnaşyp bilipdirler. Köp aýallar halas bolupdyr, olar üçin türmede ýygnak hyzmatlary geçirilýär.

## At-abraý

Siz şäherde oňat at-abraýyň näme üçin şeýle wajypdygy barada oýlanmagyňyz ahmal. Munuň jogaby sada. Birinjiden, bu Mukadees Ýazgylara görädir. Resul Pawlus ýygnak lideriniň “Biabraýlyga uçramaz ýaly we iblisiň duzagyna düşmez ýaly, ol ýygnagyň daşyndaky adamlaryň arasynda hem sylanylýan bolmalydyr” (1 Tim. 3:7) diýip aýdýar. Eger biziň ýygnakdan daşardaky abraýymyz erbet bolsa, Hoş Habara dil ýetirdigimiz bolýar, bu bolsa öz gezeginde Hoş Habaryň ýaýramygyna böwet bolup, şeýtanyň torundan başga zat däldir.

Iman etmedik bir rimli birinji asyryň mesihileri barada şeýle ýazýar: “Olar ýer ýüzündäki ömürlerini ýaşalar-da, gökleriň raýatlarydyr. Olar ýazylan kanunlara tabyn bolýarlar, ýöne şol bir wagtyň özünde-de öz durmuşlary bilen bu kanunlardan-da artyk gelýän oňat göreldäni görkezýärler” (Diogentusa hat, 5-nji bap).

Resullaryň işleri kitaby Iýerusalimdäki bu ýygnak baradaky ykrary tassyklap, şeýle diýýär: “(Ýygnakdan daşardaky) halk olara uly hormat goýýardy, olary öwýärdiler we ýokary baha berýärdiler” (Res. 5:13, AMPC, ýaýyň içindäki sözler awtoryňky). Şäheriň ilaty näme üçin olary şeýle sylap-

hormatlapdyrlar? Sebäbi Iýerusalimdäki ýygnak ýokary durmuş derejesine ýetipdi. Adamyň aňyny we durmuşyny Hudaýyň Şalygynyň derejeine çenli galdyrmak ukyby hakyky mukaddesligiň bir tarapydyr.

Kimdir biriniň: “Jon, eýsem biz raýat ygtyýarlyklaryna ýetmek üçin, oňşuklylyga ýol bermelimi?” – diýip soramagy ahmal. Elbetde, ýok! Ýahýa çümdüriji Hiroda onuň etmeişlerini ýüzüne aýtdy, sebäbi ol öz doganynyň aýaly bilen zyna edýärdi. Bu waka netijede onuň kellesiniň çapylmagyna sebäp boldy.

Men prezident Klinton bilen duşuşan hyzmatçyny tanaýaryn. Ol onuň we liderleriniň bigünä çagalaryň öldürilmegini (abortlary) kanunlaşdyrmagy dowam eden ýagdaýynda, onuň we milletiň üstüne abanjak höküm barada duýdurdy. Hyzmatçy muny prezidentde bu duýduryş üçin hormatly garaýşyň döräri ýaly tärde etdi. Bu edil Ýahýa çümdüriji Hirody paş edenden soň, oňa hormatynyň peýda bolşy ýalydyr.

Hirod patyşa Ýahýadan pygamberden gorkuşy ýaly gorkýardy. Köp adamlar hökümet ygtyýarlyklaryň ýanyna gopbamsyrap, tankytlap we ýazgarmak bilen gelýärler – bularyň bary sylag-hormatdan uzakdyr. Şadrak, Meýşak we Abednego patyşanyň butparazlygyna garşy çykýandyklaryna garamazdan, onuň bilen örän sylaşykly gürleşdiller.

## Gapma-garşylyk

Meniň aýalym bir düýş gördi, ol asla ýadymdan çykmaz. Bu Klintonyň prezident bolan döwründe bolupdy. Bir gün gije ýatyrkam, aýalym titräp, meni oýardy. Ol: “Jon, men bir düýş gördüm, men ony saňa aýdyp bermeli” diýdi (Hudaý köplenç Liza düýşler arkaly gürleýär).

Ol düýşüni gürrüň berip başlady: “Ikimiz wagyzçynyň wagzyny diňläp, ullakan auditoriýada otyrys. Bu hyzmatçynyň kimdigini men bilemok, ýöne ol mesihileriň arasynda örän tanymal biridi. Ol prezident Klintona garşy wagyz edýärdi. Ol onuň nähili ýamandygyny köpden-köp gürrüň bermäge durdy. Diňleýjileriň köpüsi onuň aýdýanlaryny goldap, höwes bilen ‘omyn’ diýip gygyrýardylar. Biz bolsa ikimiz özümizi örän oňaýsyz duýýardyk”.

Ol sözüni dowam etdi: “Soňra men kölege düşüp duran ýerden bir adamyň turup, uly zalyň çykalgasyna tarap ýönelendigini gördüm. Men onuň yzyna düşüp gitmelidigimi duýdum. Men binanyň foýesine çykanymda, ol adam yzyna öwrülip, maňa seretdi. Bu prezident Klintondy. Onuň ýüregi

synykdy, hasratdan we gynançdan doludy, soňra ol gözden gaýyp boldy”.

Soňra Liza şeýle diýdi: “Jon, men düýşümde onuň ýygnaga kömek we goldaw almaga gelendigini bilýärdim. Ýöne ýygnak ony hakyky söýgüden we rehim-şepagatdan mahrum edip, ony äsgermediler. Hudaý maňa ony özüne we millete gerek zatdan ýüz öwürmäge mejbur edip, onuň ýüregini gatadýandygymyzy görkezdi”.

Geliň, onuň düýşüni meniň bir dost çopanymyň garaýşy bilen deňeşdireliň; bu dostum Günbatar Amerikadaky uly ýygnagyň çopany. Mundan başga-da, ol ýurdumyzyň paýtagtynda ýerleşýän Milli dilegler merkezine ýolbaşçylyk edýär. Hudaý onuň ýüregine Senata, Hökümet Mejlisine we Waşingtondaky beýleki guramalara hyzmat etmekligi saldy. Ol Waşingtonda, Kolumbiýa okrugynda ýylda azyndan 22 hepdesini geçirýär, ýöne muňa garamazdan, onuň birnäçe müň adamdan ybarat ýygnagy ösmegini dowam edýär.

Günleriň birinde ol maňa şeýle diýdi: “Jon, men bu liderleriň bary bilen ýeke-täk bir sebäbe görä duşuşýaryn: men olara edýän işleri üçin minnetdardygymyzy we olar üçin dileg edip bilýändigimi aýdýaryn”.

Ol ýygnaklara gelýän hökümet wekilleri bilen nähili gürleşmelidigi barada ýygnagyň çopanlaryna we liderlerine ýygy-ýygydan öwüt bermeli bolýandygyny maňa gürrüň berdi. Olar hökümet wekilleri bilen duşuşmazyndan öň, ol olaryň ygtyýarlyklara bolan tankydy garaýşyny üýtgetmeli bolýar, sebäbi çopanlar döwlet liderlerini liberal hasaplaýarlar, bu bolsa olaryň gözüni “gapyp”, Hudaýyň olary sylap, olar üçin dileg etmelidigi baradaky aýdýanlaryny unutdyrýar.

Soňra ol maňa ýygnakdaky adamlaryň köplenç liderleriň mylaýymlygyna we açyklygyna haýran galýandygyny gürrüň berdi. Bularyň bary ýygnak toparlarynyň olardan bir zat dilemek ýa-da aňlaryna täsir etmek üçin däl-de, olara sylag-hormatlaryny bildirmek üçin gelýändigi sebäpli bolýardy. Men onuň maňa gürrüň beren iki şaýatlygyny siziň bilen paýlaşasym gelýär. Olary okanyňyzda, gaýrat edip, gürrüňi ediljek iki lideriň-de örän liberal hasaplanýandygyna düşüneweriň.

Şu duşuşyga çenli men bu kongresmen bilen birnäçe gezek görşüpdim. Bu gezek ýanymda uniwersitet ýaşlaryndaky sazandalaryň bir topary bardy. Kongresmen onuň işgärleri bilen duşuşyp bilmegimiz üçin, bizi öz iş otagyna çagyrdy. Biziň söhbetdeşligimiz adaty tärde başlady. Biz kongresmene welaýatdaky we ýurtdaky adamlara sadyk hyzmaty üçin minnetdarlyk bildirdik.

Soňra ol özüniň käbir pikirlerini biziň bilen paýlaşdy we bize birnäçe soraglary berdi.

Şondan soň men nagmalar aýdyp, onuň üçin dileg edip bolýanlygyny ýa bolmaýanlygyny soradym. Ol höwes bilen razylaşdy.

Nagma aýdyp başlanymyzda, otagyň Hudaýyň huzuryndan dolýandygyny duýduk we soňra otagdaky adamlaryň gözlerine ýaş aýlandy. Biz watansöýüjilik we hoş habar nagmalaryny aýdyp bolanymyzdan soň, dileg etdik. Ol şeýle bir güýçli boldy welin, hatda ol tamamlanandan soň hem hiç kim, şol sanda kongresmen-de gürläp bilmedi.

Ahyrda ol maňa garady-da, öz duýýan zatlaryny düşündirjek boldy. Ýöne bu oňa başartmady. Ahyrda ol maňa şeýle diýdi: “Çopan, bilýäňizmi, öýümde iki ýaş çagam bar. Men olary ýygnaga eltmeli, şeýle dälmi?”

Şeýle diýmek bilen, ol biziň gelendigimiz üçin çuňňur minnetdarlygyny bildirdi.

Meniň bilen paýlaşan şaýatlyklarynyň beýlekisi bolsa, ine, şeýledir.

Kongresmenleriň ýene biri bilen onuň ofisine birinji gezek baranymda tanşypdym. Şol gezek biz ýygnakda dileg edýänleriň topary we olaryň çopanlary – jemi on bäş adam bolup barypdyk. Biz ýygnak topary bolup, Milli dileg merkeziniň wekilleri hökmünde bardyk, ol biziň näme isleýändigimizi bilmänsoň, özüni ynamsyz duýýandygyny hereketlerinden aňdym.

Ýöne ol örän mylakatly bolup, bize nädip ýardam berip bilýändigini sorady. Men haýsydyr bir zady dilemäge däl-de, eýsem oňa öz ýurdumyz üçin edýän hyzmaty üçin minnetdarlyk bildirmäge we dileg etmäge gelendigimizi aýtdym.

Ol öz kürsüsinde rahatlandy-da: “Bu meniň üçin peşgeş” diýdi. Soňra ol bize adamlaryň her gün onuň iş otagyna gelip, pul dilänlerinde nähili duýgulary başdan geçirýändigini gürrüň berdi. Ol öz iş otagynyň agzynda sanly displeý ýerleşdiripdir; ol şol günüň dowamynda soralan puly umumy mukdara goşýan eken. Şondan soň ol bize tarap öwrüldi-de, şeýle diýdi: “Ýöne siz welin bu gün maňa bermek üçin geldiňiz. Beýle zat asla bolmandy”.

Soňra biz onuň üçin dileg etdik. Biz dileg edip bolanymyzdan soň, ol: “Siz meniň işgärlerim üçin-de dileg edip bilersiňizmi?” diýip sorady. Ol öz işgärlerini ýygnandan soň biz olar üçin hem dileg etdik.

Soňra ol öz sagadynda seretdi-de, şeýle diýdi: “Meniň edil şu wagt bir duşuşygym goýbolsun edildi. Kapitoliýa bile aýlanyp, ony size görkezsem, garşy

bolmarsyňyzmy?” (Bu kongresmeniň wezipesine degişli däl, muny adatça internler ýa-da aşaky derejedäki işgärler edýärler).

Biz Kapitoliniň binasyna bir ýarym sagatlap aýlandyk. Biz tanatgyç kartoçkalarymyzy alşyp-berşenimizden soň, ygtyýarlyk wekili gitdi.

Takmynan iki hepde geçenden soň men şol ýygnagyň çopanyndan akyla sygmajak we şol bir wagtyň özünde-de örän begendiriji bir jaňyny aldym. Ol maňa şol kongresmeniň jaň edip, ýetip gelýän ýekşenbe güni onuň ýygnagyna baryp bolýandygyny sorapdyr. Biz onuň bilen özüni nähili alyp barmalydygy barada gürleşdik. Ýekşenbe güni kongresmen öz aýaly we ofis başlygy bilen barypdyr.

Sežde hyzmaty tamamlanansoň, çopan ýygnagy kongresmen we onuň aýaly bilen tanyş edip, olara söz beripdir. Soňra olar onuň we aýaly üçin dileg edipdiler; bu aýalyna diýseň ýarapdyr. Bularyň bary kongresmene hormat bildirilip, iş otagynda dileg edilmeginiň netijesinde bolupdy.

Meniň çopan dostumyň şeýle wakalary diýseň köp. Indi siz şeýle sorap bilýäňiz: “Jon, biz öz liderlerimize hakykaty ýetirmelimi?” Hawa, edil Ýahýa çümdürijiniň we prezident Klintona duýduryş beren hyzmatçynyň edişi ýaly, bizden ozal eden we soňra hem etjek başga hyzmatçylaryň edişi ýaly etmeli. Emma ýygnak liderlerimiz tarapyndan Isa Mesihiň söýgüsinde we rehim-şepagatynda ýaşaýan we olaryň ygtyýarlygyna hakyky hormat goýýan ýygnak hökmünde kabul edilmese, olar biziň sözlerimizi diňlemezler. Biz hakykaty aýtmaly, ýöne ol söýgi bilen, Rebden gorkmaklyk bilen aýdylmaly.

Hudaýyň Öz hyzmatkärlerini güýçli söz bilen raýat liderlerine iberjek döwürleri geler. Bu edil Köne Äht döwründäki pygamberleriň patyşalaryň ýanyna iberilişi ýaly bolar. Biz öýde, aşhanada, öý toparlarynda we ýygnakda üýşenimizde öz liderlerimizi tankytlanymyzda we şeýle edýänleri goldamyzda näme gowulyk bar? Bu barypýatan gybatkeşlik ahyryn. Biz gizlinlikde aýdýan zatlarymyzy liderlerimiziň öňünde söýgüden doly ýürek we hormat bilen aýtmaga taýyn bolmaly. Eger bu şeýle edilmeýän bolsa, onda bu ruhumyzy zäherlär we barybir liderlerimiziň huzurynda aýan bolar.

## Patyşany hormatlamak

Resul Petrusyň sözlerine gulak goýuň: “Hudaýdan gorkuň, patyşany sylaň” (1 Pet. 2:17).

Petrus şeýle diýýär: “Eger siz Hudaýyň ygtyýarlyk beren liderini görüp-

de, ony sylamaýan bolsaňyz, neneň edip göze görünmeýän Rebden gorkýandygyňyzy diýmäge diliňiz barýar?”. Eger biz Hudaýdan gorkýan bolsak, islendik lideri – raýat, jemgyýet, maşgala ýa ýygnak lideri – tapawudy ýok, ählisini hormatlarys.

Men geçen bapda agzap geçişim ýaly, biz Amerikada lidere: “Ilki meniň hormatymy gazanyň, onsoň men size tabyn bolaryn” diýýäris. Emma Rebden gorkmaklyk welin şeýle diýýär: “Men seniň üstüňde Hudaýyň beren ygtyýarlygyny görýärin. Şoňa görä-de, men seni eýýäm sylaýaryn we hormatlaýaryn”.

Men Petrusyň haýsy patyşa barada aýdýandygyny bilmek üçin, kiçiräk derňew işini geçirdim. Mukaddes Ýazgylaryň bölekleýin teswirlemesi, elbetde, ýok; ol öz ýurdumyzyň liderini şu günki günde hormatlamygymyz üçin wagt araçäginden imanlylaryň ählisine ýüzlenýär. Ýöne her nähili bolsa-da, Petrusyň aýdýany Hirod Agrippa I patyşady, ol barypýatan parahor we diňe özüni bilýän liderdi.

Ol biziň eýýämymyzyň 37-nji ýylynda Isa Mesih direlenden soň tagta çykýar. Ol muny diýseň başarjaňlyk we mekirlik bilen amala aşyrýar. Ol özüni tagta çykarjak ýagdaýlaryň her birini öňdengörüjilik bilen hasaplap hereket edýärdi. Rim imperatory Kaligula aradan çykandan soň, Hirod syýasy sapalaklar bilen Klawdä rim tagtyna çykmaga kömek edýär. Klawdiý rim tagtyna çykandan soň, ony bu hereketleri üçin sylaglap, Agrippanyň ygtyýarlyk wezipesini berkidip, onuň golastyna Ýahuda we Samarýa ýurtlaryny hem berýär. Ol hem öz atasy Beýik Hirod kimin şeýle uly döwletiň hökümdary bolýar.

Hirod Agrippa I öz hökmürowanlyk süren döwründe ýahuda we mesihi dininiň arasyndaky göreşde haýsy hem biriniň tarapyny tutmalydy. Ol ikirjiňlenmän, mesihileri yzarlaýjylaryň wezipesini öz üstüne alýar. Biz Täze Ähtde şuny okaýarys: “Şol wagtlar Hirod patyşa ýygnagyň käbir agzalaryny yzarlap, olara sütem etmäge başlady. Ol Ýohannanyň dogany Ýakuby gylyç bilen öldürtdi. Ol munuň ýahudylaryň göwnünden turandygyny görüp, soňra Petrusy-da tussag etdi” (Res. 12:1-3). Bu hökümdar imanlylar babatda zabundy, sebäbi bu onuň syýasy maksatlary üçin peýdalydy we ýahudylaryň bähbidini araýardy. Ol Ýakuby – Isa Mesihiň iň ýakyn üç resulynyň birini öldürmek bilen, Petrusy hem öldürmekçi boldy.

Petrusy öldürmek niýeti ýygnagyň dilegleri we tabynlygy arkaly başa barmady (Res. 12:5-19). Petrusyň halas bolmagy imanlylary berkitdi. Olaryň

tabyn bolmagynyň netijesinde berlen sylagy Mukaddes Ýazgylardan görýäris: “Hudaýyň Hoş Habary bolsa barha ýaýbaňlanyp, imanlylaryň sany günsaýyn artýardy” (24-nji aýat).

Mukaddesleriň dyngysyz dilegleri we ygtyýarlyga hormat goýmakdaky tabynlygy wakalaryň ýaýbaňlanmagyna düýpli täsir etdi. Okamagy dowam edenimizde, biz bellenen gün Hirod Agrippanyň patyşalyk lybasyny geýip, tagtynda oturandygyny we halka ýüzlenip, söz sözländigini görýäris. Şonda adatdan daşary bir ýagdaý boldy: “Halk hem: ‘Bu ynsan sesi däl-de, bir hudaýyň sesidir!’ diýip gygyryşdy. Şobada Rebbiň bir perişdesi Hirodesi jezalandyrdy, sebäbi ol Hudaýy şöhratlandyrmandy. Şeýdip, onuň endam-jany gurtlap öldi” (Res. 12:22, 23).

Höküm ýetip geldi, ýöne Hudaýyň adamlaryndan däl-de, Hudaýyň gylyjyndan geldi. Reb ygtyýarlyklaryň üstünden höküm çykarýan Biribardyr. Bize liderler üçin dileg edip, olary sylamalydygymyz barada aýdylan. Eger höküm etme mätäçligi bar bolsa, Hudaý onuň üçin ýer taýynlamalydygyny aýdýar. Biz dileg etmekden we liderlere hormat goýmakdan boýun towlanymyzda, Onuň adalatly kazylyk baradaky wadalaryna böwet bolýarys. Şonuň üçin-de, aslynda, biz ýurdumyzyň we jemgyýetimiziň mätäç bolan zadyny – Hudaýyň orta çykmaklygyny uzaklaşdyrýarys.

## Biziň günlerimizden mysal

Hut şeýle waka biziň günlerimizde Nigeriýada hem bolup geçdi. Sani Abaça atly ýowuz lider 1993-nji ýylda hökümet başyna gelýär. Ol muny umumy saýlawlaryň netijesini ýatyryp, saýlawda ýeňen diýip hasaplanylan Mashuda Abioly tussag etmek arkaly amala aşyrýar. Şondan soň ol demokratik liderleriň köpüsine ölüm jezasyny berip, öz diktatorlyk dolandyryşyny gan dökmeklikden başlaýar. Onuň ýolbaşçylyk süren döwründe bigünä adamlaryň ençemesi öldürilýär. Hut şol döwürde-de takmynan üç million dollar onuň Ýewropadaky bank hasabyna geçirilýär.

Meniň ýakyn dostum Mark Nigeriýa ýygy-ýygydan syýahat edýär. Ol Nigeriýadaky iki lider çopan – I.A. Adeboýi we diýseň ägirt mesihilik hereketine jogap berýän ýepiskop Dawid Oýedepo dagy bilen dostlaşdy. Olaryň her aýda geçirýän dilegler ýygnanyşygyna adatça bir million imanly gatnaşýar. Olar ýylda iki gezek aýratyn dilegler ýygnanyşygyny geçirýärler, oňa iki million imanly gatnaşýar.

Meniň dostum we bu ýurda ýygy-ýygydan barýan tanyşlarym Nigeriýadyky imanlylaryň öz raýat ygtyýarlyklaryny sylap, çuňňur hormat goýýandyklaryny gürrüň berýärler. Beýleki tarapdan bolsa, olar öz liderleri we ýurtlarynda adalatlylygyň mesgen tutmagy üçin yhlasly dileg edýärler.

Mark çopan her aýda geçirilýän dileg wagty - 1998-nji ýylyň başynda ýurduň demirgazyk böleginden bolup, giňden tanalýan nigeriýaly çopanlaryň üçünjisi Emmanuel Kure bir bölek bulutlary we olaryň içindäki eli äpet gylyçly iki perişdäniň gözüne görnendigini maňa gürrüň berdi. Hudaý oňa Abaçiniň gününiň sanalgydygyny görkezipdir; aslynda, ol munuň üç aýyň dowamynda boljakdygyny pygamberlik edipdir. Eger ol toba gelmese, günäsi asla geçilmez.

Emmanuel Kuräniň sözleri prezidentiň gulagyna ýetipdir. Şonuň üçin-de Abaça “parahatlyk teklibini” – pygamberligi başga tarapa sowmak umydy bilen uly mukdarda pul iberipdir. Kure çopan: “Abaçiniň pisligi saňa geçmez ýaly, onuň puluna eliňi degräýme” diýip Rebbiň özüne aýdanlaryny Mark bilen paýlaşypdyr. Soňra çopan toba edip, Rebbe tarap öwrülmelidigi baradaky sözi prezidente iberipdir.

Perzident Abaçi bilen gürleşeri ýaly, Hudaý dileg ýygnaklaryny geçirýän çopan I.A. Adeboya gapyny açypdyr. Çopan prezidente duýduryş berip, eger ol toba gelmese, ölüm sebäpli öz wezipesinden çykaryljakdygyny aýdypdyr. 1998-nji ýylyň iýun aýynda geçirilen uly dileg ýygnagy wagtynda, Kure çopan perişdeler görenenden üç aý soň, ýygnagy alyp barýan Adeboýi çopan adamlara birek-biregine “Täze ýyl gutlaglary” bilen ýüzlenmeklerini sorapdyr. Ýygnakdaky adamlar biraz aljyrapdyrlar. Ýöne ol boýunturygyň synandygyny we adamlaryň köçelerde tans oýnajakdygyny aýdypdyr.

Onuň aýdanlaryndan ýigrimi dört sagat geçip-geçmänkä, prezident ýürek agyrysyndan tarpa-taýyn aradan çykýar. Men (internet) habarlarynda şuny okadym: BBC döwlet radioýaýlymynyň ýerli täzeliklerden alan habarlaryna görä, Nigeriýanyň halky şäheriň köçelerinde diktatoryň ölümini toý-baýram edip belleýärler”. Dileg ýygnagyna gatnaşan adamlar Adeboýäniň hökmürowanlyk boýuntyrygy barada aýdandygyna düşünip galdylar.

Şu kitabyň ýazylyp oturan döwründe Nigeriýanyň prezidentiniň apparatynda mesihi işleýär; ol ýurduň iki baş çopanyny öz ruhy lideri diýip hasaplaýar. Ýurt Hudaýyň beýik galkynyşyny başdan geçirýär. Abaçiniň hüküm süren döwründe hoş habarçy Reýhard Bonka ýurda girmek gadagandy. Ol aradan çykandan soň, täze prezident Olusegun Obasanýo Reýhardy öz

inaugurasiýasyna çagyrdy. Şol pursatdan başlap prezident oňa öz ýurdunyň gapyny gaýtadan açdy.

Reýhard Bokäniň birinji kruseýdi 1999-njy ýylyň oktýabrynda geçirildi. 2006-njy ýylyň oktýabrynda onuň Nigeriýadaky kruseýdinde kyrk iki million adam Isa Mesihi öz Rebbi we Halasgäri edip kabul edendigi barada ýazgy edilipdir. Bu doldurylan kartoçkalar arkaly tassyklanylýar. Maňa muny Rebhard Bonkäniň hyzmatynda ýerine ýetiriji direktorynyň wezipesinde işleýän dostum aýdyp berdi.

2000-nji ýylda Nigeriýanyň ilaty 123 337 822 adamdan ybaratdy. Kyrk iki million aslynda tutuş ýurduň ilatynyň üçden bir bölegi ahyryn! Bu Nigeriýada 1999-njy ýyldän bäri çopanlaryň, beýleki hoş habarçylaryň we imanlylarynyň çeken zähmetleriniň miwesidir (belläp geçmeli gyzykly zat – tutuş Afrikan kontinentiniň ilatynyň dörtden bir bölegi Nigeriýada ýaşaýar). Men muňa täsin jan hasyly diýerdim. Hirodyň ölüminden soň nämeleriň bolandygyny barada Mukaddes Ýazgylaryň aýdýanlaryny ýada salyň: “Hudaýyň Hoş Habary bolsa barha ýaýbaňlanyp, imanlylaryň sany günsaýyn artýardy” (Res. 12:24). Ol näme sebäpden öldi? Birinjiden, Rebbiň gorkusynda (ol öz içine liderlere gulak asmaklygy hem alýar) gezýän mukaddesler sebäpli we, ikinjiden, dileg edýän ýygnak sebäpli öldi.

Hudaýyň halky hökümet başynda duranlary hormatlap, olar üçin dileg edende we Rebbiň Sözüne gulak asyp gezende, Hudaýyň Ruhunyň öz obalarymyza, şäherlerimize we halkymyza dökülýändigini görýäris. Onsoň biz näme üçin muny gijikdirýäris?

# 8

# Jemgyýetçilik liderlerini sylamak

> Hudaýyň adyna we öwredýän taglymatymyza dil ýetmez ýaly, gulçulyk boýuntyrygy astyndakylaryň bary öz hojaýynlaryny hormata mynasyp saýsyn.
>
> – 1 Tim. 6:1

Pawlus bu aýatda jemgyýetçilik ygtyýarlyklaryna ýüzlenýär. Bu bizi hakyna tutýan adamlara, başlyklarymyza, mugallymlarymyza, tälimçilerimize we başgalara degişlidir. Ozal belläp geçişim ýaly, häzirki günde bu jümle şeýle ýaňlanardy: “Hakyna tutulan işgärler öz ýolbaşçylaryny ýa başlyklaryny hormata mynasyp saýsyn” ýa-da: ”Bilim alýan talyplaryň, okuwçylaryň ählisi öz mugallymlaryny hormata mynasyp saýsyn”. Bu tälimçiler bilen türgenleriň we jemgyýetde bir adamyň başga adama tabyn bolmaklygy göz öňüne tutýan gatnaşyklaryň islendigine degişlidir.

Üns beriň, Pawlus Hudaýyň adyna we Hoş Habaryň taglymatyna “dil ýetmez ýaly”, jemgyýetçilik ygtyýarlyklaryny sylamalydygymyzy aýdýar. Mukaddes Kitabyň AMPC terjimesinde: “Hudaýyň adyny we (Ol baradaky) taglymatyny *abraýdan düşürip*, adyna *ysnat getirmez* ýaly” diýip aýdylýar (nygtama awtoryňky). Abraýdan düşmek “jemgyýetdäki erbet garaýyş, sylag-hormatyň bütinleý bolmazlygyny” aňladýar. Ysnat “Hudaýy we mukaddes zatlary sylamazlyk, gödeklik bilen garamak” diýmegi aňladýar.

Ähli sözleri bir ýere jemläp, biz şuňa aýdyň aň ýetirip bileris: eger biz imanlylar hökmünde özümizi hakyna tutan adamary, mugallymlary ýa-da

beýleki jemgyýetçilik liderleri sylap-hormatlamasak, onda jemgyýetde hiç kimiň Hudaýyň Şalygyny sylamajakdygyny göreris; biz öz hereketlerimiz bilen Hudaýa we mukaddes zatlarymyza hormatsyz garalmagyna sebäp bolarys.

Jemgyýet nädip Hudaýa we mukaddes zatlara hormatsyz garap biler? Mekdepdäki dilegleri gadagan etdiler, On Tabşyryk ýazylan plakatlary kazyýet otaglaryndan çykardylar, häzirki döwürdäki şagalaňly çäreleriň aglaba bölegi ýürekbulaýjy we utançsyz; sazlaryň aglabasy Hudaýyň mertebesini peseldýär; biziň bilim ulgamymyz ýaradylyşa ynanýan adamlary kemter saýýar we hatda olary ylmyň ösüşine howp salýanlar diýip hasaplaýar; bu sanawy tükeniksiz dowam edibermeli. Biz imanlylar hökmünde jemgyýetçilik ygtyýarlyklara hormat bildirmänimiz, olaryň gadyryny bilmänimiz zerarly jemgyýetimiziň wyždansyz hereketlerine sebäp bolan bolaýmaly? Pawlusyň ýokarda mysal getirilen sözlerine görä, hakykatdan hormatlamagy bes edenimizde, hut şeýle zatlar bolýandyr.

## Hoş Habar ýaramaz tärde görkezilende...

Men bu mowzukdan köp mysal getirip bilerdim, ýöne olardan diňe birini gürrüň bereýin. Bu waka birnäçe ýyl mundan ozal bolup, ol Pawlusyň sözlerini diýseň aýdyň suratlandyrýar. Men uly şäherleriň birinden uçarda uçup barýardym. Meniň şol döwürdäki iş tertibim örän meşgul bolany üçin, men birinji klas bölüminde uçup barýardym. Meniň gapdalymda oturan geýnüwli telekeçi elindäki garylan içgisini howlukman owurtlap otyrdy. Men onuň bilen tanşyp, Hoş Habary paýlaşmak islegini duýamsoň, söhbetdeşlige başladym. Biziň gürrüňimiz alşyp gitdi, biz dürli pikirler, maglumatlar barada gürrüň etdik. Biziň pikrilermiziň umumylygy köp diýse-de bolýardy, biz örän çalt dostlaşdyk.

Men onuň äheňinden ýolbaşçy wezipede işleýändigine bada-bat düşündim. Men onuň näme bilen meşgullanýandygyny soranymda, ol şäherdäki ululygy boýunça ikinji orunda duran taksomotor kompaniýasynyň eýesidigini mälim etdi. Soňra men gürrüňi onuň kompaniýa nähili ýolbaşçylyk edýändigine gönükdirdim. Onuň işi barada gürrüň edenimizden soň, ol meniň näme bilen meşgullanýandygymy sorady. Men Hoş Habaryň hyzmatçysy hökmünde Reb üçin işleýändigimi” aýtdym.

Onuň mähirli ýüzi şobada mähremligini ýitirip, doňňara daşa döndi. Ol bir zatlar samyrdady-da, aňyrsyna öwrüldi. Men muňa birhili boldum. Ýaňyja mylaýym dostlukly söhbetdeşlik edip oturan adam birdenkä meni tanamak islemeýän ýaly keşbe girdi-de oturyberdi. Emma biziň gürrüňimiz şol pursada

çenli örän oňat bolupdy we men ony dowam edip bolýandygyny bilýärdim. Şonuň üçin-de, men dostlukly äheňde: “Meniň jogabym göwnüňize degdimi? Näme boldy?” diýip soradym.

Ol maňa tarap öwrüldi-de, çynlakaý äheňde şeýle diýdi: “Bilýäňizmi, siz näme üçindir göwnüme ýaraýarsyňyz, şonuň üçin-de men size hyzmatçylar bilen-de, mesihiler bilen-de gatnaşmak islemeýändigimiň sebäbi aýdyp bereýin”.

Men muny diýseň bilesim geldi.

Ol gürrüňe başlap, şeýle diýdi: “Meniň bir işgärim bardy. Ol “ýokardan doglan” diýilýänlerdendi. Ol uzakly gün işde meniň beýleki işgärlerime wagyz edip, olaryň-da “halas bolmalydygyny” aýdýardy. Ol öz işini başarmadan-a geçen, gaýtam beýlekilere hem işlemäge päsgel berýärdi.

Ahyrda ol işden çykdy we kompaniýanyň birnäçe zadyny ýany bilen äkitdi. Mundan başga-da, ol Germaniýadaky ogly bilen halkara telefon jaňlary üçin sekiz müň dollarlyk bergisini tölemän gitdi. (Bu waka togsanynjy ýyllaryň ortalarynda bolupdy, şol döwürde halkara jaňlary örän gymmatdy).

Men näme diýjegimi bilmän, dilim tutulan ýaly boldy. Şol kompaniýadaky adamlara indi Hudaýyň Sözüni kabul etmek örän kyn bolar, sebäbi ol aýal öz hereketleri bilen Oňa ysnat getirdi. Ol öz işine ýerine ýetirmäge derek wagyz edip we şeýle erbet ogurlygy edip, ne öz başlygyny, ne-de kompaniýanyň işgärlerini sylapdyr. Aslynda ol iň ynamdar we göreldeli işgär bolmalydy. Hut şu sebäpdenem Pawlus ähli işgärlere şeýle diýýär:

> Gullara öz hojaýynlaryna her zatda tabyn bolmagy we olaryň göwnünden turmagy ünde. Olar hojaýynlara dil gaýtarmasynlar, garşy çykmasynlar, hatda gymmat däl zatlary-da ogurlamasynlar, gaýtam her zatda örän wepaly bolsunlar; goý, olara ylanyp we bil baglap bolýandygyny subut etsinler. Şeýdip, olar Halasgärimiz Hudaýyň taglymatynyň her jähtden ajaýypdygyny tassyklarlar.
>
> – Tit. 2:9-10 (AMPC)

Bu aýal öz wagyz edýän zatlaryny biabraý edip, olary şübhe astyna salypdyr ahyryn. (Biziň hereketlerimiz sözlerimizden has batly gygyrýandyr). Ol Hoş Habara gyýyk göz bilen garalmagyna sebäp bolupdyr. Eger ol Hudaýyň Sözüne laýyklykda hereket edip, öz başlygyna hormat goýan bolsa, öz işine-de başgaça garardy. Hormat-sylag – bu gadyryny bilmek, tabyn bolmak we gymmat bir zada kimin çemeleşmek. Eger onuň ýüreginde sylag-hormat bolan bolsa, onuň

garaýşy bilen hereketleri-de bütinleý başgaça bolardy. Şonda ol öz işini ýüzugra iň oňat tärde ýerine ýetirip, öz dogruçyllygy bilen Hoş Habaryň ýaýramygyna ýardam bererdi.

Kompaniýanyň eýesi bilen eden gürrüňimiziň galan bölegini men şol aýalyň hereketleri üçin ötünç soramaga sarp etdim. Ol meni diňleýärdi, ýöne şonda-da sözlerimiň oňa o diýen ýeňňiligi bermeýändigi görünýärdi. Ýetirilen zyýan diýseň düýplüdi we ony düzetmek juda kyndy. Bu biziň galan söhbetdeşligimize täsir etdi.

Birnäçe ýyl geçenden soň men bu wakany ýygnakda wagyzlarymyň birinde gürrüň berdim. Biziň maliýe hyzmatdaşlarymyzyň biri bu wagzyň ses ýazgysyny diskde eşidip, biziň hyzmatymyza haýyş bilen ýüz tutupdyr. Ol şol adamyň kompaniýasyny we salgysyny sorapdyr. Onuň şol adama ötünç hatyny ýazyp, Hudaýyň söýgüsiniň şaýatlygy hökmünde oňa sekiz müň dollarlyk çeki iberesi gelipdir.

Men muňa diýseň begenip, zyýan çeken kompaniýanyň eýesini tapmak we oňa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin bu işi öz elime aldym. Gözlegiň dowamynda men bu telekeçiniň ýarym ýyl ozal ýüregagyrydan ýogalandygyny bildim. Bu meniň üçin ýene bir urgy boldy. Men onuň uçarda aýdan şol sözlerimi eşidip-eşitmänligi barada oýlandym; ýone, dogrusy, men Hoş Habary onuň bilen paýlaşmagyň hiç ugruny tapyp bilmedim, sebäbi onuň ruhy şol derejede ýapykdy. Men ýöne başga bir hyzmatçynyň oňa duşup, onuň ýüregine ýetip biler diýip umyt edýärdim. Men onuň *Isa Mesih arkaly Hudaý bilen ýaraşyp-ýaraşmandygy barada* diýseň köp oýlanyp gezdim. Men şeýle zadyň öňki işgäriniň etmişlerinden soň dogrudan-da gudrat bolardygyny düşünýärdim.

Eger onuň işgäri ony we kompaniýasyny sylan bolsa, onuň bilen şol gezek uçarda Hoş Habary paýlaşmak, gör, nähili aňsat bolardy. Ol ony aňsat kabul ederdi. Näme üçin? Ol şeýle diýerdi: “Jon, men seniň näme diýjek bolýandygyňa düşünýärin. Meniň iň oňat işgärlerim mesihidiler. Meniň durmuşym bulam-bujar. Men özüme baky ýaşaýşy berjek Isa Mesihe mätäç. Hawa, men seniň bilen dileg edesim gelýär”.

Başga bir tarapdan bolsa men iman etmeýän başlyklaryň öz işgärlerinde hakyky mesihiligi görüşlerini eşidýärin; bu olaryň wagyzlaryndan däl-de, kyn ýagdaýlarda we işdäki hereketlerinde Isa Mesihiň häsiýetlerini görkezişlerinden belli bolýandygyny aýdyp berýärler. Olar maňa şeýle zatlary aýdýardylar: “Bu işgärler beýlekilerden has gowy işleýärler”, “Olar iň dogruçyl we ynamly işgärlerim”,“Olar hiç haçan jedelleşmeýärler, zeýrenmeýärler ýa dil gaýtarmaýarlar”.

Bu işgärlere şol aýal ýaly işlemezlige näme ýardam berýär? Munuň jogaby aňsat: olarda Rebden gorkmaklyk bar, şeýle gorky ýüreklerimizde Hudaýyň söýýänlerine, aladasyny edýänlerine bolan hakyky söýgini döredýär.

## Okuw otagynda

Men köp ýyllaryň dowamynda imanlylaryň öz hereketleri – hormat bildirip ýa bildirmezlik arklay Hoş Habar babatda oňat ýa ýaramaz täsir galdyryşlary baradaky dürli wakalary eşidip gelýärin. Men talyp döwrümde bularyň ikisiniňde şaýady bolupdym.

Men Isa Mesihi Rebbim hökmünde Perdýu uniwersitetinde okap ýören döwrümde kabul edipdim. Men katolik maşgalasynda önüp-ösüpdim, ýygnaga yzygiderli gatnaşýardym, ýöne şonda-da gutulyşa örän mätäçdim. Bir talybyň ünsümi çekişi ýadyma düşýär. Birinjiden, men önüň söýgüden doludygyny, ýöne şol bir wagtyň özünde-de güýçli häsiýetiniň we tertibiniň bardygyny gördüm. Ol diýseň ajaýyp türgendi we durmuşynda berk tertip-düzgüne eýerýärdi. Men onuň talyplaryň oturylyşyk agşamlarynyň başynda gelýändigini we hemmeleriň serhoş bolup, özlerini ýitirip başlanlarynda çykyp gidýändigine üns berdim. Ol oturylyşyk agşamlarynda gazly içgi içip, ýigitler bilen-de, gyzlar bilen-de gyzyklydan messaýy gürrüňleri edip bilýärdi.

Ol meniň takwa ýigitdigime garamazdan, Hudaýdan uzakdadygymy görýärdi. Şunlukda, ol meniň bilen dostlaşdy we birnäçe wagt geçenden soň günleriň birinde gapymy kakdy. Ol Hudaýyň Sözüni meniň bilen paýlaşyp, birdenkä: “Jon, sen maňa Birleşen Ştatlaryň prezidenti barada gürrüň berip bilermiň?” diýip sorady.

Men jogap berip, şeýle diýdim: “Elbetde. Onuň ady Jimmi Karter, aýalynyň ady Rozlin. Ol birwagtlar Jorjiýa ştatynyň gubernatorydy, şoňa çenli bolsa öz fermasynda arahis ýetişdirýärdi”.

Şoňra ol şeýle diýdi: “Gowy. Indi bolsa Isa Mesih barada gürrüň berip bilermiň?”

Men jogap berip, şeýle diýdim: “Elbetde. Ol boý gyzdan dünýä indi. Onuň ýerdäki atasy Ýusupdy, Onuň on iki şägirdi bardy, Ol haçda öldi”.

Ol: “Örän gowy. Indi bolsa maňa şuny aýt: sen prezident Karteri öz ejeňi tanaýşyň ýaly tanaýarmyň?” – diýip sorady.

Men säginmän: “Ýok” diýip jogap berdim.

Ol näme tapawudygynyň bardygyny sorady.

Men: “Eje – bu meniň ejem. Men ony hut özüm tanaýaryn. Birleşen Ştat-

laryň prezidenti bilen hatda şahsy tanyşlygym ýok” – diýdim.

Soňra ol şeýle diýdi: “Diýmek, öz ejeň bilen şahsy gatnaşygyň bar, prezidenti bolsa sen tanaňok-da. Ol barada köp bilýändigiňe garamazdan, onuň bilen şahsy gatnaşgyň ýok-da”.

Men: “Hawa, dogry” diýip jogap berdim.

Soňra ol şeýle sorady: “A sen Isa Mesihi öz ejeňi tanaýşyň ýaly tanaýarmyň?”

Men birhili boldum. Men näme diýjegimi bilmän oturyberdim. Soňra ol maňa Hudaýyň Isa Mesihi ýer ýüzüne ibermeginiň asyl maksadynyň bizi ýygnaga gatnaýan adamlar etmek däl-de, biziň her birimiz bilen şahsy gatnaşykda bolmakdygyny, Onuň bizi söýýändigini we her birimiziň Onuň üçin ezizdigimizi görkezdi. Men Hudaýyň meni näme üçin ýaradandygyny bilenimde, örän haýran galdym.

Indiki ýylyň dowamynda men Mukaddes Kitaby sagatlap okadym. Men ondan doýup bilemokdym. Men Hudaýyň Sözüni bilesim gelýärdi. Men öz durmuşymy Isa Mesihe tabşyrmankam, Mukaddes Kitap meniň üçin ýöne bir wakaly kitap we düzgünler toplumydy. Indi bolsa ol meniň üçin Hudaýyň sözüne öwrüldi, bu söz maňa degişlidi, ol meniň ýüregimi janlandyrdy.

Inženerlik fakultetiniň talyby bolmak bilen, men käbir dersleri saýlap bilýärdim. Dersleriň sanawlarynyň arasynda Notr-Damyň teklip edýän dersleri hem bardy; olary Perdýu uniwersitetiň şäherjiginde ýaşaýan bir professor okadýardy. Men Köne Ähte syn berýän derse (101) ýazylmagy ýüregime düwdüm. Ýaş imanly hökmünde men Köne Ähtiň käbir taglymlaryna gowy düşünemokdym. Şonuň üçin-de men umumy suraty görmek üçin, bu dersi öwrenmeklik gowy bolar diýip pikir etdim.

Biziň toparymyzyň sapagy her hepdäniň duşenbe günleri üç sagat dowam edýärdi. Birinji sapakda professor öňümizde çykyş etdi we meni diýseň hopukdyrdy. Ol Mukaddes Kitapda alty ýüze golaý gapma-garşylygyň bardygyny we Isa Mesihiň ölümden direlendigini taryhy nukdaýnazardan subut etmek mümkin däldigini aýtdy. Şeýle-de ol Musa pygamber Ysraýylyň ogullary bilen Gyzyl deňizden geçende, ol ýöne bir batgalyk ýer bolandygyny, Mukaddes Kitapda ähli zat dabaraly görkezilendigini, wakalaryň nesilden nesle geçip, tä batgalyk äpet deňze çenli öwrülýänçä, zatlaryň ulaldylyp görkezilendigini aýtdy.

Şol okuw ýarymýyllygynyň durmuşymda asuda geçmändigini aýdyp-da oturmaýyn. Men professor we beýleki talyplar bilen dyngysyz jedel edişim ýadyma düşýär. Sapaklaryň birinde professor bilen iki sagatlap jedel edipdim.

Men bütin wagtyň dowamynda öz nukdaýnazarymy berk gorasam-da, onuň mugallymçylyk wezipesini sylaýardym.

Okuw ýarymýyllygynyň başynda bize ullakan ylmy-barlag işini ýazyp, ony ýarymýyllygyň ahyrynda tabşyrmak ýumşy berildi. Ýerine ýetirilen iş jemleýji bahanyň üçden bir bölegini düzýärdi. Men öz ylmy-barlag işimi yhlas bilen ýerine ýetirdim. Soňky sapakda professor bize barlanylan işlerimizi gaýtaryp berdi. Men öz işimi alanymda, oňa baha goýulmandygyny we ullakan "I" harpy ýazylandygyny gördüm. Men muňa diýseň geň galdym. Sapagyň ahyrynda professoryň ýanyna baranymda, ol maňa: "Jon, sen iş otagyma gel, men bu bahanyň näme aňladýandygyny düşündirjek" diýdi.

Birnäçe gün geçenden soň, men onuň bilen iş otagynda duşuşdym. Ol duşuşygy şeýle sözler bilen başlady: "Jon, biz ikimiz dürli-dürli dünýälerde ýaşaýarys. Şonuň üçin-de seniň işiňe baha goýup bilmeýändigimi duýdum. Şonuň üçin-de, men "I" belligi goýdum, bu bolsa onuň seniň jemleýji bahaňda hasaba alynmajakdygyny aňladýar. Şonuň üçin-de, sen babatda etjegim – tabşyrjak iki synagyňyň ortaça bahasy seniň jemleýji bahaň bolar".

Soňra ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi: "Jon, men toparlarda "fundamentalistleriň" ençemesini gördüm, olar meniň kellämi köp agyrdypdylar. Olaryň hemmesi diýen ýaly ýa toparda bulagaýlyk turuzýardylar, ýa topardan çykarylýardylar, ýa-da öz ynançlaryndan dänýärdiler".

Soňra ol äheňini ýumşadyp, şeýle diýdi: "Jon, sen bütinleý başgaça hereket etdiň. Sen öz ynamyňdan dänmediň. Sen öz diýeniňde berk durduň, ýöne maňa hormat bilen garadyň. Şeýle-de sen öz topardaşlaryňyň hormatyny gazandyň. Seniň men babatda görkezen batyrgaýlygyň we hormatyň üçin saňa minnetdaryn".

Hudaý maňa şol söhbetdeşlik arkaly maňa käbir zatlary görkezdi. Eger biz Onuň Sözüniň hakykatynda berk durup, şol bir wagtyň özünde-de liderlerimize hormat goýsak, hakykatyň haky üçin Hudaýyň hereket edişini göreris. Professoryň toparyndaky "fundamentalistleriň" ählisi ýokardan doglan imanlylar bolan bolmaly. Ýöne olaryň şaýatlyklary edýän hereketlerine bütinleý gapma-garşydy, sebäbi olar öz topardaşlaryna we mugallymlaryna diňe Isa Mesih barada gürrüň bermek bilen çäklenýärdiler. Olar bidüzgünçilikleri döredýän sylaşyksyz we jedelden doly hereketleri arkaly mugallymlarynyň we topardaşlarynyň nazarynda Hoş Habaryň hakykatyny ynamdan gaçyranlar bolmaly. Olaryň hormat-sylag esaslaryny bilmeligi zerarly ajaýyp mümkinçilik sypdyrylypdy.

Biz Hudaýyň Sözüniň aýdýanlaryndan asla aýrylmaly däl. Biz berk durmaly. Ýöne mundan başga-da, biz özümize garşy çykýanlary düzetmeli we muny ýumşaklyk we pespällik bilen etmeli. Başlygymyz, tälimçimiz ýa mugallymymyz bolsun, tapawudy ýok, biz Isa Mesihiň göreldesine eýerip ýaşamaly. Mümkinçiligiň peýda bolan ýagdaýynda bolsa, dilimizi ýaryp, hakykaty liderlerimize söýgi we hormat bilen aýtmaly.

## Jemgyýetçilik ygtyýarlyklaryny sylamak

Biz jemgyýetçilik ygtyýarlyklaryny nädip sylap bileris? Geliň, hormat-sylag sözüniň manysyna ýene bir gezek garap geçeliň. Gadyryny bilmek, haýsydyr bir gymmat we ähmiýetli zada kimin garamak, Mukaddes Ýazgylar bilen gapma-garşylyga girmeýän ýagdaýlaryň ählisinde gulak asyp, tabyn bolmak.

Eger biz bu kesgitleme barada oýlanyp, ol barada dileg etsek, onda biziň işdäki, mekdepdäki ýa institutdaky, sportzaldaky ýa-da islendik başga ýerlerdäki hereketlerimiz gowy tarapa özgerer. Eger biz Hudaýdan ýüreklerimizi jemgyýetçilik ygtyýarlyklara bolan hormatdan doldurmagyny dilesek, biziň olara bolan garaýşymyz bütinleý üýtgär. Öz hakymyzy goramaga derek, olaryň isleglerini özümiziňkiden ileri tutarys. Biz olara kömek etmek üçin islendik mümkinçiligi agtararys, biz muny gadyrymyzyň bilnip ýa bilinmezligine, zähmetimize hak tölenip ýa tölenmezligine garamazdan ederis. Biz muňa nädip ýetip bileris? Mukaddes Ýazgylar bize şeýle diýýär:

> Eý, gullar (işgärler), ýerdäki hojaýynyňyzyň (iş berijileriňiziň we başlyklaryňyzyň) sözüne çuňňur hormat we gorky bilen gulak asyň. Olara edil Isa Mesihe hyzmat eden ýaly yhlasly hyzmat ediň. Olar diňe seredip durka däl, eýsem hemişe olaryň göwnünden turjak boluň. Mesihiň gullary hökmünde Hudaýyň yradasyny ak ýürekden ýerine ýetirjek boluň. Adamlar üçin däl-de, Reb üçin zähmet çekýän ýaly yhlasly işläň. Biziň edýän her bir ýagşy işimizi Rebbiň sylaglajakdygyny ýatda saklaň.
>
> – Efesliler 6:5-8 (NLT, ýaýyň içindäki sözler awtoryňky)

“Adamlar üçin däl-de, Reb üçin zähmet çekýän ýaly yhlasly işläň” diýen jümlä üns beriň. Eger bu biziň ýüreklerimizde janlansa, onda biz gullardan hyzmatkärlere öwrülip bileris. Siziň: “Men gul däl-ä” diýmegiňiz ahmal. Muňa bada-bat jogap bermezden ozal, gul bilen hyzmatkäriň arasyndaky tapawudy

düşündirmäge ygtyýar ediň. Gula iň az mukdardaky talaplar bildirilýär, hyzmatkäriň bolsa uly potensialy bar. Guluňkyny ogurlaýarlar, hyzmatkär bolsa özi berýär; gul işlemäge mejbur, hyzmatkär bolsa özi işe durýar. Hyzmatkär buýruklara garaşyp durmaýar-da, mümkinçilikleri agtarýar. Ol özüniň hyzmat edýän adamynyň mätäçliklerini görýär we olar heniz soralmanka, olaryň öwezini dolýar.

Eger başlygyňyz size adalatsyz garap, gödek daraşýan ýaly bolup görünýän bolsa, siz bu erbet garaýşa seslenmäge derek, hereket etmeli. Seslenýän adam özüne erbet garalýandygy barada zeýrenip başlaýar, garasöýmezek bolýar, biperwaýlyk bilen erbet işleýär. Hereket edýän adam bolsa ýamanlygy ýagşylyk bilen ýeňýär (ser. Rim. 12:21), ol öz mähirsiz başlygynyň ýanyna baryp, mysal üçin, şeýle sözleri diýer: “Men edilmeli işleriň ýene köpdügini görýärin, şonuň üçin-de men indiki hepde iki sagat öňräk gelip, işiň baryny ederin. Munuň üçin artyk aýlyk tölemek-de gerek däl”.

Eger siz dawa-jenjelleri şeýle tärde çözüp başlasaňyz, örän tiz wagtda Hudaýyň, ahyrda bolsa başlygyňyzyň mähremligini gazanarsyňyz. Men muny nireden bilýärin? Süleýmanyň pähimleri kitabynda (3:3, 4) rehim bilen hakykaty ýüregiň gatyna ýazmaly diýip aýdylýar, şonda sen “Hudaýyň hem adamlaryň nazarynda merhemet we abraý taparsyň”.

Eger siz başlygyňyzy sylap-da, onuň nazarynda merhemet tapmaýan bolsaňyz, onda Hudaý merhemet bilen abraý tapjak başga bir gapyny size açar. Bu edil geçen bapda gürrüň beren ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň başlygynyň wakamyzdaky ýaly bolar. Ol gadyrynyň bilinmedik ýagdaýynda-da öz başlygyna hormat goýdy. Soňra Hudaý onuň üçin has uly kompaniýanyň gapysyny açdy. Ol şindi özüniň doly sylagyny aldy: ol iň uly direktorlaryň biri boldy.

Bu kanundyr. Eger siz durmuşyňyzdaky jemgyýetçilik ygtyýarlyklary sylasaňyz, Hudaý-da sizi sylar we siz doly sylagyňyzy alarsyňyz. Ol, belki, başlygyňyzdan, mugallymyňyzdan ýa tälimçiňizden gelmez, ýöne ol hökman geler. Hudaý Öz Sözüniň amal aşmagyna gözegçilik edýändir!

## 9

# Öýdäki liderleri sylamak

Geliň, ünsümizi maşgala gönükdireliň. Biz gürrüňimizi çagalardan başlarys. Mukaddes Ýazgylar bize şeýle diýýärler: “Ene-ataňa hormat goý, şonda ýagşylyk görüp, ýer ýüzünde ömrüň uzak bolar» — bu Hudaýyň wada bilen beren ilkinji buýrugydyr” (Efes. 6:2-3).

Ene-atany sylamak – teklip ýa maslahat däl, bu tabşyryk. Ýa kimdir biri biziň Täze Äht imanlylary hökmünde Hudaýyň tabşyryklaryny berjaý etmelidigimizi unudaýdymyka? Bu Hudaýyň söýgüsiniň bizde hakykatdan-da mesgen tutandygynyň subutnamasydyr. Isa Mesih şeýle diýýär: “Meniň buýruklarymy berjaý edýän kişi Meni söýýändir” (Ýoh. 14:21). Ýohanna resul muny gaýtadan tassyklap, şeýle diýýär: “Söýgi — bu Hudaýyň buýrugyna görä ýaşamakdyr” (2 Ýoh. 6).

Biz Isa Mesihi öz Rebbimiz hökmünde kabul eden badymyza özgerendiris: ozal ýaşan adam barlygyny bes etdi. Biz täze ýaradylyş bolduk. Biziň ýüreklerlimiz täzelendi, onda indi Hudaýdan gorkmaklyk bar, onda Onuň söýgüsi mesgen tutdy. Indi biziň ähli isleglerimiz Rebdedir: biz Onuň göwnünden turmagy küýseýäris, sebäbi bu biziň asyl tebigatymyzdyr. Biz edil “iň esasy zat Hudaýyň tabşyryklaryny berjaý etmekdir” (1 Kor. 7:19) diýip ýaşarys.

Başga sözler bilen aýdylanda, Hudaýyň tabşyryklaryny endigine görä äsgermezçilik edýän adam aslynda Mukaddes Ruh arkaly Isa Mesih bilen hakyky duşuşygy başdan hem geçiren däldir. Olar, belki, mesihilige uýýandyr, ýöne Isa Mesihiň aýdyşy ýaly, bizi edýän işlerimizden tanaýarlar (ser. Mat. 7:20). Eger olar Hudaýyň tabşyryklaryny äsgermeýän bolsalar ýa-da olara ýüzleý garaýan bolsalar, onda olarda Onuň ýüregi ýokdur. Ýohanna şeýle ýazýar: “’Hudaýy tanaýaryn’ (Isa Mesihi) diýibem, Onuň buýruklaryny berjaý etmeýän adam

ýalançydyr (azaşandyr), onda hakykat ýokdur" (1 Ýoh. 2:4, nygtama awtoryňky). Ýohanna şeýle adamyň Hudaýyň perzendi däldigini, onuň ýalňyşýandygyny aýdyň aýdýar. Ol, belki, halas edilendir öýdýär, aslynda welin bu beýle däldir.

Geliň, abraý-hormat sözüniň manysyna ýene bir gezek garalyň: "gadyryny bilmek, sylamak, hormatlamak, merhemet we uly üns bilen garamak". Eger ene-atamyza hormat-sylag nukdaýnazyryndan garasak, bu olara hormat we söýgi bilen garamalydygymyzy aňladýar. Ýada salalyň: sylag-hormat hereketler, sözler we hatda pikirler arkaly bildirilýär, ýöne hakyky hormat welin ýürekden gelip çykýandyr. Şunlukda, eger ýaş oglan-gyzlar öz ene-atalary bilen edepsizlik, äsgermezçilik bilen sylaman gürleşseler, öz hereketleri bilen ene-atalaryny sylamaýandyklaryny görkezerler. "Ynsanyň dili ýüreginden joşanyny sözleýändir" (ser. Mat. 12:34) Olaryň şeýle garaýşy özlerini alyp baryşlarynda, äheňlerinde, gözlerini agdaryp seretmeklerinde, ýigrenç bilen garamaklarynda, haýyşy ýerine ýetirmeli bolanda aýaklaryny süýräp ýöremekde, zeýrenmeklikde we ş.m. ýüze çykýar.

Ene-atalary sylamazlyk Amerikadaky durmuş üçin adaty bir ýagdaýa öwrüldi. Biziň medeniýetimizde salykatlylyk gitdigisaýy ýitip barýar. Ýörgün bolan "maşgala filmleriň" ençemesi bar. Men şeýle filmleri öz çagalaryma görmäge asla rugsat etmezdim. Olaryň käbirleri hatda "ynamdar kinokompaniýalar" tarapyndan düşürilendiginiň nyşany hömünde "G" harpy bilen bellik edilip, howpsuz hasap edilýär. Olaryň sýužeti köplenç örän tolgundyryjy. Ýöne çagalaryň öz ene-atalary bilen gürleşişleri welin bütinleý başga zat. Olar öz ene-atalaryna iş salşyp bolmaýan samsyk adamlar hökmünde garaýarlar. Olar ene-atalary bilen gödek gürleşýärler, olara gulak asmaýarlar; tutuş filmiň dowamynda öz ene-atalaryna ýigrenç bilen garandyklaryna garamazdan, film çagalaryň gahryman bolmagy ýa-da olaryň islegini berjaý edýän adamlar bolýandygy bilen tamamlanýar. Men juda berk gürleýändirin öýtseňiz, Hudaýyň aýdýanlaryna gulak goýuň: "Ata-enesini kemsiden adama nälet bolsun!“ Ähli halk „Omyn!“ diýsin" (Kan. 27:16)".

Siz 'näletnenen" sözüniň nähili güýje eýedigini bilýäňizmi? Hudaý tarapydan näletlenen bolmak – örän çynlakaý zat. Biz: "Adam öldürýän, ogurlyk edýän, azgynçylyk ýa doga-jady edýän näletlenen" diýlenini eşideris öýdýäris. Ýöne Hudaý ata-enesini masgaralaýanyň näletlenendigini aýdýar. Geliň, 'masgaralamak" sözüniň manysyna garap geçeliň. Bu söz "haýsydyr bir adaty, ähmiýetsiz zat hökmünde, gul-gyrnaga ýaly garamak". Bu has emosional tärde masgaralamak, kemsitmek diýip ýaňlanýar.

## Nesillerboýy dowam eden nälet

Mukaddes Ýazgylarda öz ata-enesini masgaralandyklary üçin durmuşlaryny nälet astyna salan adamlaryň mysaly köp duş gelýär. Şeýle mysallaryň iň aýdyňy – Nuhuň körpe ogly Ham.

Dünýäni sil alandan soň Nuh daýhançylyk bilen meşgullanyp başlaýar. Günleriň birinde ol serhoşlyk derejesine çenli içýär. Ol näme üçin beýle etdikä? Ol, belki, lapykeçlik bilen göreşendir, sebäbi tutuş ýer ýüzünde ýeke-täk ata bolup galypdy. Belki-de ol dünýäni sil alandan soň köp zatlary gaýtadan gurmaly bolýanlygyndan ýaňa gerşine inen basyşdan dynçlyk agtarandyr. Her nähili bolsa-da, onuň ýeňletmäni agtarandygy ýa-da güýçli lapykeçlige uçrandygy mese-mälimdir. Ýöne ol nädogry usullary saýlap alypdy. Ol serhoş bolandan soň öz çadyryna girip, egin-eşigini çykaryp, uklap galdy.

Ham çadyra girende kakasynyň ýalaňaç ýatandygyny görüp, muny hemmelere aýdyp berdi (şol pursatda daş-töwerekde adam köp däldi, diňe Sam bilen Ýasef bardy) . Ol hikirdäp, muny doganlaryna: “Eý, oglanlar, kakajanymyz-a lül-gammar bolup, çuw-ýalaňaç ýatyr-aý! Muny siz hem görmeli” diýip gürrüň berşini göz öňüme getirip bilýän.

Sam bilen Ýasef doganlarynyň ýaňsylamalaryny eşidenlerinde, bütinleý başgaça hereket etdiler. Olar eşikleri alyp, ony gerişlerine atdylar we kakalarynyň çadyryna arkanlap girip, Nuhuň ýalaňaçlygyny basyrdylar. Olar öz kakalarynyň aýbyny göresleri gelmedi.

Ertesi gün Nuh aýňalandan soň Hamyň eden işlerini bildi. Biz şuny okaýarys:

> Soňra ol kenganlylary – Hamyň neslini nälätledi:
> Kengana nälet siňsin, ol doganlarynyň elinde, gullaryň guly bolsun.
> Samyň Hudaýy Rebbe alkyş bolsun! Kengan Sama gul bolsun.
> Hudaý Ýafesi örňetsin, Ýafesiň nesilleri Samlaryň çadyrlarynda
> ýaşasyn, Kengan Ýafese gul bolsun.
>
> – Gel. 9:25–27 (NLT)

Nuhuň agzyndan çykan nälet sözleri köp nesle täsir etdi. Kenganlylar – Hamyň nesli, näletlenendi, ysraýyllar Hudaýyň sözüne görä olary hemişe gulçulyga alýardylar.

Ham öz kakasyna hormat goýman, bütin ömrüne we nesline lagnat getirdi. Ünsüňi çekýän gyzykly zat: Hamyň edenleri ony ýowuz netijelere eltse-de, Nuhuň serhoşlygyna berlen jeza babatda Mukades Ýazgylarda hiç ýazgy ýok.

Mundan başga-da, Ýewreýlere hatyň 11-nji babynda beýik imany bolanlaryň arasynda Nuhuň – serhoş bolan adamyň ady agzalýar. Onuň toba edip, günäleriniň geçilendigi mese-mälim zat. Emma Ýewreýlere hatynyň 11-nji babynda Ham barada ýeke söz-de görmersiňiz; aslynda, Mukaddes Ýazgylarda onuň adynyň ýagşylykda ýatlanylýandygyna asla duş gelmersiňiz.

Nuhuň ahlak taýdan ýykylmagy onuň üç ogly üçin abraý synagy boldy, olaryň ýürekleri şol pursatda doly açyldy. Biri sylaman, pitne turuzdy, beýleki ikisi bolsa kakasyna höküm çykarmakdan gaça durup, oňa hormat goýdular, sebäbi oňa höküm çykarmaga haklary ýokdy. Nuhuň edenleri dogry däldi, ýöne muny ogullary däl-de, Hudaý çözmelidi. Nuhuň iki ogly muňa düşünip, oňa bolan hormat-sylagyny sakladylar, üçünjisi bolsa kakasynyň hereketlerine höküm çykarmaga milt etmek bilen, özüni abraýdan düşürip, näletlendi.

Gyzykly zatlaryň ýene biri: Ham öz aýdanlarynda örän anykdy. Akyl taýdan onuň hereketlerini aklap bolardy: ol diňe gören zatlaryny aýtdy, ol “hakykaty” aýdypdy. Ýöne hormat we ygtyýarlyk esaslary Şalykda bütinleý başgaça gurnalandyr.

## Wagtyň geçmegi bilen sylamazlyk artýar

Mukadedes Ýazgylarda kakasyny sylamadyk adamlaryň ýene biri Ýakubyň nowbahar ogly Rubendir; onuň ejesi Leýady. Ruben öz atasyny nädip sylamady? Ol kakasynyň Bilha atly gyrnagy bilen ýatyp turdy.

Ýöne men kakasynyň gyrnagy bilen ýatyp-turmadan başga has uly bir sebäbiň bardygyna ynanýaryn. Ýakubyň Leya we Rahel atly iki aýaly bardy; olar aýal dogandy. Bilha Raheliň hyzmatkäridi. Rahel bilen Leya bäsdeşdiler. Olaryň bäsdeşligi gitdigisaýy güýjeýärdi, sebäbi Ýakup Raheli has köp söýýärdi. Ol maşgala durmuşynyň başyndan tä soňuna çenli Raheli söýüpdi.

Hudaý Leýanyň söýülmeýändigini görende, onuň ýatgysyny açdy, ol hem göwreli bolup, Rubeni dogurdy. Ruben doglanda, ol şeýle diýdi: “Reb meniň betbagtlygymy gördi, indi meni adamym halar” (Gel. 29:32).

Birnäçe wagt geçenden soň ol ikinji ogluny dogurýar. Ol doglandan soň Leýa şeýle diýýär: “’Reb meniň söýülmeýändigimi eşidip, maňa bu ogly hem berdi’ diýdi. Leýa oglunyň adyna Şimgon *(eşidýär* diýmegi aňladýar) dakdy” (33-nji aýat, nygtama awtoryňky).

Soňra ol üçünji ogluny dünýä inderýär. Üçünji ogly doglandan soň, onuň sözlerinde umytsyzlyk duýulýar: “’Adamymyň ýüregi indi maňa baglansa gerek, çünki men oňa üç ogul dogrup berdim’. Şol sebäpden hem ol üçünji oglunyň adyna Lewi *(baglanan diýmegi aňladýar)* dakdy” (34-nji aýat, nygtama awtoryňky).

Rahel aýal doganynyň üstünligini we özüniň çaga dogrup bilmeýänligini görende, Leýany sarsdyrmak üçin, bir işi niýetine düwýär. Ol öz hyzmatkärini Ýakuba berip, oňa şeýle diýýär: “Gyrnagym Bilha bilen ýat. Goý, ol maňa senden ogul dogrup bersin. Şeýdip, Bilhanyň üsti bilen men hem çagaly bolaýyn” (Gel. 30:3). Çaga doglandan soň, Rahel şeýle diýýär: “Doganym bilen juda çynlakaý göreşdim we ýeňdim” (8-nji aýat).

Ruben nowbahar oguldy, ol ejesi bilen Raheliň arasyndaky göreşi görýärdi. Ol kakasynyň ejesini äsgermeýändigini, munuň-da ony ynjadýandygyna düşünerçe bolupdy. Günleriň birinde ol meýdana gidip, şol ýerde ejesi üçin selmelek köklerini tapyp getirýär. Leýa selmelek köklerini oglundan alanda, Raheliň hem göriplikden ýaňa selmelek köklerini alasy gelýär. Şonda ol selmelek köklerini almak üçin, Ýakuby aýal doganyna bir gijelik berýär.

Ýakup agşam meýdandan dolanyp gelende, Leýa onuň öňünden çykyp, şeýle diýýär: “Sen bu gije meniň ýanyma gir. Oglumyň getiren selmelek kökleri bilen seniň şu gijelik kireýiňi töledim” (Gel. 30:16). Şu aýatdan Ýakubyň Rahel bilen has köp gijeleri geçirendigi mälim bolýar. Leýa onuň blen diňe töleg töländen soň bolup bilýärdi.

Ruben maşgalasynda bolýan zatlary görüp, ýüregi gyýylýardy. Onuň kakasynyň öz ejesi babatdaky biperwaýlygy we rehimsizligi zerarly dörän öýke-kinäniň günsaýyn artandygyna ynanýaryn.

Bu ýagdaý diňe bir düşek wakasy bilen tamamlanmady. Onuň öýke-kinesi ähli zatda duýulýar. Wagt geçýärdi we Ýakubyň on ogly doglandan soň, Rahel ahyrda oňa Ýusup atly ogluny dogurýar. Kakasynyň Rahelden bolan ýeke-täk ogluna has mähirlidigini görende, Rubeniň gahar-gazaby has-da artdy. Ýusuba iň oňat zatlar berilýärdi, ol ähli doganlaryndan ileri tutulýardy we hatda kakasynyň aýratyn söýgüsiniň nyşany hökmünde oňa owadan don berlipdi.

Maşgala Leýa bilen Raheliň kakasy Labandan gaçyp gaýdanda, Ysawyň dört ýüz atly bilen öňlerinen çykyp gelýändigi baradaky habar olaryň gulagyna ýetýär. Ýakuby gorky gaplaýar, sebäbi ol nowbaharlyk hakyny ogurlandygy üçin doganynyň ony öldürjekdigi barada ant içendigi ýadynda gowy düşýärdi.

Ýakup öz janyny we neslini aman galdyrmak üçin, maşgalany bölýär. Ol Ysawy garşylamak üçin olary topar-topar edip iberýär. Onuň maksady şundan ybaratdy: eger Ysaw öňdäki topary öldürse, onda Ýakup öz doganyndan wagtynda sypyp, özüni we ýakynlarynyň janyny aman galdyryp bilýärdi. Geliň, onuň maşgalysyny nädip bölendigini göreli: “Gyrnaklaryny öz çagalary bilen bile öňde, Leýany öz çagalary bilen bile olaryň yzyndan, Rahel bilen Ýusuby bolsa hemmesiniň yzyndan goýdy” (Gel. 33:2). Rubeniň ýürek ynjamasyny we gaharyny göz öňüne getirip

bilýäňizmi? Ony ejesi bilen Raheliň öňünden ölmäge goýdular, Raheli bolsa ogly kakalarynyň merheti sebäpli yzky hatarda goýdular.

Wagt geçýär, närazylyk gitdigisaýy artýar. Rahel ikinji ogluny dünýä inderip, dogrum wagty aradan çykýar. Ýakup onuň ölümine agyr ýas tutup, mazarynyň başynda nesillerboýy durjak ýadygärligi dikýär. Ýadygärligiň uly we owadan bolandygy mese-mälim zat. Şol pursatda Rubeniň kalbynda gahar-gazabyň gaýnap-joşadygyna meňzeýär.

Mukaddes Ýazgylarda Rahel ýogalan badyna "Ruben öz kakasynyň gyrnak aýaly Bilha bilen ýatdy" (Gel. 35:22) diýip aýdylýar. Ruben bu bäsdeşligiň ýaýbaňlanyşyny görüp, jebir-jepalar içinde ýaşaýardy. Ol kakasynyň Raheli söýüp, onuň ejesini söýmeýändigine gaharlanýardy. Onuň Bilha bilen diňe lezzet almak üçin ýatman, eýsem Raheliň çadyryny masgaralap, kakasynyň hereketlerinden ýaňa çeken ejirleriniň öwezini dolmak üçin edendigi gaty ahmaldyr.

Indi bolsa biz soňra, ýagny doganlaryň ählisi aradan çykandan soň Hudaýyň Ruben barada şeýle diýýändigini görýäris: "Ruben Ysraýylyň nowbahar ogludy, ýöne ol atasynyň düşegini *haramlandygy* üçin nowbahar ogullyk haky ondan alnyp, Ysraýylyň ogly Ýusubyň perzentlerine berildi. Şoňa görä-de nesil daragtynda Ruben ilkinji ogul hasap edilmeýär" (1 Ýyl. 5:1, nygtama awtoryňky).

Gyzykly zat – Ýakup Raheli söýüp, Leýa äsgermezçilik etmek bilen nädogry hereket edýärdi. Aslynda, bu Hudaýyň nazarynda nädogrudy, sebäbi şuny okaýarys" "Reb Leýanyň söýülmeýändigini görüp, onuň ýatgysyny açdy." (Gel. 29:31). Mukaddes Ýazgylaryň AMPC terjimesinde şeýle ýazylan: "Reb Leýanyň äsgerilmeýändigini görüp, onuň ýatgysyny açdy". Hudaý ony adamsynyň döreden betbagtlygynda ýalkady.

Ruben ýagdaýa aýdyň düşünýärdi. Ol atasyna beren bahasynda mamlady, hemme zat hakykatdan-da şeýledi. Emma onuň biraz soňra ýüreginde orun beren zady ony heläkledi. Ol Hudaýyň her bir çaganyň ýüregine salýan sylag-hormatyny unutdy we kakasyndan daşlaşdy, öýke-kinäniň üstün gelmegine ýol berip, ahlaksyzlyga ýüz urdy. Ol öz öýke-kinesiniň artmagyna ygtyýar edip, kakasy babatdaky ahlaksyz hereketlerini aklamaga tutaryk edindi. Ýöne onuň şele garaýşy oňa juda gymmada düşdi. Ol özüniň nowbaharlyk hakyny ýitirdi.

Ýadyňyzda bolsa, geçen bapda Eliý ruhanynyň Hannanyň göwnüne degişi baradaky waka garap geçipdik. Ýöne Hanna şonda-da onuň nädogry hereketlerine üns bermän, Hudaýyň ygtyýarlyklara hormat goýmalydygy baradaky buýrugyna tabyn galdy. Ol özüniň doly sylagyny aldy. Ruben bolsa, tersine, öz sylagyny – mirasyny ýitirdi. Ol öz beren bahasynda asla ýalňyşmandy, ýöne ol babatdaky hereketlerinde welin bütinleý ýalňyşypdy.

## Öz nädogry hereketleri bilen başgalaryň size täsir etmegine ýol bermäň

Soňky birnäçe ýylyň dowamynda men başga adamlaryň nädogry hereketleriniň biziň dogry hereketler babatdaky bilimimize we düşünjämize täsir etmegine ýol bermeli däldigimize köpden-köp düşünip başladym. Bu hakykat Musa pygamberiň durmuşynyň mysalynda aýdyň görünýär.

Ysraýylyň çagalary hem edil Ýakup ýaly özlerini Reb babatda hemişe nädogry alyp barýardylar. Ýakup öz aýalyna äsgermezçilik edýärdi, olar bolsa dyngysyz zeýrenýärdiler. Ruben ýaly, Musa hem olaryň nädogry hereketlerinden ejir çekdi. Ol olaryň edenleri zerarly kyrk ýyllap çölde galdy, wada berlen Toprakdan mahrum edilidi.

Indi bolsa olar ýene-de zeýrenýärdiler, sebäbi olaryň içmäge suwlary ýokdy. Şonda Hudaý Musa gaýa buýurmalydygyny aýtdy, şonda gaýadan suw akmalydy. Ýöne şol wagta çenli Musa olaryň bolşundan halys ýadansoň, ähli ysraýyllary ýygnady-da, şeýle gygyrdy: “’Gulak goýuň, eý, pitneçiler! Biz indi siziň üçin şu gaýadan suw çykarmalymy?’ diýdi. Soňra Musa elini ýokary galdyryp, hasasy bilen gaýany iki gezek urdy welin, gaýadan şaglap, suw akyp başlady. Bütin halk we olaryň mallary suwdan gandylar” (Çöl. 20:10-11).

Musa öz edenleri zerarly halky wada edilen topraga alyp girmek hukugyndan mahrum edildi. Ençeme ýyl geçenden soň mezmurçynyň ýazanlaryna gulak goýuň: “Olar Meribanyň boýunda Rebbi gazaplandyrdy, Musa olar zerarly oňaýsyz ýagdaýa galdy. Çünki olar onuň ruhuny gaýgylandyrdy, onuň dili oýlanyşyksyz sözleri aýtdy” (Zeb. 105:32-33).

Musa olaryň erbet hereketlerinden halys ýadapdy. Şunlukda, ol Hudaýyň Sözünden daşary hereket etdi. Bu oňa juda gymmada düşdi! Men öz Mukaddes Kitabymda şu aýadyň gapdalynda şeýle bellik etdim: “Biz başga adamlaryň erbet hereketlerini öz erbet hereketlerimizi aklamak üçin tutaryk edinip bilmeýäris”. Bu biziň hemmämiz üçin öwrenmesi kyn bolan sapakdyr.

Rubeniň kakasynyň hereketleri onuň ejesi babatda nädogrudy, ýöne bu şonda-da Rubeniň öz kakasy babatdaky hereketlerini aklamaýar. Hudaý ene-atanyň biziň nazarymyzda oňat ýa erbetdigine, hereketleriniň hormata mynasyp ýa mynasyp däldigine garamazdan, olara hormat goýmalydygymyzy aýdýar.

Geçen bapda öwrenilen örän wajyp prinsipi ýene bir gezek ýatlatmaga ygtyýar ediň; ol hem edil aýadyň gapdalyndan edýän belligimiz ýaly wajypdyr. Biz ygtyýarlyga elmydama hormat goýup, oňa tabyn bolmalydyrys; şeýle-de biz ygtyýarlyga gulak asmalydyrys, ýöne bu Hudaýyň Sözüne gabat gelmeýän

ýagdaýlaryna degişli däldir. Mysal üçin, eger ata-ene öz oglundan mugallymyna ýalan sözlemegi haýyş edýän bolsalar, çaga olara bolan hormatyny saklap, şeýle diýip biler: “Eje we kaka, men sizi sylap-hormatlaýaryn, ýöne ýalan sözläp biljek däl, sebäbi bu Hudaýa garşy günädir”. Ýa-da, has erbet mysal: eger kaka öz çagasyny jyns gatnaşygyna yrmakçy bolýan bolsa, onda ogul ýa gyz başga ygtyýarlykdan ýardam agtarmaly. Olaryň kakasy we özleri üçin ýardam agtarmagy oňa sarpa goýmaýandygyny aňlatmaýar.

## Iki esse sylag

Şu mowzugy başlanymyzda Mukaddes Ýazgylardan okan aýadymyza ýene bir gezek göz aýlalyň: “Ene-ataňa hormat goý, şonda ýagşylyk görüp, ýer ýüzünde ömrüň uzak bolar — bu Hudaýyň wada bilen beren ilkinji buýrugydyr” (Efes. 6:2-3).

Şu aýatdan aýdyň görnüşi ýaly, hormatyň sylagy iki essedir. Birinjiden, ol size köp zatlarda kömek eder. Siz durmuşyňyzda üstünlik, parahatlyk, şatlyk, söýgi we berk jan-saglyk görersiňiz. Siz sylaga mynasyp durmuşdan lezzet alarsyňyz. Ikinjiden, siziň ömrüňiz uzak bolar. Siziň haýsydyr bir agyr keselden, awtomobil heläkçiligiden ýa-da betbagtçylyk hadysasyndan biwagt aradan çykmajakdygyňyz barada wadaňyz bar.

Siziň: “Men ata-enesini sylan, ýöne ýaşka aradan çykan adamlary tanaýaryn” diýip pikir etmegiňiz ahmal. Bolup bilýär, bu hakykat. Onda siziň: “Olaryň durmuşynda wada näme üçin amal bolmady?” diýip sorarsyňyz. Munuň iň sada jogaby: Hudaýyň wadalary öz-özünden amal bolmaýar, olary iman arkaly herekete getirmeli. Şeýle netijäniň sizi sarsdyrmagy mümkin, ýöne men size Mukaddes Kitapdan mysallary getireýin.

Hudaý Ybraýyma ogly Yshak arkaly wada berlen nesliň boljakdygy barada äht wadasyny berdi. Hudaý anyk sözi berdi: “Men onuň özi we tutuş nesli bilen ebedilik äht baglaşaryn” (Gel. 17:19). Ýokarda aýdylanlary tassyklamak üçin Rimlilere ýazylan hatyň şu aýadyny okalyň: “Seniň adyň Yshagyň nesli arkaly dowam eder” (Rim. 9:7). Diýmek, islendik ýagdaýda Yshagyň perzentleri bolmalydy, şeýle dälmi?

Yshaga aýaly kim saýlady? Hudaýyň hut Özi. Yshak üçin gelinligi Ybraýymyň garyndaşlarynyň arasyndan gözlemäge giden Ybraýymyň hyzmatkärini ýada salyň. Ol barmaly ýurduna baryp ýetende, şeýle dileg etdi:

> Eý, meniň jenabym Ybraýymyň Hudaýy Reb! Jenabym Ybraýyma merhemet et-de, meniň işimi oň et. Ine, men guýynyň başynda

durun. Şäheriň gyzlary guýudan suw çekmäge gelýärler. Men bir gyza: „Küýzäňi egniňden düşür-de, maňa birazajyk suw bersene, içeýin-le“ diýerin. Eger ol gyz maňa: „Al, iç, men seniň düýeleriňi-de suwa ýakaýyn“ diýse, ol Seniň guluň Yshak üçin *saýlan* gyzyň bolar. Şonda men Seniň jenabyma merhemet edendigiňi bilerin.

– Gel. 24:12-14 (nygtama awtoryňky)

Dogrudan-da, örän anyk dileg. Tötänligiň bolmagy mümkin däl. Düýeler suwy örän köp içýärler, eger muňa Hudaý ugrukdyrmasa, nätanyş adamlardan şeýle köp mukdardaky suwy çekmäge isleg bildirjekleriň sany ujypsyzdyr. Ybraýymyň hyzmatkäri ymykly göz ýetiresi geldi, şonuň üçin-de ol haýyşyny şeýle anyk we çylşyrymly etdi. Şeýle-de onuň şeýle işe ýapyşan gyzyň saýlan gyzynyň boljakdygy barada aýdandygyna üns beriň. Başga sözler bilen aýdylanda, Hudaýyň Yshak üçin saýlan gelni bolar.

Ol öz dilegini gutaryp-gutarmanka, Ybraýymyň garyndaşlarynyň gyzy Rebeka küýzesini egnine alyp çykýar. Ybraýymyň hyzmatkäri onuň öňünden ylgap çykyp: “Küýzäňdäki suwdan birazajyk içeýin-le” (Gel. 24:17) diýýär. Üns beriň: ol düýeler barada ýeke söz-de aýtmaýar. Ol oňa duşmazyndan öň eden dilegindäki sözleri gaýtalaýar. Gyz oňa höwes bilen suw berýär. Indi bolsa soňra nämeleriň bolýandygyny görüň: “Rebeka Ybraýymyň hyzmatkärine suw bereninden soň: ‘Men siziň düýeleriňizi-de ganýança suwa ýakaryn’ diýdi” (19-njy aýat).

Ähli zat Yýraýymyň hyzmatkäriniň aýdyşy ýaly boldy. Ol haýran galyp, şatlykdan ýaňa uçaýjak bolýardy. Ol öz dileginiň şeýle çalt eşidilendigine diýseň begendi.

Ýöne tabşyryk heniz doly bitirilmändi. Indi Hudaýyň Yshak üçin eden saýlawy bilen arasyndan köpri geçirmelidi. Gyzyň maşgalasy asla görmedik nätanyşlary bilen ony näbelli ýurda hemişelik ibermäge razy bolarmyka?

Ybraýymyň hyzmatkäri Rebekanyň maşgalasyna bolan zatlaryň ählisini gürrüň beren badyna, öýdäki erkekler şeýle diýdi: “Bu Rebbiň işidir. Muny biz çözýän däldiris” (50-nji aýat). Ertesi gün maşgalasy ony ýolsa salýar, hyzmatkär hem ony Yshagyň ýanyna alyp barýar; şol ýerde hem olar durmuş gurýarlar.

Indi bolsa wakanyň täsin bölegi gelýär. Hudaý Yshagyň gelinligini täsinlik bilen saýlaýar. Emma olar öýlenen badyna Rebekanyň önelgesizdigi ýüze çykýar, ol çaga dogrup bilmeýär. Näme? Hudaý Yshaga näme üçin önelgesiz aýaly saýladyka? Ol nesliň Yshak arkaly dowam etjekdigini aýdypdy ahyryn. Munuň jogaby Hudaýyň wadalarynyň öz-özünden amala aşmaýanlygynda, olary imana görä almaly. Biz şuny okaýarys: “Rebekadan perzent önmeýär-

di. Yshak aýaly üçin Rebbe dileg etdi. Reb Yshagyň dilegini eşitdi we Rebeka göwreli boldy” (Gel. 25:21).

Mukaddes Kitabyň AMPC terjimesinde şeýle diýilýär: “Yshak özüniň perzent dogrup bilmeýän aýaly üçin Rebbe dileg etdi; Reb onuň dilegini eşitdi we Rebeka, onuň aýaly, göwreli boldy”. Ol nähili dileg etdi? Ol ýalbaryp, şeýle dileg etdi: “Ýa Hudaý, Sen menden halklar we patyşalar dörär diýip wada edipdiň, bu Nesil meniň nesillerimden gelip çykar diýip wada edipdiň-ä. Eger meniň aýalym önelgesiz bolsa, bu neneň edip amala aşsyn? Men ýalbarýaryn, ýa Rebbim, wada berşiň ýaly, Nesliň menden önmegi üçin, Rebekanyň ýatgysyny açaý-da”.

## Ruhy kanun

Ruhy kanun bar, biz ony bilmeli we oňa düşünmeli. Mukaddes Ýazgylar şuny ykrar edýär: “Ýa Reb, Seniň sözüň göklerde baky berkarar boldy” (Zeb. 118:89).

Üns beriň, bu aýatda: “Ýa Reb, Seniň sözüň göklerde we ýer ýüzünde baky berkarar boldy” diýilmeýär. Ýok, bärde Onuň sözüniň göklerde berkarar edilendigi barada aýdylýar, ýer ýüzi barada bolsa hiç zat aýdylmaýar. Onda Onuň sözi nädip ýer ýüzünde berkarar bolýar? Mukaddes Ýazgylary öwrenmegi dowam edip, şuny görýäris: “Iki ýa-da üç şaýadyň *güwäsi* bilen *her bir söz berkarar bolsun”* (2 Kor. 13:1, nygtama awtoryňky). Üns beriň: sözler iki ýa-da üç şaýadyň güwäsi bilen berkarar bolýar. Indi bolsa Hudaýyň aýdýanlaryny göreliň: “Meniň *agzymdan* çykýan sözüm-de şeýle bolar; Ol Maňa boş *gaýdyp gelmez,* maksadymy ýerine ýetirer, etsin diýip iberen işimde üstünlikli bolar” (Işa. 55:11, nygtama awtoryňky).

Onuň sözi Oňa nädip gaýdyp barýar? Munuň jogaby sada – biziň agzymyzdan. Ilki Hudaý, soňra bolsa biz. Şunlukda, Onuň agzyndan eýýäm çykan sözi agzymyz bilen aýdanymyzda, biz ony ýer ýüzünde berkarar edýäris! Siz bu täsin hakykata düşünýäňizmi? Hudaý Yshaga Nesliň ondan önjekdigini wada beripdi, ýöne munuň üçin Yshagyň sözi öz agzy bilen ýer ýüzünde, öz durmuşynda we maşgalasynda aýtmagy gerekdi.

Hudaý biz ata-enemizi hormatlasak, ömrümiziň uzak boljakdygyny wada berýär. Eger biz agzymyz bilen *iman* arkaly bu wadany ykrar edýän bolsak, onda Onuň durmuşymyz barada eýýäm aýdanlaryny berkarar edýäris. Biz sözi şu ýerde, ýer ýüzünde berkarar edýän ikinji agyz. Men bu aýanlykdan ýaňa şatlanyp bökjekläýesim gelýär! Bu keseliň ýüzüne seredip, Hudaýyň ýer ýüzündäki uzak ömür baradaky wadasyny batyrgaýlyk bilen ykrar edip bilýändigimizi aňladýar, şonda kesel boýun bolaýmaly bolýar. Biz ýola gidemizde, öýde, islendik ýerde, howply ýerlerde howpsuzlykda

boljakdygymyzy batyrgaýlyk bilen aýdyp bilýäris. Biz ynam bilen şeýle diýip bilýäris: “Çar tarapdan meniň garşyma çykan biçak köp duşmandan gorkmaýaryn men” (Zeb. 3:7), sebäbi Ol şeýle diýýär: “Men olara uzak ömür bagyş ederin, olara halas edişimi görkezerin” (ser. Zeb. 90:16).

Biz hem özümiz babatda hemme zady oňat boljakdygy baradaky wadany aýdyp bilýäris. Biz kynçylyklara, umytsyz we çykalgasyz bolup görünýän ýagdaýlara duçar bolanymyzda, batyrgaýlyk bilen şeýle diýip bileris: “Men ata-eneme hemişe hormat goýýaryn, Hudaýyň wadasy meniň bilen, men babatda ähli zat oňat bolar! Men göreş, mätäçlik, göwnüçökgünlik we kyn ýagdaýlaryň ählisiniň diwarlarynyň ýykylyp, maňa ýol bermegini Isa Mesihiň ady bilen buýurýaryn!”.

Biz Hudaýyň wada beren islendik sözi babatda şeýle edip bilýäris. Bolelinlikde ýaşaýanlaryň we mätäçlikden ejir çekýänleriň arasynda ýeke-täk bir tapawut biziň muny öz agzymyz bilen ykrar edýänligimizde. Hudaý şeýle diýýär: “Bu gün siziň öňüňizde ýaşaýyş we ölüm, alkyş we nälet goýandygyma size garşy şaýat bolmaga asmany we ýeri çagyrýaryn. Ýaşaýşy saýlaň, şonda siziň özüňiz hem ýaşarsyňyz, nesilleriňiz-de ýaşar” (Kan. 30:19). Biziň ýaşaýşy saýlamalydygymyza üns beriň. Näme üçin? Biz ýaşaýşy (wada berlen ýalkanyşlary) saýlamaly, sebäbi ölüm ýer ýüzünde eýýäm hereket edýär. Biz ýaşaýşy nädip saýlamaly? Biz şuny okaýarys: “Ölümem, ýaşaýyşam diliň ygtyýarynda, dili söýýän hasylyndan iýer” (Sül. 18:21).

Biz ýa Hudaýyň wada baradaky sözleri bilen, ýa-da iblisiň ýetmezçilik, keseller we ölüm baradaky sözleri bilen ylalaşyp bilýäris. Bu hakykata büdremek örän aňsat. Hut şu sebäpdenem Ýakup şeýle ýazýar:

> Biziň hemmämiz hem köp günä edýäris. Emma sözünde hata goýbermän, dilini jylawlap bilýän adam kämil bolup, tutuş bedenine gözegçilik edip bilýändir. Biz atlaryň tabyn bolmagy üçin, agzyna agyzzyryk dakyp, olaryň tutuş göwresini dolandyrýarys. ...Edil şunuň ýaly, dil hem bedeniň bir kiçijik agzasy bolsa-da, beýik işler bilen öwünýändir. Pikir ediň, kiçijik bir uçgun äpet tokaýy ýakyp köýdürýändir.
>
> – Ýak. 3:2-3,5

Kiçijek uçgun tutuş tokaýy köýdürip bilýär. Gorky bilen aýdylan sözler hem edil şeýdip durmuşyňyzy weýran edip bilýär. Hoş habar Hudaýyň bize beren wadalarynyň bardygyndan ybaratdyr. Bu wadalar ýürege aralaşandan soň, agzymyz aýdylmaly zatlary aýdar. Soňra Ýakup dilimizi bulagyň gözbaşy bilen deňeşdirýär: ondan şol bir wagtyň özünde hem ajy, hem-de süýji söz

akyp bilmeýär. Asyl many suwda däl-de, ýerde, suwuň gözbaşyndadyr. Hut şu nukdaýnazardan, mesele dilde däl-de, ýüreklerimizdäki gözbaşdadyr. Isa Mesih şeýle diýýär: “Ynsanyň dili ýüreginden joşanyny sözleýändir” (Luk. 6:45).

Eger siz ene-ataňyzy hormatlaýan bolsaňyz, Hudaý size oňat we uzak durmuşy wada berýär. Şindi, şu setirleri okap otyrkaňyz, Mukaddes Ruh siziň ýürekleriňize hakykaty ekýär we siz aýtmaly zatlary aýdyp başlarsyňyz. Hudaýa bolan ynamyňyzy başgalaryň duýgularynyň esasynda bina etmäň, ony Hudaýyň Sözüniň hakykatynda bina ediň. Men wagtyndan ir ölmejekdigimi bilýärin; bu wada ýüregime ymykly ornaşandyr, Hudaý hem Öz Sözüniň berjaý bolmagyna gözegçilik edýändir.

## Aýal ärine hormat goýmaga çagyrylandyr

Aýalyň orny babatda aýdanymyzda, biz şuny okaýarys: “Goý, aýal ärine hormat goýsun [oňa üns bersin, gulak assyn, sylasyn, onuň pikirine hormat goýsun, ony ileri tutsun, onuň öňünde galpyldasyn, gadyryny bilsin, oňşukly bolsun, öwsün we çäksiz söýüp, oňa haýran galsyn]” (Efes. 5:33, AMPC).

Beý-bä, bu sanawy görseňiläň! Görýäňizmi, Pawlus aýalyň bilmeli zatlaryny we ärini nähili sylamalydygyny jikme-jik aýdýar. (Kitabyň dowamynda men ärleriň öz aýallaryny nähili hormatlamalydygy barada has köp aýdaryn, ýöne bu bapda biz üstümizden ygtyýarlygy bolanlar barada gürrüň ederis).

Är maşgalanyň başydyr. Muny şowinistler oýlap tapmady, muny Hudaý şeýle ýaratdy. Äriň maşgalabaşy hökmünde kabul edilmän, aýalynyň maşgalada ähli zada ýolbaşçylyk edýän ýa-da çözýän öýünde parahatlygy we ýalkanyşlary tapmak mümkin däl. Tersine, imanly aýal ärine hormat goýup, oňa maşgalabaşy hökmünde garanda, ol ärinden ýa-da haýsydyr başga bir ýol bilen sylagyny alar, sylagy ony hökman tapar.

Men ýaňy-ýakynda Ýewropadaky bir ýygnakda hyzmat etmäge barypdym. Bir aýal maňa: “Jon, men bu ýygnaga diňe sen diýip gelýän” diýdi.

Men muňa birhili geň galdym. Soňra ol maňa öz wakasyny gürrüň berdi. Birnäçe ýyl mundan ozal onuň ýygnagyndaky liderler toparynda käbir özgerişlikler bolupdyr. Ol äri bilen ýygnaga uzak ýere gatnamaly bolupdyr, şonuň üçin-de olar öýlerine golaý bolan bir ýygnagy tapmagyň pikirini edipdirler. Birnäçe dürli ýygnaklara gatnaşyp görenlerinden soň, olar öýlerinden uzak bolmadyk bir ýygnagy saýlapdyrlar. Emma onuň äri bu ýygnaga gatnamaly däldigine düşünipdir, ol öňki ýygnaklarynda galmalydygyny duýupdyr. Aýaly onuň bilen göwünli-göwünsiz gidipdir, ýekşenbe günleri agşamlaryna bolsa kiçi ýygnaga gatnamagyny dowam edipdir.

Aýal bu ýygnaga ýürekden baglanyp, olaryň hyzmatyna gatnaşyp başlapdyr. Ahyrda kiçi ýygnagyň liderleri ondan: "Äriňiň Hudaýyň ugrukdyrmasyna eýerip, biziň ýygnagymyza gatnamalydygy barada onuň bilen haçan gürleşjek?" diýip sorapdyrlar. (Liderligiň şeýle görnüşi meni hopukdyrýar.)

Olaryň sözleri oňa güýçli täsir edipdir. Ol ärine başga ýygnaga ymykly geçýändigini mälim edipdir. Soňra bolsa äriniň ozalky ýygnakda galýandygyna garamazdan, başga ýygnaga geçýändigini aýtmak üçin birinji ýygnagynyň çopanyndan duşuşyk sorapdyr. Şol duşuşygyň öňýanyndaky agşam ol meniň "Gudratygüýçliniň penasynda" atly kitabymy alypdyr. Men bu kitapda Hudaýyň ygtyýarlyk barada aýdýanlaryny beýan edipdim.

Ol maňa şeýle diýdi: "Jon, men uzakly gije seniň kitabyňy okadym. Men ony okap otyrkam, gözýaşlarym dynman akdy. Men Hudaýa we ärime garşy pitne turzandygyma düşündim. Ertesi gün ärimiň we çopanymyň öňünde toba etdim". Ol taşlamakçy bolan ýygnagyna höwes bilen gaýdyp barypdyr.

Birnäçe aý geçenden soň çopanyň aýaly ony başga bir aýal bilen tanyşdyrypdyr. Olaryň ikisi hem şol bir telekeçilik işine meşgul bolasy gelýän eken, olar hut şeýle-de edipdir. Häzirki wagtda olar uly üstünlik gazanyp, öz girdejilerinden Hudaýyň Şalygyna uly serişdeleri sadaka berýärler.

Ol şeýle diýdi: "Jon, eger men bu ýygnakdan giden bolsam, ahyrda ärimi-de ýitirerdim, durmuşyma üçin niýetlenen telekeçilik işine-de başlamazdym". Soňra ol maňa ärine hormat goýmazlygy öwreden şol kiçi ýygnagyň indi ýokdugyny aýtdy. Ol öz ärine hormat goýdy we gorag bilen sylaga eýe boldy.

## Halas edilmedik ärleriň aýallary

Resul Petrus hem Pawlus ýaly şeýle ýazýar:

> Eý, aýallar, siz hem öz äriňize tabyn boluň [olara gulak asyň, kömekçisi boluň, olara garaşly boluň]. Eger äriňiz Hudaýyň sözüne ynanmaýan bolsa, ol aýalynyň ar-namysly, Hudaýdan gorkup ýaşaýan päk durmuşyny [ärini sylaýandygyny, ondan gorkýandygyny, diýmek hormat goýup, ähli zatda oňa ýol berýändigini – gadyryny bilýändigini, sylaýandygyny, öwýändigini, wepalydygyny, güýçli söýüp, lezzet alýandyyny] görüp, hiç bir aýdyp-diýmezden imana geler.
>
> – 1 Pet. 3:1-2 (AMPC)

Petrus aýalyň äri hatda gutulyşy almadyk bolsa-da, wagyz bilen taglym

däl-de, aýalynyň Hudaýdan gorkup ýaşaýan päk durmuşynyň ony gutulyşa eltip bilýändigini aýdýar. Men aýallarynyň hut şeýle durmuşy arkaly Rebbe getirilen erkekleri bilýärin. Smit Wiglswordyň wakasy ajaýyp wakalaryň biridir; ol ýigriminji asyryň başynda Ýewropada ýaşan Hudaýyň adamlarynyň biridir.

Wiglswort suw turbalarynyň ussasydy we onuň Hudaýa bolan sowuk garaýşy gitdigisaýy güýçlenýärdi. Ol mesihilik barada asla eşidesi gelenokdy. Onuň Poli atly aýaly bolsa, tersine, örän imanly aýal bolupdyr. Onuň Hudaýa bolan yhlasy barha güýjeýärdi. Onuň Hudaýa şeýle berlenligi adamsyna ýaramaýardy we soňabaka ol hatda aýalyny göresi-de gelmändir.

Ol aýalynyň imany üçin oňa zabun daraşypdyr we soňra oňa hatda ýygnaga-da gatnamagy gadagan edipdir. Ol äriniň aýdanlaryna gulak asmandyr, sebäbi bu Hudaýyň Sözüne laýyk gelmeýärdi (ýene bir gezek gaýtalaýyn: biz Hudaýyň Sözünde ýazylanlary bozmagy talap edýän buýruklardan beýlekilerine gulak asmaly).

Poli agşamlyk nahary taýynlap, ýekşenbe günleri agşamara ýygnaga gaçyp gidýärdi. Agşamlaryň birinde ol öýe adatdakysyndan giç gelipdir. Ol öýe girende, Smit oňa wehim bilen: “Şu öýde men hojaýyn. Eger sen öýe islän wagtyň gelip bilýäň diýip hasaplaýan bolsaň, sen maňa gerek däl!” diýipdir.

Poli ýuwaş sesi bilen: “Seniň ärimdigiňi bilýärin, ýöne Isa Mesih meniň Rebbim” diýipdir. Wiglswort gazaba münüp, gapyny açypdyr-da, ony öýden daşary itekläpdir. Soňra bolsa gapyny gulplapdyr. Ertesi gün irden Smit gazetleri almak üçin gapyny açanda, Poli öýüň içine ýykylypdyr (ol gapa ýaplanyp uklap galypdyr). Ol şobada aýagyna galyp: “Smit, ertirligiňe näme iýjek?” diýip, güleryüz bilen sorapdyr. Soňra ol oňa ertirlik taýýarlamaga başlapdyr.

Poli erjellik bilen Hudaýa gulak asyp, ärine hormat goýmagy dowam edipdir; bu ýagdaý oňa diýseň güýçli täsir edipdir. Ol soňabaka Rebbe tarap örän çynlakaý öwrülip, özüni Isa Mesihe bütinleý tabyn edipdir. Onuň hyzmaty barada henize bu güne çenli uly hormat bilen gürrüň berýärler. Onuň hyzmaty arkaly köp adamlar gutulyş aldylar, şypa tapdylar, hatda ölümden direldiler.

Isa Mesihiň kazylygynda Poliniň sylagy ägirt bolar, sebäbi onuň ärine eden hyzmatynyň netijesinde ýüzlerçe müň adamlaryň durmuşlary özgerdi. Ol öz sylagyny diňe bir düýpli özgeren äriniň keşbinde däl, eýsem gelejekki durmuşdaky ägirt hasyl görnüşinde hem aldy.

Siz indi düşünýäňizmi? Biz diňe sylanylmaly diýip aýdylan adamlaryň hatyrasyna däl, eýsem öz hatyramyz üçin hem sylamaly. Eger biz hormata mynasyp adamlary sylamasak, özümiz köp zatlary ýitireris.

# MessengerX

***Gündeki şägirtçilik üçin priloženiýaňyz***

## Bütinleý mugt!

Öz el telefonyňyza indiriň we ulanyp başlaň ýa-da saýtdaky web-görnüşini ulanyň:




**MessengerX.com**

## 115-den gowrak dilde, bu hem ahyrky çägi däl

- 115-den gowrak dildäki materiallary görüň we indiriň.
- Materiallary dostlaryňyz bilen paýlaşyň ýa-da okuw toparyny başlaň.
- Täze materiallar hemişe goşulyp durýar.

# Serediň. Okaň. Diňläň.

Resurslaryň uly kitaphanasyny gözden geçiriň. Onda okuw toplumlary, elektron kitaplar, audiokitaplar, gysga metražly filmler we başga zatlar bar. Siz olara tomaşa edip bilersiňiz, olary okap we diňläp bilersiňiz.



## Iň wajyp çäklerdäki ösüş

Maşgala, sagdyn gatnaşyklar, durmuşyňyzyň maksady, pornografiýadan azat bolmak, imanyňyzy berkitmek, Hudaýyň sesini eşitmek, işewürlikdäki liderlik we başga-da mowzuklary derňäň.

## Siziň ösüşiňize alyp barýan ýol

**MessengerX**-iň maksady – durmuşyňyzdaky indiki ädimi etmäge ýardam bermek. Siziň şu ýolda bolmagyňyz üçin, biz şägirtçiligiň ýörelgesini we güýçli gurallary işläp düşdük.




## Siziň halajak funksiýalaryňyzyň has köp görnüşi!

- Şu materiallary paýlaşmaga we hatda okuw toparlaryny başlamaga mümkinçilik berýän sada we aňsat gurallar.
- Siziň söýgüli akylly telewizorlaryňyzda tomaşa etmäge mümkinçilik berýän Chromecast и AirPlay.
- Ýeten sepgitleriňizi öz enjamlaryňyzyň ählisinde saklaň. Halan materiallaryňyzy bada-bat  tapmak üçin, olaryň öz kitaphanaňyzda saklaň.
- Materiallary offlaýn görmek üçin, olary öz enjamlaryňyza indiriň.
- Anyk gözleýän zadyňyzy tapmak üçin, akylly gözleg we süzgüç.
- Audio kitaplary, audio Mukaddes Kitaby we hatda sežde nagmalaryny öz diliňizde awtomatiki usulda yzygiderli diňläň.

# MessengerX -1-2-3 ýaly ap-aňsat!




**1** **MessengerX** priloženiýasyny Apple Store we Google Play-dan indirip alyň.

**2** Öz hasabat sahypaňyzy dörediň we priloženiýany öz diliňizde ulanyň.

**3** Halan resurslaryňyzy gözden geçiriň, okaň, görüň, diňläň, indiriň we olary başgalar bilen paýlaşyň.

## Şägirt boluň, şägirt ediniň

Siz **MessengerX** -iň bir bölegi bolmak bilen, terjime edilen materiallary dünýäniň ähli künjeklerindäki adamlara ýetirmäge kömek edersiňiz.

***Çünki her bir adam bilmäge mynasypdyr!***

**MessengerX.com**

Download on the App Store

GET IT ON Google Play

</> Available on all browsers

## 10

# Ýygnakdaky liderleri sylamak

Ozal belläp geçişim ýaly, Hudaýyň Şalygy – Patyşalyk. Şonuň üçin-de, ýygnakda hemişe ygtyýarlyk we anyk tertip-düzgün bolar. Ýygnagyň liderini hormatlamak bilen, Isa Mesihi hormatlaýandyrys, Isa Mesihi hormatlamak bilen bolsa Ata Hudaýa hormat goýýandyrys (ser. Mat. 10:40-41). Lider babatda edýän hereketlerimiz, onuň bilen gürleşişimiz we hatda ol barada pikir edişimiz bu lideri Belläne bolan garaýşymyzy görkezýändir.

Hudaý şeýle diýýär: "Men Özümi sylany sylaryn, äsgermezlik edeni bolsa ryswa ederin" (1 Şam. 2:30). Biziň Huda bolan garaýşymyz ýygnakdaky liderlere bolan garaýşymyzdan görünýär. Ýygnakdaky ygtyýarlygy sylamaýan adam Hudaýdan gorkýandygyny aýdyp bilmez.

### "Men adamdan däl-de, Hudaýdan gorkýan"

Bu hakykaty aýdyň görkezýän adatdan daşary bir waka asla ýadymdan çykmaz; ol hyzmatlaryň birinde bolup geçipdi. Öýke-kineden boşanmagyň näderejede wajypdygy baradaky wagyzdan soň adamlaryň ençemesi çagyryşyma seslenip, dileg üçin öňe çykdylar. Olaryň arasynda bir ýaş ýigit bardy, men onuň durmuşda köp ejir çekendigini şobada duýdum. Men onuň üçin dileg etmek üçin, ony sahna çagyrdym. Ol sahna galan badyna adamlaryň üýşmeleňiniň arasyndan ýene bir adam çykyp, sahnada ýanymyza geçip durdy.

Onuň uzyn saçy ýeňsesinde boglup daňlandy, egninde jinsi, futbolka we deriden gara kurtkasy bardy, elleri tutuşlygyna tatuirowka edilendi. Onuň gözleri yzgytsyzdy, gazaplanmaga taýyndygy mese-mälimdi. Men ýaş ýigidiň

birhili dartgynlaşandygyny gördüm, ol indi hiç zady kabul edip biljek däldi.

Men ikinji erkege ýüzlendim-de, sahnadan düşmegini sypaýyçylyk bilen haýyş etdim.

Ol maňa seretdi-de, gazap bilen: “Ýok!” diýdi.

Ol haýymyşymy gödeklik bilen ret etse-de, men pikirlerimi bir ýere jemläp: “Jenap, siz sahnadan düşmeseňiz, men dowam etjek däl” diýdim.

Ol ýene-de: “Ýok!” diýdi.

Meniň keýpim biraz bozuldy, öz içimden kömekçileriň bu adamy näme üçin sahnadan aýyrmaýandyklaryny soradym. Soňra men olaryň bu adamdan gorkýandygy baradaky pikir kelläme geldi. Ygtyýarlyga hormat goýmaýan pitneçi bilen iş salyşýandygyma indi doly aň ýetirip başladym. Men berk bolmalydydym, öz ygtyýarlygymda galyp, Hudaýa bil baglamalydym. Ýagdaýyň ýaýbaňlanyşyny nazara alyp, bu ýaş ýigide ýetip bilmeýändigime göz ýetiremsoň, oňa nygtap: “Jenap, men size bu sahnadan aşak düşmegi buýurýaryn” diýdim.

Ol ýene-de maňa garap: “Ýok!” diýdi. Biraz säginenden soň bolsa, zarp bilen: “Men adamdan däl-de, Hudaýdan gorkýaryn!” diýdi.

Ýöne ol Hudaýdan asla gorkmaýardy. Ol diňe özüniň toslap tapan we ýüreginde göterip ýören Hudaýynyň keşbinden gorkýardy. Aslynda welin bu keşbiň ýeriň-gögüň Rebbi bilen hiç bir umumylygy ýokdy. Eger ol hakykatdan-da Hudaýdan gorkýan bolsa, ol maňa Hudaýyň hyzmatkäri hökmünde hormat goýup, meniň haýyşyma gulak asardy.

Men ýeň beremokdym; men kömek sorap, Mukaddes Ruha ýüz tutdum. Şonda kimdir biri maňa aýdan ýaly boldy we men bu adamyň şol dileg etjek bolýan ýaş ýigidimiň kakasydygyna düşündim. Men muny ýigitden soradym we ol onuň dogrudan-da kakasydygyny tassyklady. Men şeýle diýdim: “Agam, eger sen ogluňyň Rebden kömek almagyny isleýän bolsaň, sahnadan düş. Eger düşmeseň, onda Hudaýyň şypa beriji güýjüniň ogluňa ýetmegine päsgel bereniňe özüň jogap berersiň”.

Meniň sözlerim onuň ýüregine aralaşana meňzeýärdi, ol gözüni menden aýyrman, sahnadan göwünsizlik bilen düşdi. Onuň ogly rahatlandy, oňa hyzmat edip bilerim ýaly, ýüregini açdy we Hudaýa oňa örän güýçli galtaşdy. Hudaýyň oňa galtaşmasy dogrudan-da ajaýypdy. Ol ýeň berdi-de, sojap aglady.

Men hyzmatdan soň oglanyň kakasy bilen çopanyň otagynda duşuşdym. Ol şäherdäki motor sürüjileriň toparynyň agzasydy. Ol gödeksi we gaty özdiýenli görünse-de, men yza tesmedim. Meniň mylaýymlyk bilen gürleşýändigime garamazdan, biziň gapma-garşylygymyz mese-mälim bolansoň, ol hatda maňa topularmyka öýtdüm.

Men oňa Hudaýdan gorkup-da, Onuň hyzmatkärlerini sylamazlygyň mümkin däldigini aýtdym. Rebden gorkmaklyk – bu Onuň bellän ygtyýarlygyna hormat goýmaklygy aňladýar. Men onuň sahnadan düşmek babatdaky haýyşymdan boýun gaçyranda nähili nähäklyk edendigini aýdyp berdim.

Netijede, ol biraz ýumşady. Ýöne men şonda-da yzyny üzmän, ähli ünsümi Hudaýyň Sözüniň hakykatyna gönükdirip gürledim. Ol ahyrda ýeň berip, aglamaga başlady. Ol çagaka kakasy ony zabun tutýan eken; şeýle zabunlyk onuň durmuşa, ygtyýarlyga, Hudaýa bolan garaýşyna täsirini ýetiripdir. Ol kakasyny bagyşlap bilmänsoň, öz ogly babatda hem şeýle ýalňyş hereketleri edip, onuň göwnüni ýaralaýan eken. Men gitmezimden öň çaga kimin sojap aglaýardy.

Ol özüniň nämede ýalňyşýandygyna düşünen badyna, çopanynyň we meniň liderligimi boýun alyp, bizden ötünç sorady. Şondan soň ol Rebden bolelinlik bilen alyp bildi. Gyzykly zat, biziň duşuşygymyzdan soň ol maňa gahryman hökmünde garap başlady. Meni ilkibaşda äsgermän, maňa zyýan ýetirmekçi bolan bu adam ahyrda meni halap, meni köpden-köp sylap başlady.

## Ýaşyryn sylamazlyk

Ýokarda mysal getirilen waka adatdan daşary ýagdaý, ýöne imanlylaryň arasynda şeýle hereketlere pikir edişimizden has köp duşup bolýandyr. Bu adamda sylag-hormatdan nam-nyşanyň ýokdugy mese-mälim zat. Ol hiç zady ýaşyrmansoň, onuň ýüregine gürlemek şeýle aňsat boldy. Ol öz garaýşyny aýdyň görkezdi, ýöne bütinleý başgaça hereket edýän adamlar bar: olar özleriniň sylamazlyk garaýyşlaryny gizleýärler. Olar özleriniň paş edilip, biedep, boýnuýogyn adamlar hökmünde kabul edilmekden çekinip, ýüzlerine perde çekip, kadalaýyk gürleýärler, içlerinden welin sylaşyksyzlygy we äsgermezçiligi toplaýarlar. Olar diňe daşky görnüşlerini şeýle “nepislik” bilen gizleýärler.

Men häzir liderlerini kiçi dilden bäri hormatlap, Hudaýyň bellän hyzmatkärlerinden ýürekleri uzak bolan adamlar barada aýdýaryn. Olaryň asyl garaýyşlary liderleriň sadakalar, durmuşy özgertmek ýa-da başga bir zat babatdaky çagyryşlaryna seslenişlerinden mälim bolýar. Çopan ýygnagyň agzalaryny ýörite seždе hyzmatyna gatnaşmaga çagyrýar, şonda on adamdan diňe biri gelýär. Ol ýygnagyň agzalaryny aýda bir gezek hoş habary wagyz etmäge çagyrýar, şonda ýigrimi adamdan diňe biri gelýär.

Men köp ýygnaklara aýlanýaryn, ýygnaga birnäçe müň adam gatnaşýar; biz ýekşenbe günleri hemişe diýen ýaly 2-4 ýygnagy geçirýäris. Ýygnaklaryň ählisinde diýen ýaly zal adamlardan ýaňa hyryn-dykyn bolýar. Ýöne çopan duşenbe güni

agşamara bilelikde dileg etmek hyzmatyna çagyrsa welin, siz diňe birki ýüz adamyň gelendigini görersiňiz. Näme üçin beýle? Sebäbi çopany sylamaýarlar.

Siziň: "Aý, Jon, senem ýöne diýäýeň-läý" diýmegiňiz ahmal. Men size ýene bir mysal getireýin, şonda siz aýdýanlarym bilen ylalaşarsyňyz. Şeýle ýagdaýy göz öňüne getirip göreli: çopan ýekşenbe güni ýygnagyň ähli agzalaryna şeýle diýýär: "Biz şu aýda her düşenbe güni agşam ýörite dileg ýygnaklaryny geçireris. Düşenbe güni agşam we indiki dört hepde ýynak jaýynda sagat ýediden sekiz aralygy ýygnanarys". Ýygnakdaky adamlaryň 80%-ň bu bildirişe seslenmez, bu aýratyn-da onuň futbol oýunlaryň geçiriljek wagty bilen gabatlaşsa şeýle bolar.

Soňra çopan şeýle sözleri goşýarmyş diýeli: "Iň soňky dileg ýygnagynyň ahyrynda şäherimizdäki bir baý aýal ýygnaklaryň dördüsine-de gatnaşan adamlaryň her birine bäş ýüz müň dollarlyk çek berjekdir".

Ýygnaga näçe adam geler öýdýärsiňiz? Men zalda boş ýeriň galmajykdygyna ynanýaryn. Adamlar ýygnak jaýynda ýer galmajagyndan howatyrlanyp, ýer eýelemek üçin wagtyndan öň geler.

Indi siziň jogabyňyz nähili bolar? Öz-özüňizi aldamaň, sebäbi ol hakyky ýürek niýetleriňizi basyrar. Şu iki soraga dogryňyzdan jogap beriň. Birinjisi: eger pul baradaky bildiriş bolmadyk bolsa, ýygnaga gatnaşardyňyzmy? Ikinjisi: şol ýygnaga diňe pul beriljek ýagdaýynda bararmydyňyz? Bu barada oýlanyň – siz jaýyňyzyň, maşynyňyzyň bergilerini berip bilerdiňiz, başga mätäçlikleriňiz üçin-de köp pul artyp galardy.

Eger siz birinji soraga "ýok" we ikinjisine "hawa" diýip jogap beren bolsaňyz, öz çopanyňyzyň aýdýanlaryna nähili hormat goýýandygyňyzy ýüze çykaransyňyz. Ýatda saklaň: hormat goýmak – gadyryny bilmeklikdir.

Hudaý şeýle diýýär: "Ýolbaşçylaryňyzyň sözüne gulak asyň, olara tabyn boluň. Olar siziň janyňyz üçin Hudaýa hasabat bererler" (Ýew. 13:17). Bu Hudaýyň Öz halkyna beren öwüdidir; biz ýygnak liderlerimize gulak asmaly. Şunlukda, siz olara diňe pul üçin gulak asyp-da, onuň Isa Mesihiň wekili bolan çopan hökmünde aýdanlaryna hiç seslenmersiňizmi? Onda men sizden şuny soraýyn: siziň hojaýynyňyz kim? Isa Mesih diňe birine – ýa Hudaýa, ýa-da baýlyga hyzmat edip bolýandygyny aýdýar (ser. Mat. 6:24).

Geliň, oňaýsyz soraglaryň birnäçesini öz-özümize bereliň: Siz ýygnaga wagtynda barýarmysyňyz? Çopanyňyň haýsydyr bir sadakany bermegi soranda içiňizde garşylyk duýgusy döreýärmi? Siz lideriňiziň ýygnaga ýa-da jemagatyňyza kömek etmelidigi baradaky haýyşlaryna hemişe biperwaý garaýarsyňyzmy? Ýekşenbe günleri agşamara geçirilýän ýörite

dileg ýygnaklaryna gatnaşmazlyk üçin bahana agtarýarmysyňyz? Indi bolsa özüňizden şuny soraň: eger şularyň hersi üçin size bäş ýüz müň dollar beriljekdigini bilen bolsaňyz, siz ozalky pikiriňizi üýtgedermidiňiz? Eger şeýle bolsa, näme üçin? Jogap beriberiň, ýöne dogryňyzy aýtmagy unutmaň. Berjek jogabyňyzy oýlaýarkaňyz, Isa Mesihiň şu sözlerini hakydaňyzda saklaň: "Sizi kabul eden Meni kabul eder, Meni kabul eden hem Meni Ibereni kabul eder" (Mat. 10:40). Muny ýene bir gezek gaýtalap, şeýle diýip bolar: "Sizi sylan Meni sylar, Meni sylan hem Meni Ibereni sylar". Eger siz çopanyň sözüni sylaýan bolsaňyz, siz Hudaýyň sözüni sylaýansyňyz, sebäbi ony size Hudaý iberdi.

Şeýle köp adamlaryň öz durmuşlarynda böwsülmäni näme üçin başdan geçirmeýändigi indi aýdyň boldy. "Olar Rebbiň öýünde ekilendir, Hudaýymyzyň howlularynda gülleýärler" (Zeb. 91:14). Eger biz ýerli ýygnakda ekilen bolsak, onda biziň durmuşymyz şindi hem, Isa Mesihiň kazylyk ýerinde hem güllär. Mezmurçynyň: "Hudaýyň öýüne gatnaýanlar" diýip aýtmaýandygyna üns beriň. Sebäbi ýygnaga gatnap, onda ekilmän-de bolýandyr. Ekilmek – bu öz durmuşyňy Hudaýa hyzmat etmeklige bagyş etjek ýeriňde bolmagy aňladýar. Şol ýerde sen berýärsiň, hyzmat edýärsiň, liderlere gulak asýarsyň. Biz ekilenimizde, ýerli ýygnagyň gadyryny bilýäris; bu edil agajyň özüne ýaşaýyş üçin gerek zatlaryň ählisini berýän topragyň gadyryny bilşi ýalydyr.

Ýerli ýygnakda ekilmedikleriň haýsydyr bir güllemäni, üstünligi we bagtyýarlygy görmegi-de ahmal, ýöne olar mundan uzakwagtlaýyn lezzet alyp bilmezler. Bize tötänleýin ýalkanyşlary agtarmak gerek däl; biz köp ýyllaryň dowamynda, aýratyn-da Isa Mesihiň kazylyk kürsüsiniň öňünde uzakwagtlaýyn kanagatlanmany we lezzeti berjek zatlara ymtylmaly, sebabi bu kazylyk ýerinde gizlin we aýdyň zatlaryň bary mälim bolar.

Eger siz ýygnakda ekilen bolsaňyz, ýygnak liderleriňiziň sözleriniň gadyryny bilersiňiz. Siz olaryň aýdýanlaryny ýüzleý kabul etmersiňiz. Şonda siz Hudaýdan gorkarsyňyz we Ondan gorkmak bilen, Onuň bellän liderlerini sylarsyňyz. Onuň bellän liderlerini sylamak bilen, siz Hudaýyň özüňiz taýynlan doly sylagyny alarsyňyz.

## Olara uly hormat goýuň

Bize şeýle diýlendir: "Indi bolsa, eý, doganlar, sizden şulary haýyş etmekçi: araňyzda zähmet çekýänleriň, Reb ýolunda size öňbaşçylyk edýänleriň, terbiýe berýänleriň gadyryny biliň; edýän işleri üçin olary söýüň, olara uly hormat goýuň" (1 Sal. 5:12-13).

Men kyrk ýyla golaý hyzmatda bolmak bilen, olaryň ýedi ýylyny ýerli ýyg-

naklarda, galan ýyllaryny bolsa syýahat hyzmatynda geçirdim. Şol döwrüň dowamynda men Mukaddes Ruhdan dolan, parahat, bagtly, hemme zady ýerbe-ýer we üstünlikli bolan adamlaryň öz ýygnak liderlerine hormat goýup, olara öz söýgüsini we wagtyny bagyş edýän imanlylardygyna üns berdim. Hudaý bize şeýle etmegi öwredýär, onsoň munuň hakykatdan-da şeýle bolmagy geň zatmy näme? Munuň gapma-garşy ýagdaýlary babatda hem şeýledir.

Ençeme ýyllaryň dowamynda men bu iki toparyň-da adamlaryna köp duş geldim. Men öz çopanlary bilen özlerini des-deň tutýan adamlara-da duşdum. Olar öz liderleri bilen diňe şol wezipäni eýeleýändigi sebäpli ylalaşýardylar. Bu adamlar ýygnaga ýa-da hyzmata ýolbaşçylyk edip, özleriniň-de şeýle oňat ýa-da ondan-da oňat işläp bilerler öýdýärler. Olar köplenç Hudaýyň olary hyzmatda "öňe süýşürmegine" garaşýarlar. Olar öz çopanlaryna aňsat çalşyp bolýan bir adam hökmünde garaýarlar we ony beýleki adamlar bilen des-deň tutýarlar.

Şeýle-de hyzmata höwesi bolmadyk adamlar hem bar; olar işleýärler we ýygnaga diňe oňa gatnamaly bolansoňlar barýarlar. Bu adamlar ýokarda agzalan adamlardan tapawutlylykda öz çopanlarynyň wezipesine ony islendik adamyň, aýratynda özleriniň ýerine ýetirip biläýjek wezipesi hökmünde garap, dünýewi käri saýlaýarlar. Olar çopanlary pes düşünjeli adamlar bolansoň hyzmat edýärler diýip hasaplaýarlar.

Her nähili bolsa-da, siz bu adamlaryň üstünlik gazanandygyny we doly güýjüni ulanandygyny görmersiňiz. Olar, belki, telekeçilik işini oňarýandyr ýa-da hyzmat edýändir, ýöne welin olar özlerini ýerli ýygnakda ekmediler we öz çopanlaryna Hudaý tarapyndan berlen peşgeş hökmünde garamaýarlar, onuň gadyryny bilmeýärler. Olar nika durmuşlarynda, çagalaryny terbiýelemekde kynçylyk çekýärler, olaryň saglyk, maliýe we durmuşlarynyň beýleki çäklerinde köp kynçylyklar döreýär.

## Kalby sarsdyrýan waka

Men öz liderleriniň gadyryny bilmeýän we hatda olary ýigrenýän adamlaryň mysalyny köp getirip bilerdim (bu meseläniň položitel tarapy barada hem gysgaça gürrüň ederis), ýöne men gynandyryjy ýagdaýy aýdyň suratlandyrýan wakalaryň diňe birki sanysyny gürrüň bereýin. Meniň bir dostum bar, ol uly ýygnagyň çopany. Men onuň ýygnagynda ýigrimi bäş ýyla golaý wagtyň dowamynda yzygiderli wagyz edýärin, onuň özüni bolsa takmynan otuz bäş ýyl bäri tanaýaryn.

Ony ýygnakda sylaýarlar, milli we dünýä liderleriň köpüsi hem ony tanaýarlar we sylaýarlar.

Ol birnäçe ýyl mundan ozal bir ýaş ýigide Hudaýyň öz durmuşy babatdaky gönükdirmesine düşünmäge kömek etdi. Bu ýaş ýigit (ony Bill diýip atlandyraly) Hudaýyň Sözüniň köp hakykatyna ynanmaýan bir denomasion toparda ösüp ulalypdy. Meniň dostum (ony Rendi diýip atlandyraly) ony Mukaddes Ruhdan dolmaklyga alyp bardy we Hudaý tarapyndan berlen güýçli hyzmata başlamagyna ýardam berdi; bu hyzmat köp miwe getirdi.

Bill Mukaddes Ruha çümdürilişi kabul edeni üçin, ozalky ýygnagyndan çykmaly boldy. Rendi çopan öz adamlary bilen Billiň goşlaryny gapgarmaga baranlarynda, onuň ozalky topary olary köçä zyňan eken. Çopan öz adamlary bilen Bille we onuň maşglasyna kärendä jaý alýarlar.

Bill ahyrda başga bir şäherde çalt depgin bilen ösýän ýygnagyň çopany boldy. Hemme zat az zatdan başlanypdy, ýöne Hudaýyň oňa beren güýçli peşgeşleri arkaly ýygnak çalt ösdi. Ol birki ýyldan kinoteatry satyn alyp, dükandan kärendä alnan otagyndan abatlanan bina göçüp bardy. Ol Rendi çopana gelip, binany hyzmat üçin ulanmaklyga ak pata bermegini haýyş etdi, sebäbi ol onuň durmuşyna güýçli täsir edipdi. Bu dabara diýseň ajaýyp bolupdy.

Ýygnak ösmegini dowam edýärdi, ýöne Bill arakhorluga ýüz urup başlansoň, bu onuň hyzmatyna güýçli päsgelçilik döretdi. Onuň bu ýaramaz endigi gitdigisaýy güýjedi. Netijede, bu ýygnagyň ýaşulularyna mälim boldy.

Bill wagtal- wagtal Rendä jaň edip, hyzmatyny goýbolsun etmekçi bolýandygyny aýtsa-da, munuň sebäbini aýtmaýardy. Rendi çopan Bille göwünlik berýärdi, ýöne günleriň birinde ýygnagyň ýaşulularynyň biri Rendä jaň edip, Billiň ýaramaz endigi barada aýdyp berdi. Rendi oňa kömek etmek üçin, şol günüň özünde uçara münüp, onuň ýanyna ugrady. Gynansak-da, ýaşulular Billiň ýaramaz endigi barada bilseler-de, onuň münbere çykyp, hyzmat etmegini isleýärdiler.

Rendi ýaşulalaryň sözlerini eşideninden soň, şeýle diýdi: “Eger siz Billiň wagyz etmegine ýol berseňiz, men şu ýerde galyp, ýekşenbe günündäki ýygnakda hemmeleriň öňünde bolýan zatlary paş ederin. Siz onuň maşgalasy barada bütinleý pikir etmeýärsiňiz. Siz diňe özüňiziň we ýygnagyňyzyň aladasyny edýärsiňiz. Eger siz onuň hyzmatdan çykmagyna razy bolsaňyz, men ýygnagyň kadalaşmagyna kömek ederin”.

Rendi çopan şol günüň özünde Billi we onuň maşgalasyny halas edip, olaryň öz ýygnagyna golaý bolmagy üçin, başga ştata göçmeginiň çykdajylaryny öz boýnuna aldy we Bill üçin oňat aýlykly iş tapyp berdi. Birnäçe wagt geçenden soň Bill Rendiniň hyzmatynda dikeldildi.

Soňra Rendi Bille Hudaýyň öz durmuşyndaky çakylygyna gaýdyp barmagyna kömek etmek üçin, ony öz kömekçisi derejesine çenli galdyrdy. Şol döwürde me-

sihi neşirýatynda Billiň ýaramaz endikden azat bolşy baradaky wakalar çap edilip, bu onuň meşhurlugynyň artmagyna sebäp boldy. Birnäçe wagtdan Bille başga bir hyzmatda iş teklip etdiler; ol şol ýerde öwredip we soňabaka öz syýahatçylyk hyzmatyna başlap bilýärdi. Rendi çopan Billiň şeýle özgerişlere heniz taýyn däldigini duýýardy we oňa bu teklibi kabul etmezligi maslahat berdi. Bill onuň maslahatyny gözegçilikde saklamaklyk we ykbalyna böwet bolmaklyk hökmünde kabul edip, Rendiniň maslahatyny äsgermän, teklip edilen işi kabul edip, göçüp gitdi.

Wagt geçdi, günleriň birinde men Bill we ýene iki lider bilen saçak başynda duşuşdym. Bill duşuşyk wagtymyzda Rendi çopan barada zeýrendi oturdy. Ol Rendiniň ýygnagy alyp barşyny, işgärlerine bolan garaýşyny tankytlap, onuň ýygnakdan gitmesini oňlamandygy barada zeýrendi. Kalbymda jaňjagaz ýaly bir zadyň seslenişi aýdyň ýadyma düşýär. Men Billiň öýke-kineden doludygyny we hut şu sebäpdenem oňa şeýle köp ýagşylyk eden adamy ýamanlaýandygyny bilýärdim.

Men nahar başynda başardygymdan Rendiniň arkasyny aldym, ýöne munuň hiç netije bermeýändigini görýärdim. Şeýle-de men Rendiniň bolmadyk wagtynda we onuň bu baradaky pikirini bilmezden onuň gürrüňini etmekligiň nädogrudygyny bilýärdim. Şonuň üçin-de, men gürrüňiň arasyny kesip, Bille Rendiniň onuň iman atasy bolandygyny ýatladyp, onuň hatda nähak bolaýan ýagdaýynda-da (aslynda munuň bütinleý beýle däldigini aýdyp), Billiň ony tankytlap, sylamazlygynyň nädogrudygyny aýtdym. Men onuň bilen şu kitapda Mukaddes Ýazgylardan ozal mysal getiren wakalarymy paýlaşdym, ýöne Bill şonda-da çopanyny tankytlamagyny dowam etdi.

Birnäçe aý geçenden soň maňa Rendi çopan jaň etdi. Onuň gynançdan doly sesi gulagymdan heniz-de gidenok. Ol hamala kimdir biri aradan çykan ýaly äheňde gürleýärdi. Bill kitabyny çap edip, onuň bir babyny ýygnakdaky liderleriň gözegçilige nädip jogap bermelidigine bagyş eden eken. Rendi maňa: “Jon, men Billiň täze kitabyndan dört sahypany okap bereýin” diýdi. Ol Billiň Rendi baradaky, onuň liderleri we ýygnagy baradaky masgaralaýjy sözlerini okady. Billiň anyk atlary agzamaýandygyna garamazdan, onuň kim barada ýazandygy mese-mälimdi, sebäbi Bill diňe Rendiniň ýygnagynda kömekçi çopanyň wezipesini eýeländigini hemmeler bilýärdi. Rendi çopanyň ýygnagy millet derejesinde bolany üçin, bu kitaby okajaklaryň onuň kime salgylanýandygyny bilerdiler. Billiň kitabyna görä, Rendi barypýatan gözegçidi, ol ýygnagyň her bir agzasynyň her ädimini yzarlaýardy. (Belläp geçilmeli zat: Rendiniň ýygnagyna hyzmat saparlary bilen gatnan on ýylymyň dowamynda onuň liderleriniň diýseň uly toparynyň düzümi üýtgemedik diýen ýalydy, sebäbi onuň kömekçileri oňa wepaly bolup, ony söýýärler we sylaýarlar.)

Rendi dört sahypany okap bolandan soň şeýle diýdi: “Jon, men şeýle urga

döz gelip bilerin, ýöne bu kitaby okajak ýygnagyň agzalaryna (olaryň sany bolsa müňden-de gowrak) haýpym gelýär; olaryň köpüsi bu kitaby onuň şu ýerde çopan bolany üçin okarlar. Bu kitap olary záherläp, ýygnagymyzda olaryň Hudaýdan kabul etmek ukybyna zelel ýetirer”.

Meniň kalbym lerzana geldi. Men gulaklarymyň eşidýänine ynanmajak boldum. Rendi Billi kyn ýagdaýlardan çykarypdy, muny köp adamlar edip-de durmazdy. Ol Billi öz ýanyna alypdy, aladasyny edipdi, ony dikeldipdi. Bill neneň edip şeýle edip bildikä? Men onuň abraýsyzlyk tohumyny ekendigini bilýärdim, onuň aljak hasyly oňly-ha bolmaz. Eger ol toba gelmese, onuň durmuşy weýran bolar.

Bill birnäçe ýyldan ýene-de ýygnakda çopan boldy. Ol Rebbiň oňa beren peşgeşleri arkaly ýygnagy ýene-de ösdürdi. (Hudaýyň peşgeşi Onuň ýüreginden uzaklaşan ýagdaýymyzda-da hereket edip, üstünlik getirýändir.) Emma onuň orjak hasyly heniz öňdedi. Ol ýene-de öňki günäsine batdy. Ýöne welin bu gezek öňküden-de erbetdi, sebäbi onuň hereketleri başga bir maşgalany weýran etdi. Munuň netijesi ýygnaga we jemgyýete täsirini ýetirdi. Ýygnak gözgyny halda galdy; köp adamlar öýkelediler we ruhdan düşdüler.

Eger Bill öz ruhy atasyna hormat goýan bolsady, onda wagty gelende öz hyzmatyna başlardygyna ynanýaryn; şonda ol ikinji gezek günä batmazdy we Hudaýyň bizi günäden saplap, dikeldip bilýändiginiň şaýady hökmünde şindi hem nur saçardy. Emma ol öz ruhy atasyny masgaralandygy üçin, köp adamlara zeper ýetiren gynançly ýagdaýa uçrady. Bu ýagdaýyň öňüni alyp bolýardy. Bu wakany gürrüň bermek bilen, men şeýle ýagdaýyň başgalaryň durmuşynda gaýtalanmajakdygyna umyt edýärin.

Billiň durmuşynda Hudaýyň Sözüni öwretmek üçin diýseň ajaýyp peşgeşi bardy. Men hatda onuň alýan aýanlyklaryna haýran galýardym. Men ony tanap, hyzmatyna gatnaşan adamlardan hem onuň berýän taglymlarynyň örän güýçlüdigini eşidýärdim. Nähili gynaçly ýagdaý. Eger Bill öz ruhy atasyna hormat goýan bolsa, onda onuň durmuşy we onuň täsirini ýetiren adamlary babatdaky ähli zatlar başgaça bolardy.

Resul Pawlus şeýle ýazýar: “Mesihiň ýolunda siziň müňlerçe terbiýeçiňiz bolsa-da, atalaryňyz azdyr” (1 Kor. 4:15). Biz şuny ýatda saklamaly: Reb atamyzy sylamadyk ýagdaýymyzda nälet astyna düşýändigimizi aýdýar. Bu biziň diňe tebigy atalarymyza däl, eýsem ruhy atalarymyza hem degişlidir. Eger ýüreklerimizde hakyky sylag-hormaty we abraýy emele getirip, özümizi öýke-kineden, aýratyn-da ruhy ata-enelerimizden öýkelemekden saklasak, gynançly ýagdaýlaryň köpüsiniň öňüni alyp bolardygyna ynanýaryn.

## Iki ýa üç şaýat

Meni hyzmata getiren adam özüniň sekiz müň agzasy bolan ýygnagyny ýitirdi. Biziň günlerimizde bu ýygnak indi ýok, sebäbi çopan ýaşajyk gyza öýlenmek üçin öz aýaly bilen aýrylyşdy. Ol öz ýygnagyna aýrylyşmakçy bolýandygyny we muny oňlamaýanlaryň ýygnakdan çykyp, başga ýygnaga gidip bilýändigini aýtdy. Bu diýseň güýçli zarba boldy. Gynandyryjy ýagdaý: köp erkekler onuň göreldesine eýerip, öz aýllary bilen aýrylyşdylar.

Şol ýygnakda bile hyzmat eden ýoldaşlarym bu adama tankydy göz bilen garap başladylar. Men hem ilkibaşda olaryň göreldesine eýerdim. Men onuň edenlerine diýseň oňlaman, oňa gaharlanýardym. Kalbymda oňa bolan hormatym basym ýitirim boldy. Men ýygnakdan şol wakalardan bäş ýyl ozal çykyp gaýdypdym. Ol Liza ikimizi başga ştatda hyzmat etmäge ak patasyny berip goýberipdi. Ýöne eýýäm köpden bäri şol ýygnakda bolmaýandygyma garamazdan, oňa gaýta-gaýta gaharlanýardym.

Soňra iki hepde ýaly aralykda men ozalky çopanym barada dört gezek dagy düýş gördüm. Men gören düýşlerimi seýrek ýatda saklaýaryn. Ýöne iki hepdäniň dowamynda gören dört düýşümi ýatda saklamaklyk meniň üçin adatdan daşary bir ýagdaýdy. Men muny hatda ýazmagy-da oňaýsyz görýärin, ýöne şol bir düýşi dördünji gezek görenimden doň Hudaýyň maňa haýsydyr bir zatlary aýtmakçy bolýandygyna düşündim. Men dileg edip başladym-da: "Atam, Sen maňa bu düýşler arkaly näme görkezmekçi bolýarsyň?" diýip soradym.

Men şol pursadyň özünde içimde: "Ol Meniň hyzmatkärim. Meniň hyzmatkärime höküm çykarmagyňy bes et!" diýýän berk sesi eşitdim.

Meniň ozalky çopanymy tankylamaga ýa-da üstünden höküm çykarmaga asla hakym ýokdy, ol meniň atamdy. Muňa akyl ýetiren badyma toba edip, ondan ötünç sorap, oňa hat ýazdym.

Ol aýaly bilen aýrylyşanyndan birki aý soň ýaşajyk saryýagyz gyza öýlendi. Şondan köp wagt geçmänkä, ýygnagyň agzalary dört ýüz adama çenli kemeldi. Ol ýygnagyny halas etmäge dyrjaşdy, ýöne gapynyň ymykly ýapylmagy diňe wagt işidi. Eger çopan aç-açan günä edip, toba gelmese, şol ýygnakdan çykmalymy? Munuň jogaby kesgitli: "Hawa". Pawlus şeýle ýazýar:

> Men size azgyn adamlar bilen [ýygy-ýygydan-da, seýrek-de] gatnaşmaň diýip öň ýazypdym. Ýöne men şeýle ýazanymda bu dünýäniň adamlaryny: azgynlary ýa-da betnebisleri, kezzaplary ýa-da butparazlary göz öňüne tutmandym. Beýle bolsa, siz bu dünýäni bireýýäm terk etmeli bolardyňyz. Men size dogansyrap, heniz-de azgyn ýa-da betnebis, butparaz [Hudaýyň ornuny eýeleýän

> islendik buta köňlüni beren], ýa-da paýyş sögünýän [masgaralaýan, myjabat atýan, gybat edýän], arakhor ýa-da kezzap bolanlar bilen gatnaşmaň diýip ýazýaryn. Şeýle adamlar bilen hatda bir saçak başynda-da oturmaň.
>
> – 1 Kor. 5:9–11 (AMPC)

Pawlus günä içinde ýaşaýan "mesihiler" bilen gatnaşmaly däldigini aýdýar. Bu lider aýaly bilen diňe oňuşmaýanlygyny bahanalap aýrylyşmagy we ýaşajyk gyza öýlenmegi ahlaksyzlykdyr. Isa Mesih bu babatda örän aýdyň aýdýar: "Men size şuny diýýärin: kim aýalyny zynadan başga sebäp bilen aýryp, başga aýala öýlense, zyna edýändir" (Mat. 19:9).

Şunlukda, eger bize günä içinde ýaşamak isleýän "mesihiler" bilen bir saçak başynda oturmak bolmaýan bolsa, onda olaryň ruhundan hem almaly däldiris. Biz şeýle lideriň golastynda galmaly däldiris. Eger ol toba etse, ondan ýene-de alyp bileris.

Siziň: "Jon, şeýle etsek, oňa höküm çykardygymyz bolmaýarmy eýsem?" diýip soramagyňyz ahmal. Ýok, bu onuň miwesine höküm çykarýarys diýip jogap bererin. Biz ynsanyň ýürek niýetini däl-de, onuň miwesini, ýagny edýän hereketlerini ýazgarýarys. Pawlus şeýle diýýär: "Eýsem biz ýygnaga degişli bolmadyklaryň üstünden höküm çykarmalymy näme? Olaryň üstünden Hudaý höküm çykarar. Biz diňe ýygnaga degişli bolanlaryň üstünden höküm çykarmaly" (1 Kor. 5:12).

Bolan ýagdaýyň jikme-jiklerine girişmän, men öz çopanymyň ýürek niýetlerine höküm çykardym. Hut şu sebäpdenem Hudaý maňa düýşler arkaly duýduryş berdi. Ýürek niýetlerine diňe Hudaý höküm çykaryp bilýär. Pawlus şeýle diýýär:

> Şoňa görä-de, bellenilen wagt ýetýänçä, hiç kimiň üstünden höküm çykarmaň. Reb gelýänçä garaşyň. Ol garaňkylykdaky gizlin zatlary ýagtylyga çykarar, adamlaryň ýürek niýetlerini (pälini) aýan eder.
>
> – 1 Kor. 4:5 (ýaýyň içindäki söz awtoryňky)

Hut şu sebäpdenem men ozalky çopanymyň durmuşy babatda umytdan düşemok.

Muny aýdyňlaşdyrmaga kömek etmek üçin, şuny mysal getireýin. Günleriň birinde men hyzmatda işleýän bir adam bilen gürleşdim. Başga bir hyzmatçynyň konferensiýada paýlaşan wagzy ony ünjä goýupdyr. Ol telefon arkaly bu wagzy meniň bilen paýlaşyp, ondaky ýalňyşy anyk görkezmek üçin Mukaddes Ýazgylardan degişli parçalary okaýardy. Men bu adamyň wagyz babatda aýdýanlarynyň bary bilen ylalaşdym (başga hyzmatçylar hem şeýle

pikirdedi). Ýöne telefonda gürläp duran hyzmatçy sözüni dowam edip, şeýle diýdi: “Meniň pikirimçe bu hyzmatçy üýtgeşik bir taglymy tapansyrap, has uly ýygnaklaryň we konferensiýalaryň gapylaryny açjak bolýar”.

Men telefonda gürläp duran dostumyň sözüni bölüp, şeýle diýdim: “Sen häzir onuň ýürek niýetlerine höküm çykarýarsyň, bu bolsa nädogry”.

Men dostuma miwä, ýagny aýdylan söze ýa edilen herekete – şu ýagdaýda anyk şol wagza höküm çykaryp bolýandygyny, ýürek niýetine bolsa höküm çykaryp bolmaýandygyny aýtdym. Muny diňe Hudaý edip bilýär. Men öz çopanym babatda şeýle edipdim, hut şonuň üçin-de Hudaý maňa berk duýduryş beripdi.

Meniň ozalky çopanymyň ýolbaşçylygy astynda galan dört ýüz adam ol ýaşajyk gyza öýlenenden soň hyzmatyň örän ýoýulan ýagdaýyna düşdüler. Olaryň wepalylygy Mukaddes Ýazgylara laýyk gelenokdy. Olar Mukaddes Ruhuň huzurynda däl-de, başga bir nädogry ruhuň gurşawyna düşdüler.

Meniň ozalky çopanymyň toba gelmändigine garamazdan, ony heniz-de sylaýaryn (ol şindi üçünji gezek öýlenen). Eger onuň şindi ýygnagy bolan bolsa, men onuň ýolbaşçylyk edýän ýygnagyna barmazdym, ýöne welin ömrümiň ahyryna çenli ýüregimde oňa bolan hormatymy saklardym. Ýadyňyzda bolsa, Hudaý Şawula höküm çykarandan soň hem Dawut ony söýgi nagmasy bilen hormatlady we Ýahudadaky erkekleriň baryna hem şeýle etmegi öwretdi.

Eger ozalky çopanym maňa şu gün jaň edip, kömek sorasa, men hiç ikirjeňlenmän, elimden gelen kömegimi ondan gaýgyrmaryn. Ol maňa Hudaýyň Sözünden ençeme ajaýyp hakykaty gürrüň beripdi, men olaryň beren bähbidinden heniz-de lezzet alýaryn; ol maňa ynandy we ol başgalaryň goldamadyk ýagdaýynda maňa mümkinçilik beren ýeke-täk adamdy. Men heniz gögele we tejribesizkäm köp ýalňyşýardym, ol bolsa meni bagyşlaýardy we göwünlik berýärdi. Men ony elmydama hormatlaryn. Hatda şu pursat – şeýle ýagdaýa düşen başga adamlara kömek etmek üçin şu setirleri ýazyp otyrkam-da, onuň öz durmuşynyň we ençeme adamlaryň durmuşynyň bozulmagyna sebäp bolan hereketleri zerarly ýüregimde agyry duýýaryn. Men onuň toba gelip, ozalkysy ýaly beýik lider bolar diýip umyt edýärin. Mukaddes Ýazgylar Hudaýyň umydynyň solmaýandygyny we gowşamaýandygyny aýdýar (ser. 1 Kor. 13:7).

Başga bir tarapdan bolsa, häzirki wagtda köp imanlylar öz çopanlarynyň günä edýändigi baradaky myş-myşlary eşidendikleri sebäpli ýygnakdan çykýarlar. Ýok, müň gezek ýok! Biz myş-myşlara gulak gabartmaly däl. Bize şeýle aýdylan: “Iki ýa üç şaýat bolmasa, ýygnagyň ýolbaşçysy hakdaky aýyplamany kabul etme” (1 Tim. 5:19).

Şaýat – bu ýalana çykaryp bolmaýan subutnamalary bolan adam, ol olara kazyýetde güwa geçip bilýär. Bu özara dil düwşen iki adam ýa-da şol bir gybaty

ýaýradaýan birnäçe adam däl. Ýok, garaşsyz şaýatlygy bolan iki ýa üç adam. Pawlus bu barada näme üçin ýazýar? Bizi goramak üçin.

Şu barada pikir ediň: eger biz lider baradaky gybatlara ynansak, bu müňkürlige we nädogry ynamlara gapyny açýar. Sylamazlyk ýüregimize aňsatlyk bilen sümlüp girýär. Eger biz lideri sylamasak, Hudaýyň bu lider arkaly bermeli sylaglaryny alyp bilmeýäris. Hut şu sebäpdenem Günbatar ýurtlaryň adamlarynyň köpüsi Hudaýdan almaklyk babatda kynçylyk çekýärler. Biziň neslimizde hyzmatda şeýle köp dawa-jenjeller bolup geçdi, olar ençeme adamyň ýüreginde müňkürlik döretdi. Häzirki wagtda ýygnakdaky adamlaryň köpüsi halys ýadadylar we hatda biedep boldular; şeýle garaýyşlar abraý-hormaty asla emele getrimeýär. Bu duşmanyň niýeti – ol Hudaýyň liderlerinden hiç zat almazymyz ýaly, bizi gökleriň kanalyndan saklaýar.

Hanna Eliý ruhanydan almagy başardy, ýogsa bu ruhanynyň doýmazak, gysganç tebigaty ahyrda paş edilip, öýüniň üstünden höküm-de indi. Hanna Eliý ruhany oňa “içgili” diýende, onuň azgyn häsiýetini duýandygyna garamazdan, öz ýüregini biedep garaýyşlardan gorap saklady. Ol jogap bermäge derek, hereket etdi. Biziň günlerimizde köp adamlar hyzmatdaky şowsuzlyklar sebäpli synan ýüreklere seslenýärler, günbatar ýurtlaryndaky ýygnak liderlerimiziň käbirleri hem munuň täsiriniň astyna düşdüler.

Hyzmat edýän ýyllarymyň dowamynda men liderler baradaky erbet gürrüňleriň ençemesini eşitdim, ýöne men elmydama Timoteosyň birinji hatyndaky sözden ugur aljakdygymy özüm üçin kesgitli, çözdüm, men ony ýokarda mysal getiripdim. Eger erbet habar diňe bir adamdan gelýän bolsa ýa-da azyndan iki adamdan gelýän berk subutnamalar bolmasa, men bu habary ret edýärin. Habara ynanmagym üçin, mende hiç bolmanda iki aýry-aýry adamdan gelen subutnamalar bolmaly. Eger men gybata gulak gabartsam, bu meniň göklerden kabul etmeklik ukybymy böwetlär. Liderleriň ählisi sylagy göklerden alýandyrlar. Hut meniň özüm-ä Hudaýyň maňa taýynlan zatlaryny sypdyrasym gelenok, sizem şeýlesiňiz diýip pikir edýärin.

## Beýleki tarapdan

Beýleki bir tarapyna seretsek, men ýygnakda öz liderelerini sylap, olary tüýs ýürekden söýüp, özlerini olara bagyş edýän köp adamlar bilen tanyşdym we olary söýýärin. Olaryň käbirleri ýygnagyň ofisinde işleýärler, käbirleri liderleriň kömekçileri boldular, köpüsi bolsa ýöne ýygnak agzalary ýa-da haýsydyr bir hyzmatyň hyzmatdaşlary bolup durýarlar.

Hudaýyň bu adamlary ýyllarboýy belentden belende galdyryşyna guwanç bilen synlaýaryn. Käwagt olaryň jogapkärçilik basgançagyndan ýokary

galýanlygy ýa-da çalt galdyrylýanlygy o diýen göze ilip baranok. Ýöne olara on, ýigrimi, otuz, hatda kyrk ýyllyň dowamynda synlamak bilen, men olaryň durmuşynda ähli ýagşy zatlardaky dyngysyz ösüşini görýärin.

Köp adamlaryň ozalky çopanymdan öýkeleýişleri ýadyma düşýär (men onuň wakasyny ozal gürrüň beripdim). Olar sylag-hormaty döretmeýän garaýyşlary ösdürdiler. Olar ýagdaýa tankydy göz bilen garadylar we köpüsi gynandyryjy netijelerden ezýät çekdiler. Olaryň käbirleri aýrylyşdylar, käbirleri çagalaryndan ýaňa elhenç horluk çekdiler, käbirleri bolsa maliýe kynçylyklaryna uçradylar. Käbirleri başga ýygnagyň düýbüni tutdular, ýöne köp ýyllap zähmet çekendiklerine garamazdan, uly ýygnaga öwrülmediler.

Bir aýal bilen bolan bir elhenç waka ýadyma düşýär. Ol meniň bilen işleýärdi we günleriň birinde teleýaýlymda tutuş ýygnagyny ýitiren öňki çopanyma garşy çykyp gürledi. Ol örän sagdyndy, ýöne iki aýdan beýni damarlarynyň güýçli giňemesinden ýaňa tarpa-taýyn aradan çykdy. Bu ýöne bir tötänden bolaýan zatmy? Munuň jogabyny bir Hudaý bilýär. Pawlus köp imanlylaryň Rebbiň Bedenini saýgarmaýandyklary we şol sebäpden köp adamlaryň “Ine, şu sebäpden araňyzda ejizler we syrkawlar köp, (biwagt) ölenleriňiz hem az däldir” (1 Kor. 11:30, ýaýyň içindäki sözler awtoryňky). Pawlus bu zatlary Rebbiň saçagy babatda ýazypdy. Ýöne bu hakykat mesihi durmuşyň ähli çäklerine degişli bolup bilýär. Rebbiň Bedenini saýgarmaklyk üzümiň şiresini içip, petiri bölmekden has uly mana eýedir.

Başga bir tarapdan bolsa men öňki çopanymdan köp ezýet çeken aýaldyr erkekleriň ençemesini görýärin; olar öz ýüreklerinde oňa bolan söýgini saklaýarlar, olar Dawutdan hiç tapawutlanmaýarlar we olaryň hemmesi häzirki wagtda uly üstünliklere eýe! Men olaryň hyzmatlarynyň, telekeçilik işleriniň, durmuşlarynyň pajarlap ösüşini görýäin. Olaryň nikalary mäkämligine galdy; olaryň çagalary Hudaýy söýýärler we abadan ýaşaýarlar. Olar bolelin we doly durmuşda ýaşaýarlar, sebäbi olar abraý bilen hormatda ýaşadylar. Olar öz ýüreklerini goradylar we diline mäkäm boldular. Olar Hudaýyň göwnünden turdular.

Hudaýyň bize bermek isleýän ýagşy durmuşyny her birimiz näme üçin islemeýärkäk? Eýsem tankydy, uýatsyz ýa doýan bolmaklyk gerekmikä? Bular näme miwe berýär? Uzakwagtlaýyn netijelere garanymda, men liderimiň maňa näme edendigine garamazdan, şeýle garaýyşlaryň ýele ýanyndan-da geçesim geçenok. Olara galtaşanyňa degenok. Ýöne esasy sebäpleriň biri şundan ybarat: Mukaddes Kitapdan belli bolşy ýaly, öz liderlerini sylan adamlar Hudaýyň ýüregine ýakyn bolan adamlardyr. Hudaýyň ýüregini bilmek we Onuň bilen ýakyn gatnaşykda bolmak meniň üçin ähli sylaglaryň iň beýigidir. Durmuşda mundan belent zat ýokdur.

# 11

# Iki esse hormat

> Ýygnagy oňat dolandyrýan ýolbaşçylar, ylaýta-da wagyz edip, taglymaty öwretmekde zähmet çekýänler, iki esse hormata laýyk görülsin. Çünki Mukaddes Ýazgylar: “Harman döwýän öküziň agzyny baglamaň“, “Işgär öz hakyna mynasypdyr” diýýär.
>
> – 1 Tim. 5:17-18

Mukaddes Ýazgylarda iki esse hormat bildirmek barada diňe şu aýatda aýdylýar. Onda Hoş Habaryň hyzmatçylaryny beýlekilerden iki esse artyk hormatlamalydygymyz barada öwredilýär.

Bu iş ýüzünde nähili bolýar? Biz hereketlerimiz we sözlerimiz arkaly mesihi liderleri çuňňur hormatlamaly. Biz olara “çopan”, “jenap” ýa “hanym” we ş.m. ýaly resmi taýdan ýüzlenmeli; biz diňe olaryň başgaça ýüzlenmegi haýyş eden ýagdaýlarynda resmi däl tärde ýüzlenip bileris. Biz söhbetdeşlik wagty olara seredip durmaly we olar bize öz sözlerini tamamlaýançalar, olaryň ýanynda durmaly.

Lider Hudaýyň Sözüni öwredende, biz ony ünsli diňlemeli. Aňymyza başga pikirleri getirmeklik hormatsyzlyk bolup durýandyr. Ýatda saklaň: sylag-hormat diňe bir hereketler, sözler däl, eýsem pikirler arkaly hem görünýändir. Hut şu sebäpden Pawlus bize şeýle ündeýär: “Men barýançam, ýygnaga Mukaddes Ýazgylary okamak, öwüt-nesihat etmek we öwretmek bilen meşgul bol” (1 Tim. 4:13).

Wagyz berilýän wagty ýanyňda oturan bilen söhbet etmeklik diňe bir çykyş edýän adamy däl, eýsem Mukaddes Ruhy sylamazlykdyr. Şahsy gatnaşyklaryň islendigi ýygnagyň soňuna çenli goýulmalydyr. Jemgyýetçilik media toparlarynda-

ky gatnaşyklar, dostlarymyzdan gelýän sms-ler, el telefonlarymyzy ulanmaklyk ýa hyzmat tamamlanmanka ondan gitmek bolýan däldir. Biz ýygnaga gijä galmaly däl. Biziň başlyklarymyz işe günde irden on bäş minut gijä galyp barmagymyza nähili garardylarka? Biz şeýle etmek barada pikir-de etmeýäris. Onda biz näme üçin liderlerimiziň bellän wagty babatda hem şeýle edip bilmeýäris?

Biz liderlerimiz dillenmänka, olara hyzmat etmegiň ýollaryny agtarmaly. Muny öňünden meýilleşdiriň we döräýjek päsgelçilikleri babatda hatyrjem boluň. Biz işleri has oňat we iň ýokary derejede etmäge dyrjaşmalydyrys. Biz olaryň wekili hökmünde edýän işlerimizi ajaýyp derejede etmäge yhlas etmeli.

Eger sizden lideriňiziň tabşyrygyny berjaý etmegi haýyş eden bolsalar, ony tizara we iň oňat tärde ediň. Muny gelşiksiz eşikde ýa-da hapa ulagda etmäň. Siz öz lideriňize oňat wekilçilik etmeli. Meni ozal howa menzilinde içi zibilden we köne zatlardan hyryn-dykyn bolan ulaglarda garşylaýardylar. Men öz içimden şeýle pikir edýärdim: “Bu hyzmatyň lideri öz toparynyň agzasynyň myhmany şeýle garşy alşyny bilse, özüni nähili duýardyka? Ol diňe meni däl, eýsem meni myhman alýan çopany hem sylanog-a”.

Liza ikimiziň ellä golaý ajaýyp işgärlerimiz bar. Olaryň bize sylaýşyna haýran galýaryn. Men iş ýerime baranymda, elmyda stolumda bir stakan arassa suwuň goýlandygyny görýärin. Olar maňa bildirtmän, maşynymyň açaryny alyp, onda ýeterlik ýangyjyň bardygyna garamazdan, oňa benzin guýdurýarar. Olar maşynymyň hemişşe arassa bolmagyna gözegçilik edýärler. Köp ýyllaryň dowamynda ofis binamyzyň öňünde maşyn goýara ýerimiz bolmasa-da, işgärlerimiz meniň we Liza üçin gapa golaý ýerden ýörite ýeri boş goýýardylar.

Men ofise ýa-da mejlisler zalyna girenimde, olar ýerlerinden turup, maňa “jenap” diýip ýüzlenýärler. Olar meseläni maňa aýtmazdan ozal ony ymykly öwrenendiklerine göz ýetirýärler.

Olar meniň berjek soraglarymy öňüden aňyp, heniz sorap ýetişmänkäm, jogaplaryny eýýäm häzirläp goýýarlar. Meniň haýyş eden islendik zadym tizara edilýär we haýsydyr biz işiň ýerine ýetirilmeginde bökdençlik döräýse, olar tä şol iş bitýänçä, ony amal etmegiň tärini gözleýärler. Diňe berjaý edilmesi mümkin bolmadyk işler berjaý edilmän galýar. Ýöne bu habary maňa aýtmazdan öň, olar mümkin bolan tärleriň hemmesini ulanyp görýärler-de, maňa ilkibaşda goýlan wezipäň öwezini tutjak başga birini teklip edýärler.

Olaryň bize bildirýän hormaty güýçli we maksada okgunly. Ony öz aňymda saklamak üçin, men ilki bilen olaryň meni hormatlamak arkaly Isa Mesihi hormatlaýandyklary barada oýlanýaryn. Ikinjiden, men olaryň nähili sylag aljakdyklaryna doly aň ýetirýärin. Üçünjiden, olaryň bize näme üçin hyzmat

edýändiklerine düşünýärin: olar biziň güýjümiziň esasy maksadymyzdan başga zatlara sarp edilmegini islemeýärler. Liza ikimiz ünsümizi Hudaýyň bizi çagyran işine näçe köp gönükdirsek, hyzmatymyz şonça-da köp adama ýetýär. Mesele Şalyga hyzmat etmekde we biz birek-biregi hormatlanymyzda (biz işgärlerimizi nähili hormatlaýandygymyzy indiki baplaryň birinde gürrüň bererin), biziň her birimiz Hudaýyň göwnüni tapmakda has netijeli bolýandyrys.

Liza ikimiz öwgini, hormaty agtaramzok. Lider üçin hormaty agtarmaklyk ýa-da talap etmeklik – bu Hudaýyň ýüreginden uzak düşmeklikdir. Isa Mesih şeýle diýdi: "Men ynsanlardan öwgi agtarmaýaryn" (Ýohanna 5:41). Ol diňe Öz Atasyndan gelýän öwgini agtarýardy. Ol Öz döwründäki liderleri ýazgaryp, şeýle diýipdi: "Siz biri-biriňizden öwgüler kabul edýärsiňiz, emma ýeke-täk Hudaýyň öwgüsini gazanmaga çalyşmaýarsyňyz. Onsoň nädip sizde iman bolsun?" (Ýohanna 5:44). Bu lidereler öz şöhratparazlygyny, tekepbirligini we gözegçilik häsiýetlerini kanagatlandyrmak üçin adamlaryň öwgüsini we hormatyny agtarýardylar. Isa Mesih bolsa öwgi bilen hormaty adamlaryň hatyrasyna, aýratyn-da Öz Atasynyň hatyrasyna agtarýardy.

Biz hem imanlylar hökmünde özümize berlen öwgini we hormaty öz ýüregimizde Isa Mesihe we Ata bermelidigimize doly aň ýetirmeli; biz özümizi hormatlaýanlar üçin begenmelidiris. Atamyzyň Öz gezeginde bizi hormatlaýanlary hormatlajakdygyna doly aň ýetirýäris; olar öz sylagyny alarlar. Men şuny ýeterlik derejede nygtamasam bolmaýar: siz kim bolsaňyz-da, haýsydyr bir sebäbe görä özüňiz üçin öwgi-hormaty agtarýan bolsaňyz, onda ýaşaýşa we dogruçyllyga eltýän ýoldan sowa düşenseňiz.

## Iki esse finanslar

Men Hoş Habaryň hyzmatçylaryna iki esse hormat berlişiniň san-sajaksyz beýanatyny ýazyp bilerdim. Emma men Mukaddes Ruhuň resul Pawlus arkaly 1 Timoteos 5:17–18-däki aýdýanlarynyň aýratynlygyny heniz agzamok. Eger biz okamagy dowam etsek, onda onuň aýratyn-da maliýe meselesine salgylanýandygyny ýüze çykararys. Pawlus öz sözüni: "Işgär öz hakyna mynasypdyr" diýip tamamlaýar. Mukaddes Kitabyň NLT terjimesinde şeýle diýilýär: "Öz işini oňat berjaý edýän ýaşululara oňat hak tölenmelidir". CEV terjimesinde şeýle diýilýär: "Öz işini oňat berjaý edýän, aýratyn-da wagyz etmekde we öwretmekde köp zähmet çekýän ýygnak liderleri iki esse hak tölenilmäge mynasypdyr". Onuň GNV terjimesinde bolsa şuny okaýarys: "Liderler hökmünde işini oňat berjaý edýän ýaşulylar iki esse hak tölenilmäge mynasypdyr". Mukaddes Kitabyň AMPC terjimesinde bolsa öz işini oňat berjaý

edýän ýaşulular “laýyk maliýe goldawynyň” iki essesine mynasyp görülmelidir diýip aýdylýar.

Şeýle-de bu ruhy prinsipi Isa Mesihiň Öz şägirtlerine aýdan sözlerinde görmek bolýar: “Size dogrusyny aýdýaryn, Meniň iberen adamymy sylaýan Meni sylaýandyr, Meni sylaýan bolsa, Meni Ibereni sylaýandyr” (Ýohanna 13:20, *kabul edýär* sözi *sylaýar* diýen söze çalşyldy). *Iberen adamymy* diýen söze üns beriň. Siz Isa Mesihiň nähili şahslandyrýandygyny görýänsiňiz. Biz muny Pawlusyň bäşgyraň hyzmat barada aýdýan sözlerinde hem görýäris:

> Ine, Mesihiň Özi käbirlerini resul (ýörite iberilenler), käbirlerini pygamber (ruhlandyryjy wagyzçylar we teswirleýjiler), başga birilerini Hoş Habarçy (Hoş Habary wagyz edijiler we missionerler), öwrediji, beýleki birlerini ýygnagyň çopanlary (Onuň sürüsiniň çopany) edip belledi (Onuň Özi belledi we adamlara bolmagy berdi).
>
> – Efes. 4:11 (AMPC)

“Onuň Özi belledi” diýen sözler bäşgyraň hyzmata Isa Mesihiň hut Özüniň belleýändigini aňladýar. Bu Isa Mesihiň Bedeninde “wagyz edip, taglymaty öwretmekde zähmet çekýän” ýygnak ýolbaşçylarydyr (1 Tim. 5:17). Hudaý olary “iki esse hormatlamalygyny” aýratyn nygtaýar.

Men otuz bäş ýylyň dowamyndaky saparlarymyň birinde-de bu kadadan çykma hökmünde bolan bir ýagdaý-da gabat gelemok. Men çopana we onuň kömekçilerine oňat aýlyk tölenilmeýän ýygnaklara barýardym. Şol bir wagtyň özünde bolsa ýygnagyň köp sanly agzalary oňat jaýlarda ýaşaýarlar, oňat maşynlary sürýärer, olaryň çagalary oňat mekdebe gatnaýarlar we ş.m. Ýöne gepiň tümmek ýeri şundan ybarat: agzalaryň maliýe ýagdaýy barlanylanda, köpüsiniň kynçylyk çekýändigini ýüze çykararsyňyz. Telekeçiler we aýallar dyngysyz şowsuzlyklara, hatda uzakwagtlaýyn ýitgä uçraýarlar. Netijede bolsa köpüsi bergä batýarlar. Köp maşgalalar köplenç kynçylyklara uçrap, tygşytlap goýan serişdelerine ýaşaýarlar. Başgalaryň mätäçliginde kömek edere hiç kimiň artykmaç puly ýok ýaly görünýär. Munuň liderlere oňat hak tölenmelidigini baradaky Hudaýyň tabşyrygynyň imanlylar tarapyndan äsgerilmezliginiň netijesi bolup bilermi?

Şindi aýdýanlaryma gapma-garşy bolan zatlar muny has oňat şöhlendirýärler. Men şeýle-de ýygnagyň çopanyna we onuň kömekçilerine oňat aýlyk tölenýän ýygnaklara hem baryp görýärin. Bu ýygnaklaryň agzalary öz hyzmatçylary üçin köp gezek ýörite çäreleri geçirýärler: olara sowgat alyp berýärler, olary tagamly naharlara çagyrýarlar ýa-da rehimdarlygyň nyşany hökmünde başga

ýagşy işleri edýärler. Bu ýygnakdaky maşgalalara syn edilende, umuman, eger olar ýygnakda köpden bäri kök uran bolsalar, olar pajarlaýarlar we üstünlikli durmuşda ýaşaýarlar. Telekeçiler we aýallar üstünlikli işlere başlaýarlar we uly abadançylykda ýaşaýarlar. Olar dul aýýalara, ýekebaş ejelere ýa-da maşgala mätäçliklerine çalasyn kömek edýärler, sebäbi olaryň munuň üçin goşmaça serişdeleri bar. Umuman, ýokarda mysal getirilen ýygnaklardan tapawutlylykda, bu ýygnaklar has uzak ýerlere ýetmäge we missionerlik işine has köp bermäge ukyplydyr. Men kadadan çykmanyň ýekesini-de görmedim. Bu bizi geň galdyrmaly däl; bularyň bary hormatlamak prinsipi bilen baglydyr.

Bu barada oýlanyp görüň. Ýokarda agzalan birinji ýygnagyň toparlary öz çopanlaryna we onuň kömekçilerine ýeterlik aýlyk tölemäge öz pullaryny harç etmeýändikleri bilen öwünýärler. Olar indi Şalyk üçin has köp zatlary ederler diýip oýlaýarlar: missionerlik işine sadakalar berýärler, garyplara kömek edýärler we ş.m. Emma olar Hudaýyň ýaşululara oňat aýlyk tölemek baradaky tabşyrygyna äsgermezlik edýändikleri üçin, olar mätäçlere beýleki ýygnagyň edişi ýaly kömek edip bilmeýärler, sebäbi olaryň telekeçileri kynçylyk çekýärler we netijede has köp almaýarlar. Biz näme üçin Hudaýyň danalygynyň üstünlige eltýän ýoldugyna ýöne aň ýetirip bilmeýärkäk? Biz Hudaý üçin has köp zatlary edip bilýäris diýen pikire uýup, Onuň Öz Sözünde aýdýanlaryny berjaý etmekden saklananymyzda, bu tekepbirlik we ýalançylykdyr. Biz Hudaýdan köp bilimsireýän bolýarys, sebäbi Ol garyplary söýýär we şol bir wagtyň özünde-de Onuň Sözüniň ugrunda işleýänlere iki esse tölemelidigini aýdýar.

Hakykatyň ýoýulandygyna, munuň aýratyn-da Amerikadaky hyzmatlaryň az sanlysynyň şeýle edendigine düşünýärin. Liderler pul we maddy zatlar barada dyngysyz gürlänlerinde janym-bagrym ýanýar. Olar ýiten we ezýet çekýän janlary agtarmaga derek döwran sürýärler, ünslerini pany we lezzetden doly ýaşaýşa gönükdirýäler. Olar Hudaýyň ýürek urgusyny sypdyrdylar we hakyna tutulanlaryň ýodasyna sowuldylar. Olaryň wagyzlary indi ýoýulan, olar öz netijeliligini ýitirdiler. Şeýle liderlere Hudaýyň näme diýýändigine gulak goýuň:

> Çünki Meniň halkymyň liderleri - ysraýylyň sakçylary kör, hiç zady bilmeýärler; ählisi howpuň abanýandygyny duýdurmaýan lal itlerdir; olar ýatyp, düýş görýärler, uklamagy gowy görýärler. Doýanyny bilmeýän açgöz itlerdir olar. Olar düşünjesiz çopanlardyr; hersi öz ýoly bilen gidýär, her kes öz bähbidini araýar.
>
> – Işaýa 56: 10:11 (NLT)

“Her kes öz bähbidini araýar” diýen jemleýji sözlere üns beriň. Mukaddes Ýazgylaryň CEV terjimesinde şeýle diýilýär: “Siz öz bähbidini arap, öz goýunlaryna erbet daraşýan çopanlarsyňyz”. Ýygnakdaky zenanlary, hyzmat üçin niýetlenilen pullary we beýleki zatlary öz şahsy lezzetleri üçin ulanan käbir liderler bar (olaryň az sanlydygyna begenýärin). Olar hormatlamak baradaky hakykaty bütinleý ýoýdular. Olaryň aňlary tümlüge gaplandy – ähli niýetleri üýtgedi; hyzmat indi olara hyzmat etmek üçin berildi. Olar hakyky hyzmatyň maksadyndan – Hudaýyň halkyna mynasyp tärde hyzmat edip, azaşanlara kömek etmekden sowa düşdüler. Eger olar özgermeseler, olaryň soňy elhenç bolar.

Şunlukda, hawa, hormat baradaky prinsipe köp ýyllaryň dowamynda hyzmatda hyýanat edilýär, şeýle ýagdaýlar Mukaddes Ýazgylarda hem duşýar. Ýöne biz şuny soramaly: şeýle hyýanatçylygyň bizi Mukaddes Ýazgylaryň Hudaýyň hyzmatkärlerine iki esse finans hormatyny bildirmek baradaky tabşyrygyndan sowa düşürmegine ýol bermelimi näme? Iki ýalňyşlyk Hudýyň nazarynda asla dogry bolan däldir.

## Ýagdaýyň täsin öwrümi

Maliýe ýalkanyşlary Hudaýyň hyzmatkärlerinden saklamagyň netijesinde bolýan zatlary görkezýän iň aýdyň mysaly men öz gözüm bilen gördüm, ol meniň hyzmatymyň irki döwründe bolup geçipdi. Liza ikimiziň 120 agzasy bolan ýygnak hyzmatçysynyňka myhmançylyga barşymyz ýadyma düşýär. Bu ýygnak köp ýyldan bäri hereket edýärdi, emma onuň agzalarynyň sany 35-120 aralygynda üýtgäp durýardy. Ol şäherdäki ilatyň 250 000 adamdan ybaratdygyna garamazdan, olara ýetmekde netijeliligiň täze derejesine çykyp bilmeýärdi.

Biz şol ýerde dört gün ýygnagy geçirmelidik. Çopan bize öz öýlerinde myhman galmagymyzy haýyş etdi, sebäbi bizi myhmanada ýerleşdirmek ýygnaga kyn düşýärdi. Biz muňa razy boldyk, sebäbi biz olar bilen hyzmata başlamazdan ozal hem gatnaşýardyk.

Biz şenbe güni agşamara bardyk we bu är-aýalyň öz öýlerinde däl-de, kärendä alnan dupleksde ýaşaýandygyny gördük. Olaryň maşyny könedi, pullary hem azdy, ýöne olar özlerinde bolan zatlaryň baryny bize ulanmaga berdiler. Onuň aýalynyň myhmansöýerligi diýseň üýtgeşikdi, olar örän mähirli we rehimli jübütdi. Men onuň aýalynyň heniz hem iri uçar kompaniýasynda stýuardessa bolup işleýändigini bilenimde geň galdym. Ol aýda takmynan 15-18 günläp şäherde bolmaýan eken.

Ýygnaklar gowy geçdi, ýöne atmosferada birhili dartgynlyk duýulýardy.

Biz Hudaýyň huzuryndaky, güýjündäki we ýalkanyşlaryndaky böwsülmä ýetip bilemzokdyk. Göklerden kabul etmekligi bökdeýan bir zat bar ýalydy. Ýygnakdaky adamlar mähremdi we köpüsi Hudaýy çuňňur söýýän ýaly görünýärdi. Men ünjä batdym.

Ýygnaklaryň üçünji güni men dilegde köp wagty geçirdim. Içimdäki ruhum tolgunýardy, men meseläniň nämededigine ýa-da ondan nädip dynmalydygyna düşünmeýärdim. Dileg wagty men bu çopanyň we aýalynyň maliýe kömegini almaýyşlary barada oýlanmagymy dowam etdim. Ahyrda men Hudaýyň: “Sen muny şu gün agşamky ýygnakda çözmeli” diýýänini eşitdim.

Men adamlara öz çopanlaryny maliýe taýdan ýalkamagyň wajyplygyny öwretmek üçin bu bökdençligi nädip aýyrmalydygyny Hudaýdan soradym. Men olar üçin sadakalary hut özümiň ýygnamalydygymy güýçli duýdum. Men muny nädip amal etjekdigimi heniz anyk bilmeýärdim.

Şol gün öýlän çopan maňa: “Jon, men seniň hyzmatyň üçin sadaka ýygnajak däl. Muny seniň etmegiňi isleýärin” diýdi.

Men gapynyň indi açykdygyna düşünip, ýylgyrdym. Men sadakany öz hyzmatymyza ýygnanymdan, ony çopan we onuň aýaly üçin ýygnardym. Çopan şol agşam adamlary meniň bilen tanyş edip, men münbere çykanymdan soň maňa ýuwaşjadan şeýle pyşyrdady: “Jon, sadaka ýygnamakda doly erkinligiň bardygyny ýatda sakla”.

Men ýöne ýylgaraýdym. Men onuň hereketlerime bütinleý haýran galjakdygyny bilýärdim. Men münbere çykanymdan soň, ýygnak agzalaryndan Mukaddes Kitaplaryny 1 Timoteos 5:17-i açmagy haýyş etdim. Indiki kyrk bäş minudyň dowamynda men olara öz çopanlarynyň maliýe ýagdaýy barada alada etmegiň näderejede wajypdygyny öwretdim.

Muny magtanyp ýazýan ýaly bolmaýyn, ýöne men bu ýygnagy berk ýazgardym. Pursatlaryň birinde men şeýle diýdim: “Çopanyňyzyň aýaly näme üçin ýarym aýyny syýahatda geçirmeli? Ol öýde galyp, ýoldaşynyň ýanynda işläp bileri ýaly, bu jübüt maliýe taýdan ýeterlik üpjün edilmeli”.

Çopanyň ýüzi gitdigiçe gyzarýardy; on bu garşy durmaklygy alada edýärdi. Ol adamlaryň meni muňa özüniň yrandygy barada pikir etmeginden çekinip, birnäçe maşgalanyň ýygnakdan çykyp giderinden gorkýardy. (Men bir pursady aýdyňlaşdyrmak isleýän: ýygnaga baranymda, lideriň meniň sözlerim bilen ylalaşýandygyna gözüm ýetmezden, taglymy öwretmerin. Bu ýagdaýda welin onuň meniň bilen ylalaşyp ylalaşmaýandygyny bilemokdym. Men wagyz etdigimçe onuň ýüzünde aladanyň artýandygyny gördüm).

Şol ýygnak Rebbiň ýüregime salan sözlerini kabul etdi diýip şatlanyp aýdyp bilýärin. Wagzymyň ahyrynda men şeýle diýdim: "Şu gün agşam menden öz hyzmatym üçin sadaka ýygnamagymy haýyş etdiler. Emma biz beýle etmeris. Şu gün ýygnaljak sadaka hut çopana we onuň aýalyna berler. Hawa, galyberse-de, bu sowgadyňyz üçin salgyt indirimlerini almarsyňyz. Men siziň Hudaýyň beren sowgady, ýagny çopanyňyz üçin minnetdarlyk bildirmegiňizi isleýärin".

Biz sadakany ýygnadyk we hyzmat tamamlandy. Soňra men birnäçe adam bilen gürleşdim, çopan bolsa öz iş otagyna geçip gitdi. Ol mukaddes ýerden gidendigini görenimde, men hem onuň yzy bilen gitdim. Men ony tapanymda, onuň ýüzüniň indi gyzyl däldigini gördüm, ol indi akdy. Men habaryň oňat boljakdygyny eýýäm bilýärdim. Men ýylgyrdym-da: "Näçe sadaka ýygnaldy?" diýip soradym.

Ol mukdaryny aýtdy. Men tas özümden gidipdim. Ol ýekşenbe güni ýygnakda ýygnalýan sadakalaryň öňde-soňdakysyndan üç esse artykdy. Men sadakanyň oňat beriljekdigini, elbetde, çaklaýardym, ýöne onuň maňa aýdan mukdarynyň şeýle ululykdaky ýygnagyň berip biläýjek sadakasyndan has artyk boljakdygyny hatda göz öňüne-de getirip bilemokdym.

Indiki duşenbe güni maňa çopan jaň etdi. Ol tolgunyp: "Jon, men saňa ýekşenbe günündäki ýygnagyň ýazgysyny iberýärin" diýdi.

Onuň teklibi meniň üçin duýdansyz bolansoň, men: "Bolýar, men seniň düýnki wagzyňy diňlärin" diýdim.

Ol bada-bat şeýle jogap berdi: "Jon, men wagyz etmedim. Ýygnagymyň adamlary iki sagadyň dowamynda yzly-yzyna orta çykyp, geçen hepde öýlerinde we iş ýerlerinde bolan täsin finans gudratlary barada şaýatlyk etdiler. Men ganat baglap uçaýjak boldum, ýöne geň galmadym. Men Hudaýyň ajaýyp işi amal etjekdigini bilsem-de, bu şeýle tiz amal bolar öýtmeýärdim.

Üç ýyl geçenden soň men ýene-de şol ýygaga bardym. Olar indi öz ýygnaklaryny dükanyň foýesinde geçirmeýärdiler; olar mekdebiň binasyny abatlap, indi şol ýerde ýygnanýardylar. Bu hem hemmesi däl. Ýygnak mekdebi kärendä alanokdy, ol ony satyn alypdyr! Ýygnak agzalaryň sany bäş esse artypdy. Çopan we onuň aýalynyň maliýe aladasynyň edilmeginiň netijesinde aýaly işden çykypdyr, ýygnakdaky maşgalalar we telekeçiler pajarlaýardylar.

## "Haýsydyr bir zady halaýandygyňy aýtma"

Bu ähli edenimizi ugruna edýän zat. Eger biz ruhy liderlerimizi maliýe serişdelerimiz bilen hormatlasak, biz öz durmuşymyzda pajarlap gülläris. Men

Dr. Dewid Ço – Günorta Koreýanyň Seul şäherinde ýerleşip, dünýädäki iň uly ýygnaklaryň biri bolan ýygnagyň çopanyna seredýärin. Ol köp ýyl mundan ozal öz ýygnagyny zir-zibiliň üýşürilýän ýerinde başlapdy. Onuň dolandyryş toparynyň iki agzasynyň aýtmagyna görä, şu kitabyň ýazylýan wagtynda onuň ýygnagynda elli müňden gowrak millioner bar.

Men ony birnäçe gezek myhman aldym, onuň bilen golf oýnadym we ýoldaşlary bilen bir saçagyň başynda naharlandym. Ol adatça birnäçe tele-keçiler we hyzmatdaşlar bilen gelýär. Bu adamlar Dewid Ço barada oňat alada edilýändigine gözegçilik edýärler; olar oňa gerek zatlaryň baryny satyn alyp berýärler we meniň aýratyn üns beren zadym: ol tä saçagyň başyna geçip oturýança, başgalar oturmaz. Olar ony gaty sylaýarlar. Şäheriň gedaý etrabynda düýbi tutulan ýygnakda şeýle köp baý agzalaryň bolmagyna öz çopanlaryny şeýle sylaýandyklary sebäp bolup bilermi?

Meniň El Braýs atly bir dostum bar. Ol Demirgazyk Karolina ştatyndaky Feýtwill şäherinde ýerleşýän ajaýyp ýygnaga çopançylyk edýär. El 1980-nji ýylda golf oýnunyň muşdaklarynyň arasynda geçirilen Birleşen Ştatlaryň Döwlet ýaryşyna gatnaşypdy; ol golfy ökdelik bilen oýnaýar.

Dr. Ço öz kärdeşleri we dostlary bilen golf oýnamagy halaýar, şonuň üçin-de olaryň hemmesi onuň göwnüne diýseň ýarapdy.

Günleriň birinde Dr. Ço öz kömekçileri bilen şu ýerde, ýagny Birleşen Ştatlarda bolanda, El bilen golf oýnamagy meýilleşdiripdi. Dr.Ço bilen sapara gelen erkekleriň biri kärendä alnan maşyndan çykyp, golf klýuşkalaryny alypdyr. Ol Nýu-Ýorkdaky Bäşinji Awenýudan ýaňyja bahasy birnäçe müň dollar bolan bütinleý täze dizaýnerlik torbany satyn alan eken. El hoşamaýlyk üçin onuň nähili owadandygyny teswirläpdir. El oslaman durka, bu adam birdenkä öz klýuşkalaryny täzeje torbasyndan çykaryp başlapdyr. Ony boşadandan soň, ol Eliň torbasyndaky klýuşkalary çykaryp başlapdyr-da, olary ýaňky täzeje torba salyp başlapdyr. El bada-bat: “Ýok, dursana, edýäniň näme?” diýipdir.

Bu koreý oňa: “Men seni sylaýaryn. Men bu torbany saňa beresim gelýär” diýipdir. Meniň dostum ony duruzjak bolupdyr, ýöne bu başa barmandyr.

Birnäçe aý geçenden soň El Koreýa baranda ýene-de Dr.Ço we onuň kömekçiler bilen golf oýnamagy meýillediripdir. Ol ýörite harytlaryň dükanynda bir köwşi görende: “Beý-bä, bu köwşüň gowudygyny!” diýip teswirläpdir.

Dr. Çonuň ýanyndaky adamlaryň biri şobada bu köwşi tekjeden alypdyr-da, töleg kassasyna tarap ýönelipdir. El: “Ýok, ýok, maňa hiç köwüş gerek däl. Men diňe olaryň nähili gowudygyny aýtdym” diýipdir. Ol erkek oňa: “Ýok, jenap,

men sizi sylaýaryn, şonuň üçin-de onuň sizde bolmagyny isleýärin” diýipdir.

El bu wakany meniň paýlaşanda, mylaýymlyk bilen güldi-de, şeýle diýdi: “Dr. Çonyň ýanyndakam haýsydyr bir zady halaýandygymy aýtmagymy bes etdim, ýogsam onuň adamlary maňa ony satyn alyp bererler”. Bu imanlylar hormatlamagyň iň ýokary derejesinde gezýärler we şu sebäpli-de şeýle ýalkanandyrlar.

## Ýalkawly durmuş

Meniň Jek atly bir dostum bardy, ol eýýäm göklerde Rebbiň ýanynda. Ol örän üstünlikli we güýçli durmuşda ýaşady. Onuň hyzmaty ýüzlerçe müň adama güýçli täsirini ýetirdi.

Jek ýaş we hyzmatyna ýaňy başlan döwründe onuň çopanynyň hem Birleşen Ştatlarda örän hormatlanylýan bir ýygnagy bardy. Jek köp ýyllaryň dowamynda öz çopanyna hyzmat edenden soň ýurduň başga bir bölegine şol ýerde ýygnagyň düýbüni tutmaga iberilipdi.

Sanlyja ýylyň dowamynda bu ýygnak bäş müň adama çenli ulalypdy. Men onda Jek üçin wagyz edýärdim we biz wagtymyzy bile geçirmegi halaýardyk. Onuň öz ozalky çopanyny söýşüni, gadyryny bilşini we hormatlaýşyny maňa gürrüň berşi şu günküsi ýaly ýadyma düşýär. Ol ony öz ruhy atasy diýip atlandyrýardy. Soňra Jek şeýle diýdi: “Jon, men çopanymy görenimde, oňa her gezek müň dollarlyk çeki berýärin”. Men onuň hormatlama derejesine diýseň haýran galdym.

Onuň bu aýdanlary meni näderejede beýik sylagda ýaşaýandygy barada oýlanmaga mejbur etdi. Onuň ýygnagynyň agzalary ony çuňňur söýýärdiler. Onuň jaýlanma dabarasy dört sagatdan-da köp dowam edip, binanyň içi gelen adamlardan hyryn-dykyn boldy. Oňa bäş müň adam – diňe ýygnak agzalary däl, eýsem şol şäherde ýaşap, ýygnaga gatnamaýan adamlar hem gatnaşdy. Jemgyýetde örän köp adam ony hormatlaýardy.

## Biziň ýygnaklarymyzda

> Eziz dostum, sen doganlara, hatda özüňiň tanamaýanlaryňa-da sadyklyk bilen hyzmat edýärsiň. Olar seniň mähirli söýgiň dogrusynda imanlylar ýygnagynyň öňünde şaýatlyk etdiler. Sen olary Hudaýa mynasyp usulda ýola salsaň, ýagşy iş edersiň. Olar Mesihiň adynyň hatyrasyna ýola çykdylar we diňe imandaky

doganlarynyň ýardamyna bil baglamagy karar etdiler. Biz hakykat ugrunda bile işlär ýaly, şeýle adamlary goldamaga borçludyrys.

– 3 Ýoh. 5-8

Bütin dünýä aýlanyp, ýygnaklarda hyzmat edýän ýyllarymyzyň dowamynda men biziň toparymyz barada ymykly alada edýän hyzmatlar bilen bize adaty bir syýahatçylar hökmünde garaýan hyzmatlaryň edýän işleriniň netijeleriniň arasynda ägirt tapawudyň bardygyna üns berdim.

Men käbir ýerlere baranymda: “Olar meni näme üçin çagyrdylarka?” diýip öz-özüme sorag berýärdim. Olar bizi dargan myhmanhanalarda we motellerde ýerleşdirýärdiler, ondaky otaglarda suwly çüýşeler-de, garbanar ýaly zat-da, otaglara edilýän hyzmat-da bolmaýardy. Çopanyň iş otagynda meni gelenim üçin mähir we minnetdarlyk bilen däl-de, gaýtam *biz senden muňa garaşýarys* diýen garaýyş bilen garşylaýardylar. Käbirleri bolsa maňa: “Biziň bu ýerde edýänlerimiz wajyp iş, saňa bu ýerde çykyş etmek miýesser etdi” diýen garaýyş bilen ýüzlenýärdiler.

Meniň bilen tanyşdyranlarynda, adamlar maňa biperwaý garap oturýarlar. Siz olaryň: “Biz olaryň hemmesini eşitdik. Sizde olaryňkydan tapawutly nämäňiz bar?” diýen pikirlerini eşidýän ýaly bolýarsyňyz. Men çykyş edenimde, özümi synag astynda ýaly duýýaryn.

Şeýle ýygnaklardan çykanymda, men özümi juda ýadaw duýýaryn. Men bütin wagzyň dowamynda teşne ýüreklerden kuwwatlanman, gaýtam garşy durmaklyga garşy ruhy taýdan göreşýärin. Soňra çopan maňa çek gowşurýar, ondaky puluň möçberi şeýle bir az welin, hatda eger onuň ýygnagy her hepde bu puly alýan bolsa, onda olar oňa güzeranlaryny-da görüp bilmezdiler. Ýöne men beýle zatlaryň seýrek bolýandygyny şatlyk bilen habar beresim gelýär.

Bir bolan waka ýadyma düşýär: başga bir hyzmat bilen birlikde tutuş hepdäniň dowamynda konferensiýada çykyş etmegimi menden haýyş etdiler. Çopan şol konferensiýanyň dowamynda iki ýüz elli müň dollardan gowrak sadaka puluň ýygnanadygyny biziň bilen paýlaşdy. Men olaryň şatlygyna şatlandym. Ýöne şol ýygnakdan gaýdanymda, biziň hyzmatymyz üçin elime alty ýüz dollarlyk çeki gysdyrdylar. Çaý puly, özi-de o diýen jomart däl; 10%-ň özi ýigrimi bäş müň bolýardy. Şeýlelikde, bu ondan iki göterimden-de (0.2%) az bolýardy.

Men munuň hyzmatymyza täsir etmeýändigini öwrendim, sebäbi Hudaý biziň mätäçliklerimiziň öwezini başga ýollar arkaly elmydama dolýar. Geçmişde ýygnaklar her gezek bize şeýle “çaý puluny” (men muňa çaý puly hem diýip

bilemok, sebäbi ol çaý puluny bermekligiň standartlaryndan has pes gelýär) berenlerinde, hut şol hepdäniň özünde kimdir biri bize poçta arkaly ullakan sowgady iberýärdi ýa-da biz indiki hepde başga ýygnaga gidýärdik we ol ýerde bize juda uly sadakany berýärdiler. Men muny halaýaryn, sebäbi bu Hudaýyň bize: “Men bilýärin” diýdigi ahyryn.

Men Hudaýyň bizi üpjün etmekdäki sadyklygyny görýärdim we ony gaýgy edip ýeke gijäni-de ukusyz geçirmändim. Men bize şeýle owuntyklary beren adamlara ýüregim awaýar; olar Isa Mesihiň olara iberenlerine hormatlamak arkaly alyp bolýan beýik sylagy sypdyrdylar.

Ýöne men başga ýygnaklara-da gidýärdim; ol ýerde howa menzilinden garşy alan pursatlaryndan tä ýene-de howa menziline äkidip düşürýänçäler, meni şatlyk bilen gurşaýardylar, mähremlik we myhmansöýüjilik bilen garaýardylar. Men myhmanhadaky otagyma baranymda, ol ýerde miweli uly sebedi, dürli içgileri we tutuş hepdäme ýetjek halaýan ýeňildamaklarymy görýärdim. Olar hatda meniň işgärlerimden ýeňildamaklaryň haýsylaryny halaýandygymy soraýan eken. Men otagyma baranymda ol ýerde maňa garaşýan sowgatlary: owadan ruçka, köýnek, golf topjagazlaryny ýa odekolony tapýardym. Olar meni şol etrapdaky iň oňat myhmanahana ýerleşdirýäriler we otag hyzmatynyň bardygyna we meniň saparda hem özümi edil öýdäkim ýaly duýarym ýaly gerek zatlaryň ýerbe-ýerdigine göz ýetirýärdiler. Olar muny diňe men babatda däl, eýsem ýanymdaky kömekçilerim babatda hem şeýle edýärdiler.

Şeýle ýygnaklarda sahna çykanymda, adamlar meni güýçli el çarpyşmalar bilen garşy alýarlar. Olar Hudaýyň Öz habarçysyny iberendigine minnetar bolup, Hudaýyň Sözüni diňlemäge taýyn bolýarlar. Olar sözi ünsli diňleýärler, hyzmat wagty hiç kim hereket etmeýär, gürleşmeýär, sebäbi olar ýeke- sözi-de sypdyraslary gelmeýär. Olar hyzmat wagty Hudaýyň huzuryna şatlanýarlar we hyzmatyň ahyrynda has köp kitaplary we maksatnamalary almak üçin, resurslarymyzyň duran stoluna tarap howlugýarlar.

Bu ýygnaklar biziň ofisimiz ýa-da meniň bilen aýlap, hatda ýyllap habarlaşyp, şeýleräk teswirleri ederler: “Siz gelip gideniňizden soň biz başga ugur bilen gitdik” ýa-da “Ýygnagymyzyň işgärler topary we ýygnagymyz şondan soň özgerdi. Bu edil başga bir derejä çykylan ýaly boldy”. Men käwagt içimden gülýärin, sebäbi şondan bir hepde öň biz özümizi adaty syýahatçylar hökmünde kabul eden ýygnaga hem gidipdik. Men şol bir mowzuk, şol bir maksat bilen hyzmat edipdim, netijesi bolsa örän ujypsyz bolýardy, ol ýerden gaýdanymdan soň hiç bir teswirlerler hem edilmeýärdi. Bu ýene-de bir gezek

meseläniň mende däl-de, meniň nähili kabul edilýänligimdedigini görkezdi.

Isa Mesih şeýle diýipdi: “Sizi kabul eden Meni kabul eder, Meni kabul eden hem Meni Ibereni kabul eder”. Eger Isa Mesih siziň ýygnagyňyza çopan bolan bolsa ýa-da Ol ýekşenbe günleriň birinde ýygnagyňyza hyzmat etmek üçin baran bolsa, siz Ony nähili kabul ederdiňiz? Mesele şundan ybarat: Onuň iberenini nähili kabul edýän bolsak, Ony hem şeýle kabul edýändiris. Ony nähili kabul edýän bolsak, Atany hem şeýle kabul edýändiris.

## Rebbi hormatlaň

Hormatlamak prinsipine ýene bir gezek garap geçeliň. “Men Özümi sylany sylaryn, äsgermezlik edeni bolsa ryswa ederin” (1 Şam. 2:30).

Mukaddes Ýazgylaryň şu aýadyny kalbymyza oýup ýazmalydyrys. Daşyňyzdan: “Eger Men Hudaýy sylasam, Ol meni sylar” diýip sesli aýdyň. Muny tä ol siziň ýüregiňize düýpli ornaşýança öwran-öwran gaýtalaň. Hudaýy sylamaklyk – bu Onuň hormatyny özüňize çekmelik. Bu gaty ajaýyp hakykat! Bu meseläni öwrenmegi dowam edeliň. Biz şuny okaýarys:

> Rebbi bütin baýlygyň hem ilkinji hasylyň bilen hormatla.
>
> – Sül. 3:9

Bize Hudaýy öz emlägimiz bilen sylamaly diýip aýdylan. Mukaddes Kitabyň AMPC terjimesinde şeýle ýazylan: “Rebbi öz puluň bilen, [halal zähmetiňden gelen] ýeterlikleriň bilen hem-de ähli girdejileriň ilkinjisi bilen syla”. Onuň CEV terjimesinde şeýle diýilýär: “Hudaýy Oňa öz puluňdan bermek bilen syla”. Hudaýy sylamaklygyň bir ýoly – Oňa öz pulumyzy bermek. Meniň soragym: biz Hudaýa öz pulumyzy nädip berip bilýäris? Ol biziň pulumyzy ulanmaýar-a. Munuň jogaby sada: ony Onuň iberenine bermek arkaly.

Eger siz tutuş Mukaddes Kitapdan 1/10-ni we sadaka bermek meselesini ymykly öwrenseňiz, olaryň esasan hem üç maksat üçin berlendigini ýüze çykararsyňyz. Birinjisi – bize hyzmat etmäge bellenilen hyzmatçylary üpjün etmek üçin; olar, şu babyň başynda garap geçişimiz ýaly, iki esse tölege mynasypdyr. Ikinjiden, hyzmatyň işini amal etmek üçin hyzmatyň mätäçlikleriniň öwezini dolmak üçin. Üçünjiden bolsa garyp-gasarlara, dul aýallara, ýetimlere we gelmişeklere kömek etmek üçin niýetlenendir.

Men Mukaddes Ýazgylardan maksatlaryň her birine degişli bolan mysallaryň diňe birini siziň dykgatyňyza hödürläsim gelýär. Birinjisi Pawlusyň korintoslylara

ýüzlenip aýdan sözlerinden görünýär: “Biz arańyzda ruhy zatlary ekip, sizden maddy hasyly orsak, muny juda köp görersiňizmi? ... Reb Hoş Habary wagyz edýänleriň-de Hoş Habardan eklenmegini buýrandyr” (1 Kor. 9:11,14).

NLT terjimesinde biz şuny okaýarys: “Reb Hoş Habary wagyz edýänleriň ondan bähbit görýänler tarapyndan goldanylmagyny buýurdy”. Bu prinsip Köne Athden hem bellidir. Ruhanylar bilen lewileriň paýy – halkyň berýän ondan bir bölegine ýaşamaklyk. Olara ysraýyl halkynyň beýleki uruglaryna berlişi ýaly mellek paý berilmändi.

Ikinji sebäbi Pawlusyň Filipidäki ýygnaga ýüzlenip aýdan sözlerinden mälim bolýar:

> Eý, filipililer! Men Makedoniýadan çykyp gaýdyp, Hoş Habary ilki-ilkiler wagyz edip başlan döwrümde siziň ýygnagyňyzdan başga ýygnak maňa maddy kömegini beren däldir. Muny siziň özüňiz-de bilýänsiňiz. Siz hatda Saloniki şäherinde mätäçlik çeken döwrüm-de-de maňa gaýta-gaýta kömegiňizi ýetiripdiňiz. Meniň hemme zadym bar, artygy bilen bar. Epafrodit siziň iberen peşgeşleriňizi getireli bäri, kem zadym galmady. Bular hoşboý ysly gurbanlyk kimin Hudaýyň halaýan gurbanydyr.
>
> – Fil. 4:15–16, 18

Görşüňiz ýaly, olaryň beren pul sadaklary Pawlusa öz çagyrylan işini amal etmäge mümkinçilik berdi. Sada sözler bilen aýdylanda, jemgyýetçilik hyzmatyny alyp barmaga pul gerek bolýar. Pawlusyň öz sözlerine görä, onuň “hemme zady bardy”. Olar öz berimleri arkaly başgalara ýetmekde onuň hyzmatdaşlary boldular.

Üçünji sebäbi babatda şeýle: Köne Ähtde Hudaý ondan bir berimiň lewilere (hyzmatçylara), gelmişeklere, ýetimlere we dul aýallara bermegi tabşyrýar (Kan. 26:12). Täze Ähtde liderleriň hemmesi biragyzdan şuny karar etdiler: “Olar mätäçlik çekýän doganlary ýatdan çykarman, olara kömek etmegimizi haýyş etdiler. Men hem muny berjaý etmek üçin elimde baryny gaýgyrmadym” (Gal. 2:10).

Garyp-gasarlara gelmişekler, ýetimler we dul aýallar degişlidir. Hyzmatlara pul kömegini bermek bilen, biz asla görmedik mätäçlerimize kömek edip bilýäris.

Ozal belläp geçişimiz ýaly, biz Hudaýyň hyzmat üçin saýlan hyzmatçylaryna pul kömegini bermek arkaly, Ony sylaýarys. Şonuň üçin-de, biz şuny soramaly: Biziň günlerimizde hyzmatyň işine bermelisini bermän saklamak arkaly Hudaýy

sylamaýanlaryň sany näçe? Köp adamlar ondan birini bermeýärler, köpüsi olaryň durmuşyna ruhy hakykaty eken işgärlere sadaka bermeýärler. Olar hyzmatçylaryň pul dileýişlerini eşidýändikleri babatda zeýrenýärler we takmynan şeýleräk diýýärler: “Olar näme üçin maňa sadakalar barada aýtmazdan wagyz edip bilmeýärler? Soňky döwürde işimde kynçylyk çekýän-le”. Bu olaryň kynçylyk çekmesiniň sebäbi bolaýmasyn? Olar Hudaýyň işini ileri tutýarlarmy? Şunlukda, olar özlerini Hudaýdan has köp sylaýarlar.

> Şonuň üçin indi Hökmürowan Reb şeýle diýýär: „Öz ýaşan ýyllaryňyza ser salyp, pikir ediň. Siz köp ekip, az hasyl alýarsyňyz, iýip doýmaýarsyňyz, içip ganmaýarsyňyz, geýinýärsiňiz, ýöne ýylynmaýarsyňyz, gazanjyňyz düýbi deşik pul torba düşýär“.
>
> Hökmürowan Reb şeýle diýýär: “Öz ýaşan ýyllaryňyza ser salyp pikir ediň. Daglyga gidiň-de, agaç getiriň we Meniň öýümi guruň. Şonda Men hoşal bolaryn, şöhratlanaryn, muny Reb diýýär. Siz köp hasyla garaşýardyňyz, ýöne ol hasyl az bolup çykdy. Ony öýe getireniňizde, Men ony ýele sowurdym. Näme üçin? Meniň öýümiň haraba öwrülip ýatany üçin! Men muny siziň ählïňiziň diňe öz öýleriňiz bilen gümradygyňyz üçin şeýle etdim. Muny Men — Hökmürowan Reb aýdýandyryn.
>
> – Hag. 1:5-9

Mundan has aýdyň nädip aýdyp bolar? Mukaddes Ýazgylardan guwanýan adamlarymyzyň käbirleri hamala häzirki wagtda köp adamlaryň kyn döwürlerde pul barada aýdýan hyzmatçylara garaýşy ýaly garaýarlar diýeli. Ylýas pygamberiň döwründäki güýçli açlygyň dowamynda köp dul aýal öldi, ýöne biri welin hormatlamak prinsipi sebäpli aman galdy. Onuň we oglunyň diňe bir gezek bişirerlik uny bilen ýagy bardy, ony iýenlerinden soň olar hem ölmelidi. Emma pygamber çöregi ilki onuň özüne bişirip bermelidigini aýtdy. Beý-bä, biziň günlerimizde ýygnaklarda-da, jemgyýetçilik torlarynda-da, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde-de uly gopgun turmazmy? Köp adamlar tankytlap, şeýle diýerdiler: “Şindi açlykdan ölüp barýan pukara aýalyň zadyny neneň ediň alyp bilýäň? Sen ilki oňa bermeli”. Emma Rebbiň Sözi pygambere bu dul aýalyň ilki bilen Onuň hyzmatçysyna iýdirmelidigi barada aýtmagy buýurdy, eger ol Ony şeýdip sylasa, Hudaý hem ony sylardy. Dul aýal hut şeýle-de etdi we Hudaý wadasyny berjaý etdi; şol gurakçylyk döwründe onuň uny we ýagy asla tükenmedi (1 Pat. 17).

Biz ondan birini Hudaýyň bize iberenlerine bermän saklansak, diňe özümize zyýan edýändiris, sebäbi Hudaýy sylaýan däldiris. Hudaýyň hut Özi pygamber arkaly şeýle diýýär:

> Heý, ynsan Hudaýyň hakyny iýermi? Siz Meniň hakymy iýdiňiz! Siz bolsa: “Biz nädip Seniň hakyňy iýdik?” diýýärsiňiz. Hasylyňyzyň ondan bir bölegini bermekde we sadakalaryňyzda iýdiňiz!
>
> – Mal. 3:8

Eger men ikiden birini saýlamaly bolsadym, onda Hudaýyň hut Özüni talandan, banky talardym. Näme üçin? Sebäbi men adama garanda, Hudaýdan has köp gorkýaryn. Men ikiden birini saýlamaly bolmaýandygyma begenýärin; men banky hem hiç haçan talamazdym. Emma Hudaý: “Siz Meniň hakymy iýdiňiz” diýýär. Üns beriň, Ol: “Siz Meniň hyzmatçylarymyň hakyny iýdiňiz” diýmeýär. Ýok, biz Hudaýyň liderlerine ondan birini we sadakalary bermän, Onuň hakyny iýýäris, sebäbi Onuň iberen hyzmatçylaryna bermezlik Ony sylamazlyk bolup durýar. Onuň sözüni dowam edip, aýdýanlaryna gulak goýuň: “Öýümde azyk bolar ýaly, ondan biriňiziň baryny tutuşlygyna ammara getiriň. Meni munuň bilen synap görüň. Muny Hökmürowan Reb diýýär. Görüň, Men gögüň penjirelerini siziň üçin açyp, üstüňize dolup-daşýan bereket ýagdyrmarynmy?” (10-njy aýat).

Üns beriň, berlen ondan bir berimler üçin beriljek bereketi goýmaga ýeterlik ýer bolman, onuň dolup-daşjakdygyny Rebbiň hut Özi aýdýar. Şoňa görä-de, aslynda, bu bereket *sygdyryp bolmaýan* ýalkanyş bolar. Men hyzmatçylaryň Hudaýyň biziň maliýe we emläk ýagdaýymyzy şeýle bir bereketläp, ony goýmaga ýet tapmajakdygymyz barada aýdýandyklaryny ýyllar boýy eşidip gelýärin. Men şu aýdylýanlar bilen o diýen ylalaşyp baramok. Pul – bu haýsydyr bir zada sygdyryp bolýan zat. Eger mende dünýäniň ähli puly bolan ýagdaýynda, men ony sygdyryp bilerdim. Onda Hudaý berimlerimiz üçin beriljek sylagy sygdyryp bilmejekdigimiz barada aýdanda nämäni göz öňüne tutýarka? Munuň jogabyny Süleýmanyň pähimlerinden tapyp bilýäris:

> Rebbi bütin baýlygyň (bu siziň hyzmatçylara berýän sowgatlaryňyz we sadakalaryňyz) hem ilkinji hasylyň (bu siziň ondan bir berimleriňiz) bilen hormatla. Şonda seniň ammaryň dolup-daşar, çelekleriň täze şerapdan joşar.
>
> – Sül. 3:9-10 (ýaýyň içindäki sözler awtoryňky)

Ammarlar – bu siziň zat saklaýan ýerleriňiz. Muňa bank kartlaryňyz, şkaflar, ýangyç guýýan baklaryňyz, garažlaryňyz we ş.m. ýerler degişlidir. Biz saklamaga ýaramly zatlarymyzy hut şular ýaly ýerlerde saklaýarys. Şoňa görä-de, Onuň finanslarymyzy ýalkaýandygy hakykat. Emma alamyzda-da, sygdyryp bolmaýan ýalkanyş nähili zatka? Munuň jogabyny indiki sözlerden tapyp bileris: "çelekleriň täze şerapdan joşar". Çelek – bu şeraby saklamak üçin ulanylýan ullakan gap. Üns beriň, ýokardaky aýatda bu Hudaýyň ýalkanyşlaryny içine sygdyryp bilmeýän zatdygy aýdylýar, çünki Ol olaryň *dolup-daşjakdygyny* aýdýar. Täze şerap nämäniň nyşany bolup durýar? Mukaddes Kitapda täze şerap hemişe Mukaddes Ruhuň täze huzuryny aňladýar. Hudaý berimleriňizi ýygnak liderlerine – ýygnaklara we hyzmatlara bermek arkaly Ony sylanyňyzda, Onuň dolup-daşýan huzurynyň görnüşinde doly sylagyňyzy alarsyňyz diýip aýdýar! Bu ähli wadalarynyň arasyndan iň ajaýybydyr.

Ýöne bu hem hemmesi däl. Şeýle-de men olaryň Hudaýyň huzuryndan dolup-daşýandygyna üns berdim. Eýsem bu geň zatmy näme? Bu Hudaýyň wadasy ahyryn. Bu hakykata aň ýetirenimde, men sylag-hormatyň bolmadyk ýygnaklarda – çopanyň dawalaşan ýa-da maňa adaty bir syýahatçy kimin garanlarynda näme üçin Hudaýyň güýçli huzuryny duýup bilmeýänligim baradaky soragymyň jogabyny bildim. Adamlar jomart däldi. Ýöne olar jomartlygyny artdyryp, şeýle bolmagy dowam edenlerinde, ýygnaklarynda Hudaýyň huzury gitdigisaýy artýardy.

Eger siz şu bapda aýdylýan hakykaty alyp, Mukaddes Kitaby tutuş okasaňyz, onda Hudaýyň halky jomart sadaka beren ýerleriniň ählisinde gudratlar, erkinlik, Onuň huzury we abadançylyk boldan-bol bolandygyny görersiňiz. Biz Hudaýyň ýalkanyşlaryny satyn alyp bilmeýäris; ýöne bu Hudaýyň Öz merhemetiniň içinden eriş-argaç edip geçiren ruhy prinsipidir. Pawlusyň Makedoniýadaky imanlylar barada aýdýanlaryna gulak goýuň: "Indi bolsa, eý, doganlar, Hudaýyň Makedoniýanyň ýygnaklaryna beren merhemeti barada bilmegiňizi isleýäris. Olar agyr muşakgatlarda synalsa-da, joşgunly şatlykdan dolup-daşýarlar. Garyplygy çenden agyr bolsa-da, sahylyga baýdyrlar. Dogrudan-da, olar elinden gelen, hatda ondan hem artyk hemaýat kömegini sahylyk bilen meýletin berdiler" (2 Kor. 8:1-3).

Pawlus olaryň jomartlygyna Hudaýyň merhemetiniň gönüden-göni netijesi hökmünde garaýar. Hudaýyň merhemeti olara "elinden gelen,

hatda ondan hem artyk” bermäge mümkinçilik berdi. Merhemeti satyn alyp bolmaýşy ýaly, Hudaýyň söýgüsini hem satyn alyp bilmeýäris. Ýöne biz, gürrüňsiz, ony alar ýaly hereket edip bilýäris. Bize Hudaýyň Sözüni wagyz edýänlere iki esse finans hormatyny bildirmek arkaly, biz özümizi Hudaý tarapyndan sylanylýan orna goýýarys; bu orun öz içine merhemeti-de, söýgini-de alýandyr – bu ruhy kanundyr.

12

# Deň-duşlary sylamak

> Sizi sylan Meni sylar, Meni sylan hem Meni Ibereni sylar. Kim birini pygamberdigi üçin sylasa, pygamberiň sylagyny alar. Bir dogry adamy dogrulygy üçin sylan dogry adamyň sylagyny alar. Kim Meniň şägirdimiň hormaty üçin, bu pes saýylýanlaryň birine diňe bir käse sowuk suw berip sylasa-da, size dogrusyny aýdýaryn, ol asla sylagsyz galmaz.
>
> – Matta 10:40-42 (awtoryň teswirlemesi)

Indi bolsa derejesi boýunça bizden ýokarda duranlardan öz deňimizdäkilere tarap öwrüleliň. Biz olara ýolbaşçylyk edemzok, olar-da bize. Bu Isa Mesihiň göz öňüne tutup aýdan toparlarynyň ikinjisine degişlidir: "dogry adamy dogrulygy üçin sylan dogry adamyň sylagyny alar".

## Iki esse sylag

Şu derejede sylag-hormat bildirmekligiň mysaly hökmünde bir şaýatlygymy siziň bilen paýlaşmagy ygtyýar ediň. Birnäçe ýyldan bäri, men öz maşgalymy her ýylda deňiz syýahatyna äkidýärin. Biziň bilen ýaşan ýyllarynyň dowamynda biziň dört oglumyz Liza ikimiziň Hudaýyň Sözüni dünýä boýunça wagyz etmäge giden köp sanly saparlarymyz babatda hiç zeýrenmeýärdiler. Olar bizi goldamak bilen çäklenmän, eýsem biziň çakylygymyza höwes bilen garaýardylar. Biz her ýylyň ahyrynda Hudaýyň olary şeýle üýtgeşik dynç alyş wagty bilen sylaglaýandygyna diýseň minnetdardyk. Biziň ogullarymyz bu deňiz syýahatlaryny halaýardylar, sebäbi bize telefondan jaň edip bolmaýardy,

elektron hatlary iberip-de, alyp-da bolmaýardy. Biz tutuş hepdäniň dowamynda bütin wagtymyzy diňe olara bagyş edýärdik.

Bir gezek men deňiz syýahatyny tamamlan badymyza işgärler bölüminiň başlygyna jaň etdim. Ol meniň bilen salamlaşyp, ýaramaz bir habary aýtdy. Biz dynç alyşda bolan wagtymyz şäherimizdäki bir tanyş çopanymyz biziň wajyp wezipämizdäki işgärimizi özüne işe çekipdir. Bu işgär biziň kitaplarymyzy terjime etmek boýunça halkara hukuk meseleleriniň ählisine jogap berýärdi. Onuň wezipesi ymykly taýýarlygy we bilimi talap edýärdi, onsoňam ol bütin dünýä boýunça kitap neşirýatlary bilen işleşýärdi. Olar bilen özara düşünişmekligi we gatnaşmagy ýola goýmaklyk aýgytly ähmiýete eýe bolup, wagty talap edýärdi.

Men muňa gynandym diýsem, ýele ýanyndan gaýtdygym bolardy. Men bu çopana bolan öýke-kinäm bilen göreşýärdim. Biz bu işgäri okatmak üçin dokuz aý sarp edipdik, ol bolsa ony işe almak bilen, munuň biziň hyzmatymyza nähili täsir etjekdigini bilmek üçin maňa jaň edeýin-de diýmändir. Eger ol halas edilmän, dünýewi işde işlän bolsa, men onuň hereketlerine düşünerdim, ýöne hyzmatçy üçin başga bir hyzmatdaky işgäri muny başda lider bilen maslahatlaşman, özüne işe çekmek mesihilige gelişýän zat däldi. Galyberse-de, ol meniň dostumdy.

Men birnäçe günläp dileg edip, öýke-kinämiň hötdesinden gelmäge dyrjaşdym. Biz onuň deregine başga birini tizara nädip tapyp bileris? Men täze işgäri türgenleşdirmäge wagty ýitirmekden gorkýardym. Men erbet pikirlerime garşy göreşýärdim. Men onuň edenlerine düşünjek bolýardym, ýöne onuň edenleri akylyma hiç syganokdy. Ol neneň edip şeýle doňýüreklik etdi-kä? Birki gün geçensoň, Reb maňa dilegde ýüzlenip: “Oglum, Men seniň öz täze sagadyňy şoňa bermegiňi isleýärin” diýdi.

Deňiz syýahatynda bolanymda, men Ýamaýkada nepis bir sagady satyn aldym. Bu eco-drive Citizens firmanyň bütinleý täze görnüşidi, ol diýseň gowy görünýärdi. Men eýýäm birnäçe ýyl bäri sagat satyn almaýardym, şonuň üçin-de onuň görnükli dizaýnyna diýseň begenýärdim.

Hudaý maňa gürländen soň, Onuň danalygyna aň ýetirmäge köp wagt gerek bolmady. Ol maňa öz ýüregimde bu çopan babatda ýaýbaňlandyrýan nädogry pikirlerimden dynyp, olaryň ýerine sylag-hormaty ornaşdyrmaga mümkinçilik berýärdi. Ol meni öýke-kinäni gizlemegimden goraýardy we Onuň we şol çopan bilen gatnaşyklarymy goraýardy. Dileg wagty men ýylgyryp başladym, soňunda bolsa hezil edip güldüm. Men Atamyň danalygyna we söýgüsine agzymy açdym. Ol iki oglunyň-da bähbidini araýardy. Men Onuň haýyşyna göwünjeňlik bilen “boýar” diýdim we şobada şol çopanyň edenleri babatdaky

gahar-gazabym zym-zyýat boldy. Bu örän çalt gutulyşdy. Indi men özüm üçin gymmatly bolan zady Mesihdäki doganyma bermäge şatdygymy bilýärdim.

Ertesi gün öýlän men oňa jaň etdim. Men indi gürrüňe taýyndym, sebäbi gaharym ýatyşypdy. Ol tötänden ýalňyşan eken. Ol bu meseläni soňuna çenli pikir etmändigini boýun alyp ökünýärdi we ýürekden ötünç soraýardy. Ol indi garşy durmaklyk zerarly pikirleriniň nädogry bolandygyna düşünýärdi. Ýöne Hudaý meniň ýüregim bilen öňünden işlemedik bolsa, bu telefon gürrüňi erbet we weýran ediji gürrüňe öwrülerdi. Meniň äheňim we garaýşym gatnaşyklarymyzda kynçylyk oduny tutaşdyryp bilerdi.

Şu ýerde şuny aýdyňlaşdyrmaga rugsat beriň: garşy durmaklyk gowy zat, ýöne ol ýürekdäki dogry garaýyş bilen edilmelidir. Bu biziň öz hatyramyza däl-de, başga adamyň hayrasyna edilmelidir. Men onuň haýsy zatda bimamladygyny aýdanymda, sözlerimi oňa bolan söýgime gurşapdym, şonuň üçin-de ol aýdýanlaryma aňsat düşündi. Gürrüňimiziň ahyrynda men onuň iş ýerine barmaga rugsat soradym. Ol razy boldy we biz wagt belleşdik.

Men onuň iş ýerine baranymda, ol maňa bilesigelijilik bilen garady. Biz meseläni eýýäm çözüpdik; ol meniň näme üçin gelendigimi bilesi gelýärdi. Men oňa sagady sowgat etjek bolýandygymy aýtdym. Ol demi tutulan ýaly bolup: “Jon, maňa sagat gerekdi, meniň sagadym ýok” diýdi. Munuň şeýledigini bilmek meniň üçin ýalkanyş boldy. Men sagady gutusyndan çykardym-da, oňa deňedim. Sagat oňa bolmady, sebäbi meniň goşarym onuňkydan inçeräkdi. Mesele - biz artykmaç gelen zynjyrlaryny Ýamaýkadaky zergärçilik sagat dükanynda goýup gaýdypdyk. Men oňa şol kompaniýadan gerekli zynjyrlary sargyt etjekdigimi aýtdym. Ol muny özi etjek boldy, ýöne men sowgady bölekleýin edesim gelenokdy.

Şondan bäri biz öňde-soňdakymyzdan has ýakynlaşdyk. Ikimiz-de birek-biregi örän sylaýarys. Onuň sagady dakynyp ýörenini görenimde, ýüregim şatlanýar. Bu sagady öz elimde görenimden, onuň elinde görenim göwnüme has köp ýaraýar. Şondan bäri men ozalky işgärimi birnäçe gezek gördüm we onuň üstünliklerine hemişe begenýärin.

Ýöne her nähili bolsa-da, bize heniz-de işgär gerekdi, emma men Hudaýyň munuň aladasyny etjekdigini bilýärdim. Men gapyny Onuň üpjünçiligi üçin açyk saklar ýaly tärde hereket edýärdim.

Indi bolsa hormat sylagyny siziň bilen paýlaşmaga ygtyýar ediň. Birnäçe hepde geçenden soň işgärler bölüminiň hünärmeni şol öňki halkara hukuk goraýjymyzyň ornuna Darsi atly aýaly işe aldy. Men Darsini

häsiýetlendirenimde, ony bir ene ýolbars kimin suratlandyrýaryn. Men geçmişde Hudaýyň Sözüniň bütin dünýä boýunça imanlylaryň eline gowuşmagy üçin şeýle yhlas edýän adamlara köp duş gelmändim. Ol gelen badyna işe ýapyşdy. Bu wezipedäki ozalky işgärlerimiz nämedir bir zadyň bolaryna garaşardylar, ýöne Darsi garaşmaýardy. Ol dileg edýärdi, soňra bolsa biziň kitaplarymyzy çap etmek üçin halkara neşirýatlaryna gidýärdi.

Ozalky işgärimiz oňat işleýärdi. Ol dokuz aýyň içinde biziň kitaplarymyzyň terjimesini on sekiz dilden ýigrimi üç dile terjime edilmegini gazanypdy. Darsi bolsa ilkinji dokuz aýyň dowamynda biziň terjimelerimiziň sanyny ýigrimi üç dilden kyrk dile ýetirdi! Hawa, siz hemmesine dogry düşündiňiz. Ozalky işgärimiz terjime edlýän dilleriň sanyny 5 dil artdyrdy; Darsi bolsa şol döwür aralygynda üç esse köp – on ýedi dil artdyrdy. Şu kitabyň ýazylyp oturan döwründe bolsa biz Hudaýyň merehemeti arkaly 100 dil barada gürrüň edýäris. Mundan başga-da, biz 200-den gowrak ýurtlardaky çopanlara we liderlere 20 milliondan-da gowrak resurslary paýladyk.

Biziň işgärimizi öz tarapyna çeken şol çopany sylamadyk bolsam, şu zatlaryň bolardygyna ynanmaýaryn. Biz sylag aldyk; Hudaýyň Sözi millionlarça adamlara täsirini ýetirýär. Täze işgäriň amal eden işleriniň biri – Hoş Habara duşmançylykly garaýan ýurtlarlardaky liderlere biziň kitaplarymyzyň onlarça müňüsini gowşurmaklygy ýola gýdy. Men şeýle yzarlanýan ýurtlardaky liderleriň howpsuzlygy üçin, olaryň haýsy ýurtlara aşyrylandygyny hatda hyzmatdaşlarymyza-da aýdyp bilmeýärin.

Hudaýyň Sözüni köpden-köp adamlara ýetirip bilmek ukybyndan has uly sylag bardyr öýdemok. Emma Hudaý edýänlerini heniz tamamlamandy. Çaklap-da bilmejek bir sylag maňa garaşýan eken. Birnäçe aý geçenden soň, men şäherleiň birinde ýekşenbe günündäki ýygnakda wagyz edýärdim. Hyzmatdan soň çopan meni nahara çagyrdy. Şol nahara bir telekeçi hem çagyrylan eken. Restorandaky erkekler hajathanasyndakak, şol telekeçi menden: “Jon, nähili sagat edinesiň gelerdi?” diýip sorady.

Onuň şeýle soragyny oslamandygymy aýdyp-da oturmaýyn. Meniň dilim tutulan ýaly boldy, soňra: “Muny bilmäniňden gowsy ýokmuka diýýän” diýdim.

Ol bolsa ýeň bermän: “Ýok, Jon, men muny dogrudan-da bilesim gelýär. Sen nähili sagady edinesiň gelýär?” diýip soragyny gaýtalady.

Men onuň tutanýerliligini görüp, ahyrda şeýle diýdim: “Soňky birnäçe ýylyň dowamynda men ‘Breitling’ sagadynyň arzuwynda”.

Breitling sagatlary Bentley Motor kompaniýasynyň bir şahamçasynda

öndürilýär. Olar örän gymmat we tapmasy-da kyn bolýar. Men köp ýyl mundan ozal bir erkegiň goşaryndaky bu sagada haýran galyp synlapdym. Onuň dizaýny gözüme ýarapdy we men şeýle bir sagady edinmegiň nähili gowy boljakdygy barada oýlanypdym. Men uçmagy halaýaryn (ýogsa men uçarman-da däl) we bu sagat ilkibaşda uçarmanlar üçin döredilipdi. Biz bir gezek uly şäherde bu sagatlaryň satylýan dükanyna gabat geldik. Liza ikimiz sagadyň bahasyny görenimizde, agzymyzy öweldip galdyk; men şonda şonça puly muňa harç etmezligi kesgitli çözüpdim, ýöne heniz-de bu sagady halaýardym.

Telekeçi meniň jogabymy eşiden badyna paltosynyň ýeňini ýokary çekdi-de, ýaňy-ýakynda satyn alan Breitling Navitimer sagadynyň naýbaşy görnüşini öz goşaryndan çykardy. Ol ony meniň goşaryma dakdy-da, ýylgyryp, şeýle diýdi: “Jon, sen şu gün irden wagyz edip durkaň, Hudaý maňa bu sagady saňa bermelidigimi aýtdy”.

Men näme diýjegimi bilmän, dilim tutulan ýaly boldy-da, agzymy öweldip galdym. Eger Hudaý oňa meniň halaýan sagadymyň Breitlingdigini aýtmadyk bolsa, ol muny hiç haçan bilmezdi; munuň üstesine-de, bu sagat awiator tilsimindaki iň naýbaşy görnüşidi. Telekeçiniň goşarynda bu sagadyň bolup-bolmajak mümkinçiligi nähilidi?

Sagadyň sowgat berilmesinden soň biraz özüme gelenimde, birnäçe aý mundan ozal özümiň täzeje sagadymy çopana berşim aňyma geldi. Indi men Hudaýyň Öz aýdanlaryny, ýagny jogap hökmünde meni sylajakdygy baradaky aýdanlaryny berjaý edýändigine düşünip galdym. Ýadyňyzda bolsa, Ol şeýle diýýär: “Men Özümi sylany sylaryn” (1 Şam. 2:30). Siziň şeýle diýmegiňiz ahmal: “Ýöne, Jon, sen Hudaýy sylamadyň-a, sen çopany sylapdyň-a”. Ýadyňyzda bolsa, Isa Mesih şeýle diýýär: “Sizi sylan Meni sylar, Meni sylan hem Meni Iberen sylar” (Mat. 10:40, awtoryň parafrazy).

Men bu sagada her gezek seredenimde (şu kitaby ýazyp otyrkam, ol meniň goşarymda), Atamyň maňa beren sowgadyny görýärin. Munuň gadyry ony gidip satyn alanymdan has uludyr. Şeýle-de bu şol adamyň maňa gymmat sagady ýöne satyn alyp bereninden has manylydyr. Mesele sagatda däl-de, onuň aňyrsynda duran duýgulardadyr, olaryň bahasyna ýetip bolmaz. Hudaý Ony we Onuň hyzmatçylaryny sylaýanlara şol bir zady dürli-dürlüçe edýär.

## Söýgi mukaddes gorky bilen utgaşanda

Men şu pursada çenli şuňa aýdyň düşünensiňiz diýip umyt edýärin: hormatlamak – bu päk ýürekden söýmeklikdir. Bize şeýle aýdylan:

> Söýgiňiz ikiýüzli bolmasyn. Ýamanlygy ýigrenip, ýagşylyga ýapyşyň. Biri-biriňizi doganlyk söýgüsi bilen tüýs ýürekden söýüň. Biri-biriňizi hormatlap, başgalary özüňizden ýokary tutuň.
>
> – Rim. 12:9-10

Şu iki aýatda şeýle çuňňur many bar. Birinjiden, Pawlus hakyky söýgüde ikiýüzlüligiň ýokdugyny aýdýar. *Ikiýüzlülik* sözüniň kesgitlemesi – “hakyky häsiýetiňi ýa-da niýetiňi gizlemek” *(Webster’s,* 1828). Bu ýagdaý, mysal üçin, kimdir biriniň öz hereketleri we sözleri bilen sylaýan ýaly görnüp-de, içinden sizi tankytlaýan, size göriplik edýän ýa-da hatda ýigrenýän ýagdaýlary bilen häsiýetlendirilip bilnerdi. Ýa-da, mysal üçin, olar siz ýokkaňyz, sizi kemsidýärler, masgaralaýarlar we myjabat atýarlar. Birleşen Ştatlaryň günorta böleginde şuňa eltýän medeniýet ösendi. Biziň hemmämiz günorta myhmansöýer-ligi, Günorta ştatlaryň jentelmeni, günorta gözeli barada eşidendiris. Bu adalgalaryň hemmesi ýurduň şol bölegindäki ýaşaýjylaryna rehimlilik bilen sylag-hormatyň mahsusdygyny göz öňüne tutýar. Ýöne şeýle tärde ter-biýelenenleriň käbirleri bilen bolan zat şeýle: olar özlerinden tama edilýän zatlary hakykatdan däl-de, kiçi dilden bäri amal etmegi öwrendiler.

Men ozal Günorta ştatlarda käbir adamlaryň şeýle hereketleriniň şaýady bolupdym: olar şol ýerde bolmadyk adamlar barada gödek zatlary aýdýardylar, soňra bolsa olara duşanlarynda, hamala olary çuňňur hormatlaýan, söýýän we sylaýansyran bolýardylar. Başga bir tarapdan, ýurduň beýleki ýerlerinde hemme zat başgaça; adamlardan hiç zat tama edilmeýär, şonuň üçin-de, muny ödemek gerek bolmansoň, olar has gönümeldirler. Men ýurduň demir-gazyk-günorta böleginde ýaşaýan adamlaryndan lezzet alýaryn. Olar, adatça, eger seni halamaýan bolsalar, muny göni seniň ýüzüňe aýdýarlar. Olara gowy bolansyramany öwretmändiler; olar pikir edýän zatlaryny gönümellik bilen aýdýarlar.

Hakyky sylag-hormat ikiýüzlülik bilen edilmeýär. Ony ýalandan bildirmek bolmaýar, ýogsa bu aldawa elter, ýalandan edilen zat üçin sylag bolmaýar. Pawlus şol öňki äheňinde dowam edip, şeýle diýýär: “Söýgiňiz ikiýüzli bol-masyn. Ýamanlygy ýigrenip, ýagşylyga ýapyşyň”. Ýamanlygy ýigrenip, ýagşylyga ýapyşmaklyk – bu Rebden gorkmaklykdyr. Süleýmanyň pähimleri 8:13-de şeýle diýilýär: “Rebden gorkmak ýamanlygy ýigrenmekdir”. Rebden gorkmaklyk bizi ýalan aldamakdan saklaýar. Bu bizi ikiýüzlülikden ýaňa gözli kör bolmakdan goraýar. Hudaýyň bu babatdaky düzedişlerine ýene bir gezek garap geçeliň. Işaýa pygamber şeýle diýýär: “Bu halk Maňa ýakynlaşyp, dili, dodaklary bilen

Meni hormatlaýar, ýöne ýürekleri Menden uzakdadyr, olaryň Maňa edýän ybadaty ýat tutulan adatlardan ybaratdyr” (Işaýa 29:13, NASB).

*Ýat tutmak* sözi “sözleriň manysyny ýa-da esaslaryny hasaba almazdan, olary ýygy-ýygydan gaýtalamak” diýmegi aňladýar. Hudaý adamlaryň dilleri bilen hormatlaýandygyny, Işaýa pygamberiň kitabynyň başga bir ýerinde bolsa Ony hereketleri bilen hormatlaýandyklaryny, ýöne bularyň ýürekden edilmeýändigini aýdýar. Bu kiçi dilden bäri edilýän hormatdyr, aslynda ol bütinleý hormat hem däldir. Olar näme üçin şeýle hereketlere ýykgyn bolýarka? Sebäbi Rebden gorkmaklyk ýok, “olaryň Maňa edýän ybadaty” ýat tutulan zatlardan – endik bolan adatlardan ybaratdyr.

Şeýle ýygdaý köplenç ýygnakda hem duş gelýär. Biz ähli güýjümizi sypaýy bolmaklyga gönükdirip, ýürekden gürlemegi ýatdan çykarýarys. Size şeýle bir mysaly getireýin: Stiw ýygnaga howlugyp barýar diýeli. Ol bäş minut gijä galýar we wagtynda barmaklyk onuň üçin diýseň wajyp zat. Köp hereketli köçeden barşyna ol gözüniň gytygy bilen köçäniň beýleki tarapyndan başga ugra ýöräp barýan Jimi görýär; Jim onuň ýygnakdaky dogany, ol ony birnäçe hepde bäri görmändi. Ol şeýle pikir edýär: *“Waý-eý, Jim meni bir görmäbilsedi. Onuň bilen gürleşmäge wagtym ýok, galyberse-de, ol meniň o diýen bir halap barýan adamym-da däl”.*

Birdenkä olaryň gözleri kaklyşýar-da, Jim şobada Mesihdäki dogany bilen salamlaşmak üçin köçäniň beýleki tarapyna geçip başlaýar. Indi Stiw Jim bilen gürleşmeli boljakdygyna düşünýär, şeýtmese ol gödek görner. Şunlukda, Stiw köçeden geçip gelýän dogany bilen salamlaşmak üçin, oňa tarap ýönelýär. Ol gyssanyp baransoň, gürrüňe özi başlap: “Jim, seni görýänime şat, Hudaýa şükürler bolsun” diýýär.

Jim hem onuň bilen salamlaşyp, Stiwiň hal-ýagdaýyny soraşdyrýar.

Stiw şeýle diýýär: “Hemme zat gowulyk, ýöne şu wagt ýygnaga howlugyp barýan-da. Belki, men saňa jaň ederin we biz bir ýerde nahar başynda duşuşarys?”. Onsoň olaryň hersi öz ugruna gidýär.

Geliň, Stiw bilen Jimiň gysgajyk gürrüňine garap geçeliň. Birinjiden, ol “Hudaýa şükür, seni görenime şat” diýýär. Stiw şol pursatda Hudaý barada hatda oýlanmaýardy hem, ol muny ýöne tanyş mesihisini görende şatlygyny we imanyny *görkezmek* üçin şeýle diýmegi endik edinen. Ikinjiden, ol Jimi görmäge o diýen bir şat hem däl, ol Jim ony görmäbilsedi diýip umyt edýärdi. Diýmek, ol eýýäm birinji sözleminde hiç bir müýnürgemän, mekirlik edip aldaýar.

Hoşlaşyk wagtynda Stiw şeýle diýýär: “Belki, men saňa jaň ederin we

biz bir ýerde nahar başynda duşuşarys?” Ol Jime jaň edip, onuň bilen nahar başynda duşuşmagy asla niýet-de etmeýär. Bu onuň özüni oňaýsyz duýýan ýagdaýdan çykmagyň bir usulydyr. Bu ýene-de bir ýalan.

Stiw bilgeşleýinden ýalan aldarmydy? Ýok, aldamazdy diýip pikir edýärin. Onda ol näme üçin paş edilmäniň agramynyň astynda maýrylanok-ka? Sebäbi ol durmuşynda Rebden gorkmaklyk duýgusynyň kemterlik edýänligi zerarly ýalandan söýmegi öwrenipdir. Bu ony söýgi bilen hormaty kiçi dilden bäri bildirmek endigine iterýär, şeýle söýgi aslynda içi boş galypdyr.

Rebden gorkmaklyk bize Hudaýyň her bir pikirimizi, niýetimizi we aýdan her bir sözümizi jikme-jik bilýändigine aň ýetirmäge kömek edýär. Biz Höküm gününde hatda boş sözlerimiz üçin-de hasabat bereris (Mat. 12:36). Biz şuny okaýarys: “ Geliň, eý, ogullarym, diňläň siz meni, öwredeýin size Rebden gorkmagy... Ýamanlykdan sakla sen öz diliňi we hileli gepden — dodaklaryňy; ýamanlykdan aýryl, et sen ýagşylyk, parahatlyk agtar, onuň yzyndan galma” (Zeb. 33:12,14-15).

Wah, biz hakykatdan söýmeli, muny bolsa Rebden gorkmaklygy jan-tenden küýsemek we onda gezmek arkaly amal edip bolýandyr! Aldanmak, ýalan içinde ýaşamak nähili elhenç! Bizi bu duzakdan diňe Rebden gorkmaklyk gorap bilýändir.

## Başgalary özüňden ýokary tutmak

Pawlus Rimlilere ýazan hatynda sözüni dowam edip, şeýle diýýär: “Biri-biriňizi doganlyk söýgüsi bilen tüýs ýürekden söýüň. Biri-biriňizi hormatlap, başgalary özüňizden ýokary tutuň” (12:10). Sylag-hormat başgalary ileri tutýar, sebäbi ol başgalaryň gadyryny bilýär we olary ýokary tutýar. Pawlus bu barada ýene bir gezek başga bir hatynda şeýle diýýär:

> Şunlukda, eger Mesih bilen bolmaklyk sizi ruhlandyrýan bolsa, Onuň söýgüsinden teselli tapýan bolsaňyz, Mukaddes Ruh bilen ýakyn gatnaşyk saklaýan bolsaňyz, rehim-şepagatyňyz we duýgudaşlygyňyz bar bolsa, meniň begenjimiň üstüni ýetiriň: pikirdeş boluň, biri-biriňizi söýüň, ruhuňyz we maksadyňyz bir bolsun. Öz şahsy islegiňizden ýa-da şöhratparazlykdan hereket etmäň. Tersine, başgalary özüňizden üstün saýyp, pespäl boluň. Her kes diňe öz bähbidini däl, eýsem başgalaryň bähbidini hem arasyn. Isa Mesihiň garaýyşlary sizde hem bolsun.
>
> – Fil. 2:1-5

Başgalary özüňden ýokary tutmak – bu olary sylamaklygy aňladýar. Biz ähli işlerimizde we hereketlerimizde bu sözlerden ugur almaly, olar barada oýlanmaly we dileg wagty aňymyzda saklamaly. Eger biz olary öwrenip, kalbymyza ymykly ornaşdyrsak, bolelin ýalkanyşlarda gezeris, sebäbi bu hakyky sylag-hormatdyr.

Pawlusyň: “Isa Mesihiň garaýyşlary sizde hem bolsun” diýen sözlerine üns beriň. Men ýaş mesihikäm Rebbiň maňa aýdan sözlerini asla unutmaryn. Men maşynymy sürüp barýarkam, Onuň maňa: “Jon, Men seni Özümden ýokary tutýandygymy bilýärmiň?” diýýändigini eşitdim.

Men bu sözlerden ýaňa ünjä batyp, üstüme gaýnag suw guýlan ýaly boldum; men duşman meniň kalbyma Hudaýa dil ýetirmekligi ýa-da tekepbirligi ekjek bolýandyr öýtdüm. Tutuş älemi we ondaky ähli zady Ýaradan meni – asla hiç zat bolan adamy Özünden ýokary tutýandygyny neneň edip aýdyp bilýärkä? Men tasdan hem: “Menden aýryl, eý, iblis, sen meni masgaralaýaň” diýjek boldum. Ýöne kalbymyň jümmüşinde birhili bu sesiň Isa Mesihiňkidigini bilýärdim. Men muňa göz ýetirmelidim, sebäbi ýaş mesihilik döwrümden bäri Hudaýyň Sözüniň bize “ruhlary saýgarmagy” (1 Ýoh 4:1) öwredýändigini bilýärdim.

Men pikirlerimi bir ýere jemläp: “Ýa Reb, Sen maňa Täze Ähtden üç şaýatlyk bermeseň, men muňa ynanyp bilmerin” diýdim. Men bu sözleri aýdanymda galpyldaýardym, ýöne munuň dogry hereketdigini bilýärdim.

Men kalbymda Rebbiň meniň haýyşyma garşy däldigini duýýardym, hatda Onuň haýyşymdan göwnühoş bolýandygyny duýýardym. Men Onuň şobada: “Filipilere hatyň 2:3-de näme aýdylýar?” diýýänini eşitdim.

Men bu aýady ýatdan bilýärdim, şonuň üçin-de ony Oňa daşymdan gaýtaladym: “Öz şahsy islegiňizden ýa-da şöhratparazlykdan hereket etmäň. Tersine, başgalary özüňizden üstün saýyp, pespäl boluň”.

Isa Mesih maňa: “Bu birinji şaýatlyk” – diýdi.

Ýöne men garşy durup, şeýle diýdim: “Ýa Reb, Pawlus bärde bu barada aýtmaýar-a. Ol filipililere birek-biregini özlerinden ýokary tutmalydygy barada aýdýar. Ol Seniň maňa nähili garaýandygyň barada ýazmandy ahyryn”.

Reb: “Men perzentlerime Öz etmeýän zatlarymy et diýip aýtmaýaryn” – diýip, bada-bat jogap berdi.

Men nähäkdygymy boýun aldym.

Soňra Ol maňa şeýle diýdi: “Köp maşgaladaky kynçylyklar şu sebäpli döreýär. Ata-eneler çagalaryndan öz etmeýän zatlaryny etmegi ýa-da öz edýän zatlaryny olaryň etmezligini talap edýärler. Köp ata-eneler çagalaryna

sögüşmeli däldigini aýdýarlar, özleri bolsa olaryň göz alnynda hemişe sögüşip gezýärler. Onsoň çagalarynyň näme üçin uruşýandyklaryna geň galýarlar. Men beýle etmeýärin”.

Men heniz-de şübhelenemsoň, şeýle diýdim: “Bu Mukaddes Ýazgylardan diňe bir şaýatlyk. Maňa ýene ikisi gerek diýdim”.

Soňra men: “Haçda kim öldi, senmi ýa Men?”

Men üstümden gaýnag suw guýlan ýaly boldum.

Soňra men şuny eşitdim: “Seniň günäleriňi, keselleriňi, syrkawlygyňy, gedaýlygyňy we jezaňy Öz üstüme alyp, şol haçda Men asylgy durdum, sebäbi Men seni Özümden ileri tutdum” (Onuň Mukaddes Kitapdan maňa beren salgylanmasy Petrus 2-24-di).

Indi men Rebbiň sesini eşidendigime şübhelenmeýärdim. Ol meni Özünden has köp sylaýardy (ýokary tutýardy), ýogsa Ol meniň jezamy Öz üstüne almazdy, meniň deregime ölmezdi. Men Mukaddes Ýazgylardan üçünji şaýatlygyň ony soramazymdan eýýäm aýdylmaga taýyndygyny bilýärdim; men kalbymda şuny eşitdim: “Üçünji şaýatlyk – ‘Biri-biriňizi doganlyk söýgüsi bilen tüýs ýürekden söýüň. Biri-biriňizi hormatlap, başgalary özüňizden ýokary tutuň’” (Rim. 12:10). Soňra Ol meniň kalbyma şeýle diýdi: “Men köp sanly doganlarymyň arasynda Nowbahardyryn (Rim. 8:29) we Öz doganlarymy hem-de uýalarymy hormatlamakda olary Özümden has ýokary tutýandyryn”.

Bu elbetde diňe maňa däl, eýsem Hudaýyň hemme perzentlerine degişlidir. Ol biziň her birimizi hakykatdan-da Özünden ileri tutýandyr. Bu düşenerden has ajaýyp zatdyr. Bu Hudaýyň hakyky söýgüsidir.

Siziň: “Ýöne, Jon, bu Isa Mesih ahyryn. Biz hiç haçan şeýle söýüp bilmezdik” diýmegiňiz ahmal. Ýöne täsin bir fakt – biz muny hakykatdan-da başarýarys. Bize Mukaddes Ruhuň biziň ýüreklerimize Hudaýyň söýgüsini salandygy barada aýdylan. Munuň subutnamasyny Pawlusyň sözlerinden tapyp bolýar (Rim. 5:5). Onuň öz watandaşlary barada aýdýanlaryna gulak goýuň:

> Meniň uly gaýgym, ýüregimde dyngysyz agyrym bar. Munuň hakykatdygyna, ýalan sözlemeýändigime Isa Mesihiň adyndan güwä geçýärin. Sözlerime Mukaddes Ruh arkaly ynsabym-da şaýatdyr. Hawa, men ganybir doganlarym bolan ysraýyl halkynyň Isa Mesihden aýra düşeninden, özümiň gargyşa galyp, olaryň hatyrasyna Mesihden aýra düşmäge-de kaýyldyryn.
>
> – Rim. 9:1-3

Pawlusyň şeýle sözlerinden ýaňa heniz-de inim dyglap gidýär. Bu sözleriň päk ýürekden ýazylandygyna güman ýok, ol öz watandaşlarynyň: erkeklerdir aýallaryň halas bolmagy üçin, Isa Mesihden, gutulyşdan, bakykylykdan jyda düşmäge taýýar bolandygyny aýdýar. Bu sada adam nädip şeýle söýüp we sylap bildikä? Muny ynsan söýgüsi arkaly etmek mümkin däl, muny diňe Isa Mesihi höweslendiren Hudaýyň söýgüsi arkaly amal etmek mümkindir. Pawlus şeýle söýgini we sylag-hormaty öz kalbynda şeýle güýçli ösdürensoň, şeýle ýürek gopduryjy sözleri aýdýar. Maňa şuny hem aýtmaga ygtyýar ediň: eger ol bu aýdýanlaryny hakykatdan-da göz öňüne tutmadyk bolsa, Mukaddes Ruh bu sözleri ýazmaga asla ýol bermezdi.

Siz indi biziň ählimizde, ýagny gaýtadan doglanlarymyzda Hudaýyň şeýle güýjüniň bardygyny görýäňiz gerek? Rimliler 5:5 şuny nygtaýar: “Berlen Mukaddes Ruh arkaly ýüregimiz Hudaýyň söýgüsinden dolup-daşýar”. Hut şu sebäpdenem Isa Mesih bize şeýle diýýär: “Size bir täze tabşyryk berýärin: biri-biriňizi söýüň. Meniň sizi söýşüm ýaly, siz-de biri-biriňizi söýüň” (Ýoh. 13:34). Bu täze tabşyrykdy, sebäbi Köne Äht döwründäki adamlar şeýle söýgüde gezip bilmeýärdiler. Hudaýyň söýgüsi heniz olaryň ýüreklerine guýulmandy. “Meniň sizi söýşüm ýaly” diýen sözlere üns beriň. Ol Özüni bize bütinleý bagyş etdi. Ol Atasyndan jyda düşüp: “Hudaýym, Hudaýym! Näme üçin Meni terk etdiň?” (Mat. 27:46) diýip gygyrdy. Ol biziň baky ýaşaýşy alarymyz ýaly, garyp bolmaga, Hudaýdan jyda düşmäge meýletin razy boldy. Ol bizi iň ýokary derejede sylap-hormatlady, Pawlus hem öz watandaşlary babatda şeýle sözleri ýürekden aýdyp bildi. Eý, Atam, bize hem şeýle söýgüde gezmäge ýardam et! Sen bize güýç berdiň; biz indi ony Mukaddes Ruhuň kömegi arkaly ösdürmeli.

Eý, mähriban doganlarymyz we uýalarymyz, bu hakyky sylag-hormatdyr: biz imandaky doganalrymyzy we Isa Mesihe mätäç bolanlary özümizden ileri tutýarys, olara gadyrly we mähirli garaýarys. Bu bize Şalygyň işine – isle hyzmat, dileg ýa-da maliýe kömegi bolsun, tapawudy ýok, elimizden gelen kömegini bermäge höweslendirer. Bu bizi makedoniýalylaryň göreldesine eýermäge ymtyldyrar. Olaryň sylag-hormat bildirişi Isa Mesihiňki ýalydy, Pawlus hem olaryň söýgüsini Korintosdaky imanlylary höweslendirmek üçin ulanypdy:

> Indi bolsa, eý, doganlar, Hudaýyň Makedoniýanyň ýygnaklaryna beren merhemeti barada bilmegiňizi isleýäris. Olar agyr muşakgatlarda synalsa-da, joşgunly şatlykdan dolup-daşýarlar. Garyplygy çenden agyr bolsa-da, sahylyga baýdyrlar. Dogrudan-da,

> olar elinden gelen, hatda ondan hem artyk hemaýat kömegini sahylyk bilen meýletin berdiler. Olar Hudaýyň Iýerusalimdäki halkyna edilýän hyzmata özleriniň hem şärik edilmegini sorap, bize ýalbardylar. Bu eden tamamyzdan-da artyk boldy. Olar özlerini ilki Rebbe, soňra-da Hudaýyň islegine görä bize bagyş etdiler. Şonuň üçin biz Titusdan siziň araňyzda başlan bu haýyrly işini şol tärde-de soňuna çenli dowam etmegini haýyş etdik. Siziň imanyňyz güýçli; siz nädip wagyz etmelidigini bilýärsiňiz. Siziň düşünjäňiz, yhlasyňyz we bizden öwrenen söýgiňiz dolup-daşýar. Hakyky, siz ähli zady şeýle oňat başarýarsyňyz. Şonuň üçin-de, sahylykda-da şeýle bolmagyňyzy isleýäris. Ýok, bu buýruk däl. Beýleki ýygnaklaryň yhlasy barada aýtmak bilen, siziň söýgiňiziň näderejede hakykydygyny barlasym gelýär. Çünki siz Rebbimiz Isa Mesihiň merhemetini bilýäňiz: Ol baý bolsa-da, siziň hatyraňyz üçin garyp boldy. Isa Mesih muny Özüniň garyplygy arkaly siziň baý bolmagyňyz üçin edipdi. Siz geçen ýyl hemaýat bermekde ilkinji bolmak bilen çäklenmän, muny uly höwes bilen etdiňiz. Şunlukda, ine, meniň maslahatym: bu işi öz mümkinçiligiňizden ugur alyp bitiriň. Ony yhlasly başlaýşyňyz ýaly, yhlas bilen-de tamamlaň. Çünki hemaýat bermek höwesi bar bolsa, Hudaý ynsanyň ýok zadyna görä däl-de, elinde bar bolanyna görä kabul edýändir. Biz başgalaryň ýüküni ýeňletjek bolup, size agram salmak islämzok. Biz hemmelere deňlik bolsun diýýäris. Siziň bolelinligiňiz şu gün olaryň mätäçliginiň öwezini doldursa, ertirki gün olaryň bolelinligi siziň mätäçligiňiziň öwezini doldurar. Şeýlelikde, hemmelere deňlik bolar.
>
> – 2 Kor. 8:1-14

Pawlus Korintosdaky imanlylary Hudaýyň ähli imanlylaryň kalbyna salan söýgüsine görä ýaşamaga çagyrmak üçin, makedoniýalylaryň mätäçlere görkezen sylag-hormatyny mysal getirýär. Hudaýyň söýgüsi biziň ýüreklerimizdedir. Biz ony ösdürmek üçin, Mukaddes Ruh bilen hyzmatdaşlyk etmeli. “Bu meniň şahsyýetim däl ýa-da meniň bolşum däl” diýmäň. Bu sizi siziň ýüregiňize kanagat, täsiriňiziň astyndakylara şatlyk berjek we diňe bu durmuşda däl, eýsem gelejekde-de beýik sylaga ýetirjek ýoldan ýöremäge päsgel berer. Öz-özüňizi bökdemäň, imanly doganlaryňyzy we uýalaryňyzy sylaň. Bütin bakylygyň dowamynda hut şeýle edendigiňize begenersiňiz.

13

# Garamagymyzdaky adamlary sylamak

> Sizi sylaýan Meni sylar, Meni sylaýan hem Meni Ibereni sylar. Kim birini pygamberdigi üçin sylasa, pygamberiň sylagyny alar. Bir dogry adamy dogrulygy üçin sylaýan dogry adamyň sylagyny alar. Kim Meniň şägirdimiň hormaty üçin, bu pes saýylýanlaryň birini sylap, diňe bir käse sowuk suw berse-de, size dogrusyny aýdýaryn, ol asla sylagsyz galmaz.
>
> – Mat. 10:40-42 (awtoryň parafrazy)

Indi bolsa biz garamagymyzdaky adamlar, ýagny ygtyýarymyzdaky adamlar barada gürrüň ederis. Bu topardaky adamlar Isa Mesih tarapyndan şeýle kesgitlenendir: “Kim Meniň şägirdimiň hormaty üçin, bu pes saýylýanlaryň birini sylap, diňe bir käse sowuk suw berse-de, size dogrusyny aýdýaryn, ol asla sylagsyz galmaz”.

## Pes saýylýanlar

Mukaddes Ýagzylarda “pes saýylýanlar” diýen jümle çagalary ýa-da biziň ygtyýarymyza berlen adamlary aňladýandyr. Biz ünsümizi bularyň soňkusyna gönükdireris, maşgala durmuşynda olar biziň çagalarymyzdyr. Kiçi saýylýanlaryň köpüsi ygtyýary bolan adamlar tarapyndan zabunlyga we hatda zorluga-da duçar edilýär. Bu ýagdaý Hudaýy gazaplandyrýar, çünki Isa Mesih şuny çürt-kesik duýdurýar:

> Emma kimde-kim Maňa ynanýan bu pes göwünlilerden biriniň günä etmegine sebäp bolsa, onuň üçin boýnundan uly degirmen daşy asylyp, deňziň düýbüne zyňylmagy has gowy bolar. Ynsanlary günä duçar edýän zatlar üçin bu dünýäniň halyna waý! Beýle zatlar gelmelidir, emma bularyň gelmegine ýardam berýän adamyň dat gününe! Bu pes göwünlilerden birini äsgermezlik etmekden gaça duruň! Men size şuny aýdýaryn: gökde olaryň perişdeleri gökdäki Atamyň ýüzüni elmydama görýärler.
>
> – Mat. 18:6-7,10

Bu nähili aýňaldyjy duýduryş! Isa Mesih halyna waý! diýende, munuň dogrudan-da şeýle boljakdygyna ynanaýmaly. Näme üçin beýle zabunlyk? Hudaý – ygtyýarlygy Berýänçi; Ol söýgüdir we Ol Öz ygtyýaryny söýmek we gormak maksady bilen berýändir. Eger bu ygtyýarlyk pes saýylýanlary ynjatmak, olara zyýan ýetirmek ýa-da şahsy bähbit üçin ulanylsa, bu gönüden-göni Hudaýyň göwnüne degýändir. Siz: Bu gönüden-göni Hudaýyň däl-de, onuň adamlarynyň göwnüne degmeklig-ä” diýip pikir etmegiňiz ahmal. Emma bu beýle däl, sebäbi Isa Mesih şeýle diýýär: “Size dogrusyny aýdýaryn, Meniň bu *iň pes saýylýan* doganlarymdan birine edeniňizi Maňa edensiňiz“ (Mat. 25:40, nygtama awtoryňky). Biz öz ygtyýarymyzdakylara nähili garaýan bolsak, Isa Mesihe hem şeýle garaýandyrys. Öz çagalaryňyz, ýanýoldaşyňyz, işgärleriňiz, okuwçylaryňyz we beýlekiler bilen iş salşanyňyzda, bu ýadyňyzda bolsun.

Ygtyýarlyk berlen adamlar düzetmek we terbiýelemek işine jogap berýändirler. Käbir liderler gerek wagty düzediş bermeklige biperwaý garap, pes saýylýanlaryň büdremegine sebäp bolýarlar. Öz başyna goýlan çaga ahyr-da sagdyn bolmaga derek, zaýalanýar. Pawlus korintoslylara ýazan hatynda dogruçyl terbiýäniň ähmiýetini görkezýär: “Rebbiň maňa beren ygtyýaryny ulaldyp görkezýändirin öýtseňiz-de, men yza tesmerin. Sebäbi bu ygtyýar sizi ýumurmak üçin däl-de, berkitmek üçin berlendir” (2 Kor. 10:8 MSG terjimesi). Korintoslylara ýazylan iki hat okalanda, Pawlusyň olar babatdaky berk terbiýesini ýüze çykarmak kyn däl. Ol düzediş we terbiýe bermek baradaky öwütleri bilen bu pes saýylýanlaryň gadyryny bilýärdi. Ýöne şonda-da ol ygtyýarlygyň oňa berkitmek maksady bilen berlendigini kesgitli aýdýar, bu bolsa öz içine hyzmat etmegi we goramaklygy hem alýandyr. Siz lider hökmünde öz-özüňizden: *“Eýsem bu meniň niýetimmi?”* diýip soramaly. Eger siz pes saýylýanlary sylaýan bolsaňyz, siziň niýetiňiz şeýle bolar, şoňa görä-de, siz gerek wagty düzediş berersiňiz.

Beýleki bir tarapdan bolsa bütinleý tersine edýänler bar. Olar öz ygtyýarlyklaryny şahsy bähbitleri üçin ulanyp, bu pes saýylýanlaryň büdremegine sebäp bolýarlar. Olaryň düzedişi zyýan ýetirýär. Olar ýüreklerinde dileg we oýlanmalar arkaly öz garamagyndaky adamlara bolan söýgini ösdürmediler. Biziň ýüreklerimiz garamagymyzdaky adamlaryň pajarlap ösüşini görmek ugrunda lowlap ýanmalydyr. Bu adamlar ýalňyşarlarmy? Elbetde ýalňyşarlar. Öz ýaşlygyňyzy we kämilsiz bolan döwrüňizi ýatlaň, ýa muny şeýle tiz unudaýdyňyzmy? Men özümden ýokarda duranlaryň başyna inen musallatdym. Men samsyk ýalňyşlary edýärdim, günä edýärdim. Men hyjuwlydym, soňuna çenli oýlanman hereket edýärdim we ýerliksiz ýere nadan we bolgusyz zatlary aýdýardym. Meni taşlamandyklary üçin öz liderlerime diýseň minnetdardyryn.

Köp ýyl mundan ozal işgärleri işe alyp başlan döwrümiz ýadyma düşýär. Biziň sanlyja işgärimiz bardy (şu kitabyň ýazylýan wagty biziň elliden gowrak işgärimiz bar). Olaryň ýalňyşy bizi uly ünjä goýýardy. Liza bir pikiri aýdyşym ýadyma düşýär, meniň pikirimçe ol pygamberlik sözi bolup, ikimize-de düzediş we düşünje berdi. Men Liza: “Hudaýyň ygtyýarymyza beren adamlaryna bizden hiç zat gerek bolmasa, onda Hudaý olary näme üçin biziň ygtyýarymyza berdikä?” diýdim. Biziň ikimiz-de ylalaşyp, başymyzy atdyk.

## Ýygnak liderligi

Men köp ýyllaryň dowamynda syýahat etmek bilen, ýygnaklaryň müňlerçesine baryp gördüm we ol ýerlerde dürli-dürli liderlige duşdum. Men aýratyn hem döredijilikli pikir etmegi başarýan liderlere begenýärin. Olar Hudaýyň öýüni adaty däl usullar arkaly bina edýärler. Biziň usullarymyz heniz halas bolmadyklara has mährem bolmaga ymtylýar. Ýygnakdaky atmosfera iman etmedikleriň ýygnaga degişli bolmadyklar üçin nätanyş bolan köne urp-adatdaky şertlerde däl-de, eýsem özlerini gadyrly myhmanlar kimin duýarlary ýaly tärde gurnalýar. Biz resmi egin-eşigi, ýigrimi ýyl mundan ozal aýdylan aýdymlary, ýygnak adalgalaryny ulanmaklygy bes edýäris. Biz bildirişleri ýa-da wakalary paýlaşmak üçin ozal dünýewi diýip hasaplanan multimediany we başga zatlary ulanýarys. Men özüm-ä munuň Hudaýdan gelen danalykdygyna ynanýaryn.

Bellik hökmünde şuny ýatda saklaň: Hudaý göwne ýaramly usullaryň tarapdarydyr. Resul Pawlus Korintoslylara ýazan birinji haty 10:33-de şeýle diýýär: “Çünki men öz bähbidimi araman, köpleriň halas bolmagy üçin olaryň bähbidini araýaryn, her zatda her kesi razy etmäge dyrjaşýaryn. Men Isa

Mesihiň göreldesine eýerişim ýaly, siz hem meniň göreldäme eýermelisiňiz". Pawlus "her zatda her kesi razy etmäge dyrjaşýaryn" diýende, usuly göz öňüne tutýandyr. Ol azaşanlary halas etmek üçin, Isa Mesihiň göreldesine eýeripdi. Ýöne welin Hudaý göwni awlajak bolýan wagyzlara garşydyr. Şeýle wagyzlar babatda şol bir Pawlus çürt-kesik şeýle diýýär: "Eýsem men adamlara ýaranjak bolýarynmy? Eger men adamlara ýaranmakçy bolsadym, onda Mesihiň hyzmatçysy bolmazdym" (Gal. 1:10). Biz adamlary köpden-köp gazanmak üçin ýoýulan Hoş Habary wagyz etmeli däldiris. Eger biz şeýle etsek, onda ýalan şägirtleriň ýygnagyny dörederis, olar bolsa şol beýik günde Isa Mesihiň: "Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!" (Mat. 7:20–23) diýen sözlerini eşiderler. Olaryň gany biziň boýnumyzda bolar. Pawlus liderler toparyna şuny habar berýär: "Men hiç kimiň ganyna jogapkär däldirin. Sebäbi men Hudaýyň ähli islegini size wagyz etmekden boýun towlamadym" (Res. 20:26–27). Biz Mukaddes Ýazgylardan diňe göwne ýaraýan parçalary wagyz etmeli däl; biz duýdurmaly we düzetmeli hem (ser. Kol. 1:28).

Isa Mesih bize Mukaddes Ruh gelende "dünýäniň günä edýändigini paş eder" diýip aýdyň aýdýar (Ýoh. 16:8). Azaşanlary agtaryp tapmak üçin göwni awlaýan wagyzlary bilen günä içinde ýaşaýanlary paş etmeýän jemagat Aýanlyk kitabynda gürrüňi edilýän Laodikiýadaky ýygnakdan hiç tapawudy ýokdur. Bu ýygnak Isa Mesih tarapyndan gusulmaga golaýlapdy, sebäbi olar Oňa Öz Mukaddes Ruhy arkaly mukaddes päklenmäni getirmegine ýol bermediler. Isa Mesih bu ýygnaga ýalbaryp: "Ine, men işikde duryn, gapyny kakýaryn" (Aýan. 3:20). Şeýle ýagdaý göwni awlaýjy wagyzlaryň juda howpludygyny görkezýär.

Göwni awlaýjy wagyzlar usuly barada Palus şeýle hem diýýär:

> Çünki ähli talaplardan we tamalardan azat bolsam-da, men köp adamlary: dinçileri-de, dinçi dälleri-de, ownukçyllary-da, pelsepeçileri-de, ömrüni ýitirip barýan günäkärleri-de, urlup-ýenjilenleri-de, azgynlary-da gazanmak üçin hemmeleriň guly boldum. Men olar kimin ýaşamadym. Men Isa Mesihe garaýardym, ýöne olaryň dünýäsine aralaşyp, ähli zada olaryň nukdaýnazaryndan garamaga synanyşdym. Men öz duşanlarymy baky ýaşaýşa ýetirjek bolup, hemmelere her zat boldum.
>
> – 1 Kor. 9:19-22 (MSG)

"Olaryň dünýäsine aralaşyp, ähli zada olaryň nukdaýnazaryndan garamaga synanyşdym" diýen bu sözler barada oýlanyň. Ýaňy-ýakynda ýüzlerçe çopanyň

öňünde çykyş edenimde, men olara ýalbaryp, öz hyzmatlaryna myhman hökmünde baryp, oňa ýygnaga degişli bolmadyk adamyň nukdaýnazaryndan baha bermeklerini haýyş etdim. Soňra men sözümiň üstüni ýetirip, şeýle diýdim: Eger siz dogryňyzdan gelip, aç-açan bolsaňyz, onda aglaba bölegiňiz öz hyzmatlaryňyza köp sanly üýtgeşmeler girizerdiňiz".

Isa Mesihiň bedeninde biz aragatnaşygyň we tehnologiýalaryň öňki hatarlarynda bolmalydyrys. Dünýä biziň döredijiligimizden we innowasiýalarymyzdan ylhamlanmalydyr. Näme üçin dünýewi arenalar kämil gurallara eýe bolup-da, Hudaýyň Şalygyna ikinji derejedäki zatlar berilmeli? Ýok, Danyýel bilen beýleki ýewreýleriň dünýädäki iň güýçli şalygy Babylyň ogullaryndan has paýhasly boluşlary ýaly, bizi hem täze pikirler üçin agtarmaladyrlar.

Geliň, Hudaýyň Sözüni Mukaddes Ruhuň güýjünde hiç bir ýüz görmezden ykrar edeliň we ony öwredeliň. Ýöne muny ýygnaga degişli bolmadyklaryň hem özleşdirip bileri ýaly bir tärde edeliň. Biziň habarlarymyz gulak asmaýanlaryň we halas bolmadyklaryň ýüreklerini paş etmelidir. Biz Isa Mesihe bütinleý tabyn bolmaga çagyrmalydyrys, bu bolsa günä, hudaýsyzlyk we dünýewi höwesler babatda toba edip, Oňa eýermek üçin durmuşymyzy 100% bermeklik bilen utgaşdyrmagy aňladýar. Mesihi bolmaklyk ruhubelentlik bilen döredijilikli potensialy ýitirýändigimizi aňlatmaýar. Ýok, biz gaýtam Isa Mesihde bu häsiýetleri boldan-bol tapýarys. Eger biz pes saýylýanlary sylasak, onda wagtymyzy olaryň bähbidi üçin döredijilikli pikirlenmäge sarp ederis. Bu bolsa Hudaýyň ýüregini şatlandyrýar.

## Durmuşy kuwwatlandyrýan ýa-da tapdan düşürýän

Indi bolsa Petrusyň ýygnak liderlerine aýdýanlaryna gulak goýuň:

> Men Mesihiň çeken ejirleriniň şaýady we Onuň aýan boljak şöhratynyň şärigi hökmünde araňyzdaky özüm ýaly ýolbaşçylardan (çopanlardan, ýygnagyň ruhy ýolbaşçylaryndan) şulary haýyş edýärin: çopanlaryň öz sürüsine seredişi ýaly, siz hem Hudaýyň özüňize ynananlary barada alada ediň (iýmitlendiriň, goraň, gönükdiriň). Muny (bu siziň jogapkärçiligiňizdir) mejbury däl-de, meýletinlik bilen ediň. Olara betnebislik bilen däl-de, uly höwes bilen (wezipä degişliligiňiz bilen) gözegçilik ediň. Gol astyňyzdakylara (ýygnaga) agalyk etmezden (ulumsylanman, başlyksyraman we özdiýenli bolman), ýagşy görelde (mesihi durmuşyň mysallaryny we nusgasyny) görkeziň.
>
> – 1 Pet. 5:1–3 (AMPC)

Siz ýigrimi birinji asyrda duş gelýän ýolbaşçylyk tärlerini sypatlandyrmak üçin köp dürli adalgalary ulanyp bilersiňiz: adaty, progressiw, kanunçylyk, toparlaýyn, diktatorlyk, mümkinçilikleri artdyrýan, mikromenejment; bu sanawy dowam etseň edibermeli. Ýöne siz bu ägirt sanawy iki: durmuşy kuwwatlandyrýan we tapdan düşürýän diýen iki esasy görnüşe çenli azaldyp bilýänsiňiz. Bu iki görnüşiň tapawudy lideriň ýüregi arkaly kesgitlenýändir.

Käbir liderler köp zatlary gazanan ýaly görünýärler, ýöne yzynda urlan, ýaralanan we hatda öli şägirtleri galdyrýarlar. Başga birleri bolsa köp zatlary gazanyp, öz yzyna eýerýänlere hemişe öwüt berip gezýärler. Bularyň aglabasy lideriň ýüreginde sylag-hormatyň bolup-bolmazlygyndan gelip çykýandyr.

Öz görnüşlerini amal edýän erkekdir aýallar hyzmaty iki dürli usulda gurnap bilýärler. Hormat-sylagy bilmän, pes saýylýanlaryň büdremegine sebäp bolýan lider adamlara öz hyzmatyny amal etmekdäki gural hökmünde garaýar. Durmuşy bina edýän hakyky lider bolsa öz görnüşine adamlara hyzmat etmekdäki gural hökmünde garaýar. Şeýle lider öz garamagyndaky adamlary sylaýar. Bu ýürek niýetiniň adamlary iki dürli netijä eltişi gaty täsin zat. Isa Mesih şeýle diýýär: “Danalyk öz amallary bilen tassyklanar” (Mat. 11:19). Men ýygnaklarda duýgy taýdan tapdan düşen adamlary gördüm (olaryň seýrek duş gelýändigine şat), başga bir ýygnaklarda bolsa sagdyn adamlary we maşgalalary gördüm. Bularyň bary hormat-sylag meselesi bagly bolup durýandyr.

Garamagyndakylary sylaýan lider adamlaryň ösüşine ýardam berer. Onuň iň uly şatlygy – öz garamagyndaky adamlaryň Hudaý bilen ýakyn gatnaşykda bolup, öz durmuşyndaky çagyryşlarynda pajarlamagy. Mesihilik durmuşynyň bu iki tarapynyň utgaşmasy hakykatda gezmegi aňladýandyr. Ýohannanyň öz garamagyndaky adamlar barada aýdýanlaryny görüň: “Doganlar gelip, seniň sadyklyk bilen hakykata eýerip ýaşaýandygyňy habar berenlerinde, meniň şatlygymyň çägi bolmady. Meniň üçin perzentlerimiň hakykata eýerip ýaşaýandyklaryny eşitmekden uly şatlyk ýokdur” (3 Ýoh. 1:3-4).

Hakykatda gezmek – bu Hudaýy tanamaklygy we Oňa hyzmat etmegi aňladýar. Isa Mesih Höküm gününde Onuň hatyrasynda beýik işleri amal eden adamlaryň boljakdygyny, ýöne Onuň: “Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!” diýjekdigini aýdýar. Bu adamlar halas bolmaklygyň iň wajyp tarapyny – Hudaýy ýakyndan tanamaklygy sypdyrdylar. Oňat liderler Hudaý bilen gatnaşygy saklamalydygyny nygtarlar.

Şonda başga bir adamlar topary: Hudaýy tanaýandyklaryma garamazdan, Onuň göwnüne örän ýaramadyk adamlaryň topary-da bolar. Bu adamlara Onuň öýüni bina etmek üçin peşgeşler ynanylypdy, ýöne olar bu jogapkärçi-

liklerine geleňsizlik edipdiler. Şol gün Mugallym öz talantlaryny gömen adamlara şeýle diýer: “Eý, erbet hem ýalta hyzmatkär!” (Mat. 25:26).

Her bir imanlynyň Hudaýyň öýüni bina etmekde öz çagyryşy bardyr. Efesliler hatynyň 2:10-da şu aýdyň aýdylan: “Hudaý bizi Isa Mesih arkaly ýaratdy. Ol bizi owaldan taýýarlap goýan ýagşy işlerini etmegimiz üçin ýaratdy”. Biz diňe kimdir biri bolmak üçin däl-de, eýsem haýsydyr bir zady etmek üçin ýaradyldyk. Adamlaryň öz taglymlarynda deňagramlylygy ýitirmegi gynandyryjy zat. Men wagyzçylaryň: “Mesele biziň näme edýändigimizde däl-de, kimdigimizde; biz ynsan işleri däl-de, ynsan barlygy” diýip aýdýandyklaryny eşidipdim. Bu ýakymlyja söz oýnatmasy, ýöne ol mesihi durmuşynynyň deňagramsyz ýagdaýynyň beýanatydyr. Hawa, biz iman edenimizden soň öz ýükümizden dynýarys. Ýöne Mukaddes Ýazgylar bize halas bolan badymyza Onuň işine goşulýandygymyzy görkezýär. Biz miwe getirmeli, bu biziň imanymyzyň hakykydygynyň subutnamasydyr (Ýak. 2).

Biziň kimdigimizi nygtap, öz çagyrylan işimizi inkär etmegi öwredýän taglymlar adamlary ýygnaga gatnamaga höweslendirip, olary Hudaýyň öýünde ekilip, işjeň bolmakdan saklaýandyr. Adamlar ýygnakda kök ursalar, öz çagyryşlarynda güllärler, bu bolsa olary Isa Mesihiň kazylyk Kürsüsiniň öňünde uly baky sylaglara ýetirer. Biz Isa Mesihde belli bir işleri amal etmäge ýaradylypdyk; bu işler biz heniz ene ýatgysynda emele gelmänkäk meýilleşdirilipdi; biz ozaldan taýynlanyp goýlan jogapkärçiligimiz babatda hasabat bereris (Zeb.139:16).

Sylaýan lideriň maksady – pes saýylýanlaryň hakykatda gezýändigi görmek we öz ýoluny dowam etdirmek. Hakyky atalar we eneler öz perzentleriniň özlerinden has köp üstünlik gazanmaklaryny isleýärler. Isa Mesih bize Öz islegini mälim etdi: Onuň amal eden işlerinden has beýik ileri amal etmek. Biz hem öz yzymyza eýerýänlere şeýle ýürek bilen garamalydyrys. Ýohannanyň öz hatynda aýdyşy ýaly, liderler öz garamagyndaky adamlaryň hakykatda gezişlerini görmekleri üçin jan-tenden yhlas etmelidirler. Bu biziň üçin iň uly şatlyklarymyzyň biri bolmalydyr.

## Şu zatlar barada oýlanyň

Paýhasly we uzakwagtlaýyn liderler – öz üstünliklerini olara hyzmat edýän adamlaryň adyna geçirýän liderlerdir. (Ähli abraý, hormat, minnetdarlyk we şan-şöhrat, elbetde, Hudaýa degişlidir, ýöne biz Hudaýyň adamlary ulanýandygyny unutmaly däldiris). Lider öz toparyndaky işgärlerine bolan

hormatyny olaryň yhlasyny taryplamak arkaly mälim edip bilýändir. Bu kiçi dilden bäri däl-de, tüýs ýürekden bildirilýän hormatdyr. Men lider hökmünde öz tabşyrygymyzy berjaý etmäge kömek edýänleriniň gadyryny oňat bilýärin; olar – gökden berlen peşgeşlerdir. Men öz işgärlerimiz barada ýaramaz pikir etmekden özümi saklaýaryn. Şeýle etmek bilen, men öz ýüregimde olara bolan hormatymy saklaýaryn. Pawlus bize şeýle diýýär:

> Umuman, eý, doganlar, hakyky, hormata mynasyp, dogry, päk, ýakymly, ajaýyp näme bar bolsa, şol barada oýlanyň. Hawa, ýagşy we öwgä mynasyp zatlar barada oýlanyň (olary hemişe aňyňyzda saklaň).
>
> – Fil. 4:8 (AMPC)

Nikamyzda Lizadan göwnümiň geçen döwürleri ýadyma düşýär. Men onuň bilen özümi bagtly duýmaýardym. Meniň oňa bolan erbet garaýyşlarym köp aýyň dowamynda gitdigisaýy artýardy. Ýagdaý gowulaşman, gaýtam erbetleşýärdi. Agzalalyk pursatlarynyň birinde men gapydan çykdym-da, meýdana tarap ýöneldim. Men onuň golaýynda bolasym gelenokdy. Men ýolboýy özüme we Rebbe Liza barada zeýrenýärdim. Men meýdana baryp ýeten badyma, öz ýüregimde şuny aýdyň eşitdim: "Oglum, Men seniň Lizanyň oňat edýän zatlary barada oýlanyp, munuň üçin Maňa minnetdarlyk bildirmegiňi isleýärin".

Men şol pursatda, elbetde, oňat zatlaryň pikirini-de edip bilmeýärdim. Emma welin bir häsiýeti barada oýlanmagy başardym: ol oňat ejedi. Men öz lapykeçligimde öwga mynasyp ýene köp zatlaryň boljakdygynyň pikirini etmändim. Men Lizanyň oňat eje bolup bilýändigi üçin Hudaýa minnetdarlyk bildiren badyma onuň başga bir häsiýeti hakydama geldi. Men Lizanyň şol häsiýeti üçin Hudaýa minnetdarlyk bildiren badyma, hakydama başga bir häsiýeti geldi. Bu diýseň köp wagtlap dowam etdi we men ahyrda nähili ajaýyp aýalymyň bardygyna haýran galdym. Käbir gyzykly zatlar bolup geçdi: men öz ýagdaýymyza bütinleý başga nukdaýnazardan garap başladym; bu maňa özümiň ondan göwnümiň geçen tutuş döwrümiň dowamynda ýaramaz är bolandygyma düşünmäge ýardam berdi. Men hakykatdan-da özüme geldim we indi hemme zady aýdyň görýärdim. Bu Hudaýyň gözleriniň görýän zatlarydy.

Men öýümize dolanyp geldim-de, onuň ähli häsiýetlerini sanap başladym. Men muny halaýardym we aýtmagymy dowam edýärdim. Men muny dowam ediberdim, bu meniň ýüregimden dökülýärdi. Men meýdana gidenimde, ol gaharly görünýärdi; biziň gatnaşyklarymyzy dikeltmäge wagt gerek bolardy.

Emma men ony tüýs ýürekden hormatlanym üçin, aýdýanlarym ýüregimdem döküldi durdy we bu bada-bat ýaraşmagymyza ýardam berdi. Şol günden başlap biz nikamyza şypanyň we dikeldilişiň gelşini gördük we şol döwürde bolan zatlara gaýdyp dolanmadyk.

Biz Filipililere hatyň 4:8-de tabşyrylan zatlary berjaý etsek, çagalarymyz, işgärlerimiz, okuwçylarymyz we ýygnak agzalarymyz babatda hem hut şeýle bolar. Öz garamagyňyzdaky adamlar babatda ajaýyp, oňat we ýakymly zatlary pikir ediň. Olaryň Atamyz üçin nähili gymmatlydygy barada oýlanyň; olar Onuň ogullary we gyzlary. Eger olar halas edilmedik bolsalar, onda ünsümizi Isa Mesihiň olar üçin ölmegine olaryň mynasyp bolandygy baradaky pikirde jemläň. Eger şeýle etsek, öz ýüreklerimizi hormatsyzlykdan goraryş. Biz ýalkanarys.

Ýene bir gezek ýatladaýyn: bu gerek wagty düzediş bermekden saklanmalydygymyzy aňlatmaýar. Emma düzediş bermeli bolsak, biz muny gysga we netijeli edýäris. Biziň çagalarymyz we işgärlerimiz içimizde kitüw saklamaýandygymyzy bilýärler. Olar biziň berk bolup bilýändigimizi gördüler, ýöne düzediş amal bolansoň, biz olar bilen degşip gülşeris. Men bu sapagy Hudaýyň hut Özünden öwrendim. Biz Onuň düzedişine seslenen badymyza, Ol bizi bagyşlaýar we unudýar. Ol öýke-kine saklamaýar. Ol biziň masgaraçylygymyzdan yz galdyrmaýar, muny diňe duşman şeýle edýändir. Hudaý bolsa biziň ýalňyşlarymyzy unudylma deňzinde gark edýär. Onuň bizden bar soraýan zady – şol bir ýalňyşy gaýta-gatda etmezligimiz üçin, Onuň düzedişlerinden sapak almagymyzdyr. Atamyzyň biz babatdaky söýgi, hormat we umyt baradaky pikileri bütin ýer ýüzündäki çäge dänejikleri kimin sansajaksyzdyr (ser. Zeb. 138).

Liderler pes saýylýanlary sylanda, bu öz gezeginde olaryň durmuşyna Hudaýyň peşgeşlerini getirýär. Olaryň peşgeşleri pajarladygyça, lider öz gezeginde munuň bähbidini görýär, sebäbi onuň görnüşi guramada birleşen ähli peşgeşler arkaly amala aşýandyr. Men duş bolan çopanlarymyň käbirlerine haýran galýaryn, olar öz işgärleri bilen ulumsylyk bilen gürleşýärdiler. Bu liderler işgärleri hamala akmak ýaly, olar bilen gödek, buýruk beriji äheňde gürleşýärler. Soňra bolsa men şol bir liderleriň: “Men işine ökde adamlary tapyp bilemok. Maňa diňe saýlama işgärler gerek” diýýändiklerini eşidýärdim. Geň galasy zat ýok. Olar öz işgärleriniň gadyryny bilmeýärler, şoňa görä-de olary sylamaýandyklary zerarly hiç bir sylag almaýarlar.

## Maliýe meselesi

Biz liderleri pul bilen sylaýşymyz ýaly, pes saýylýanlary hem şeýle sylaýarys. Birnäçe ýyl mundan ozal men Lizanyň kömekçisine onuň şahsy pul maýalary babatda kömek edýärdim. Biz onuň her aýdaky býujetini hasaplap belleýärdik. Şol döwürde biz öz işgärlerimize Kolorado-Springsdäki ministirliginiň kesgitlän standart aýlyk hakyna görä zähmet hakyny töleýärdik. Men onuň çykdajylaryny hasaplap görenimden soň, onuň güzeranyny kynlyk bilen dolaýandygyny gördüm. Men şobada: "Sen bu aýlyga oňat ýaşap bilmeýärsiň" diýip batly aýtdym. Gapdalymda duran aýalym meniň aýdýanlarym bilen doly ylalaşdy.

Men şobada maliýe bölümimiziň direktoryna jaň etdim-de: "Men edil şu pursat Lizanyň kömekçisine onuň býujetini hasaplaşdym. Biz oňa ýeterlik aýlyk tölämzok. Biziň işgärlerimiziň hijisi beýle pes aýlyga ýaşamaly däl. Men ähli işgärlerimiziň ýyllyk haklarynyň şu aýlyga (men möçberini aýtdym) çenli galdyrylmagyny isleýärin. Olar poçta üsti bilen zat iberýärmi ýa telefon arkaly jaň edýärmi – tapawudy ýok".

Telefonyň aňry çetinde biraz wagtlyk ümsümlik aralaşdy, soňra bolsa maliýe direktorymyz şeýle diýdi: "Eger siz şeýle etseňiz, onda siz şäherde iş babatda iň halanylýan hyzmata öwrülersiňiz".

"Biz muny onuň üçin edemzok. Biziň toparymyzyň agzalary öz durmuşlaryny biziň bilen bile Hudaýa hyzmat etmeklige bagyş edýärler; olar oňat öwezlik tölegine mätäç" diýip jogap berdim.

Şol gün işgärlerimiziň köpüsiniň aýlyk haklary gowy galdyryldy. Bu bütinleý duýdansyz waka boldy we olar bu habary minnetdarlyk bilen kabul etdiler. Ýaş zenanlaryň biri indiki hepde işden çykmagy meýilleşdirýän eken. Onuň maliýe ýagdaýy juda agyrlaşansoň, ol başga ştatdaky maşgalasyna dolanmakçy bolupdyr. Şol gün onuň ýyllyk zähmet haky bäş müň dollar galdyryldy. Ol işden çykmady.

Ol şol wakadan soň biziň bilen birnäçe ýyl işleşdi we şondan soň köp wagt geçmänkä, bölüm müdiri derejesine çenli ýokary çekildi. Ol biziň iň netijeli we gadyrly işgärlerimiziň biri boldy. Ol biziň bilen işleşen ýyllarynda günsaýyn däl-de, sagatsaýyn ösýärdi. Men onuň maliýe ýagdaýy zerarly işden çykyp giden ýagdaýynda onuň-da, Messenjeriň-de nähili ýitgi çekip bilerdigi barada oýlananymda, inim dyglap gidýär.

Biziň sylagymyz diňe bu ýaş zenan arkaly görünmedi, biz ony turuş hyzmatymyzda gördük. Şol wakadan soň işgärler toparynyň iş netijeliligi umuman

artdy, biz netijeliligiň täze derejesine çykdyk. Biz işgärlerimizi syladyk, bu bolsa işiň netijeliligini artdyrdy.

Şu ýerde bir duýduryşy hem belläp geçmeli. Ozal aýdyşym ýaly, sylag-hormaty talap etmeklik Hudaýyň ýüregine garşy çykýandyr. Biz sylag-hormaty iki sebäbe görä islemeli: birinjisi – Hudaýy ýürekden hormatlamak üçin, ikinjisi – sylag almagy tama etmezden bizi sylaýanlaryň hatyrasy üçin islemeli. Men hyzmatymyň irki döwürlerinde bir uly ýygnakda çopanyň kömekçisi bolup işleýärdim. Bize minimal aýlyk hakyny töleýärdiler. Biziň bir aýdaky girdejimiz bir aýlyk ýaşaýyş çykdajylarymyza deňdi, egin-eşik ýa-da öý goşlaryny alara artykmaç pul galmaýardy. Biz bu aýlyga razy bolduk, bu bize teklip edilen aýlykdy. Biz hak-heşdegi talap ediji işgär bolasymyz gelmeýärdi.

Bir ýyl geçenden soň aýlyk hakymyz galdyrylmady. Iki ýyl geçdi, aýlyk haky heniz-de galdyrylmandy. Indi biziň bir çagamyz däl-de, iki çagamyz bardy. Ýaşaýyş çykdajylary artýardy, biz bolsa heniz-de şol ilkibaşdaky aýlyk derejesindedik.

Çopanyň başga bir kömekçisi – meniň dostum, iki ýylyň dowamynda iş otagyma birnäçe gezek gelip, beýleki çopan kömekçilerine goşulyp, ýolbaşçylyk bölümine we baş çopana aýlygymyz galdyrmak haýyşy bilen ýüzlenmekligimi sorady.

Men oňa beýle zatlara goşulmajakdygymy aýtdym, oňa hem goşulmazlygy maslahat berdim. Men oňa: “Meni nädip hormatlamadygyny olara aýtmak meniň işim däl” diýdim.

Meniň dostum garşy çykyp, şeýle diýdi: “Jon, biz gün-güzeranymyzy görmek üçin, maşgalamyzdan kömek alýarys. Meniň ene-atam pul iberýär, biz şonuň bilen güzeranymyzy zordan dolaýarys”.

Men onuň ýagdaýyna gynanýandygymy, ýöne her nähili bolsa-da Hudaýa bil baglamagy dowam etjekdigimi aýtdym. Men oňa hyzmat edip, öz girdeji gözbaşymyzyň berilýän çek däl-de, Hudaýdygyny düşündirmäge synanyşdym. Ýöne ol muňa düşünmedi öýdýän.

Men biziň maşgalamyz basyş astynda däldi diýip aýdyp bilmeýärin, sebäbi biz basyş astyndadyk, ýöne biz parahatdyk we şol ýyllarda ýetmez zadymyz ýokdy. Biziň öý-goşumyz gaty azdy: başuçsyz krowat karkasy, iki sany kiçijek diwan, birnäçe stoljagaz we lampalar, şeýle-de aşhana stoly we oturgyçlary – aşakdaky gatymyzda, ine şular bardy. Emma bary-ýogy bir ýylyň dowamynda biz Hudaýyň gudrat bilen öýümizi goş-golamdan dolduryşyny gördük; bu

goşlaryň aglaba bölegi owadan dizaýnerlik bolup, ýörite sargyt boýunça ýasalandy. Biz Hudaýyň şeýle üpjünçiligini görüp, galpyldaýardyk.

Iki ýyl geçip-geçmänkä, çopanymyz bizi syýahatçylyk hyzmatyna ugratdy. Biziň indi aýlyk hakymyz bolmaýardy. Biziň bary-ýogy üç ýüz dollar tygşytlan pulumyz bardy, onsoňam biz jaýymyz we maşynymyz üçin hem tölemelidik, bularyň tölegi aýda müň dollara ýetýärdi. Ýagdaýy has gyzykly etmek üçin, Reb maňa dilegde çopanlara hyzmat ýerini soramak üçin çopanlara hat ýazmazlygymy we jaň etmezligimi aýtdy. Ol meniň Oňa bil baglamalydygymy aýtdy.

1989-njy ýylyň ahyrynda biziň iş tertibimizde meýilleşdirilen hyzmat ýerleriniň diňe ikisi bardy. Birinjisi ýüz adamdan ybarat bolan kiçiräk bir ýygnakdy, olar Günorta Karolinada merhumlary jaýlaýan býurosynyň jaýynda ýygnanýardylar. Bu ýanwar aýynyň birinji hepdesine meýilleşdirilipdi. Beýlekisi bolsa fewral aýynyň ahyrynda Tennesidäki iki ýüz agzasy bolan bir ýygnakda geçirilmelidi. Dekabr aýynyň soňky hepdesinde bolsa biziň aýlygymyz kesilmelidi. Biz Hudaýa bil baglamalydyk.

Men heniz çopanyň kömekçisikäm maliýe ýagdaýymyz babatda Hudaýa bil baglamagy öwrenmedik bolsam, hyzmata ýaňy başlan döwrümizde dörän basyşlaryň hötdesinden gelip bilmezdim. Bu diýseň uly bökdençlik bolardy. Men eklenç üçin Hudaýa däl-de, adamlara ýüz tutardym. Men gerek puly ýygnamak üçin dilegçilege ýa-da hile-pirimlere ýüz urardym, bu bolsa Hudaýyň Öz halkyna ýetirmek isleýän habarlaryny gözlemäge derek, ähli güýjümi pul ýygnamaklyga gönükdiredi.

Meniň öý ýygnagymdan alýan az aýlygym ahyrda ägirt ýalkanyşa öwrüldi. Eger men dostumyň gepine gidip, çopanymyza bizi nädip sylamalydygy baradaky gürrüňlere goşulan bolsam, şu günki ýerimizde bolup-bolmajygymyzy bilmeýärin. Hyzmatymyzy dolandyrmagyň birinji ýylynda biz her hepde üçin müň dollaryň gerek boljakdygy babatda Hudaýa bil baglamalydyk. Şu kitabyň ýazylýan döwründe bolsa biz hyzmaty dowam etmek üçin her hepde bir ýüz ýigrimi bäş müň dollar üpjünligi babatda Hudaýa bil baglaýarys. Bir täsin habar bar: şu hyzmaty otuz ýylyň dowamynda dolandyran döwrümde men maliýe meselesi zerarly ukymyň otuz sekundyny-da ýitiremok.

Eger siz kimdir birine işleýän bolsaňyz, ylalaşan aýlyk hakyňyz üçin jan-tenden işläň. Eger siz öz başlygyňyzy hormatlap, başarnyklaryňyzy 100% goýup, ajaýyp işi ýerine ýetirseňiz, Hudaý munuň öwezine sizi sylar. Bu siziň

iş berijiňiz ýa-da Hudaýyň saýlajak başga bir ýol arkaly bolar. Siz netijede sylag alarsyňyz. Biziň ýygnagymyz bize az aýlyk tölände, Hudaý bizi sylady: biziň öýümiz golam-goşdan doludy, maşynymyz bardy, saçagymyzda iýmäge çöregimiz bardy. Biz aýlyk hakymyza ýaşap boljak derejeden has ýokary ýaşaýardyk. Mukaddes Ýazgylaryň “Dogry ynsanyň az zady ähli erbetleriň baýlygyndan ýagşydyr” (Zeb. 36:17) diýen aýady biziň üçin hakykata öwrüldi. Bizi Hudaý sylady.

Nähili netije çykarsa bolar? Eger siz hakyna tutulan işgär bolsaňyz, şuny ýüregiňiziň gatyna ýazyp goýuň: eger siz Hudaýy sylap, 100%-ňizi başlygyňyza bagyş edýän bolsaňyz, sylag alarsyňyz. Başga bir tarapdan, eger siz hakyna tutujy bolsaňyz, onda öz işgärleriňizi sylan ýagdaýyňyzda olaryň pajarlap güllejek peşgeşlerinden bähbit gazanjakdygyňyzy bilip goýuň. Eý, hakyna tutujylar we çopanlar, siziň halkyňyzda Hudaýyň gizläp goýan sylagy bardyr, ony aljak boluň. Olary her bir tarapdan sylaň.

# 14

# Öýdäki sylag-hormat – çagalar

Ýerli ýygnakda ýedi ýyl we syýahatçylyk hyzmatynda otuz ýyldan gowrak hyzmat eden döwrümiň dowamynda men sylag-hormatyň ýygnakda ýa iş ýerindäkä garanda, biziň öýlerimizde has köp gerek bolýandygyna üns berdim. Hakykat şundan ybarat: eger ata-eneler öz öýlerinde sylag-hormat göreldesini görkezseler, töwerek-daşymyzda hormat-sylaşyk artardy we bu jemgyýetçilik, raýat we ýygnak çäkleri üçin bähbitli bolardy.

## Ata-enäniň sözüniň güýji

Geçen baplaryň birinde biz çagalaryň öz ata-enesini sylamagynyň wajypdygyna garap geçipdik. Munuň garşylyklaýyn tarapy hem şeýledir. Sylamak – bu gadyryny bilmeklik. Eger biz çagalarymyzyň gadyryny bilýän bolsak, olara durmuşda pajarlap öserleri ýaly tärde ýüzleneris we gürleşeris.

Men käwagt ata-eneleriň öz çagalaryny kemsidip gürleýişlerini eşidenimde, inim dyglap gidýär. Bu öz näzik gyzy bilen gödek gürleşýän ýa-da öz oglunyň oýun endiklerini edil meýdançada tankytlaýan ata bolup bilýär. Bu çagalary özüni kemsidýän ýaly duýup-da, jogap hökmünde olary köpçüligiň öňünde kemsidýän ene-de bolup bilýär. Bu sanawy sanasaň sanabermeli.

Meniň aýalym ýetginjekkä, öňüni alyp bolaýjak bir waka bolup geçdi. Liza hereketjeň ýetginjekdi we öz agramyna üns berip baranokdy. Onuň agramyny tomus lagerinde we lukmançylyk gözegçiliginde çekip barlaýardylar. Agramynyň artmagy kadalaýyk ösüşiniň netijesi bolup durýardy.

Liza bir ýyllap diýen ýaly iki toparda suwda ýüzmeklige gatnaşýardy. Bu oňa islän iýmitini islendik wagty iýmäge mümkinçilik berýärdi. Soňra bolsa

şikes alansoň, ol orta mekdebiň kiçi synplarynda suwda ýüzmeklige gatnaşyp bilmändi. Onuň hereketjeňligi peselse-de, türgenleşik döwürlerindäki ýaly iýmegini dowam edýärdi.

Günleriň birinde Liza mekdepden gelende, kakasy ony ýanyna çagyrypdyr. Ol makullamazlyk bilen Lizany boýdan-başa synlapdyr-da, soňra daşyndan aýlanmagyny sorapdyr. Ol synlap bolandan soň: “Bu jinsi saňa darrak bolýar. Agramyň näçe?” diýip sorapdyr. Liza säginmän, tomus lagerindäki agramyny aýdyp goýberipdir.

Ol muňa garşy çykyp: “Ýok, agramyň munça bolup bilmez! Sen azyndan 135*-siň! Bar-da agramyňy çekip gör!” diýipdir.

Liza utanyp we aljyrap, ene-atasynyň otagynda ýerleşýän wannadaky terezä tarap ýönelipdir. Liza agramynyň 140** funta golaýlandygyny görüp, geň galypdyr.

Liza agramyny aýdypdyr. Onuň kakasy şeýle agramyň onuň üçin juda köpdügini ýaňzydypdyr. Bu özüne çekiji däldi we ýigitler ony şeýle agramdaka duşuşyga hem çagyrmazdylar. Takal okamaklyk tamamlanansoň, Liza öz ýatýan otagyna baryp, egin-eşigini çykarypdyr-da öz bedenini ünsli synlapdyr; ol ömründe ilkinji gezek öz bedenini ýigrenipdir.

Şol pursatdan başlap, onuň agramy durmuşyny herekete getirýän mowzuga öwrülipdir. Ol öz daş keşbinden juda utanyp, bar oýy-pikiri öz agramy bolupdyr. Ol ylgap başlapdyr we iýýän iýmitiniň mukdaryny azaldypdyr; onuň yhlasy maksadyna ýetirip başlapdyr. Oglanlar oňa üns berip başlapdyr we bu onuň göwnüne ýarapdyr. Şunlukda, onuň aňynda şeýle parallel döräpdir: *eger men hor bolsam, men güýçli we söýgi bilen ünse mynasyp, eger semiz bolsam, mynasyp däl*.

Şeýle pikir ýöretmeler aşaklaýyn gaýdýan aýlaw kimin ony kem-kemden anoreksiýa we bulimiýa derejesine ýetiripdiler. Liza iýmiti hem halaýardy, hem ýigrenýärdi. Ol iýmegi halaýardy, ýöne semremegi ýigrenýärdi. Ol öz bedenini arassalamak üçin iç sürüji we buşukdyryjy serişdeleri ulanyp başlady we kolejiň birinji kursunda onuň bedeni eýýäm olara endik edipdi. Netijede, onuň bir aýlap täret etmänligi sebäpli ony hassahana ýatyrypdyrlar. Liza ýigrimi iki ýaşyndaka Hudaý oňa bütinleý şypa beripdir; onuň bu baradaky güýçli şaýatlygy “Sen – bu seniň agramyň däl” atly kitabynda beýan edilýär.

Ýöne siz şeýle soragy bermeli: eger kakasy Lizanyň ýagdaýy babatda

---

* 61,2 kg. — terjimeçiniň belligi

** 63,5 kg. — terjimeçiniň belligi.

başgaça hereket eden bolsa, bularyň köpüsiniň öňüni alyp bolarmydy? Onuň daş keşbi barada kemsidiji sözleri aýtmaga derek goldaw we oňlama sözlerini aýdan bolsa näme bolardy? Ol onuň sagdyn agramyny we iýmitleniş rasionyny saklamak babatda konstruktiw usuly tapan bolsa näme bolardy? Liza özi barada başgaça pikir edermidi?

Men munuň nähili bolýandygyny öz nikamyzda gördüm. Men Liza öýlenenimde, onuň agramy 116* paunddy. Men oňa elmydama nähili owadandygyny we öz lybaslarynda gözel görünýändigini aýtmagy özüme endik edindim. Men aýalymy toýumyzdan bir ýyl geçenden soň hem öwmegi we goldamagy bes etmedim. Men muny ol göwreli bolan we çagalary emdiren döwründe-de bes etmedim.

Men ýöne "Sen ajaýyp" ýa-da "Eger men ýigrimi ýaşlykam aýalymyň şonça ýyl nikada bolandan soň hem şeýle gözel boljakdygyny aýdan bolsalar, men bökjekläp tans oýnardym!" ýa-da "Beý-bä, sen bu gün saňa öýlenen günümdäkiden-de gözel!" diýmegi dowam edýärdim. Men bu sözleriň baryny ony dogrudan-da şeýle görýändigim üçin aýdýardym. Men muňa artykmaç hukugym hökmünde garaýaryn, sebäbi elmydama Lizany berkitmegiň ýollaryny agtarýaryn. Bu maňa onuň ýanýoldaşy hökmünde Hudaý tarapyndan berlen jogapkärçilikdir.

Pawlus muny aýdyňlaşdyryp, şeýle diýýär: "Edil şu tärde ärler-de aýalyny öz bedenlerini söýüşleri ýaly söýmelidirler. Aýalyny söýýän özüni söýýändir. Elbetde, hiç kim hiç haçan öz bedenini ýigrenýän däldir. Gaýtam, edil Mesihiň imanlylar ýygnagyna seredişi ýaly, ony *iýmitlendirip*, aladasyny edýändir (Efes. 5:28-29, nygtama awtoryňky). *Iýmitlendirmek* sözüne üns beriň, ol ösüş üçin gerek bolan zatlary bermekligi aňladýar. Men hemişe aýalymy öz sözlerim bilen *iýmitlendirmegiň* tärlerini agtarýaryn. Men bu barada indiki bapda has giňişleýin gürrüň bererin, sebäbi bularyň bary sylag-hormatyň aýrylmaz bölegidir.

Men aýalymy iýmitlendirýärkäm, Liza Hudaýyň şypasyny alan wagty Onuň oňa beren danalygyna we wadasyna ynanmagyny dowam edýärdi. Hudaý oňa degişli bolan zatlary kämilleşdirmegini dowam eder. Lizany goldamak bilen, men aýalymyň Hudaýa bökdençsiz ynanyp bilýän gurşawyny döretdim. Nikada 37 ýyl ýaşap, dört çaganyň enesi bolmak bilen, ol heniz-de toý döwrümizdäki agramyny saklap gelýär. Onuň sport bilen meşgullanmak endigi ýok, şonuň üçin-de käbir adamlar onuň genetiki taýdan ýalkanandygyna ynanýarlar. Ýöne

---

* 52,6 kg. — terjimeçiniň belligi.

welin men muny gowy bilýärin, sebäbi ýigrimiden ýaňy geçen döwründe öz artykmaç agramy bilen göreşen gorkak, özüne ynamsyz gyz heniz-de gözümiň öňünde durandyr.

## Çagalar – bu sylagdyr

Ata-eneler öz çagalaryny sylamanlarynda, olara gödek we ýaramaz sözleri aýdýarlar. Olar gerek wagty öz çagalaryny öwmän, guwanman, bulara geleňsizlik edenlerinde, bu hem sylamazlygyň alamatydyr. Çagalara goldaw sözleriniň aýdylmagy, gönükdirmeler we edýänleriniň dogrudygy babatdaky tassyklamalar ýygy-ýygydan gerek bolýandyr. Olara söýülýändigini aýtmaly, gadyrlarynyň bilinýändigini görkezmeli. Eger şeýle edilmese, olaryň bu zatlary başga ýerden gözlejekdigininiň ähtimallygy gaty ýokary. Ogullar we gyzlar ata-enäniň göwnünden turasy gelýär, ýöne olar çagalarynyň diňe bikämil häsiýetlerini we ýetmezçiliklerini görseler, çagalaryna nädogry sözleri ekip, bütinleý ters hasyly orarlar.

Çaganyň edýänlerini oňlaýan birnäçe söz aragatnaşygy düzedip, çynlakaý zeperleriň öňüni alyp bilýär. Meseläniň tümmek ýeri – bu ata-eneler şeýle netijeleri gazanmakda öz rollaryny görmeýänliginde. Olar gynanýarlar we dost-ýarlaryna çagalarynyň nähili kyndygy barada zeýrenýärler. Aslynda welin olaryň tankytlaýan häsiýetlerini sylag-hormat arkaly aňsat çözüp bolardy.

Ata-enäniň sözleri ogluň ýa gyzyň durmuşyna ýetirýän täsiri diýseň güýçlüdir. Ýeňliş, şowsuzlyk ýa-da gowşaklyk barada aýdylan sözler çaganyň durmuşynda ýüzleý şowsuzlykdan başlap tä çynlakaý kynçylyklaryň döremegine sebäp bolup bilýär. Ata-eneler köpenç öz çagalarynyň edýänlerinden göwni geçýär, sebäbi bu zatlar barha erbetleşip, şol bir gaýtalanyp durýan erbetlige öwrülýär. Eger ata-eneler munuň aladasyny etmeseler, bu olary Hudaýyň çagalar arkaly berýän sylagyndan daşlaşdyrar. Biz şuny okaýarys:

> Çagalar Rebden bolan mirasdyr, ýatgynyň miwesi Ondan sylagdyr!
>
> – Zebur 126:3

Biz Mukaddes Ýazgylaryň bu aýadynda çagalar arkaly wada berilýän sylag barada aýdylýandygyny görýäris. Näme üçin ata-eneleriň köpüsi özleri bilen çagalarynyň arasyndaky gatnaşyklary baradaky bu wadadan lezzet almaýar-ka? Bu gaýtam tersine bolýan ýaly. Men ata-eneleriň öz ýetginjek çagalary barada şeýle diýýändiklerini eşidýärin: “Wah, men öz ýetginjegimi ol tä ýigrimi ýaşaýança daşyndan gulplap goýup bilsedim-dä” ýa-da “Ýetginjeklik

döwründen näme üçin ýöne sowa geçip bolmaýarka?”. Men öz dört oglumyz heniz çagaka şeýle jümleleri eşidýärdim. Bu meni alada goýup başlapdy; şonda men: “Oglanlar ýetişip başlanda aýylganç adamlara öwrüläýermikä?” diýip öz-özümden soraýardym.

Emma başga ata-eneleriň köplenç duýmaýan zatlaryny duýmak maňa miýesser etdi, şonuň üçin-de, siziň üçin peýdaly bolar ýaly, olary paýlaşmaga ygtyýar ediň. Ogullarymyz heniz kiçi çagaka, men ýaşlar çopany bolup hyzmat edýärdim. Şu wezipede hyzmat edýärkäm, men çopan maslahatlaryna gatnaşmak bilen, köp maşgalalaryň öýüne barýardym. Şonda men şeýle bir ýagdaýy ýüze çykardym: ähli güýjüni çagalarynyň ýaramaz tertibini tankytlamaga gönükdirýän ata-eneler çagalarynyň barha erbetleşýändigini ýüze çykarýardylar. Emma ata-eneler öz çagalarynyň üstünden Hudaýyň beren wadasyny aýdanlarynda, bu çagalar şol aýdylan zatlara laýyklykda ösýärdiler. Pawlusyň korintoslylara ýazan hatynyň şöhlesinde bu has-da çuňňur mana eýe bolýar: “Biz nazarymyzy görünýän zatlara däl-de, görünmeýän zatlara dikýäris. Sebäbi görünýän zatlar wagtlaýyn, görünmeýän zatlar bolsa bakydyr” (4:18).

Hudaýyň wadalary göze görünmeýän hakykatyň çäklerinde ýerleşýändir. Olar biziň üns merkezimizde bolmaly, olar Onuň Sözünde beýan edilendir. Liza ikimiz Hudaýyň wadalaryny öz çagalarymyzyň üstünden yzygiderli ykrar edýäris. Olar heniz gürläp başlamankalar, biz olary “şägirtler, [Rebden taglym alanlar we Onuň yradasyna tabyn bolanlar], abadançylygy beýik, parahatlygy mizemez bolar” diýip atlandyrýardyk (Işa. 54:13 AMPC). Biz olary alamatlar we gudratlar üçin doglan (Isa. 8:18), biziň peýkamlarymyz (Ps. 126:4) diýip atlandyrýardyk, Hudaýyň Sözünde aýdylýan başga-da ajaýyp wadalary olaryň durmuşyna ykrar edýärdik.

Biz çagalarymyzyň atlaryny oýlanyşykly saýlaýardyk: ilki sözüň köküni derňeýärdik, soňra bolsa Hudaýyň ugrukdurmasy üçin dileg dýärdik. Biz olaryň kim boljakdygyny olaryň üstünden ykrar edesimiz gelýärdi. Biziň nowbahar oglumyz Eddison Dawudyň ady “Söýgüli, ynama mynasyp” diýen manyny aňladýar. Ikinji oglumyz Ostin Maýklyň ady “Belent mertebeli, Hudaýa kybapdaş” diýmegi aňladýar. Üçünji oglumyz Joşua Aleksandryň ady “Hudaý ynsanlary halas edýär we goraýar” diýmegi aňladýar. Dördünji oglumyz bolsa Arden Kristofer diýip atlandyrylan, bu “Isa Mesihdäki ýaly joşgunly we alawly” diýmegi aňladýar.

Biz her gezek olaryň atlaryny tutanymyzda, olaryň üstünden näme ykrar edendigimize aň ýetirýäris. Biz ata-eneler hökmünde olaryň durmuşyna ýalkanyşlary boşatmaga aýratyn hukugymyz we ygtyýarymyz bar. Bular bize Hudaý tarapyndan berlendir. Ogullarymyzyň her biri öz adyna laýyk häsiýet-

de ösýär, bu biziň muny ykrar edenligimiz üçin däl-de, ykrar eden zadymyza ynanýanlygymyz üçin şeýle bolýar.

Olaryň ykrar eden zatlarymyza gapma-garşy hereket eden ýagdaýlaryna duşdukmy? Eger duşan däldiris diýip pikir edýän bolsaňyz, ýalňyşýansyňyz. Olaryň öz atlaryna bütinleý gapma-garşy hereket eden döwürleri bolýardy. Biz şonda olara düzediş berip, terbiýelemeli bolýardyk, ýöne biz olaryň hereketlerine çäre görüp, olaryň häsiýetleri barada ykrar edenlerimizi goraýardyk. (Bellik hökmünde şuny aýdaýyn: dogruçyl konflikt gowy zat, ýöne biz edilen herekete däl-de, häsiýete hüjüm edenimizde, çagalarymyza zyýan ýetirip bilýäris.)

## Maşgala betbagtçylygy

Ýaşlar çopany bolup hyzmat edýärkäm, men ýene-de bir durmuşy sapagy öwrendim: gerek ýerinde temmi bermezlik zerarly döreýän betbagtçylyk. Hut özümiň şaýat bolan wakamy beýan etmezden ozal, Mukaddes Ýazgylardan mysal getireýin.

Dawut patyşanyň dürli aýallaryndan bolan ogullary köpdi. Biz onuň iki ogluna: nowbahar ogly Amnona we üçünji ogly Abşaloma garap geçeris. Amnon öz enebaşga gyz uýasy Tamar – Abşalomyň hakyky uýasy babatda örän pis işi edipdi. Amnon syrkawsyran bolup, atasyndan Tamary öz ýanyna ibermegi haýyş edýär. Tamar gelende, ol hyzmatkärlerini çykaryp, ony zorlaýar. Soňra bolsa ony ýigrenip, otagyndan kowup çykarýar. Ol melike ulugyzy masgalaralap, onuň durmuşyny weýran edýär.

Tamaryň dogany Abşalom Amnonyň pisliginden ýaňa gazap atyna atlanýar. Ol öz uýasyny masgaralandygy üçin, agasy Amnony ýigrenýär. Ol sesini çykarman, garaşýardy; Dawut patyşa Amnona jeza berip, adalaty ýola goýar.

Wagt geçýärdi, ýöne patyşa hiç zat etmeýärdi; ol nägile bolsa-da, edilen pislik babatda hiç bir çäre görmeýärdi. Abşalom gaharlanýardy. Ol öz uýasy Tamary öýüne getirip, onuň aladasyny ediberdi.

Tamar ozal patyşanyň boý gyzlary üçin niýetlenen lybaslara beslenip gezýärdi; indi bolsa ony masgaraçylykly taladylar. Ozal öz halky tarapyndan hormatlanylýan gyz indi ýekelikde ýaşaýardy. Gyzlygyny ýitirenden soň oňa indi kimiň öýlenesi geler? Bu şeýle adalatsyzdy. Onuň durmuşy tamamlanypdy, emma bu masgaraçylygy eden welin hiç zat bolmadyk ýaly gaýgysyz-gamsyz ýaşap ýördi. Tamar weýran edilen durmuşynda enterikläp, bu masgaraçylygyň bütin agramyny öz üstünde göterip gezýärdi.

Abşalom her gün öz uýasynyň gam çekişini görýärdi. Şa melikesiniň ähli

arzuw-hyýallary indi puja çykypdy. Abşalom tutuş ýyl garaşdy, onuň kakasy bolsa hiç bir çäre görmedi. Amnona bolan ýigrenç bilen hatarda öz kakasyna bolan ýakymsyzlyk onuň ýüregine ornaşdy.

Iki ýyl geçýär, Abşalomyň Amnona bolan ýigrenji ony öldürmeklik baradaky pikire öwrülýär, ol öz uýasynyň aryny almagyň çäresini ymykly düzýär. Ygtyýary bolanlar çäresini görmese, onda ol näme üçin elini gowşuryp oturmaly? Abşalom Dawudyň ähli ogullary üçin meýlis guraýar we Amnon oslaman otyrka, ony öldürýär-de Geşura gaçyp gidýär. Ol Amnondan aryny alýar. Emma kakasynyň hiç çäresini görmänligi zerarly kalbynda dörän öýke-kinesi gaçgak bolup gezen döwründe has-da alawlaýar. Bu ýalny öňküden-de tutuşdyrmak üçin, ol: “Kakam näme üçin meniň yzymdan adam ibermeýärkä?” diýip oýlaýar. Bu äsgermezçilik ahyrda ýigrenje öwrülýär.

Abşalomyň oýlanmalary ajylyk bilen zäherlendigiçe, ol Dawudyň gowşaklygynyň bilermenine öwrülýär. Onuň durmuşy tankytlama örtügine gaplanýar. Ýöne ol her nähili bolsa-da, kakasy ony çagyrar diýip tama edýär. Dawut ony çagyrmaýar. Bu onuň ýigrenjini iýmitlendirýär.

Onuň pikirlerini göz öňüne getirip görüň: *“Adamlar meniň kakamy örän sylaýarlar, ýöne olar onuň asyl tebigatyny görmeýärler. Ol diňe özüni bilýär, ol Hudaýy perde hökmünde ulanýar. Ol öňýanyndaky patyşa Şawuldan-da erbet ahyryn! Ol amalekleriň patyşasyny öldürmekden boýun gaçyranlygy we saýlama goýunlardyr öküzlerden birnäçesini alyp galanlygy üçin tagtyny ýitiripdi. Meniň kakam bolsa iň wepaly adamlarynyň biriniň aýaly bilen azgynçylyk edýär, soňra bolsa günäsini ýaşyrmak üçin, özüne wepaly bolan adamy öldürýär. Ol ganhor, ol zynagär, hut şu sebäpdenem ol Amnonyň temmisini bermedi!*

Abşalom Geşurda üç ýyl gezýär. Dawut Amnon oglunyň ölümine gynanýardy, Ýowap patyşany yrýar we Abşalomy Iýerusalime getirdýär.

Wagt geçýärdi. Abşalomyň ýigrenji barha artyp, ol kakasyndan nägile bolanlary öz töweregine ýygnap başlaýar. Ol muny Ysraýyldakylaryň baryna elýeter bolmak arkaly gazanýar. Ol halkyň arz-şikaýatlaryny diňläp, patyşa bolmanlygy sebäpli kömek edip bilmeýänligine gynanýardy. Ol patyşanyň eliniň degmeýän meselelerine kazylyk edýärdi. Belki, Abşalom bu meseleleri öz durmuşynda adalatyň bolmanlygy sebäpli çözendir. Mukaddes Kitap Abşalomyň öz kakasyndan Ysraýylyň ýüregini ogurlandygy barada aýdýar. Ýöne ol dogrudan-da halkyň aladasyny edýärmidi ýa-da şindi ýigrenýän kakasyny tagtdan agdarmagyň usulyny agtarýardy?

Abşalom Ysraýyly öz tarapyna çekip, kakasyna garşy pitne turuzýar. Bu gapma-garşylyk şeýle bir güýjeýär welin, Dawup patyşa öz janyny halas etmek üçin hatda gaçmaly bolýar. Ilkibaşda Abşalom täze patyşa hökmünde orun aljaga meňzeýär, ýöne ol Dawudy kowalap barýarka öldürilende, hemme zat üýtgeýär. Dawudyň öz ogluna degmezligi buýrandygyna garamazdan, bu höküm amala aşýar.

Abşalom öz ýigrenji we hasratyndan ýaňa weýran bolýar. Ol şeýle potensialy bolan ýeke-täk tagt mirasdüşeridi, ol ömrüniň naýbaşy günleri aradan çykýar. Eger onuň kakasy Amnonyň temmisini beren bolsa, bu ýagdaýyň öňüni alyp bolarmydy? Bu mimkin zat. Tamar babatda nähili? Ol ömrüni içi ýangynly we ýekelikde ötürendir. Eger onuň kakasy Amnonyň temmisini beren bolsa, onuň durmuşy başgaça bolarmydy? Elbetde. Eger Dawut öz çagalaryny sylap, olara dogruçyl terbiýe beren bolsa, bu maşgala betbagtçylygynyň öňüni alyp bolardygyna ynanýaryn. Dawut ýeke birine temmi bermekden boýun gaçyrmak bilen, çagalarynyň ahlisini hormatdan mahrum etdi.

## Temmi bermekden saklanyp, sylamazlyk

Indi bolsa ýaşlar çopany bolup hyzmat eden döwrümde synlan ýagdaýlaryma dolanalyň. Çagalary bilen kyn aragatnaşygy bolansoň, meniň iş otagyma maslahat üçin gelýän ata-eneleriň köpüsi temmi bermekligiň peýdasyna ynanmaýardylar. Dawut patyşa ýaly, olar hem çagalaryna temmi bermekden boýun gaçyrýardylar. Olar öz oguldyr gyzyny olaryň gulak asmazlyklary üçin “söýmelidigine” ynanýardylar, ýöne olaryň şeýle garaýyşlary gerekli netijäni bermeýärdi. Olaryň çagalary örän erbet ýagdaýdady; olar hem pitneçidi, hem-de sylamaklygyň nämedigini bilmeýärdi; olaryň şeýle garaýyşlary ygtyýarlygy bolan adamlar bilen bagly bolan çäkleriň baryna: mekdebe-de, işe-de, ýaşlar toparyna-da we başgalara täsir edýärdi.

Gyzykly zat: bu temmi berilmän, “söýülýan” ýaşlar öz ata-enesini ýigrenýärdiler. Bu hem kinaýaly, hem-de gynançlydy. Kinaýaly ýeri – ata-enäniň söýgini gazanjak boluşlarynyň netijesinde gazanjak bolan zatlary ýitirilip, bütinleý ters netijäni gazanypdylar. Gynançly ýeri – bu çagalar heläkleýji çözgütleri saýlap alýardylar, bu bolsa olaryň maşgalysyna köp ýyllaryň dowamynda gymmada düşerdi.

Meniň iş otagyma gürleşmek üçin üýşen adamlaryň arasynda öz ata-enesi bilen gödek gürleşip duran biz ýaş gyza berk düzediş berşim ýadyma düşýär.

Men şonda: “Muny näme üçin men edýärin? Näme üçin ata-enesi hiç zat diýmeýärkä?” diýip oýlanypdym. Bu ata-ene öz çagasyny ýaramaz tertibi üçin “söýmekligiň” tarapdyrydy, aslynda welin Hudaýyň Sözi bize bütinleý başga zady aýdýar. Onda öz çagasyna temmi bermeýän ata-enäniň aslynda olary ýigrenýändikleri barada aýdylýar:

> Taýagyny gaýgyrýan adam ogluny ýigrenýändir, ony söýýän bolsa wagtynda terbiýe berýär.
>
> – Sül. 13:24

Men bu ýaş ýigit-gyzlaryň ulalanlarynda, durmuşlarynyň bulaşýandygyna syn edýärdim. Olar kyn döwürleriň we ýakymsyz wakalaryň köpüsine duçar boldular. Eger olar ýaş wagtlary gerekli taýýarlygy alan bolsalar, bularyň öňüni alyp bolardy. Näme üçin? Sebäbi “Taýak we käýinç danalyk getirýändir, başyna goýberilen çaga bolsa enesini utanja goýýandyr” (Sül. 29:15). Bu ata-eneler näme üçin Hudaýyň Sözüne gulak gabartmadylar? Olar özlerini dana saýdylar, aslynda welin Hudaýy-da, öz çagalaryny-da sylamadylar.

Şol bir ýagdaýy synlamak mümkindi: ata-eneler öz çagalaryna düzediş bermänlerinde, bu çagalaryň olary ýigrenmekligi bilen tamamlanýardy. Başga bir tarapdan – ata-eneler öz çagalaryna zabun daraşanlarynda, çagalar olardan öýkeleýärdiler. Bu olaryň kalbyna ýara salyp, şahsyýet näsazlyklaryna duçar edýärdi. Olaryň köpüsi gorky duýgusy bilen göreşýärdi.

Biziň çagalarymyz ýaramaz hereket edenlerinde, biz gysgadan bada-bat berlen temminiň iň netijeli bolýandygyny ýüze çykardyk. Soňra bolsa hemme zat tamamlanýardy. Öýke-kine saklamak, gaharlanmak saglyk üçin zyýanly. Biraz wagtdan hemmeler gülşüp, birek-biregi gujaklar. Olaryň günäsi geçilende, ol edil bolmadyk ýaly bolýar. Hudaý bizi bagyşlanda, biziň günälerimizi gaýdyp ýatlamaýar. Temmi – bu olaryň öz ýalňyşlaryndan netije çykarjakdygynyň, ýöne günälerini kalbynda göterip gezmejekdikleriniň kepili bolup durýandyr.

Liza çagalarymyzy terbiýe, söýgi we ysnaşyklylygy arkaly hormatlaýardy. Men bolsa yzygiderli dogruçyl terbiýe bermekligiň tarapdarydym. Biz biri-birimiziň güýçli taraplaryny ulanmagy öwrendik. Lizanyň göreldesi arkaly men sözde we hereketlerde mylaýym bolmagy öwrendim, Liza bolsa temmi bermekligiň peýdasyna düşündi. Hudaýyň biziň her birimize beren güýçli taraplaryny utgaşdyrmagyň netijesinde biz Onuň ýalkanyşlarynyň çagalarymyza hemra bolşuny görýäris.

## Garaşylan wagtyndan öň alnan sylag

Biziň nowbahar oglumyz Eddison orta mekdebi göreldeli bahalara tamamlap, ýurduň iň oňat on biznes uniwersitetleriň birine okuwa kabul edildi. Ol okuwyna 2005-nji ýylyň sentýabr aýynda başlamalydy.

Eddison ozalkysy ýaly, tomus dynç alyş döwründe biziň hyzmatymyzda işleýärdi; bu uniwersitetdäki okuw başlamanka hem şeýle boldy. Iýul aýynyň bir gününde ol irden maňa jaň etdi. Ol tolgunyp: “Kaka, seniň bilen bir zat barada gürleşsem bolýarmy?” diýip sorady.

Men bir çynlakaý zadyň bardygyna şobada düşünip, diňlemäge taýýarlandym. Men: “Elbetde. Sen näme barada gürleşmek isleýäň?” diýdim.

Ol maňa şeýle diýdi: “Kaka, men uniwersitetdäki okuwymy şu ýylyň sentýabrynda başlasym gelenok. Men hyzmatda işlemegimi dowam edesim gelýär. Men saňa we ejeme habarlary ýaýratmakda kömek edesim gelýär”.

Muňa jogap bermek üçin köp wagt gerek bolmady. Men onuň Hudaý bilen gatnaşygynyň güýçlüdigini we onuň dileg etmezden bu mesele bilen maňa ýüzlenmejekdigini bilýärdim. Men kalbymda munuň dogrudygyny duýýardym we tolgunyp, depäm göge ýetäýjek bolýardy. Men: “Bu ajaýyp bolardy; biz seni doly iş günündäki topar agzasy hökmünde göresimiz gelerdi” diýip jogap berdim.

Indi bolsa indiki bir ýarym ýylyň dowamynda bolan zatlary gürrüň bereýin. Eddison biziň bilen birnäçe aý işländen soň işgärler bölüminiň dolandyryjysy meniň ýanyma gelip, Eddisony ýygnaklar bilen aragatnaşyk saklamak bölüminiň ýolbaşçysy wezipesine hödürledi. Bu bölüm eýýäm birnäçe ýyl bolup, ýygnaklar we çopanlar bilen işleşýär we olary okuw toplumlary we köp kitaplarymyza degişli iş depderleri bilen üpjün edýär. Şu kitabyň ýazylyp oturylan döwründe ABŞ-daky ýygnaklaryň takmynan ýigrimi bäş müňüsi, Awstraliýadaky ýygnaklaryň müňden gowragy bulary ulanýar.

Eddisonyň wezipesi onuň biziň oglumyz bolanlygy sebäpli ýokarlanmady. Men çagalarymyza aýratyn garamazlyklary üçin ýörite haýyş edýärdim. Aslynda welin men olara köplenç kyn bolýandygyna-da düşünýärdim, sebäbi olar hem maşgalada, hem-de işgärleriň arasynda baş alyp çykmaly bolýardylar. Işgärlere gözegçilik edýän işgärim meniň haýyşymy ýerine ýetirýärdi, şonuň üçin-de ol maňa muny teklip edende, onuň oglumyň iş netijelerine we liderlik häsiýetlerinden ugur alýandygyny bilýärdim.

Men onuň teklibi bilen razylaşdym we munuň netijelerine henize çenli-de haýran galýaryn. Indiki ýylyň dowamynda biziň ýygnaklar bilen gatnaşyk bölümimiz öz ösüşini üç esse artdyrdy. Meniň baran ýerlerimiň ählisinde

çopanlar bilen Eddisonyň bölüminde işleýän ýaşlar toparynyň arasynda ajaýyp gatnaşyklaryň ýola goýlandygy baradaky gürrüňleri aýdyp berýärdiler. Eddisonyň höweslendirme we topary mäkämleşdirme peşgeşi bar. Onuň yhlaslylygy başgalary hem ylhamlandyrýar. Onuň ýolbaşçylygynda çopanlar üçin dileg edilýärdi, soraglara jogap berilýärdi, haýyşlar wagtynda ýerine ýetirilýärdi.

Men oglumy sylanym üçin, Hudaýyň ol arkaly diňe meni däl, eýsem tutuş guramamyzy-da sylandygyny ýüze çykardym. Isa Mesih eger biz pes saýylýanlary sylasak, öz sylagymyzy asla ýitirmejekdigimizi aýdypdy. Meniň nowbahar oglum ýükümizi ýeňledip, biziň gatnaşyklarymyzy öňde-soňda göz öňüme getirip biljegimden-de köp ýaýbaňlandyrdy. Ol hakykatdan-da käbir täsin şalyk gatnaşyklaryň gözbaşydy. Ýigrimi ýaşlaryndaky ýigitde şeýle zatlaryň bolup biljekdigini kim pikir edip biler? Diňe bu hem däl, meniň, belki, asla baryp bilmejek ýygnaklarymyň köpüsi-de okuw toplumlary arkaly Hudaýyň Sözüni aldylar. Bu bolsa netijede bakylykda has köp adamlaryň durmuşyna täsir etjekdigini aňladýar!

Işgärler bölüminiň başlygynyň hormatly dynç alşa çykan güni ýetip geldi. Biziň ýolbaşçylyk toparymyz Eddisonyň dolandyryş boýunça baş direktor wezipesine bellenmegine birazgydan razylaşdylar. Ol bu wezipäni kabul etdi we birnäçe ýyldan biz bütin toparymyzyň agzybirligini we netijeliligini gördük, bu diýseň ajaýypdy. Biz gurama hökmünde oňde-soňda çaklan zatlarymyzdan-da köp zatlara ýetdik. Biz netijeli bolduk, biziň gurşawymyz – bu şatlyk, begenç, we ägirt netijelilik gurşawydyr.

Biziň ikinji oglumyz Ostin kolleji gutaran ýyly biziň toparymyza goşulyp, marketing bölüminiň dolandyryjysy boldy. Ol ilkibaşdan başlap, biziň habarlarymyzy ýetirmegiň täze usullaryny oýlap tapdy. Onuň döreden topary aýalymyň “Hiç bir garşydaşsyz” atly kitabyny Nýu-Ýork Taýms gazetiniň iň köp okalýan kitaplar sanawyna, meniň “Kriptoniti öldürmek” atly kitabymy bolsa milli we halkara, şol sanda USA Today-yň sanawyna çykarmagy başardy. Liza indiki kitabyny çap edende, neşirýatçy marketingi geçirmek üçin Ostiniň toparyny işe almakçy-da boldy.

Biziň üçinji oglumyz Alek toparymyza inženerlik işine başlandan soň goşuldy. Onuň dünýäni başgaça görmek ukyby bar, bu oňa adamlary özüne çekip, ýowuz hakykaty açyp görkezýän gysga metražly filmleri döretmäge mümkinçilik berýär. Bu filmler diýseň güýçli we YouTube bilen Facebook-da millionlarça gezek görlüp, adamlaryň durmuşyna çuňňur täsir edýärler. Şu kitabyň ýazylýan döwründe ol biziň Messenger Studios atly prodýuserlik kompaniýamyza ýolbaşçylyk edýär.

Biziň dördünji oglumyz Arden hem Wirjiniýadaky we Awstraliýadaky ýerli ýygnaklarda hyzmat edenden soň biziň toparymyza goşuldy. Ol gelenden soň Messenjer Interneşenl hyzmatynyň Ogullar we Gyzlar atly şahamçysyny açdy; bu şahamça biziň habarlarymyzy Millenium we Z nesline deň-duşlar derejesinde ýetirýär. Men Messenjeriň bu eli barada giden ýerlerimiň barynda eşidýärin we päklik bilen agzybirlikden ugur alyp, dünýäni Isa Mesih üçin gazanmaga taýyn ýaş ýigitlere we gyzlara guwanç bilen garaýaryn.

Men öz ogullaryma telpek goýýaryn. Köp ýyllaryň dowamynda meniň dileglerim şeýledi: “Eý, Atam, bu oglanlar meniň oglanlarym däl, olar Seniňki; men diňe Saňa degişli bolanlaryň dolandyryjysy. Şonuň üçin-de, ýa Reb, olar babatda isläniňi ediber. Eger Sen olar ýer ýüzüniň aňry çetinde bolmagyny isleýän bolsaň, goý, Seniň yradaň amala aşsyn. Men ýöne olaryň öz durmuşlary üçin Seniň yradaňy berjaý etmeklerini dileýärin”.

Men dileýän zatlarymy çyn ýürekden aýdýardym. Men olaryň başga işlere meşgul boljakdyklary sebäpli günleriň birinde aramyzyň uzak boljakdygyny bilýärin, ýöne şu çaka çenli Hudaý bize ogullarymyz bilen egin-egne berip işleşmegi nesip etdi; biz hemmämiz Hudaýyň beren dürli peşgeşleri bilen adamlaryň durmuşlaryna täsir etmegi halaýarys.

Elli ýaşy doly arkamyza atan döwrümizde Liza ikimiz öz mirasymyz bilen meşgullanyp başladyk we indiki nesliň çaklaýşymyzdan-da köp pajarlap güllejeginden lezzet alýarys. Ogullarymyzyň ikisi neşirýatlar bilen iki sany uly şertnama gol çekişdiler we biz Hudaýyň Öz halky üçin berýänlerinden ýaňa kalbymyz galpylda gaplanýar.

Men öz ogullaryny we gyzlaryny hormatlaýan ene-atalaryň göreldesini görýärin. Eger çagalaryň gadyry bilinse, olar gülleýärler; olaryň güllemegine sebäp bolup, olary hormatlaýanlaryň Hudaý tarapyndan bolan belli bir sylaglary bardyr. Bu sylaglar bizi durmuşa baky galtaşmakda has netijeli edýärler. Bu Onuň Sözi, bu Onuň meýli, bu Isa Mesihiň hut Özüniň aýdan ruhy kanunydyr. Ata-eneler çagalaryna oňat terbiýe berenlerinde, söýenlerinde we şeýdip Hudaý gulak asmak bilen çagalaryny sylanlarynda, bize ýalkanyşlaryň gaýdyp gelmesi wada berlendir. Biziň ahyrky günlerimizde şatlygymyz gaýgy-gamlardan has köp bolar. Biziň altyn ýyllarymyz kuwwat bilen goldawa gurşalar.

15

# Öýdäki sylag-hormat – aýal

Öýde diňe çagalar däl, eýsem aýal hem ygtyýarlygyň astyndadyr. Biz ýokarda aýalyň öz ärini hormatlamalydygynyň näderejede wajypdygy barada gürrüň edipdik. Ýöne bu ýerde hem edil çagalaryň babatda bolşy ýaly, bu ikitaraplaýyn gatnaşykdyr.

## Aýalyňa hormat goý

Petrus şeýle diýýär:

> Eý, ärler, edil şunuň ýaly, sizem öz aýalyňyza hormat goýuň, onuň bilen özara düşünişip ýaşaň. Siz olaryň özüňizden ejizdigini bilýänsiňiz.
>
> – 1 Pet. 3:7

Petrus aýallara hormat goýulmalydygyny ýörite nygtaýar. Käbir erkekler bu aýat öz aýaly ruhy meselelerde ärinden pes derejede durýandygyny aňladýar diýip teswirleýärler. Ýok, "olaryň özüňizden ejizdigini bilýänsiňiz" diýen jümle aýalyňyzyň sizden pesdigini aňlatmaýar; bu diňe onuň ýatan ýerinden ellerine daýanyp, siz ýaly köp gezek ýokary-aşak galyp bilmeýändigini aňladýar! Orta hasapdaky aýalyň fiziki güýji orta hasapdaky erkegiňkiden pes. Mukaddes Kitabyň AMPC terjimesi bu aýady "aýaly [beden taýdan] has ejiz diýip hormatlamaly" diýip ýazylgy. Petrusyň NLT terjimesindäki sözlerine gulak goýuň: "Siz hem edil şeýle tärde aýalaryňyza hormat goýmaly. Oňa düşünjek boluň, çünki siz bile ýaşaýansyňyz. Ol sizden ejiz bolup bilýär, ýöne Hudaýyň

peşgeş berýän täze durmuşynda ol siziň deň derejedäki hyzmatdaşyňyzdyr. Eger siz oňa bolmalysy ýaly garamasaňyz, *siziň dilegleriňiz eşidilmez*” (nygtama awtoryňky).

Biz deň derejedäki hyzmatdaşlar, şol bir mirasa – merhemet mirasyna şärikdeşdiris. Emma bu aýadyň ahyrynda biz dilege jogap berilmek babatda geň we ajaýyp bir jümläni görýäris: eger är aýalyny sylamasa, onuň dilegi eşidilmez. Beý-bä, gaty aýňaldyjy jümle! Bu islendik adam üçin gözgyny durmuşdyr.

Bu barada oýlanyp bir görüň-ä! Tagtly otagda siziň dilegleriňiz eşidilmez, eger siz aýalyňyzy sylamasaňyz, siziň sözleriňiz Hudaýyň gulagyna hatda ýetmez hem. Bu meniň ähli ünsümi özüne çekmek üçin ýeterlik. Bu biziň ärler hökmünde bu barada ymykly oýlanmagymyzy talap edýär. Ýöne oňat bir habar hem bar: eger siz aýalyňyzy sylaýan bolsaňyz, Hudaýyň huzuryndaky dilegiňiz babatda ynamly bolarsyňyz.

Pursatdan peýdalanyp, siz-ärler bilen gönüden-göni gürleşmäge ygtyýar ediň. Siz aýalyňyzyň gadyryny bilýäňizmi? Siz onuň aýdýanlaryna gulak goýýarsyňyzmy? Ýa-da içiňden: “Aý, ol duýgulara berlen aýal-laý!” diýip, onda gaça durýarmyň? Men bu kyn ýolda öz sapagymy aldym. Men ýaňy öýlenen wagtlarymyz aýalymyň maslahatlarynyň ähmiýetini peseldýärdim. Emma wagtyň geçmegi bilen men onuň aýdýanlarynyň ahyrda Hudaý tarapyndan aýdylan danalyk bolup çykýandygyna üns berdim. Men özümi ruhy taýdan has ýokary saýýardym; wah, men nähili ýalňyşýan ekenim.

Liza dürli mowzuklar babatda birnäçe gezek mamla bolup çykansoň, men bu mesele bilen dilegde Hudaýa ýüzlendim. Men garşy çykyp, şeýle diýdim: “Eý, Hudaý, men käwagt günde iki sagatlap dileg edýärin, ol bolsa on ýa ýigrimi minut dileg edýär, özi-de bu dilegler köplenç suwa düşünip durka edilýär”. (Men bu meselede hem ýalňyşýan ekemin; meniň aýalym gündeki durmuşda Hudaý bilen yzygiderli gatnaşyp, dileg durmuşynda ýaşaýar – men şeýle etmegi biraz soňra öwrendim).

Men sözümi dowam edip, şeýle diýdim: “Näme üçin wajyp meselelerde köplenç ol mamla bolýar-da, men ýalňyşýaryn?”

Reb şobada jogap berip, şeýle diýdi: “Oglum, kagyzyň ýüzüne bir tegelek çyz”.

Men çyzdym.

Ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi: “Indi bolsa şol tegelegiň içinde atanajyklary goýup çyk”.

Men muny hem aýdylyşy ýaly etdim.

Ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi: “Indi bolsa tegelegiň edil ortarasyndan ýokardan aşaklygyna göni çyzyk geçir [bu iki ýarym tegelegi emele getirýär]. Sen atanajyklaryň 50%-ň tegelegiň bir ýarymynda, galanlarynyň bolsa beýleki ýarymynda ýerleşýändigini görersiň”.

Men munuň bilen razylaşdym.

Soňra Reb şeýle diýdi: “Atanajyklar Meniň danalygymy we maslahatymy aňladýar; bu paýhasly çözgütleri kabul edip bilmegiňiz üçin gerek bolan maglumatlar. Tegelek bütewi, ýöne ol iki sany ýarym tegelege bölünen. Bir bölegi sen, beýlekisi – Liza. Siz ýarym tegelek hökmünde aýrybaşga şahs bolsaňyz-da, bütewi tegelek hökmünde bütewi bir jan-tensiňiz. Eger sen tegelegiň diňe öz ýarymyňa seretseň, tegelek bütewi bolmaz”.

Soňra Ol sözüni dowam etdi: “Sen paýhas bilen maslahatyň ýarysynyň Lizanyň tarapynda, beýleki ýarysynyň bolsa öz tarapyňdadygyny görýänsiň. Sen haýsydyr bir karara gelmek üçin Menden gerek bolan maglumatlaryň diňe ýarysyna, diňe öz tarapyňdakylara esaslanýarsyň. Sen onuň tarapyndaky maslahatlarymy hasaba almaýarsyň. Men saňa-da, oňa-da gerekli maglumatlary bererin, ýöne sen paýhasly lider hökmünde Liza görkezýänlerimi almagy öwrenip, maşgalabaşy hökmünde gutarnykly çözgüdi kabul etmezden ozal bu mesele babatda bilelikde maslahatlaşmagy öwrenmelisiňiz”.

Hudaý bilen şol duşuşyk meniň maşgala durmuşymy bütinleý özgertdi. Soňra men şuňa düşündim: öýlenmedik erkekkäm, bütewi bir tegelekdim; şindi bolsa men öýlenen erkek, şonuň üçin-de öz aýalym bilen bir ten bolýaryn; men indi öýlenmedik döwrümdäki ýaly ýaşap bilmerin.

## Ejiz beden

Petrusyň sözlerine ýene bir gezek garaň: “Eý, ärler, edil şunuň ýaly, sizem öz aýalyňyza hormat goýuň, onuň bilen özara düşünişip ýaşaň. Siz olaryň özüňizden ejizdigini bilýänsiňiz, emma olar hem siziň bilen Hudaýyň beren ýaşaýşyny deň miras alandyrlar. Doga-dilegleriňiziň bökdelmezligi üçin şeýle ediň”. Biz öz aýalymyz bilen düşünşip ýaşamaly. Dileg wagty berlen Hudaýyň Sözi maňa aýalym bilen üstünlikli durmuşda ýaşamak üçin gerek bolan düşünjäni berdi. Men bu wakamy siziň bilen ýokarky setirlerde paýlaşypdym.

Aýalyň bilen nikada üstünlikli ýaşamak barada Hudaýyň Sözünden alyp boljak düşünjeleriň ençemesi bar. Erkekler aýallaryň erkeklerden nähili tapawutlanýandygyny öwrenmäge wagt tapan bolsa, köp nika bozulmalarynyň öňüni alyp bolardy. Siz erkek we aýal başlangyjyny alýarsyňyz, olary birikdiriň, şonda

siz siz Hudaýyň doly keşbiniň şöhlelenmesini taparsyňyz. Biz muny nireden bilýäris? Mukaddes Ýazgylar bize şeýle diýýär: “Şeýdip, Hudaý Öz keşbinde ynsany ýaratdy, hawa, Hudaý ony Öz keşbinde ýaratdy, olary erkek we aýal edip ýaratdy” (Gel. 1:27).

Hudaý “ony” Öz keşbinde ýaratdy diýip ýazylan, ýöne “ol” sözi “hem erkek, hem aýal” diýip ýazylýar. Ynsanyýet üçin erkegiň-de, aýalyň-da gerekdigi, ynsanyň bolsa Hudaýyň keşbinde ýaradylandygy baradaky düşünjäni bize ýetirmek üçin, Mukaddes Ýazgylar muny aýratyn nygtaýar. Hut şu sebäpdenem Pawlus şeýle diýýär: “Ýöne her nähili bolsa-da, Rebbiň halkynyň arasynda aýal erkege, erkek-de aýala garaşlydyr” (1 Kor. 11:11).

Petrusyň aýdanlaryna dolanalyň. Biz onuň erkegiň öz aýalyny iki tärde sylap bilýändigi baradaky sözlerini eşidýäris: birinjisi – ony ejiz beden, ikinjisi – ony merhemet durmuşyndaky şärikdeşiň hökmünde kabul etmeli. Geliň, bularyň birinjisi barada biraz gürrüň edeliň. Biz öz aýlymyzy ejiz beden hökmünde sylamaly. Bu biziň olara zenan hökmünde garamalydygymyzy aňladýar. Erkekler güýçli bolýar we biz öz güýjümizi aýalymyzy goramak üçin ulanmaly. Bu maslahat ýönekeý zatlara-da, mysal üçin, oňa gapyny açyp bermek, restoranda oturmanka oturgyjyny äbermek, gödek adamlardan goramak we ş.m. ýagdaýlara degişlidir.

Är öýüň başy bolany üçin, biz aýalymyzy ileri tutmaly. Bu eger aýratyn dabara üçin täze lybas almaga ýeterlik puluňyz bar bolsa, onuň gadyryny bilýänligiňizi görkezmek üçin, bu lybasy özüňize däl-de, oňa alyp bermekligi aňladýar. Dynç almaga gitjek ýeriňiz babatda, eger siz bir ýere, ol hem başga ýere gitmek isleýän bolsa, onuň saýlawy bilen ylalaşyň. Şalykda ýolbaşçylyk etmek – höküm sürmekligi däl-de, hyzmat etmekligi aňladýar. Är hökmünde öz sözüňiziň onuň isleginden üstün bolmaly ýeke-täk ýagdaýy – ol, maşgala we Hudaýyň Şalygy babatdaky öz çözgüdiňiziň ýeke-täk dogry çözgütdigine ynamyňyz bolan ýagdaýlarydyr. Başga ýagdaýlarda onuň isleglerini ileri tutuň. Oňa baş bolmagyň sebäpleriniň biri – onuň üçin jan bermegiňdir. Bu aýalyňy sylamaklykdyr. Siz ýalkanarsyňyz sylag alarsyňyz, siziň doga-dilegleriňizde-de hiç bir bökdençlik bolmaz.

## Merhemet durmuşyna şärikdeşimiz

Petrusyň aýtmagyna görä, öz aýalymyzy sylamaklygyň ýene bir sebäbi – olaryň merhemet durmuşynda şärikdeşimiz bolup durýanlygydyr. Bu onuň Hudaýyň huzurynda deň derejäni eýeleýändigini aňladýar. Sen erkek

bolanyň üçin Hudaýyň huzurynda aýratyn hak-hukugyň ýok. Käbir adamlar kalbynda erkekleriň aýratyn hukuklydygy baradaky ýalana ynanýarlar, bu biderek zatdyr. Bu ýalan şowinist adamlar tarapyndan oýlanyp düzülendir, olar günleriň birinde Hudaýyň tagtynyň öňünde durup, hasabat bererler. Bu Mukaddes Ýazgylary öwrenmek bilen birlikde ýigrimi ýylyň dowamyndaky hyzmatymyň döwründe gören ýagdaýlarymdan mälim boldy. Erkekler bilen deňeşdirilende aýaly ruhy taýdan kemter saýýan maşgalalar ýa ýygnaklar Hudaýyň merhemetinden mahrumdyr. Siz şeýle ýerlerde ruhy basyşy, agyrlygy we gulçulygy görersiňiz.

Biz özümizden käbir zatlary soramaly. Käbir ýygnaklaryň ýolbaşçylyk toparyna näme üçin aýallary goşmaýarlar? Näme üçin aýallara ýekşenbe günlerindäki irdenki hyzmatlarda wagyz etmek rugsat berilmeýär? Käbir ýygnaklarda çopançylyk toparlaryna näme üçin aýallary goşmaýarlar? Näme üçin ýolbaşçylykda diňe kakalaryň sesi bolup-da, ejeleriň sesi ýok? Ejeleriň aýdýanlaryny hasaba almaýan ýygnaklar ejesiz maşgaladan – çagalary diňe erkegiň terbiýeleýän maşgalsyndan hiç tapawudy ýok. Muny edip bolýar, ýöne çagalar ymykly täsirden mahrum bolup, ejir çekýärler. Ejäniň pajygaly ýagdaýda aradan çykan ýa-da maşgaladan giden ýagdaýlarynda Hudaý erkege sagdyn çagalary terbiýeläp bileri ýaly merhemet berýär. Ýöne ýygnak ejeleriň sesinden gaça duran ýagdaýlarynda, merhemet ýetmezçilik edýär, sebäbi ýygnak Hudaýyň danalygyndan gaça durýandyrlar.

Ýöne siz garşy çykyp: “Mukaddes Kitap diňe bir aýaly bolan erkegiň ýolbaşçy bolup bilýändigini aýdýar-a!” diýmegiňiz ahmal. Geliň, Pawlusyň ýazanlaryny okalyň: “Şoňa görä-de, ýygnagyň ýolbaşçysy müýnsüz, ömründe diňe bir gezek öýlenen adam bolmalydyr” (1 Tim. 3:2).

Bü jümle jyns degişliligi barada däl. Ýygnagyň ýolbaşçysynyň diňe bir aýaly bolmaly. Emma biz muňa tutuş Mukaddes Ýazgylaryň nukdaýnazaryndan garamaly. Pawlus Köne Ähti okamagy endik edeninen adamlara ýüzlenýär. Köne Äht döwründe siz bir erkegiň birnäçe aýalynyň bolan köp ýagdaýlary görersiňiz: Ybraýym, Dawut patyşa, Süleýman, Ýakup, Elkana (Hanna bilen Peninnanyň äri) – bular hem hemmesi däl.

Emma Köne Ähtde siz bir aýalyň birnäçe äriniň bolan ýeke ýagdaýyny-da tapmarsyňyz. Bu kada laýyk däldi, hatda kanuna laýyk bolmansoň, gadagan edilendi. Onsoň Pawlusa aýalyň ýygnak ýolbaşçysy bolmagy üçin ýeke-täk bir äriniň bolmalydygy barada ýazmak nämesine derkar? Muny aýdyp-da oturmaly däldi. Men ulaldyp aýdýan ýaly görmegiňiz ahmal; ýöne biz onuň sözlerine harpma-harp eýerjek bolsak, onda öýlenmedik erkekleri

ýygnak ýolbaşçylygyndan boşatmaly bolardyk, sebäbi olar hem ýeketäk bir aýalyň äri däl. Eger bu şeýle bolan bolsa, onda Pawlus özüni hem ýygnak ýolbaşçylygyndan çetleşdirerdi, bu bolsa gaty gülkünç bolardy. Biziň käbirlerimiz bu meselede dar düşünjelidiris.

Gürrüň jyns degişliligi barada däl; gürrüň adamyň durmuşyndaky Hudaýyň çakylygy we peşgeşi barada. Öz aýalyny ýa-da ýygnakdaky aýallary öz çakylyklarynda hyzmat etmeklerini bökdeýän erkekler öýleriniň we hyzmatlarynyň üstündäki gökler penjiresini belli bir derejede ýapýandyrlar. Hawa, ýalkanan çäkleriniň bolmagy ahmal, ýöne gökleriň bütin ýalkanyşlary sypdyrylar.

Aýallaryň sylanylmaýandygy zerarly Isa Mesihiň bedenine şikes ýetirilendir. Emma gowy bir habar-da bar: bu hemişe şeýle bolup durmaz. Çünki Ýowel pygamber-de, resul Petrus-da ýygnagyň ahyrky günlerinde aýal hyzmatlarynyň doly dikeldiljekdigini pygamberlik bilen öňden aýdypdylar.

Olar şeýle diýýärler: “Hudaý şeýle diýýär: ‘Ahyrky günlerde şeýle bolar, Men ähli ynsanlaryň üstüne Öz Ruhumy dökerin. Pygamberlik eder oguldyr gyzlaryňyz, aýanlyk alarlar ýigitleriňiz, düýşler görer garrylaryňyz. Şol günlerde Men hatda gullardyr gyrnaklaryň üstüne, Öz Ruhumy dökerin. Olar-da pygamberlik ederler’” (Res. 2:17-18). Hudaýyň Sözüni erkekleriň-de, aýallaryň-da jar etjekdigine üns beriň.

Bu barada mezmurçy hem pygamberlik edip, şeýle diýýär: “Taňry buýruk berýär; ony jar edýän aýallar — ägirt bir goşun” (Zeb. 67:12). Hudaýyň Sözüni anyk kim jar edýär? Munuň jogabyny bilmek üiçn, başga terjimeleri hem görmek gerek: “Taňry [ygtyýarlyk] sözüni berýär; [habary] äkidip, ony ýaýradýan aýallar ägirt bir goşun kimin” (Zeb. 67:12, AMPC).

Mezmurçy ünsüni erkekler bilen aýallarda jemlemeýär, ol bularyň aýallardygyny nygtaýar. Başga bir terjimäni siziň bilen paýlaşaýyn: “Taňry buýruk berdi we köp aýallar bu habary ýaýratdylar” (GNT); ýene-de “Taňry ýeňşi yglan edýär, aýallar mähellesi bu şatlykly habary jar edýär” (NLT). Aýallar Hudaýyň Sözüni diňe başga aýallara däl, eýsem erkeklere-de jar etmeli. Biz bu hakykatyň Isa Mesih arkaly tassyklanylandygyny görýäris. Eýsem ilkinji hoş habarçynyň magdalaly Meryemiň bolandygy gyzykly dälmi näme? Muny oňa Isa Mesihiň hut Özi tabşyrypdy. Biz şuny okaýarys: “Isa oňa: ‘Maňa golaýlaşma, sebäbi Men entek Atamyň ýanyna çykamok. Sen doganlarymyň ýanyna gidip, olara Meniň göge, Atamyň — Hudaýymyň ýanyna barýanymy aýt. Ol siziň-de Ataňyzdyr we Hudaýyňyzdyr’ diýdi. Magdalaly Merýem şägirtleriň ýanyna gitdi. Olara: ‘Rebbi gördüm!’ diýip, Rebbiň özüne aýdanlaryny şägirtlere habar berdi” (Ýoh. 20:17–18).

Geliň, gürrüňimizi dowam edeliň. Eger siz Lukanyň hoş habaryna ýüzlenseňiz, Meryemiň baş orator bolandygyny ýüze çykararsyňyz. Isa Mesih Rebbiň ölümden direlendigi baradaky habary resullara aýtmak üçin diňe ony däl, eýsem aýallaryň toparyny iberýär. Biz şuny okaýarys: “Resullara bu habary ýetirenler magdalaly Meryem, Ýowanna, Ýakubyň ejesi Meryem we olaryň ýanyndaky beýleki aýallardy” (24:10). Şunlukda, Hudaýyň Sözüni erkeklere aýallar jar edipdi, olary Isa Mesihiň hut Özi iberipdi!

Ybadathana Mesihiň gelendigini erkeklere-de, aýallara-da Hanna pygamberiň bolandygy eýsem gyzykly zat dälmi? Ýusup we Meryem bilen ilkinji bolup gürleşen Şimgody, emma ybadathanadaky köpçülige ilki bilen Hanna ýüzlenipdi. Biz şuny okaýarys: “Hanna hem edil şol pursat gelip, Rebbe öwgi aýdyp, Iýerusalimiň halas bolmagyna garaşýanlaryň baryna bu Çaga hakda gürrüň berdi” (Luka 2:38).

Filipiň dört gyzynyň Rebbiň sözüni atmaklary gyzykly zät dälmi eýsem? Biz şuny okaýarys: “Filipiň durmuşa çykmadyk dört gyzy bardy we olar pygamberlik edýärdiler” (Res. 21:9). Olar Hudaýdan ylhamlanyp, Rebbiň sözüni aýdýardylar. Eger Isa Mesihiň bedeniniň ýarysy öz çagyryşlaryny berjaý etmekden mahrum edilse, biz Beýik Tabşyrygy nädip berjaý edeli? Erkekler öz aýalynyň durmuşyndaky Hudaýyň çakylygyny goldanlarynda, olar beýik sylagy alýarlar. Men muny hur öz durmuşymda görýärin.

(Bellik: Täze Ähtde Mukaddes Ýazgylaryň meniň aýdanlaryma ilkibaşda göräýmege çapraz gelýän ýerleri bar ýaly görünýär. Ýöne Mukaddes Ýazgylaryň bu ýerlerinde ýazylanlaryň manysyna düşünmek üçin, olary öwrenmeli we kitabyň maksady bu meseläni öwrenmek däl. Ýöne her nähili bolsa-da, bu aýatlary düýpli öwrenip, degişli resurslary hödür edýän abraýly liderler bar. Şeýle resurslaryň biri – Loren Kanningem bilen Dewid Joel Gamiltontyň “Näme üçin aýallar däl?” atly kitabydyr.)

## Meniň aýalym

Liza bäş ýaşyndaka, onuň biz gözüni kesip aýrypdylar. Ol göz örtüginiň blastomasy atly kesele, sada dilde aýdylanda, göz örtüginiň rak keseline ýolugypdyr. Mekdep ýyllarynyň barynda we şu häzirki güne çenli ol sag gözüniň hanajygynda oturtma göz dakynyp gelýär. Mekdepde onuň üstünden gülüp, ýaňsylaýyşlaryny göz öňüňize getirmek kyn bolmasa gerek. Onuň bikämil synpdaşlary oňa Siklop, Ýekegözli diýen lakamlary dakýardylar. Lizanyň gündiziň güni aglap, öýe gaçyp giden wagtlary-da bolýardy. Onuň ejesi danalyk

bilen güýçli bolmagyny we bu bezzatlara üns bermezligini maslahat berýärdi, ýöne bu şonda-da onuň göwnüne degýärdi.

Mekdebiň ýokary synplarynda Liza ony tamamlamak üçin iki dersiň bardygyny bildi, olaryň ikisi-de ony hopukdyryp, beýlekilerden has kyn düşýärdi. Olaryň biri sözleýiş dili, beýlekisi bolsa maşynkada çap etmeklikdi. Bu iki dersi özleşdirmeklik başa barmansoň, Liza öz mekdep maslahatçysyna ýüzlenip, bu hökmany derslerden boşatmagy soraýar. Ol adamlaryň öňünde durup, nädip netijeli söz sözlesin? Maşynkada çap etmek mümkin däldi, sebäbi ol giňişlikdäki zatlary kabul etmek ukybyny ýitiripdi. Maslahatçynyň öňa ýüregi awap, ony iki dersden boşadypdyr-da, olaryň ýerine başga iki dersi goşupdyr.

Geçen bapda belläp geçişim ýaly, Liza Isa Mesihi kollejiň soňky ýyllarynda kabul edýär. Şondan köp wagt geçmänkä-de biz öýlenip, Tehas ştatynyň Dallas şäherine göçüp, şol ýerdäki uly ýygnaga gatnap başladyk. Şol döwürde ol ol biraz ýumsydy, alçak däldi. Ýygnakdaky aýallar onuň bolşuny ulumsylyk we tekepbirlik hökmünde kabul edýärdiler. Ýöne hakykatda bar bolan zatlar onuň daş-töweregine iberýän signallaryndan düýpli tapawutlanýardy. Ol gözüniň kesilip aýrylmasy, okuw ýyllarynyň tutuş dowamynda ýaňsylanmasy zerarly dörän gorkularyň köpüsinden heniz-de ejir çekýärdi.

Ýaş çatynja bolan döwrümizde bize iki ýerden girdeji gerek bolansoň, ol kosmetika we derä serenjam berýän serişdeleri satýan bir firma bilen şertnama gol çekişýär. Men onuň sapaklarynyň käbirine baryp görenimde, aýalymyň bu çäkde zehininiň bardygyna we onuň serişdelerden başynyň çykýandygyny ýüze çykardym. Ýöne Liza gorkýardy. Ol serişdeler barada adamlara gürrüň bermäge gorkýardy, şonuň üçin-de men onuň üçin gatnaşyklary we prezentasiýalary ýola goýmaga kömek etdim.

Bir ýyl geçenden soň Dallasdaky naýbaşy söwda merkezinde aýlanyp ýörkäk, men şeýle diýdim: “Liza, sen kosmetika bölümindäki işe arzaňy bermeli. Sen kosmetikany satýan we ýüz boýaýan şu aýallaryň hemmesinden-de ökde”.

Ol meniň ýalňyşýandygymy aýtdy, ýöne indiki hepde ol başga bir söwda merkeziniň dükanynda işe başlamalydy. Ol şol dükana her gezek girende, meniň sözlerim gulagynda ýaňlanýardy. Şonuň üçin-de, ol maňa aýtman, şol işe rezýumesini iberipdir we ol ýere işe alnandygyna geň galypdyr!

Ol Elizabet Arden kompaniýasynyň wekili hökmünde işe alyndy. Ozal şu firmanyň zatlaryny satan gyz işde kynçylyk çekýän eken. Liza işe girişenden soň, birnäçe hepdäniň dowamynda ammardaky harytlaryň hemmesi diýen satylyp

gutarypdyr. Günleriň birinde Liza arka tarapyndaky stola patlap goýlan portfeliň sesine tarap öwrülipdir; bu kompaniýanyň ýerine ýetiriji direktory eken. Ol: “Liza, biz naharlanmaga gidýäris. Sen bu indi ýerde galmarsyň!” diýipdir.

Ol onuň haýyşy boýunça söhbetdeşlikden geçip, müşderiler bilen işlemek koordinatoryň derejesine çenli wezipesi ulaldylypdyr, bu bolsa onuň Dallas bilen Fort- Ueýdiň etrabynda on alty dükana, Nýu-Meksikada birine we Oklahomada birine gözegçilik etmelidigini aňladýardy. Iki ýyl geçip-geçmänkä, ony kompaniýanyň mahabatlandyrma wekili derejesine galdyryp, sekiz ştatdaky işe gözegçilik etmek tabşyryldy. Onuň aýlygy ep-esli artdyryldy, käbir bähbitli goşantlar, şol sanda Ford Thunderbird atly täzeje iş maşynyny berildi. Onuň bilen maşynda ýany bilen kim gidendir, käwagt bolsa kim sürendir öýdýärsiňiz? Onuň aýlygynyň ýokarlanmasyndan kim utandyr öýdýärsiňiz? Men. Muňa hormatlamak sylagy diýilýär!

Birki ýyldan soň biz Florida ştatyna göçdük, men ol ýerde örän uly ýygnakda ýaşlar çopanynyň wezipesini aldym. Birnäçe aýdan men ýaşlarymyza indiki hepde maňa derek Lizanyň hyzmat etjekdigini aýtdym. Men Rebbiň Liza köp zatlary berendigini, onuň adamlar bilen gowy gatnaşyp, öýde okadyp bilýändigini görýärdim. Men onuň bu zatlary indi adamlar toparynyň öňünde hem edip biljekdigini bilýärdim.

Meniň bildirişime garşy bolnandygyny aýtmak-da gerek däl, oňa ýaşlar dälde, Liza garşy çykdy. Ol tutuş hepde: “Sen meni muňa nejbur edip bilmeýäň! Men ýaşlar bilen gürleşip bilemok. Meniň aýdara zadym ýok” diýip garşy boldy durdy. Men ony muny edip başarjakdygy we Hudaýyň oňa kömek etjekdigi babatda ynandyrdym. Men ondaky ruhy peşgeşi görýädim we onuň hereketsiz galdyrylmagyny islemeýärdim.

Ol bir hepdeden çykyş edip, ajaýyp işi amal etdi. Ýaşlar Lizanyň aýdan habaryny şatlyk bilen kabul etdiler. Yzýanyndaky aýlaryň dowamynda men muny ýene birnäçe gezek gaýtaladym. Men her gezek şol bir garşylyga duçar bolýardym. Ol her gezek: “Men eýýäm hemme zady wagyz etdim. Men olary bilýärin” diýýärdi.

Men güldüm-de: “Men muny her hepde edýärin we her hepde bu babatda Hudaýa bil baglamaly bolýaryn” diýdim. Meniň delillerim ony köşeşdirmeýärdi. Ýöne onuň çykyşlary gitdigiçe gowulanýardy. Ýaşlar ony halaýardylar.

Çopanymyz meni işden boşadyp, öz hyzmatymyza başlan döwrümizde-de men şeýle edip başladym. Kiçi konferensiýalarda çykyş etmek bilen, men Liza aýtmazdan, onuň indiki seansda nämeleri aljakdygyny wagtal-wagtal yglan

edýärdim. Men muny birinji gezek edenimde, Liza gaýgylanyp, meni gije ýatmaga goýmady. Ol: “Öz çykyşyňy maňa berşiňe haýran. Bu seniň ýaşlar toparyň däl, bu ýarty şäheriň gatnaşjak konferensiýasy. Men muny etjek däl, özüň edersiň” diýdi.

Soňra ol meniň öz wagzymda nähili habary aýdandygymy sorady, sebäbi ol çagalarymyzy ýatyrmak üçin otagda galypdy. Men oňa aýdanymda, ol gaharlanyp: “Sen meniň aýdyp biljek ýeke-täk habarymy agşamky hyzmatyňda aýdypsyň. Men indi irden näme habary aýdaýyn?” diýdi.

Men oňa:”Ezizim, Hudaý saňa köp zatlary öwretdi we adamlar bu barada eşitmeli” diýdim.

Ol daňdan üçe çenli meniň bilen çekeleşdi. Men ahyrda gülüp başladym-da, şeýle diýdim: “Ezizim, sen irden sagat dokuzda çykyş edýärsiň. Bu bolsa bary-ýogy alty sagatdan. Ýatyp ukuňy alanyň ýagşy”. Ertesi gün Lizanyň hemmeleri, elbetde, haýran etdi. Onuň habary täsindi we adamlar ony şeýle oňat kabul etdiler. Men muny dürli şäherlerde hem dowam etdirdim, onuň hyzmat edişi bolsa gitdigisaýy güýçlenýärdi.

Indi bolsa size kabir zatlary aýtmagy ygtyýar ediň. Bu zatlar Liza aňsat düşendir öýtmäň. Ol garyşyk märekäniň – kolej talyplarynyň we işleýän ýaşlaryň öňünde birinji gezek çykyş edende, erkekleriň birnäçesi ala-güpürdi bilen ör turup, aýalyň wagyz edişini diňlemezlik üçin ýygnakdan çykyp gitdiler. Lizanyň şol pursat olara goşulasy gelendigine düşüniň. Ol özüni başgalardan ýokary goýmaga asla ymtylmaýardy. Ol muny Hudaý gulak asasy geleni üçin etdi.

## Kitap ýazmak babatda hem şeýle

Men kitap ýazmak babatda hem şeýle etdim. Men üç kitap ýazdym we Liza maňa ony redaktirlemäge kömek etdi. Meniň “Şeýtanyň aly” atly üçünji kitabym milli bestsellerine öwrüldi. Men neşirýatçynyň ýanyna bardym-da, şeýle diýdim: “Meniň aýalymda Hudaýyň ony durmuşynyň käbir çäklerinde gorkudan we gözegçilikden azat edişi barada habary bar. Sen bu kitap barada Liza bilen gürleşmeli, ýöne muny meniň üstüm bilen däl-de, onuň göni özünden sora”.

Birnäçe hepde geçenden soň neşirýatçy biziň öýümize geldi. Ýöne ol meniň ýanyma däl-de, Lizanyň ýanyna gelipdi, onuň bolsa mundan habary ýokdy. Ol: “Näme bolýar?” diýen manyda ýüzüme seretdi.

Neşirýatçy Lizanyň ýüreginde nämeleriň bardygyny onuň işgärleri bilen

paýlaşary ýaly, duşuşyk wagtyny belledi. Biraz säginenden soň, ol şeýle diýdi: “Ýoldaşyň seniň örän wajyp bir habaryň bar, ony ýazmaça beýan etmeli diýip pikir edýär. Şindi, seni diňlänimden soň, men hem şeýle etmelidigini duýýaryn”.

Şol günden bäri Liza birnäçe kitaby ýazdy, olaryň arasynda birnäçe bestsellerler, şol sanda “Nýu-Ýork Taýms” bestselleri-de bar. Ol öz kitaplarynyň ýetiren täsiri arkaly bütin dünýä boýunça köp adamlaryň durmuşyna täsir etdi. Ol indi her ýyl onlarça müň adamyň öňünde çykyş edýär.

Pikir edip görüň, ine, bu sözleýiş dili we tekstleri maşynkada ýazmakdan boşadylmagyny soran aýal. Ol häzirki wagtda näme işleýär? Münberlerde, teleýaýlymda we başga ýerlerde müňlerçe adamlaryň öňünde çykyş edýär we kitaplaryny ýazýar! Ol bulary nädip edýär? Ol Hudaýyň merhemetiniň güýji arkaly öz gorkularyny ýeňip geçdi. Hudaýyň gyzynda Onuň peşgeşlerini saýgaryp bilen we olary sylan ýanýoldaşy sebäpli köp adamlaryň durmuşy ýalkandy. Onda ýygnakdaky ärleriň hemmesi öz aýalyny sylap başlasalar, näme bolarka?

Men öz aýalymy hormatlanyma näme sylag aldym? Olar sanardan-da köp. Lizanyň durmuşy diňe hyzmatda däl, eýsem ähli çäklerde hem gülläp pajarlady. Kimdir biri azat bolanda, dogrudan-da azatlyga çykýar. Meniň durmuşymda Hudaýyň merhemetiniň Liza üçin gapylary açyşy ýaly, indi oňa berlen peşgeşler hem meniň üçin şeýle etdi. Liza arkaly bütin dünýä boýunça köp wajyp gapylar açyldy. Meni käbir ýerlere çagyranlarynda, çopanlar şeýle diýýärler: “Siziň aýalyňyz biziň aýallarymyzyň durmuşyna şeýle bir täsir etdi weli, biz indi sizi hem çagyrmaly bolýarys”.

Sylaglaryň ýene biri – men öz maksadyna ýeten aýal bilen ýaşaýanlygym. Hudaýyň durmuşda beren çakylygyna görä ýaşamaýan adamlaryň ýüreginde agyrlyk duýgusy bolýar, sebäbi olar Hudaýyň özleri üçin niýetlän zatlaryny döretmeýärler. Olar ýüküň astynda basylýarlar. Emma siz Hudaýyň yradasyna görä ýaşasaňyz, onda Isa Mesihiň aýdyşy ýaly, Onuň ýüki ýeňil bolýandyr (Mat. 11:28-30). Onuň üçin zähmet çekmekde şatlyk bar; hüjümler agyr we ýygy-ýygydan bolsa-da, bu Hudaýyň meýline görä hereket etmek aňsatdyr. Meniň aýalym Hudaýyň gyzy, eje we Hoş Habaryň hyzmatçysy hökmünde özüni has bagtly duýýar. Eger şu elementleriň biri bolmadyk bolsa, beýleki çäkler hem zyýan çekerdi. Ol ileritutumlaryny dogry rejelemäge ymtylýardy; biziň maşgalamyzy hyzmat işinden has wajyp saýdy, şonda maşgalamyzyň üstüne täsin merhemet inip, oňa syýahat etmäge we öz çakylygyny berjaý etmäge mümkinçilik berdi. Eger biz durmuşymyzda Hudaýyň çakylygyna eýermedik bolsak, biziň nikamyz şeýle doly, söýgimiz bolsa şeýle güýçli bolmazdy.

Sylaglaryň ýene biri – men ony iň beýigi diýip hasaplaýaryn – Lizanyň Hudaýyň Sözüne hyzmat etmeginiň netijesinde bakylykda ýüzlerçe müň adamyň durmuşyna täsir etmegi bolup durýandyr. Günleriň birinde Hudaýyň tagtynyň öňünde onuň zähmetiniň uzaklara ýetýän netijelerini görmek bize miýesser eder. Men bir gezek ogullarymdan şuny soradym: “Oglanlar, ata-eneňiziň ýygy-ýygydan hyzmatlara gitmegini negatiw zat diýip hasaplaýaňyzmy? Siz muňa bizi özüňizden alynýan ýaly bir zat hökmünde garaýaňyzmy ýa-da ata-eneňiziň bütin dünýä boýunça mätäç adamlaryň durmuşyna bermeklik diýip, bu hyzmata gatnaşmaňyz hökmünde muňa oňat garaýaňyz?”

Meniň oglum birinji gürläp, şeýle diýdi: “Kaka, biz muňa hyzmatdaky rolumyz hökmünde garaýarys. Bu şalygyň hatyrasyna adamlaryň durmuşyna ýetmegimiziň usulydyr”. Beýleki üç oglumyz-da onuň aýdanlary bilen ylalaşdyrlar.

Biz şol pursatda Liza bilen birek-biregimize guwanç bilen seretdik. Biz Hudaýyň Oňa gulak asýan Öz hyzmatkärlerine bolan merhemetiniň nähili beýikdigine aň ýetirdik. Biziň ogullarymyz diňe bu durmuşda däl, eýsem Isa Mesihiň kazylyk tagtynyň öňünde hem beýik sylagy alarlar. Hormat üçin berilýän sylagy görmek nähili ajaýyp! Biz ilkibaşda muny görmedik, ýöne Hudaýyň Sözüniň wada berşi ýaly, bu bize gelip ýetdi: “Eger siz diňe Hudaýyňyz Rebbe gulak asyp, Onuň bu günki meniň üstüm bilen berýän ähli buýruklaryny yhlas bilen ýerine ýetirseňiz, Hudaýyňyz Reb sizi ýer ýüzündäki ähli milletlerden beýgelder. Eger siz Hudaýyňyz Rebbe gulak assaňyz, üstüňize bereket ýagyp, sizi bereket gurşap alar” (Kan. 28:1-2).

Biz diňe sylag almak üçin hormatlamaýarys, biz muny Hudaýyň ýüreginde şeýle bolany we biziň şatlygymyz bolany üçin hormatlaýarys. Ýöne şonda-da, sylag öz miwesini berýän tohumdan has ygtybarlydyr. Sylag hakyky hormatyň yzyndan gelýär. Şonuň üçin-de, eý, ärler, gijikdirmäň. Aýalyňyza hormat goýmaklyk durmuş ýörelgäňize öwrülsin. Hudaýyň aýalyňyz arkaly berjek sylagy göz öňüňize getirip biljegiňizden-de uludyr.

## 16

# Hemmeleri sylamak

Indi bolsa öýümizden, ýygnagymyzdan ýa-da iş ýerimizden daşarda bolanlary sylamak barada gürrüň edeliň. Biz bu adamlar bilen gündeki durmuşymyzda gatnaşýarys. Petrus şeýle diýýär:

> Hemmelere hormat goýuň.
>
> – 1 Pet. 2:17

Mundan has aýdyň aýdyp-da bolmazdy. Geliň, başga terjimeler hem garap geçeliň: “Ähli erkekleri hormatlaň [olara mertebe bilen garaň]” (AMPC) we “Öňüňizden çykan her bir adama mertebe bilen garaň” (MSG) ýene-de “Hemmelere sylag-hormat bildiriň” (NLT). Bular Isa Mesihiň biziň “ýakynlarymyz” diýip atlandyranlary. Siz, belki, bu meşhur wakany okansyňyz; geliň, ony Mukadees Ýazgylardan okalyň:

> “Bir adam Iýerusalimden Ýeriho barýarka, garakçylaryň eline düşýär. Olar onuň eşiklerini sypyryp alýarlar-da, özünem ýenjip, çalajan halda taşlap gidýärler. Tötänlikde bir ruhany şol ýoldan barýarka, ol adamy görüp, ýoluň ol tarapy bilen geçip gidýär. Onsoň bir lewi-de şol ýere ýeten wagty ony görüp, ýoluň beýleki tarapy bilen geçip gidýär. Şol ýoldan geçip barýan bir samariýaly bolsa, bu adamy görüp, oňa ýüregi awaýar. Onuň ýanyna baryp, zeýtun ýagy bilen şerap guýup, ýaralaryny saraýar. Onsoň ol adamy öz eşegine mündürip, bir myhmanhana getirip, oňa garaşyk edýär. Şol günüň ertesi myhmanhananyň eýesine iki kümüş teňňe çykaryp berip:

> ‘Muňa gowuja seret, artykmaç çykdajy etseň, yzyma gelýärkäm bererin’ diýýär.
>
> Seniň pikiriňçe, bu üç adamyň haýsysy garakçylaryň eline düşen adamyň ýakyny bolýar? Dindar: ‘Oňa rehim eden adam’ diýip jogap berdi.
>
> Isa hem oňa: ‘Bar, sen-de şonuň ýaly et’ diýdi”.
>
> – Luka 10:30-37

Ruhany bilen lewi ölüm halynda ýatan adamy gymmat saýmadylar. Samariýaly, ýagny – keseki ýurtly bolsa, ony gymmat saýdy. Mukaddes Ýazgylar “oňa ýüregi awaýar” diýip, muny aýratyn nygtaýar; ýene-de gaýtalaýyn, hakyky sylag-hormat ýürekden gaýdýar. Ol ýaralanan adamyň diri galmagy üçin gerek zatlaryň baryny, hatda artygy bilen berip, ony myhmanhana ýerleşdirýär. Aslynda ol ozal hiç haçan görmedik adamy üçin iki günlük zähmet hakyny beripdi. Oňa Hudaýdan söz eşitmek, bu barada dileg etmek gerek däldi. Ol gerek zatlary söýgüden, rehimden, başgalara bolan hormatdan doly ýüregi bilen etdin. Bu adamlary sylamagyň nusgawy mysalydyr.

## Häzirki döwürden bir mysal

Muny beýan edýän hazirki döwrüň bir wakasy dostum Bill Wilsonyň başyndan geçipdi. Billiň ejesi ony on bir ýaşyndaka suw turbasynyň oturdyp gidipdir. Ol özi dolanyp gelýänçä, şol ýerde oturmagy tabşyrypdyr. Ýöne ol dolanyp gelmändir. Bir mesihi adam ony tapyp, Billiň tomusky lagere gatnap bilmegi üçin çykdajylaryny töläpdir. Bu adamyň hoşniýetli hereketi haýsydyr bir zatlary herekete getiripdir.

Köp ýyl geçenden soň Bill Wilson “Metro Hyzmatyny” esaslandyrdy we häzirki wagta çenli oňa ýolbaşçylyk edýär. Bu hyzmat Nýu-Ýorkda her hepde ýigrimi müňden-de köp çaga kömek edýär. Bill heniz-de awtobus sürýär we öz işgärleri hem-de meýletinçileri bilen Hoş Habara örän mätäç etraplara aýlanyp, sözi we işleri bilen kömek edýär. Bu diýseň ajaýyp hyzmat, ol diňe Nýu- Ýorkda däl, eýsem başga ýerlerde-de müňleçe janlary halas etdi. Bill adamlary milli we halkara derejede biçäre çagalara kömek etmäge ylhamlandyrdy we bütin dünýä boýunça “Metro Hyzmatlaryny” döretdi.

Öýsüz-öwzarsyz we biçare adamlara Bill ýaly kömek edýän adamlar köp. Biz olara nädip ýardam berip bileris? Iň oňat usullaryň biri – olary doga-dileg we pul serişdeleri bilen goldamak. Eger mesihilige uýýan her bir adam şeýle

hyzmata her aýda haýsydyr bir zady sadaka berse, nämeleriň boljakdygyny göz öňüne getirip bilýäňizmi? Şalyga näçe adamyň girjekdigini göz öňüne getirip bilýäňizmi? Isa Mesihi tymsalyndaky adamy bir günäkär, samariýalyny bolsa bir mesihi diýip göz öňüne getiriň. Bu ýaralanan adam barada şeýle alada edilenden soň, ol samariýalynyň wagyz edýän Hoş Habaryny göwünjeňlik bilen diňlärdi. Emma lewi ýa-da ruhany mesihi bolan bolsa, onda ýaralanan adam Hoş Habara şärik bolasy gelmezdi. Hudaýyň söýgüsi ýüreklerimizde ýanyp başlanda, biz adamlaryň gadyryny bileris we şeýle hyzmatlara sadakalrymyz arkaly goşularys; bu hyzmatlar güýçli mätäçlik çekýänlere kömek bermek bilen bir hatarda olara Hoş Habary wagyz edýärler.

Kömek etmegiň ýene bir usuly – olaryň toparlaryna goşulmak. Munuň üçin Billiňki ýaly hyzmatlaryň ýerleşýän ýerleri bolan Brukline, Nýu-Ýorka ýa-da uzakdaky bir şähere göçüp barmak gerek däl. Siz muňa ýerli ýygnagyňyzdaky şeýle hyzmat arkaly goşulyp bilersiňiz. Eger bu aýda bir gezek bolaýanda-da, mätäçlik çekýän adamlara ýetmek üçin gurnalan derejede adamlaryň durmuşyna kömek edip bilersiňiz. Biz ýekelikde edilenden bile edenimizde has köp işleri amal edip bileris, bu samariýalynyň görkezen göreldesindäki ýaly ýekeleýin edilýän mümkinçilikleri ýatyrmaklygy aňlatmaýar. Emma Mukaddes Ýazgylar biziň başgalar bilen hyzmatdaşlyk eden ýagdýymyzda nähili zatlara ýetip bilýändigimizi nygtap, şeýle diýýär: “Bäşiňiz ýüzden, ýüziňiz müňden üstün çykarsyňyz” (Lew. 26:8).

Biz birleşenimizde, netijeliligimiz artýar. Biz netijeli hereket edip bilmegimiz üçin, Hudaýyň ýygnagy birek-birege garaşly bolarymyz ýaly tärde döredendigini ýatda saklamaly. Pawlus ähli agzalaryň bile zähmet çeken ýagdaýynda Isa Mesihiň Bedeniniň ösjekdigini aýdýar (ser. Efes.4:16). Bu ýerli ýygnakda oturdylmagyň ýene bir wajyp sebäbi bolup durýandyr. Netijede, eger her bir imanly ýekelikde we gurnalan hyzmatlar arkaly öz goşandyny goşsa, Bill Wilson baradaky wakalarymyzyň ýene näçesi bolardy?

Billiň edýänleri her nähili wajyp bolsa-da, biz ýetilen sepgitde saklanyp bilmeýäris. Mätäçlik çekmeýän, hatda bolelinlikde ýaşap-da, öz kalplarynda ýalňyzlygyň ejirini çekýän adamlaryň sany sanardan köpdür. Olaryň käbiri köne egin-eşikde däl-de, baý etrapçalarda gabat gelýärler. Gepiň gysga ýeri – olar hemme ýerlerde duşýar. Siz olara azyk dükanlarynda, söwda merkezlerinde, iş ýerleriňizde duşýarsyňyz. Olar ýalňyz ýa-da kalby ýaralanan adamlar, olar gadyrlarynyň bilinmegine mätäçdir. Olar hem biziň ýakynlarymyzdyr.

Biz bu adamlara günde duş gelýäris. Käwagt ähli ünsümiz öz işimizde bolany üçin, biz olaryň mätäçliklerine düşünip bilmeýäris. Ýaşym ulaldygyça, men

şeýle adamlara ýetmegiň nähili aňsatdygyna köpden-köp düşünip başladym. Ähli zat ýüregimize hemmeleri sylamak islegini kabul etmekden başlanýar. Eger biz şeýle etsek, duýgur bolýarys we käwagt bilmezden Mukaddes Ruh arkaly ugrukdyrylýarys we gündeki durmuş dyngysyz hyzmata öwrülýär.

Siz adamlara hormat goýsaňyz, Hudaýyň siziň ýoluňyda duş getirýän adamlaryna äsgermezçilik etmersiňiz, gödek gürleşmersiňiz. Tersine, siz Hudaýyň akymyna – teşne ýüreklere gökleriň dirilik suwuny getirýän akymyna goşularsyňyz. Mukades Ýazgylardan şeýle adamlar baradaky halaýan we ýyllar boýy ýapyşyp gelýän aýadym şeýle diýýär: “Mejalsyzlara söz bilen ýardam ederim ýaly, Hökmürowan Reb maňa dana dil berdi. Ol dana adamlar deý diňlesin diýip, gulagymy oýarýar her säher” (Işa. 50:4).

Siz bu wada babatda Hudaýa bil baglap bilersiňiz. Köp adamlar samsyk bir zat aýdarlaryndan gorkup, adamlar bilen gürrüň açmaýarlar. Eger siz şu aýatdaky Hudaýyň sözüne ynanýan bolsaňyz, onda sözleriňiziň kalplarynda halys ýadan, mätäçlik çekýän adamlara ýaşaýşy we şypany getirjekdigi babatda ynamly bolup bilersiňiz.

Ýöne biz heniz tamamlamzok, sebäbi bu ondan-da uzaklara uzap gidýär. “Hemmeler” diýen söz diňe mätäçlik çekýänlere degişli däl. Biziň iş salyşýan adamlarymyzyň her biri, eger biz olary sylasak, güllärler. Ýürekden aýdylan ýagşy söz ony eşidýänlere ýaşaýyş getirer. Bu aslynda gündeki durmuşymyzda duş gelýän, özem olaryň köpüsini ömrümizde diňe bir gezek görjek sansajaksyz adamlarymyzy öz içine alýar. Bu liftde gabat gelýän nätanşymyz, ýa stýuardessa, ýa telefonda gürleşýän operatorymyz bolup bilýär. Biz olary hoşniýetli salamlaşyk ýa-da mylaýym ýylgyryş arkaly sylap bilýäris.

Bir waka ýadyma düşýär. Men Londonda seýilgähde gezmeläp ýörkäm, Ýakyn Gündogardan bir aýal maňa tarap başyny sallap ýöräp gelýärdi. Meniň oňa ýüregim awady. Men onuň özüniň erkekler tarapyndan gadyry bilinmeýän aýal hökmünde duýýandygyny çakladym. Meniň ýüregim oňa duýgudaşlyk edensoň, men oňa päk ýürekden we begenç bilen: “Ertiriňiz haýyrly bolsun!” diýdim. Onuň gözleri maňa ynamsyzlyk bilen seretdi. Men onuň pikirlerini eşitdim diýse-de boljak: “Günbatar ýurduň erkegine nätanyş adam, özem aýal bilen şeýle mylaýymlyk bilen gürleşmek nämesine gerekkä?”

Ýöne ol bu soragyň jogabyny agtarmaga başlamanka, gadyrynyň bilinmegi babatdaky islegi üstün çykdy-da, onuň tutuş durky özgerdi; ol utanjyrap, salamlaşdy. Men ony gaýdyp görmerin, ýöne meniň ýüregimden dökülip gaýdan Hudaýyň söýgüsi onda günleriň birinde miwe berjek baky tohumy ekendigine ynanýaryn. Biz şuňa iman edip bileris; geliň, Ruhda ýaşap, özümiziň

ýöne bir ýaşaman, eýsem adamlara ýaşaýyş bermek üçin Hudaýyň gudratly güýjünde ýaşaýan ilçilerdigimize iman edeliň.

Adamlara ýylgyrmak kynmy? Nätanyş adamlara mylaýym söz aýtmak kynmy näme? Her bir sözümiziň ýaşaýşa hyzmat etjekdigine ynanmak kynmy näme? Eger Hudaýyň güýjüne bolan imanyňyz ýetmeýän bolmasa, eger ýüregiňizde hemme adamlara bolan hormatyňyz kemterlik edýän bolsa, bu kyn bolar. Emma siz dileg edip, Onuň Özüni gurban eden adamlaryna bolan sylag-hormaty ýüregiňize salmagyny Ondan çynyňyz bilen dileseňiz, Ol muny amal eder, sebäbi bu Onuň islegidir.

## Durmuş ýörelgesi

Siz Hudaýdan ýüregiňize hemme adamlara bolan söýgini salmagy dilän badyňyza, tutuş durmuşyňyz özgerer. Siz ofisianta bütinleý başgaça garap başlarsyňyz. Siz ýöne tagamlar sanawyna seredip, naharyňyzy sargyt etmersiňiz, siz olar ýanyňyza gelenlerinde, ýüzüne seredip salamlaşarsyňyz. Siz naharyňyzy sargyt etmezden ozal bu ofisiantyň adyny sorarsyňyz. Siz her gezek olara ýüzleneniňizde, olaryň adyny tutarsyňyz we iň esasy zat – tagamlary size getirip hyzmat edendikleri üçin olara dilden we pul bilen minnetdarlyk bildirersiňiz. Çaý puluny 15% goýmaň, olaryň gadyryny bilýän bolsaňyz, çaý puluny 20%+ goýuň.

Elmydama adatdakysyndan köp ediň. Haýsydyr bir orta gürpüne razy bolmaň. Ofisiantyň neneň gymmatlydygyny özüňizden soraň. Munuň jogaby siziň oňat bilmeli zadyňyz – ol Isa Mesih üçin gymmat bolany üçin, Ol Özüni onuň ugrunda gurban edipdi.

Çopanlar meni nahara çagyranlarynda, bize hyzmat eden ofisiantlara gaty az çaý puluny goýuşlaryna birnäçe gezek şaýat bolandygymy gynanç bilen aýdýaryn. Şeýle ýagdaýlaryň birinde çaý puly şeýle bir ujypsyz bolany üçin, men näme-de bolsa bir zatlar etmelidim. Biz çopan bilen maşyn duralgasyna barýardyk, men oňa: “Sen maşynyňy çykaryber, men restorana baryp geleýin” diýdim. Ol maşynyny çykarýança, men stolda köp çaý puluny goýmak üçin, yzyma dolandym. Bize hyzmat edene, aýratyn-da biziň ýaňyja ýygnakdan çykyp gelýändigimizi bilýän ofisianta neneň edip şeýle nadanlyk edip bolýarka?

Biz waka ýadyma düşýär; Liza ikimiz özümize hyzmat eden ofisianta 50% çaý puluny goýup gaýtdyk. Ol biziň hyzmatdandygymyzy eden gürrüňimizden bilýärdi. Biz Hudaý bilen onuň arasyndaky baglaýjy zynjyr halkasydyk, ol Hudaýyň ony gymmatly saýýandygyny bilmelidi. Biz onuň çaý puluny näçe

goýandygymyzy bilmänkä çykyp gaýtdyk, ýöne welin munuň onuň kalbyna galtaşandygyna we onda Halasgäriň müşk-anbarynyň galandygyna ynanýaryn. Pawlus şeýle diýýar: “Çünki biz gutulyş ýolundan barýanlaryň-da, heläkçilik ýolundan barýanlaryň-da arasynda Hudaý üçin Mesihiň müşki-anbarydyrys” (2 Kor. 2:15). Onuň hyzmaty bolan garaýşy heniz-de pozitiw derejede, bu gelejekde başga birinden almaklyga hem açyk bolmagyna ýardam berer.

Siz özüňize hyzmat edýänleri sylasaňyz, mähirli garaýyşlary köp alarsyňyz – naharyňyz köp salnar, goşmaça nahar, iň oňat hyzmaty we başga-da oslanylmadyk ýagşy zatlary alarsyňyz. Imanlylar diňe şu sebäplere görä sylamaly däl, ýöne her nähili bolsa-da, bular hem ýalkanyşdyr. Liza ikimiz howa menzilindäki maşyn duralgasynda işleýän oglanyň hyzmatyndan köp peýdalanýarys. Biz köp syýahat edýänligimiz üçin, olar biziň maşynymyzy tanap başladylar. Eger işde birnäçe adam bar bolsa, biziň maşynymyza birinji bolup hyzmat etmek üçin, hemmesi bize tarap okdurylýarlar. Näme üçin? Sebäbi biz olara çaý puluny gowy berýäris. Şeýle-de biz olar bilen gürleşip, olaryň we ýakynlarynyň hal-ýagdaýlaryny soraşdyrýarys. Biziň howa menzilimizdäki maşyn duralgasynda ýaramaz howadan goraýan bassyrmaly ýerleri we açyk howada, ýaramaz howa şeretlerinden goralmaýan ýerli bar. Meniň maşynym hemişe bassyrmaly ýeriň aşagynda durýar. Muňa sylag-hormat baýragy diýilýär.

Biziň ýerli azyk dükanymyzda hem ýagdaý şeýle. Başga şäherden gelen mynmanlar Liza ikimiz bilen dükana baranlarynda: “Sizi şu ýerde tanamaýan adam barmy?” diýip soraýarlar. Bu biziň tanymal awtorlar ýa-da hyzmatçylardygymyz sebäpli däl; aslynda olaryň köpüsi biz baradaky bu zatlary bilmeýärler. Bu biziň olar bilen gürleşýändigimiz, hal-ahwal soraşýandygymyz üçin şeýle bolýar. Käbirleri, ýagny biziň näme bilen meşgullanýanymyzy bilýänler, kyn pursatlarynda olar üçin dileg etmegimizi soraýarlar. Biz dükana girenimizde, olar şatlanýarlar we köp gezekde biz goşmaça paýy ýa-da başgalarda bolmadyk teklipleri alýarys. Ýene bir gezek soraýyn: biz olary şol goşmaça paýlar üçin sylaýarysmy? Ýok, müň gezek ýok. Biz muny Hudaýyň bize hemmeleri sylamagy tabşyrandygy üçin edýäris.

## Amaly mysallar

Hemmeleri sylap-hormatlamak barada amaly mysallaryň birnäçesini dykgatyňyza hödürlemäge ygtyýar ediň. Siz adama duş geleniňizde, onuň gözlerine serediň, oňa mylaýymlyk bilen ýüzleniň, goý, ol özüni gadyrly duýsun. Sargyt etmek, maglumat soramak, satyn almak we ş.m zatlar ýaly

ýöne öz işiňiziň bitirmäge ymtylmaň. Bir salym wagt tapyp, olaryň hal-ýagdaýyny soraň. Eger wagtyňyz bar bolsa, diňe bir sorag bermäň, olar üçin wajyp bolan zatlary bilmek üçin, soraň, öwreniň. Adam özüniň aladasynyň edilýändigini bilen badyna siziň üçin gapy açylar, onsoň siz iň uly peşgeşi – Isa Mesihiň Hoş Habaryny olar bilen paýlaşyp bilersiňiz. Emma olaryň gymmatlydygyny görkezmän, Hoş Habary paýlaşmakçy bolsaňyz, olar köplenç özlerini ulanjak bolýarmykaňyz öýderler, bu bolsa öz ýygyndyňyza goşup biljek prozelitleriňiz üçin ýene bir perspektiwa öwrüler.

Siz özüňizden tama edilýän zatda daşary ýene nämeleri edip bilýänligiňiz barada oýlanyň: olara kiçiräk sowgat beriň, gerek bolmadyk wagty çaý puly beriň ýa-da işinde kömek beriň. Köçe süpürýänlere gazly suw alyp beriň ýa-da öz öýüňizde işleýän adama nahar beriň. Goňşyňyzyň maşyn ýodajygyndaky gary syryp aýryň, otluk meýdaçasyny timarlaň. Adamlary oslaman durkalar sylap-hormatlamak diýseň hezildir. Bu ownuk zatlar sizi tapawutlandyrar we Isa Mesihiň habaryny eşitmäge isleg döreder.

Ýene-de gaýtalaýyn: esasy zat – Hudaýdan hemmelere bolan hakyky sylag-hormaty ýüregiňize salmagyny diläň. Eger siz muny ýüregiňizde bolmazdan etmekçi bolsaňyz, onda hormatyňyz ýasama ýa-da ýüzleý bolar. Aslynda, onuň netijesi umyt edýäniňize ters bolar. Ýasama hereketleri duýmak aňsat, adamlaryň aglabasy ony syzýarlar. Kitabyň ahyrky babynda biz bile dileg edip, Hudaýdan hakyky sylag-hormaty ýüreklerimize salmagyny sorarys. Hudaýyň sözi şu kitapda imanyňyzy berkidýär we küýseýär; biziň bary-ýogy etmeli zadymyz – ony soramak. Muny etmezden ozal biz ýene bir wajyp meselä garap geçmeli.

17

# Hudaýy sylamak

Iň soňunda aýdylýan bolsa-da, soňkusy däl, aslynda iň ähmiýetlisi – hakyky sylag-hormatda gezmekligiň ýeke-täk ýoly – ilki bilen Hudaýy sylamaklykdyr. Möwriti geçmeýän sylag-hormat ähli zatdan we hemmelerden diňe Ony ýokary tutmakda ýüze çykýandyr. Süleýmanyň pähimi 3:9-da: “Rebbi hormatla” diýlip ýazylan.

Biz Onuň gadyryny bilmeli, hormatlamaly we Ony hemme zatdan we hemmelerden ileri tutmaly. Eger biz kimdir birini ýa-da nämedir bir zady Ondan ileri tutsak, Oňa ysnat getirýäris. Ol Beýik Patyşa; Ol biziň hormatymyza bölekleýin däl-de, tutuş hormatymyza mynasypdyr. Biziň hormatymyz seždе arkaly diňe Hudaýa tarap belende göterilýändir.

Ýatda saklaň: ahyrky maksat – Hudaýy sylamak. Biziň ygtyýarlyklara, deňimizdäkilere, pes saýylýanlara bolan sylag-hormatymyz Isa Mesihe, ahyrda hem Ata geçýändir. Şonuň üçin-de, adamlary hormatlamak Hudaýyň hormatlamagyň we Oňa tabyn bolmaklygyň ornuny eýeläande, bu ýalan hormata ýa-da butparazlyga öwrülýändir.

## Ýalan hormat

Eliý baş ruhanydy. Şamuweliň çagalyk döwründe oňa çadyra gözegçilik etmek tabşyrylypdy. Onuň ogullary Rebbe, Onuň halkyna we öz ruhanalyk jogapkärçiliklerini hormat goýmaýan kezzaplardy. Olar hödürleriň saýlama bölegini özlerine alýardylar, seždе edýänler bu babatda zeýrenen ýagdaýlarynda bolsa muny zor bilen ellerinden alýardylar.

Eliý öz ogullarynyň Rebbe berilýän hödürler babatda edýän etmişleri,

çadyryň girelgesinde hyzmat edýän ýaş aýallar bilen edýän azgynlyklary barada bilýärdi. Ol ahyrda olara düzediş berip, şeýle diýdi: “Bu näme etdigiňiz boldy? Tutuş halk siziň ýaramaz işleriňiz hakynda gürrüň edýär. Beýtmäňiz bolanok, ogullarym! Rebbiň halkyndan meniň eşidýän habarym gowy däl” (1 Şam. 2:23-24).

Eliý ogullarynyň edýänlerine garşy çykýandygyna garamazdan, olar ruhanyçylyklaryny dowam etmeklerine ygtyýar berýärdi. Bu Eliý üçin bähbitlidi; onuň doýar-doýmaz garny endikleri ogullarynyň hereketleri arkaly kanagatlanýardy. Eger ol Hudaýy dogrudan-da sylaýan bolsa, ol ogullaryny hyzmatdan aýrardy. Ol olara derek Hudaýa we adamlara päk ýürekden hyzmat etjek dogruçyl adamlary bellärdi. Indi bolsa Rebbiň pygamber arkaly Eliý ruhana aýdanlaryna gulak goýuň:

> Bir gün bir pygamber Eliýä şeýle habar getirdi: ‘Hawa, Reb saňa şeýle diýýär: ‘Ata-babaň Harun we onuň maşgalasy Müsürde faraonyň gullary bolan wagtlary, Men Haruna Özümiň gudratymy görkezipdim. Meniň ruhanym bolup, gurbanlyk sypamyň üstüne çykyp, ýakymly ysly tütetgi ýakyp, Meniň huzurymda efot geýer ýaly, Ysraýylyň ähli tireleriniň içinden Men ony saýladym. Ysraýyllar tarapyndan berlen ýakma gurbanlyklaryndan paý almaga diňe seniň ataňyň nesline rugsat berdim. Indi näme üçin siz Meniň buýran gurbanlyklaryma we sadakalaryma göz dikýärsiňiz? Näme üçin sen, Eliý, halkym Ysraýylyň sadakalarynyň iň saýlama ýerleri bilen özüňizi semretjek bolup, öz ogullaryňy Menden artyk hormatlaýarsyň?’“
>
> – 1 Şam. 2:27-29 (nygtama awtoryňky)

Pygamber Eliýiň niýetlerini paş etdi; ol pyssy-pujyrlyklar we güýç arkaly alynýan saýlama hödürlerden gelýän bähbidi ileri tutdy. Hudaý pygamber arkaly Eliýiň öz ogullaryny Hudaýdan köp hormatlaýandygyny aýtdy. Şeýle etmek bilen, ol hiç bir sylagy almaz, tersine, uly ýitgi çeker. Çünki Hudaýyň pygamber arkaly sözüni dowam edip, aýdýanlaryna gulak goýuň:

> Şonuň üçin hem Ysraýyl Hudaýy Reb şuny aýdýar: „Seniň öz nesliň-de, ata-babaňyň nesli-de hemişelik Meniň huzurymda gezer diýip, Men öň söz beripdim. Emma indi Men-Reb muny aýdýandyryn: gaýtmyşym bolsun, çünki Men Özümi sylany sylaryn, äsgermezlik edeni bolsa ryswa ederin. Şunlukda, siziň we siziň ata-babalaryňyzyň ganatyny gyrjak günlerim uzakda däl — sizden

> doglanlaryň hiç birine uzak ömür miýesser etmez. Ysraýyla ediljek ýagşylyklara göripçilik bilen seredersiňiz. Siziň nesliňiz hiç wagt uzak ömür sürmez. Araňyzda gurbanlyk sypamdan mahrum edilmedik diňe bir adamy diri galdyraryn; ol hem sizi aglamakdan gözleriňizi kör, bagryňyzy gan eder. Tutuş erkek nesliňiz juwanlykda öler. Seniň iki ogluň Hopny bilen Pinehasyň başyna düşjek iş — olaryň ikisiniň-de bir günde ölmegi saňa bir alamat bolar. Men Özüme göwnümden turjak we pisindim oturjak işleri etjek wepadar bir ruhany saýlaryn. Men onuň neslini ebedileşdirerin, ol ömürbaky Meniň seçip-saýlan patyşamyň huzurynda gezer. Hawa, seniň aman galanlaryň: ‘Bir döwüm çörek taparym ýaly, maňa Öz ruhanylaryňyň arasyndan iş ber’ diýip, gara şaý ýa-da bir döwüm çörek üçin dyza çöküp, oňa ýalbararlar“.
>
> – 1 Şam. 2:30-36

## Ybraýymyň hormaty

Ybraýym Hudaýy şeýle tärde hormatlady. Onuň üçin Yshakdan wajyp adam ýokdy. Ol özüne wada berlen ogla ýigrimi bäş ýyl garaşypdy. Ol ony hemmelerden we hemme zatdan köp söýýärdi. Ýöne bir gezek gije Reb oňa görnüp, Ony öz oglundan has ileri tutmagyny Ybraýymdan sorady. Reb oňa Yshagy öldürmegini sorady. Siz Ybraýymyň kalbynyň lerzana gelşini göz öňüne getirip bilýäňizmi? Bu Ybraýymyň aňyna getirip biläýjek zatlaryň iň kynydy. Neslini dowam etjek ogluna derek bütin emlägini bermek has aňsat bolardy. Ýöne Ybraýymyň ýagdaýynda biz Eliýiň edenlerine gapma-garşy hereketleri görýäris. Biz şuny okaýarys: “Ybraýym daň bilen turup, eşegini gaňňalady” (Gel. 22:3). Ol ikirjeňlenmedi; ol ertesi gün daňdan turup, Hudaýyň özüne aýdanlaryny berjaý etmäge ugrady.

Ybraýym Hudaýy dünýädäki ähli zatlardan ileri tutýardy. Şonuň üçin-de, ol Yshagyň üstünden hanjary inderjek bolanda, perişde oňa ýüzlenip, şeýle diýdi: “Oglana el gatma, oňa hiç zat etme. Indi Men seniň Hudaýdan gorkýandygyňy bilýärin. Sen öz ýalňyz ogluňy Menden gaýgyrmadyň” (12-nji aýat). Ýene bir gezek gaýtalaýyn: hakyky hormat – mukaddes gorkynyň önümi bolup durýandyr. Indi bolsa iň ýokary derejedäki hormaty görkezen Ybraýymyň nähili sylagy alandygyna gulak goýuň:

> Rebbiň perişdesi gökden Ybraýymy ikinji gezek çagyryp, oňa: “Reb şeýle diýýär: ‘Men Öz adymdan ant içýärin. Seniň bu işi edendigiň

> üçin, ýagny öz ýalňyz ogluňy Menden gaýgyrmandygyň üçin, Men hakykatdanam seni ýalkap, seniň nesliňi asman ýyldyzlarydyr deňiz ýakasynyň çägeleri deý köpelderin. Seniň nesliň öz duşmanlaryndan üstün çykar. Meniň sözüme gulak asandygyň üçin, ýer ýüzüniň ähli milletleri seniň nesilleriň arkaly pata alarlar'" diýdi.
>
> – Gel. 22:15-18

Ýatda saklaň: siz Hudaýy gönüden-göni ýa-da Onuň hyzmatçylary arkaly hormatlasaňyz-da – tapawudy ýok, hormat hemişe sylaga ýetirýändir.

## Musanyň nädogry saýlawy

Musa hem başga birini Hudaýdan ileri tutandygy zerarly ähli zadyny ýitirmekigiň bäri ýanyndan gaýdan adamlaryň biridi. Onuň ýalňyşy diýseý çynlakaýdy, aslynda Hudaý örän gazaplanypdy, Musa ölüm öýüne golaýlapdy. Biz şuny okaýarys: "Ýolda olar bir kerwensaraýda düşlänlerinde, Reb Musa duşup, ony öldürmäge synanyşýar" (Müs. 4:24).

Bu barada pikir alyşmazymyzdan ozal nämeleriň bolup geçýändigini size gürrüň bereýin. Reb ýaňyja onuň bilen ýanyp duran çalynyň başynda gürleşipdi. Hudaý Musany tutuş Ysraýyly azat edip, Müsürden çykarmak üçin saýlandygyny yglan edýär. Musa dagdan düşýär, aýalyny we çagalaryny alyp, özüne tabşyrylan zatlary berjaý etmek üçin Müsüre tarap ýola düşýär. Düşelgede düşlän ilkinji gijeleri Hudaý Musany öldürmek üçin gelýär. Näme? Onuň halkyny halas etjekdigini ýaňyja saýlan adamyny öldürmek? Hudaý akylyndan azaşanmy näme? Ýok, müň gezek ýok! Bärde näme bolup geçýär?

Musa ýanyp duran çalyny görenden soň dagdan düşende, onuň öňünden ilkinji bolup aýaly çykýar. Ol Musanyň haýsydyr bir zatlary başdan görendigini ýüzünden aňyp, näme bolandygyny soraýar. Men olaryň gürrüňiniň şeýleräk bolandygyny görýärin: "Ezizim! Hudaý maňa görnüp, Müsüre dolanmalydygymy we öz halkymy faraonyň gulçulygyndan azat etmelidigimi aýtdy. Şunlukda, şol gürrüňi edilen halasgär men bolup çykdym" – diýip aýdýar. Aýaly Sypora bolsa: "Ajaýyp zat! Men seniň bilen gitjek, ezizim. Haçan ugraýarys?" diýýär.

Musa jogap berip, şeýle diýýär: "Edil şu wagt ugramaly, ýöne başda bir işi ýerine ýetirmeli. Hudaý dagda Ybraýym bilen baglaşan ähtini maňa aýan etdi. Ol iki oglumyzy-da sünnetlemegi tabşyrdy".

Sypora: "Bolýar, gel nowbaharymyz Gerşomdan başlaly" diýýär.

Soňra Sypora Musanyň sünnetleýşine syn edýär.

Indi bolsa biraz säginip, şuny aýdaýyn. Men üçünji oglumyzyň sünnetlenişine syn edipdim. Lukman bize muňa öňünden taýýarlanmagymyzy maslahat beripdi. Ol Aleki şeýle agyrlarda gaýdyp görmejekdigimizi aýtdy. Lukman gysyp, çalaja kesende, Alekiň tutuş bedeniniň her bir öýjügi çirkin gygyrdy. Men onuň agyrysyny görüp, tas janym çykypdy.

Geliň, muny Sypora babatda göz öňümize getirip göreliň. Ol özüniň nowbahar oglunyň çabalanyp gygyryşyny, agyrydan ýaňa sandyraýşyny görýär. Bu ony diýseň hopukdyrýar. Äri söýgüli ogluna neneň edip şeýle zatlary edip bilýär? Ol durmuşa çykan adamy barada oýlanýar. Şol dagda oňa näme bolduka? Onuň duşan Hudaýy şeýle ganhor we zalym bolup bilýärmi näme?

Şunlukda, çagalaryň ejesi ara goşulýar. Ol Musa bilen kiçi ogly Eligezeriň arasynda durýar; elleri bykynynda, aýaklaryny berk goýup, muňa garşydygyny mälim edýär. Onuň tutuş durky: “Golaýlaşma!” diýýär. Ol garşy çykyp, şeýle diýýär: “Sen gaýdyp beýtmersiň. Bu meniň balam, Gerşoma eden zabun we adalatsyz hereketleriňi görenim besdir. Sen nähili är bolýamyşyň?!”

Men är-aýalyň arasynda turan şol jenjeli göz öňüne getirip bilýän. Sypora dawa edýär, soňra gygyrýar we, belki, Musa haýbat atýar. Sögüş uzakly gün, uzakly gije we ertesi gün dowam edýär. Nahar bişirilmeýär, haýbatlar bolsa sagatsaýyn artýar. Bular Musa tükeniksiz bolup görünýär we ol mundan halys bolýar.

Musa ahyrda aýalynyň garşylyklaryndan ýadansoň, şeýle pikir edýär: “Men göreşip ýadadym, meniň etmeli işim – çakylygym bar, men tutuş halky azat etmeli we muny edip başlamaly”. Şonuň üçin ol ýeň berýär-de: “Bolýar, ýör, şeýle gidibereli” diýýär.

Olar Müsüre barýarkalar, Reb Musany öldürmek üçin olaryň düşelgesine barýar, sebäbi Musa aýalyny Ondan ileri tutupdy. Hudaý Öz saýlan lideri babatda muňa ýol bermez. Ol Musany öldürer-de, başga birini tapar. Emma Musanyň aýaly ärine boljak zatlary gören dessine paýhaslanýar-da, ogluny sünnetläp goýberýär. Biz şuny okaýarys: “[Ol ogullarynyň birini sünnetlemändi, sebäbi aýaly muňa garşy çykypdy. Emma onuň janyna abanýan howpy görende] Sypora çakmakdaşdan edilen pyçagy alyp, oglunyň ujydynyň pürçügini kesýär-de, ony Musanyň aýagyna degirýär we oňa: ‘Hakykatdan-da, sen gan üsti bilen baglaşan ärimsiň’ diýýär” (Müs. 4:25 AMPC).

Ol muny eden badyna, “Reb onuň ýanyndan aýrylýar” (26-njy aýat). Günleriň birinde dileg wagty Hudaý menden: “Men Musany öldürmäge geldimmi ýa-da aýalyny?” diýip sorady.

Men aýdyňlyk bilen: “Musany” diýip jogap berdim.

Şonda Hudaý maňa şeýle diýdi: “Hawa, sebäbi men ogullaryny sünnetlemegi Musa tabşyrypdym. Ol maşgalanyň başydy we aýalynyň talaplaryny Meniň aýdanlarymdam ileri tutdy. Ol muňa jogapkärdi”. Bu ýagdaý maňa öz ygtyýarymyzdakylaryň göwnüni ýykmazlyk üçin hakykat babatda oňşuklylyga ýol bermezligiň nähili wajypdygyny görkezdi.

Musa parahatlygy dörediji kimin däl-de, parahatlygy saklaýjy hökmünde hereket etdi. Isa Mesih: “Parahatlyk saklaýanlar bagtlydyr” diýmän, eýsem “Parahatlyk döredýänler bagtlydyr” (Mat. 5:9) diýipdi. Parahatlygy saklaýan – dawa-jenjelden gaça durmak üçin hakykat babatda oňşukly bolýan adam. Liderler bu duzaga aňsat düşüp bilýärler. Bu aslynda görýänlerimizi Görmeýänimizden ileri tutmaklykdyr. Hudaý şeýle hereketleri ýigrenýär.

Parahatlygy dörediji – bu hakyky parahatlygyň ugrunda göreşmäge-de taýyn adam. Şoňa görä-de, Isa Mesih şeýle diýýär: “Çümdüriji Ýahýanyň günlerinden tä şu wagta çenli Gögüň Şalygyna rehimsiz hüjüm edilýär we wagşy adamlar ony ele salýarlar [gymmatly baýrak ýaly — Gökler Şalygyndaky paý güýçli yhlas we berk dartgynlyk arkaly agtarylýar]” (Mat. 11:12, AMPC). Hudaýyň Şalygy parahatlykdyr (Rim. 14:17) we hakyky parahatlygy gazanmak üçin, biz käwagt gapma-garşy durmaly-da bolýarys.

Parahatlygy saklaýjylar adatça öz bähbitlerinden hereket edýärler. Olar durmuşlarynda amatsyzlyklardan gaça duraslary gelýär ýa-da özleri üçin bähbitli bolan adamlara garşy çykaslary gelmeýär. Eliý muny öz ogullary babatda şeýle edipdi.

Musa bolan wakadan netije çykarypdy we kimdir biriniň haýyşyny bitirmek üçin hakykat babatda oňşuklylyga gaýdyp ýol bermezdi. Şunlukda, onuň hyzmatynyň başyndaky şowsuzlyk onuň üçin ugrukdyrma, ýüreginde berk ynamyň ornaşan nokadyna öwrüldi. Bu ynam ony ömrüniň ahyryna çenli beýik lider bomagyna ýardam berer.

Eliý başgady. Ol liderlikde Musa kimin täze we öwrenje däldi, ol tejribeli ýaşulydy. Ol öz edýänlerine doly akyl ýetirýärdi. Musa, belki, gowy ýanýoldaş bolmakçy bolandyr. Ol päk ýüreklidi, ýöne päk ýürekdenem ýalňyşýardy.

## Maşgaladaky kynçylyklar

Şu bapda beýan eden wakalarymy öwrenseňiz, olaryň her biriniň maşgalanyň içinde bolandygyny ýüze çykararsyňyz. Eliý bilen Ybraýym çagalary babatda, Musa öz aýaly babatda. Şu nukdaýnazardan Isa Mesiň maşgala agzalary barada aýdanlary aýdyňlaşýar:

> Meni ýer ýüzüne parahatlyk getirmäge gelendir öýtmäň. Men parahatlyk däl-de, gylyç getirmäge geldim. Men ogly atasyndan, gyzy enesinden, gelni gaýynenesinden aýyrmaga geldim. Adamyň duşmany öz içerisindäkiler bolar. Atasyny, enesini Menden artyk söýen (sylan) Maňa mynasyp däldir. Ogluny, gyzyny Menden artyk söýen (sylan) Maňa mynasyp däldir.
>
> – Mat. 10:34-37 (ýaýyň içindäki sözler awtoryňky)

Biz kimdir birine, hatda öz maşgalamyzdan bolan birine-de eglişik edip, Hudaýyň yradasyny bozanymyzda, Hudaýa garşy günä edýändiris. Bu meseläniň näderejede çynlakaýdygyna düşünýänsiňiz diýip umyt edýärin; Isa Mesihiň sözleri sada we ýowuz. Ýokdarda beýan edilen mysallardan biz munuň näme üçin şeýledigine düşünip bilýäris. Eliýiň maşgalasy üçin hökümden gutulmak mümkin däldi. Ogullaryny Hudaýdan ileri tutmaklyk oňa gymmada düşdi.

Munda sylag-hormatyň deňagramlylygy bardyr, tutuş kitabyň dowamynda biz ünsümizi hormatlamagyň wajyplygyna gönükdirdik; emma Hudaýdan ileri tutulýan zat biabraýlyk ýa-da Oňa garşy bolan butparazlyk toparyna girýändir, bu çynlakaý netijelere uçradýandyr. Hiç zat ýa-da hiç kim Hudaýdan ileri tutulmaly däldir. Ol – Reb, Patyşa we Halasgärdir. Biz edýän ähli işlerimizde muny elmydama üns merkezimizde saklamalydyrys.

## Hormat gulak asmaklyk arkaly bilinýändir

Mukaddes Ýazgylarda erkekleriň ýa-da aýallaryň adamlary Hudaýdan ileri tutan ýagdaýlary köp duş gelýär. Bu ýagdaýlaryň biri-de oňat tamamlanmandy. Biz öz ygtyýarymyzdakylary sylamaklygyň netijelerini görkezipdik; öz deňduşlarymyzy sylamak babatda hem şeýledir.

Meni güýçli aýňaldýan wakalaryň biri Patyşalar kitabyndaky ýaş we garry pygamberler baradaky wakalardyr. Hudaý Ýahudadaky ýaş pygambere Beýtele gidip, şol ýerde Ýarobgam patyşanyň butlara gurbanlyk berýän sypasyna gygyrmagy buýurýar. Ol muny aýdylyşy ýaly edende, Hudaý sypany çym-pytrak edýär, onuň üstündäki kül ýaş pygamberiň aýdyşy ýaly dumly-duşa pytraýar.

Ýarobgam patyşa Hudaýyň adamynyň aýdanlarynyň şobada amal bolşuna we Hudaýyň öz eline şypa berşine haýran galýar. Şoňa görä-de, ol pygamberi demini dürsemek we sylagyny almak üçin ony köşgüne çagyrýar. Emma pygamber şeýle diýýär: “Maňa patyşalygyň ýarysyny berseňem, men seniň bilen gitmerin. Bu ýerde çörek iýip, suw-da içmerin. Çünki Reb maňa: ‘Ol ýerde çörek iýme, suw içme, giden ýoluňdan yzyňa gaýtma’ diýip tabşyrdy” (1 Pat. 13:8 – 9).

Şunlukda, ol başga ýol bilen Ýahuda tarap ýola düşýär. Emma ýolda bir garry pygamber öňünden çykyp, ony öýüne çaý-çörege çagyrýar. Ýaş pygamber Hudaýyň oňa iýip-içmezligi we başga ýoldan dolanmagy tabşyrandygyny, şonuň üçin-de onuň bilen gidip bilmeýändigini garry pygambere aýdýar. Garry pygamber bolsa söz açyp, şeýle diýýär: “Men hem seniň ýaly bir pygamberdirin. Rebbiň tabşyrygy boýunça bir perişde maňa: ‘Ol çörek iýip, suw içer ýaly ony yzyna öwür-de, özüň bilen bile öýüňe alyp gaýt’ diýdi”. Ýöne bu garry ýalan sözleýärdi (18-nji aýat).

Ýaş pygamber garry pygamberiň sözlerini sylap, onuň bilen öýüne gidýär. Öýde saçak başynda otyrkalar, ýaş pygambere gulak asmandygy sebäpli ata-babalarynyň mazaryna gowuşmajakdygy barada Rebbiň sözi aýan bolýar.

Soňra ol Ýahuda ugraýar we ýolda arslan tarapyndan parçalanýar. Emma arslan onuň ne özüni, ne-de münüp barýan eşegini iýýär. Garry pygamber ýaş pygamberiň uçran wakasyny eşidende, şeýle diýýär: “Ol Rebbiň sözüne gulak asmadyk Hudaýyň adamydyr; Reb aýdan sözüne görä, ony arslana berip, arslan hem ony parçalap öldüren bolmaly” (26-njy aýat).

Ýaş pygamber garry pygamberi hormatlady. Ýaşulylara şeýle hormat goýmak oňa ýaşlykdan bäri öwredilen bolmaly. Hudaýa has uzak hyzmat edenlere hormat goýmak pikiri onuň aňyna berk ornandy, bu ýagşy häsiýet. Emma degişli deňagramlylygy saklamak wajypdyr. Ýaş pygamberiň goýberen ýalňyşy – garry pygamberiň sözlerini Rebbiň sözlerinden ileri tutmagydyr. Bu oňa juda gymmada düşdi.

Täze Ähtdäki mysaly Petrusyň durmuşyndan görse bolýar. Resul Pawlus şeýle ýazýar:

> Petrus Antiýoha gelende, onuň goýberen ýalňyşyny aç-açan ýüzüne aýdyp, oňa garşy çykdym. Petrus Ýakubyň iberen adamlary gelmezden ozal, keseki milletler bilen bir saçak başynda iýip-içýärdi. Emma şol adamlar gelende, Petrus sünnet edilmegi ündeýänlerden gorkup, keseki milletlerden çetleşip, olar bilen gatnaşygy kesdi. Onuň bilen birlikde beýleki ýahudylar hem ikiýüzlülige ýüz urdular, hatda Barnap hem olaryň ikiýüzlüliginden ýaňa dogry ýoldan azaşdy.
>
> – Gal. 2:11-13

Petrus, Barnap we beýleki ýahudy imanlylar ozal keseki milletler bilen bir saçagyň başynda iýip-içendiklerine garamazdan, näme üçin olardan

çetleşýärler? Munuň jogaby ap-aýdyň: olar öz dostlaryny hakykatdan ileri tutdular, bu bolsa olary ahyrda gorka gaplanyp, ikiýüzli hereketleri etmegä mejbur etdi. Petrus hakykaty bilýärdi, ol oňa Ýafoda aýan edilipdi. Rebbiň oňa aýan eden sözi şeýledi: “Hudaýyň halal diýen zatlaryna sen haram diýmegin” (Res. 10:15).

Ýene bir gezek gaýtalaýyn: käwagt görmeýänimizi sylandan, gözümiz bilen görüp duranlarymyzy sylamak has aňsatdyr. Emma bu beýle bolmaly däl. Biz öz hereketlerimizi rejeleşdirmek üçin, durmuşymyzdaky ynamlaryň çäklerini aňdyňladyrmaly. Şunlukda, biziň hormatlaýan ýa-da söýýän adamymyz Hudaýyň sözünde aýdylanlara garşy hereket etmegi sorasa, ýalbarsa, biz onuň islegini Hudaýyň isleginden ileri tutup bilmeris.

## Hormatlamakdan saklanmak

Hormatdan saklanmaly bolýan wagtlarymyz bolýar. Bu seýrek duş gelse-de, günä batmazymyz ýaly, bu şeýle edilmelidir. Biz şuny okaýarys:

> Tomusda gar we orak döwründe ýagyn ýaly, akmaga hem hormat ýaraşýan däldir.
>
> – Sül. 26:1

> Daşy sapana berk daňyp goýan adam nähili bolsa, akmaga hormat goýýan-da şeýledir.
>
> – Sül. 26:8

Daşy sapana berk daňyp goýmalyk diňe size zeper ýetirip biler. Bu gündeki durmuş babatda nähili bolýar? Birinjiden, akmak kim? Bu ýüreginde: “Hudaý ýok” diýýän (Zeb. 52:1), gybat ýaýradýan (Sül. 10:18), ýamanlyga şatlanýan (Sül. 10:23) adam; onuň ýoly öz gözüne dogrudyr we dogruçylyň maslahatyny diňleýän däldir (Sül. 12:15), ol ulumsy we tekepbir gürleýändir (Sül. 14:3), özüne göwni ýetip, düşünjäni, atasynyň öwüdini ret edýändir (Sül. 15:5; 18:2) – Mukaddes Ýazgylarda akmaklar barada aýdylýan zatlary mysal getireýin. Umuman, Täze Ähtde şeýle adamy Isa Mesihiň garşydaşy diýip atlandyrylýar, sebäbi ol Onuň ýollaryna we taglymlaryna bütinleý ters ýaşaýar.

Biz şeýle adama onuň akmaklygy üçin hormat goýanymyzda, özümize zeper ýetirýäris, sapançadan sypan daş yzyna aýlanyp, bizi urýar. Ýohanna resul ikinji hatynda bu barada ap-aýdyň aýdýar:

> Eger kimdir biri ýanyňyza gelende, Mesih hakdaky taglymaty getirmese, ony öýüňize salmaň, oňa salam hem bermäň. Oňa salam beren onuň erbet işlerine şärik bolýandyr.
>
> – 2 Ýoh. 10-11

Isa Mesihiň taglymyna çapraz gelýän zatlary hereketleri ýa-da ynamlary sylamaklyk paýhassyzlykdyr. Eger biz şeýle etsek, olaryň günäsine şärik bolarys.

## Hormaty almak

Iň soňundanam ozal belläp geçişimiz ýaly, hormaty talap etmeklik Hudaýyň ýüregine garşy gelýändir. Eger är sylag-hormat baradaky habary eşidip, öýe dolananda muny aýalyndan we çagalaryndan talap edýän bolsa, habaryň asyl manysyny sypdyrýandyr. Ýolbaşçy wezipäni eýeleýän islendik adam babatda hem şeýledir. Başga tarapdan bolsa Mukaddes Ýazgylar hormaty gazanmak üçin nämeleri edip bilýändigimiz barada öwredýär:

> Danalyk al, paýhasa eýe bol. Aýdanlarymy unutma, sözümden çykma. Danalykdan aýrylma, ol seni gorar; söý ony, saňa gözegçilik eder. Danalygyň başy şudur — oňa eýe bol. Bir zat satyn alsaň — paýhas al. Oňa hormat goý, ol seni göge göterer; ony bagryňa bas, ol seni şöhratlandyrar*.
>
> – Sül. 4:5-8 (nygtama awtoryňky)

Paýhasy almaklyk size hormat getirer. Paýhasyň başlangyç nokady – Rebden gorkmaklykdyr. Biz Rebden gorkanymyzda, durmuşymyzyň ähli çäklerinde Hudaýyň Sözüne ynanarys we tabyn bolýarys. Biz Onuň buýruklaryna we tabşyryklaryna elmydama tabyn bolasymyz gelýär. Men käbir adamlaryň Mukaddes Ýazgylary öz durmuş ýörelgelirine uýgunlaşdyrjak boluşlaryny görýärin. Şonuň üçin-de, olar Mukaddes Kitaby okanlarynda, okaýan zatlaryna ynanman, ynanýan zatlaryny okaýarlar. Bularyň birinjisi – paýhasa eltýän Rebden gorkmaklyk, ikinjisi – ýalan.

Adalatly ýaşamaga ymtylýan, rehim-şepagaty halaýan we Hudaýyň öňünde pespäl gezýän adamlar çalt toba gelýän we iman edýän adamlardyr. Bu adamlar gerek wagty düzedişi kabul ederler. Bize şeýle aýdylan: "Öwüt-nesihaty ret eden garyplyk hem biabraýlyk alar, käýinji kabul edene hormat" (Sül. 13:18).

---

* Şöhratlandyrar – iňlis dilindäki terjimede hormat getirer. Terimeçiniň belligi.

Biabraýlygyň gapma-garşysy – hormatdyr. Düzedişe garşylyk görkeziň, şonda biabraýlygy özüňize çekersiňiz; hakykaty öz amatlygyňyzdan ýa-da lezzetiňizden ileri tutmaklyk bolsa size hormat getirer.

Bu sadaja şuňa jemlenýär: “Kiçigöwünliligiň, Rebden gorkmagyň sylagy baýlyk, abraý we ýaşaýyşdyr” (Sül. 22:4). Eger siz dogrulyga ymtylsaňyz, Hudaý hormaty wada berýär. Bu bada-bat gelmez, ýöne ol hemişe gelýändir. Şindi, birnäçe onýyllyk bäri alyp barýan hyzmatymyň dowamynda men Hudaýyň mizemez ýalkanyşlarynda gezýänleri synladym. Käbir adamlara haýsydyr bir wagtda öz wepalylyklary sylanylmaz bolup göründi; emma sarsmaz sabyr-takatlary arkaly olar ahyrda beýik hormaty we ýalkanyşlary görýärler.

## Sylag-hormaty saklamak

Sylag-hormaty saklamak üçin biz ruhda pespäl galmalydyrys. Hudaýyň bizi näçe ýalkaýandygyna garamazdan, biz özümize berilmejek zadyň ýokdugyny elmydama ýatda saklamaly. Liza ikimiz syýahatçylyk hyzmatyna başlanymyzda, mümkinçiliklerimiz köp däldi, bizi hiç kim çagyrmaýardy. Biz ähli güýjümizi Hudaýyň bize açan gapysyna bermegi niýet edinýärdik.

Köp ýyllaryň dowamynda mätäçligimiziň iň soňky pursat öweziniň dolunýandygyna synlanymdan soň, Hudaý dileg wagtymda maňa ýüzlenip, şeýle diýdi: “Oglum, men seni, maşgalaňy we hyzmatyňy hatda akylyňy-da gelmejek tärde ýalkap başlajak. Siziň bolelin üpjünçiligiňiz bolar, hyzmatyňyzyň täsiri artar. Ýöne bu siziň üçin synag hem bolar. Kyn döwürlerde sen ähli zatda – näme diýmelidigi, puly nähili harç etmelidigi, nirä gitmelidigi we ş.m. zatlarda Maňa bil bagladyň; Men seni bolelin ýalkanymda, sen öz pikiriňi aýdyp başlarsyňmy ýa-da näme diýmelidigini bilmek üçin Maňa ýüzlenersiňmi? Siz puly islendik ýeriňizde harçlarsyňyzmy ýa-da Menden maslahat soramagyňyzy dowam edersiňiz? Nirä we näme üçin gitmelidigini Menden sorarmysyňyz ýa-da nireden gelendigiňizi unudarsyňyzmy?”

Soňra Ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi: “Oglum, ýykylanlaryň köpüsi kyn döwürlerinde däl-de, bolelinlik döwürlerinde ýykyldylar”.

Öýüme tarap ýöräp gaýdyşym (men öýümiziň golaýyndaky çola bir ýerdedim) we Hudaýyň dilegde maňa aýdanlaryny aýalyma gürrüň berşim ýadyma düşýär. Ol maňa dürs seretdi-de, şeýle diýdi: “Jon, eger sen maňa Hudaýyň aýdanlarynyň diňe birinji ýarymyny aýdan bolsaň, men edil şu pursat bökjekläp tans ederdim, ýöne duýduryşy eşidenimden soň meni mukaddes gorky gurşap aldy”.

Men onuň bilen bilen ylalaşyp, başymy atdym.

Pawlus bütin ömrüne özüni “resullaryň iň kiçisi”, “mukaddesleriň iň kiçisi” we “günäkärleriň iň ulusy” diýip atlandyrardy. Ol özüniň nireden çykandygyny we baky hakykaty – özündäki ähli zatlary Hudaýyň berendigini hiç haçan ýadyndan çykarmaýardy. Hut şu sebäpdenem ol şeýle ýazdy: “Eýsem siz beýlekilerden üýtgeşikmi? Siz özüňizdäkileriň baryny Hudaýdan almadyňyzmy näme?” (1 Kor. 4:7). Biz Hudaýyň huzurynda şeýle pespäl ýaşanymyzda, ugrunda zähmet çeken zadymyzy ýitirmeris. Şu kitaby açanymyzda Mukaddes Ýazgylardan alnan aýady ýada salyň: “Ägä boluň. Çeken zähmetiňizi ýele sowurman, onuň rehnetini doly görer ýaly, berk duruň” (2 Ýoh. 8). Bizi zähmetimiziň rehnetini ýitirmekden goramak üçin, bize şeýle öwüt berilýär:

> Adamyň tekepbirligi ony peseldýändir, pesgöwünli adam bolsa hormat gazanýandyr.
>
> – Sül. 29:23 (nygtama awtoryňky)

Gazanýandyr diýen söze üns beriň. Eger biz Rebbiň gorkusynda ýaşasak we hakyky pespällikde gezsek, hormat gazanarys we ony artdyrarys.

Isa Mesihiň bizi nähili elhenç ölümden halas edendigini asla unutmaň. Şeýle-de siziň duş gelýän her bir adamyňyzy Isa Mesihiň söýýändigini we gadyryny bilýändigini ýatda saklaň. Şonuň üçin-de, Onuň Öz janyny gurban etmek arkaly olary sylaýşy ýaly hem sizi sylaň, şonda siz hem hormat gazanyp, sylag alarsyňyz we kabul eden zatlaryňyzy ýitirmersiňiz.

## Jemleýji söz

Biz hakyky sylag-hormatyň ýürekden gaýdýandygyny gaýta-gaýta nygtadyk. Biziň ýüregimizi özgertmegiň iň netijeli usuly – çyn ýürekden dileg etmek. Men sizi Hudaýyň söýgüsiniň, mukaddes gorkusynyň we hormatynyň ýüregiňizde joşmagy üçin günde dileg etmäge çagyrýaryn. Şunlukda, şu kitaby ýapanyňyzda, ondaky habary ýüregiňizde ýapylmazlygy üçin (çünki ol durmuşyňyzda öz hasyl bermesini dowam eder) , Hudaýyň durmuşyňyzda duşurýan adamlary babatda barlygyňyza hakyky hormaty guýary ýaly, siziň bilen dileg edesim gelýär. Eger siz kimdir birine äsgermezçilik eden bolsaňyz, men toba dileginden başlaryn. Geliň, bile dileg edeliň:

*Eý, Gökdäki Atam, şu kitap arkaly meniň bilen gürleşeniňe minnetdar. Men Seniň huzuryňa gelip, ilki bilen toba edip, ötünç*

*soraýaryn. Meniň durmuşyma iberen adamlaryňa äsgermezçilik edenim üçin meni bagyşlaý diýip ýalbarýaryn. Men özümden ýokary duranlary äsgermän, olara tabyn bolmanlygym üçin, öz deňimdäkileri sylamanlygym üçin, öz ygtyýarymdakylaryň gadyryny bilmänligim üçin we ömrümde duş gelen erkekdir aýallara hormat goýmanlygym üçin meni bagyşla diýip ýalbarýaryn. Meni Isa Mesihiň gany bilen päklemegiňi dileýärin, çünki men kabir adamlara gödek bolandygyma ökünip, toba edýärin.*

*Men ýüregimi we kalbymy hakyky sylag-hormatdan doldurmagyňy Senden dileýärin.*

*Men ýüregimiň Rebden gorkmaklyk we Hudaýyň söýgüsi bilen dolmagyny küýseýärin. Men ýüregimi edil Seniň Öz ýüregiň kimin ýanmagyny isleýärin: men erkekleri-de, aýallary-da Sen ýaly hormatlap, söýüp, olaryň gadyryny bilmek isleýärin. Men bularyň baryny iman bilen soraýaryn we edil şu pursat alýaryn. Men Isa Mesihiň ady bilen dileg edýärin.*

*Omyn.*

Şu mesele babatda günde dileg ediň, Hudaýyň Sözüne tabyn geziň we Hudaýyň Şalygynyň gitdigisaýy özgerýän ilçisine öwrülýändigiňize syn ediň. Siziň sylagyňyz beýik bolar, şatlykdan dolarsyňyz, ýüregiňiz püre-pür bolar. Söýgiňiz we Şamyza hyzmat edýändigiňiz üçin size minnetdar.

Imandan dänmez ýaly, Hudaý sizi goramagy we şatlykdan dolduryp,
Öz şöhratly huzuryna sizi bütinleý müýnsüz getirmegi başarýandyr.
Şonuň üçin Rebbimiz Isa Mesih arkaly ýeke-täk Halasgärimiz
Hudaýa şan-şöhrat, güýç-gudrat, hökümdarlyk ezelden, häzir we
baky ýar bolsun! Omyn.

– Ýah. 1:24-25

## GOŞUNDY

# Hemmelere elýeter bolan gutulyş

> Şoňa görä-de, eger sen agzyň bilen Isa Mesihiň Rebdigini ykrar etseň, Hudaýyň Ony ölümden direldenine ýürekden iman etseň, halas bolarsyň. Çünki çyn ýürekden iman edýän adam aklanar, agzy bilen ykrar edýän hem halas bolar.
>
> – Rim. 10:9-10

Hudaý siziň hakyky durmuşda ýaşamagyňyzy isleýär. Ol sizi tüýs ýürekden söýýär we durmuşyňyz üçin meýilnamasy bar. Ýöne öz ykbalyňyza eltýän ýoly saýlamagyň ýeke-täk bir usuly – Hudaýyň Ogly Isa Mesih arkaly gutulyşy kabul etmek usuly bar.

Hudaý Isa Mesihiň ölümi we direlişi arkaly size – Öz söýgüli ogluna we gyzyna Öz Şalygyna ýol açdy. Isa Mesihiň haçdaky gurbanlygy arkaly ebedi bolelin ýaşaýyş size elýeter boldy. Gutulyş – bu Hudaýyň peşgeşi, ony gazanmak-da, oňa mynasyp bolmak-da mümkin däl.

Bu gymmat peşgeşi almak üçin, ýaşaýyş beren Ýaradanyňyzdan üzňe ýaşandygyňyz (sebäbi bu siziň öňde-soňda eden günäleriňiziň köki) babatdaky günäňizi boýun almaly. Toba – halas bolmagyň wajyp bölegi. Petrus Resullaryň işleri kitabynda bäş müň adamyň halas bolan gününde bu barada aýdyň aýdypdy: “Indi günäleriňiziň bagyşlanmagy üçin toba ediň we Hudaýa tarap öwrüliň” (Resullaryň işleri 3:19). Mukaddes Ýazgylar biziň her birimiziň günäniň guly bolup doglandygymyz barada aýdýar. Bu gulçulygyň köki-damary Adam atanyň eden günäsindedir; ol özdiýenliligiň we bitabynlygyň başyny başlapdy. Toba – bu özüňize we ýalanyň atasy iblise tabyn bolmagy bes edýändigiňiz, mundan beýläk öz täze Rebbiňize – Öz janyny siziň üçin gurban eden Isa Mesihe gulak asjakdygyňyz baradaky saýlawdyr.

Siz özüňizi Isa Mesihe tabyn etmeli, Ony öz Rebbiňiz hökmünde kabul etmeli, durmuşyňyzy (öz ruhuňyzy, janyňyzy we teniňizi Oňa tabyn edip) Onuň ygtyýaryna tabşyrmaly, özüňizi we özüňizdäki zatlaryň baryny bütinleý Oňa tabşyrmaly. Onyň siziň durmuşyňyzdaky ygtyýarlygy bütinleý bolýar. Siz muny eden badyňyza, Hudaý sizi tümlükden boşadyp, Öz Şalygynyň nuruna we şan-şöhratyna elter. Siz ölümden ýaşaýşa geçip, Onuň perzendi bolarsyňyz!

Eger siz Isa Mesih arkaly halas bolasyňyz gelýän bolsa, şu dilegi ediň:

*“Eý, Gökdäki Hudaý! Men özümiň günälidigimi we Seniň dogrulyk ölçegleriňe görä ýaşap bilmeýänligimi boýun alýaryn. Men öz günälerim üçin baky jeza mynasyp. Meni şeýle ýagdaýda taşlamaýandygyň üçin Saňa minnetdar, sebäbi Seniň Isa Mesihi, Päkgyz Merýemden doglan ýeke-täk Ogluňy meniň üçin ölüp, meniň jezamy haçda götermek üçin iberendigiňe iman edýärin. Men Onuň üçülenji gün direlip, Seniň sag tarapyňda oturandygyna iman edýärin. Ol meniň Rebbim we Halasgärim. Şu gün men Senden üzňe ýaşandygym üçin toba edýärin we öz durmuşymy bütinleý Rebbim Isa tabşyrýaryn.*

*Eý, Isa Mesih! Men Seni öz Rebbim we Halasgärim diýip yglan edýärin. Meniň durmuşyma Öz Ruhuň bilen aralaş we meni özgerdip, Hudaýyň perzendi et. Men şu çaka çenli bolan tümlügimi ret edýärin we şu günden başlap özüm üçin däl-de, Seniň merhemetiň arkaly Seniň üçin ýaşap başlaryn, çünki meniň baky ýaşarym ýaly, Sen Özüňi meniň üçin gurban etdiň.*

*Ýa Rebbim, Saňa minnetdar. Meniň durmuşym indi Seniň eliňde we Seniň Sözüňde aýdylyşy ýaly, men utanja galmaryn. Isa Mesihiň ady bilen dileýärin, omyn”.*

Maşgala hoş geldiňiz! Edil şu pursat başdan geçirenleriňizi başga imanlylara gürrüň bermäge çagyrýaryn. Mukaddes Kitaba ynanýan yerli ýygnaklaryň birine gatnap başlamak, sizi imanda ruhlandyrjak imanlylar bilen gatnaşmak wajypdyr. Siz biziň hyzmatymyz bilen habarlaşyp bilersiňiz (MessengerInternational.org saýtyna giriň) we biz size ýaşaýan ýeriňizde ýygnagy tapmaga kömek ederis.

Siz iň täsin syýahata ugradyňyz. Hudaýyň aýanlygynda, merhetinde we Onuň bilen dostlaşmakda günsaýyn ösüp bileriňiz ýaly, goý, Ol sizi boldan-bol ýalkasyn!

# KRIPTONITI ÝOK ETMEK

*Güýjüňizi ogurlaýan zady ýok etmegiň usuly*




Islendik päsgelçiligi ýeňip, islendik duşmany syndyryp bilýän Supermen ýaly,  Isa Mesihe eýerýänleriň hem öz ýolunda gabat gelýän kynçylyklary ýeňip geçmek üçin adatdan daşary güýji bardyr. Ýöne Supermeniň ýagdaýynda bolşy ýaly, biziň hem bir meselämiz – güýjümizi ogurlaýan kriptonit bar.

Supermen we kriptonit – hyýalymyzyň miwesedigi gürrüňsiz zat. Ýöne ruhy kriptonit dogrudan-da bardyr.

Birinji asyrda ýaşan mesihiler Hudaýyň  güýjüne eýediler. Siz şu kitapda köpimiziň şeýle güýçden näme üçin mahrumdygymyzyň sebäbini bilersiňiz.

Jon Biwer “Kriptoniti ýok etmek” atly kitabynda ruhy kriptonitiň nämedigi, onuň jemgyýetimize salýan howpy we onuň ýesirliginden nädip boşanyp bolýandygy barada gürrüň berýär.

*“Kriptoniti ýok etmek”* gowşak adamlar üçin däl, ol süýjüçil adamy hoşwagt etjek kitap hem däl. Bu kitabyň hakykaty Isa Mesihe eýerip, kynçylyklardan doludygyna garamazdan, sylaglary wada berýän we bütinleý özgerdýän ýola gadam urmagy küýseýän adamlar üçindir.

**MessengerX.com** -da elýeter

# MUKADDES RUH: GIRIŞ

*Siz Ol barada bilýärsiňiz, ýöne welin Ony tanaýarsyňyzmy?*




Şägirtler üç ýyllap Isa Mesih bilen boldular, Onuň ýanynda gezdiler, Onuň aýdanlarynyň baryny eşitdiler. Ýöne şonda-da Isa Mesih iň ýakyn dostlaryna Mukaddes Ruhuň gelip bilmegi üçin, Özüniň olary taşlap gitmelidigini we munuň olar üçin has gowy boljakdygyny aýtdy (Ýohanna 16:7, 13-14). Eger bu her gününi Isa Mesihiň ýanynda geçiren şägirtler üçin has gowy bolan bolsa, onda biz öz durmuşymyzda Mukaddes Ruhuň huzuryna näderejede mätäç?

Köp adamlaryň Mukaddes Ruhuň Kimdigi we Onuň Özüni nädip aýan edýändigi baradaky bilimden mahrum edilmegi, Oňa köplenç nädogry düşünilmegi diýseň gynandyrýar. Ýöne Mukaddes Kitap Mukaddes Ruhuň nämedeir bir zat däldigini aýdyň aýdýar. Ol - Kimdir Biri, Ol – Şahsyýet, Ol bizi asla taşlamajakdygyny wada berdi. Jon Biwer bu interaktiw kitabynda sizi  Ýygnakda iň äsgerilmeýän we düşnüksiz bolan Şahsyýeti, ýagny Mukaddes Ruhy ýakyndan tanamaga çagyrýar.

**MessengerX.com** -da elýeter

# BAKYLYKDAN YLHAMLANÝANLAR

*Şu gün we bütin bakylykda mana eýe bolan durmuş*




Günleriň birinde siz Hudaýyň öňünde dik durup, Oňa bütin durmuşyňyz barada hasabat berersiňiz. Şu pursat özüňizden sorap biljek iň wajyp soragyňyz – siz muňa taýyn bolarmysyňyz?

Mesihileriň köpüsi haç babatdaky soraga berjek jogaplarynyň bakylygy nirede geçirjekdigini kesgitleýändigini bilýär. Ýöne siz ýer ýüzünde eden işleriňiziň bakylygy nähili geçirjekdigiňizi kesgitleýändigini bilýärmisiňiz?

Hudaý siziň öz çakylygyňyzy bilmegiňizi isleýär, Ol sizi nadanlykda saklasy gelmeýär. Mundan başga-da, Ol ýer ýüzündäki durmuşyňyzyň sebäbine düşünip, onuň manysyny we maksadyny taparyňyzy isleýär.

Soňky demden soň indiki duralga däl-de, bakylykdaky durmuş bolar. Juda giç bolaryna garaşmaň. Hudaý tarapyndan berlen maksadyňyza görä ýaşap, ýerdäki ýaşaýşyňyz bakylyk üçin hem ähmiýetli bolmagyny gazanyň.

**MessengerX.com** X -da elýeter

# HUDAÝ, SEN NIREDE?!

*Öz çölüňizde güýç we maksat ediniň*




Siz, belki Hudaýyň sesini eşidensiňiz, ýöne indi Ol dymýan ýaly bolup görünýär. Siz, belki imanda hereket edensiňiz, ýöne indi Onuň huzuryny tapyp bilmeýäňiz. Eger şeýle bolsa, çöle hoş geldiňiz – bu ýer Hudaýdan wada almak bilen onuň berjaý bolmagynyň arasyndaky ýerdir.

Ýöne bir oňat habar hem bar: çöl – bu maksatsyz we boş ýer däl. Siz bu çölden dogry geçen ýagdaýyňyzda, Hudaý ony öz çakylygyňyza taýynlamak we ýol şaýyňyzy üpjün etmek üçin  ulanýar. Köp adamlaryň näme pikir edýändigine garamazdan, biz bu möwsümden diňe Hudaýa garaşyp geçmeýäris. Siz çölden geçeniňizde, öz roluňyzy ýerine ýetirmeli; siziň roluňyz ähmiýetlidir. Eger siz wagtyňyzy biderek sarp edip, şol bir ýerlere öwran-öwran aýlanmak islemeseňiz, çölüň nämedigini bilmelisiňiz.

Bestselleriň awtory Jon Biwer aýanlykdan doly bu kitabynda Mukaddes Kitabyň açary bilimlerini we çuň manyly wakalaryny siziň bilen paýlaşýar. Olar size gurak we kyn möwsümlerden geçip, Hudaýyň siziň üçin taýynlan zatlarynyň ählisine girmäge kömek eder.

**MessengerX.com** -da elýeter

# ŞEÝTANYŇ ALY

*Bagyşlamazlygyň ölüm howply duzagyndan azat ýaşamak*




“Şeýtanyň aly” atly kitap imanlylary Hudaýyň erkini amal etmekden çetleşdirmek üçin duşmanyň ulanýan iň mekir tilsimleriniň biriniň – ýalana maýyl bolmaklygyň tebigatyny açyp görkezýär. Köp adamlar şeýtanyň bu duzagyna düşendiklerini hatda aňlaman-da galýarlar.

Aldanmaň! Isa Mesih: «Günä duçar edýän zatlaryň gelmegi gutulgysyzdyr» (Luka 17:1). Siz bu zatlar babatda hiç zat edip bilmeseňiz-de, olara nähili jogap berjegiňiz size baglydyr. Eger siz günä duçar edýän zatlara dogry garasaňyz, onda gynanmarsyňyz, gaýtam öňküden-de güýçlenersiňiz. Size Hudaý bilen päsgelçiliksiz gatnaşygy saklamaga diňe dogry garaýyş kömek eder.

Joj Biwer şu kitaby arkaly Hudaýyň erkine sadyk galmaga, müňkürlikden we ynamsyzlykdan azat bolmaga ýardam etjek maslahatlary berýär. Siz pida bolan adamyň garaýyşlaryna uçramakdan saklanarsyňyz, kynçylyklary bolşundan has ulaltmazlygy we lapykeçlige duçar bolmazlygy öwrenersiňiz. Siz Hudaýa tabyn bolmagyň iň ýokary derejesini öwreneniňizde, birek-biregi aňsatlyk bilen bagyşlarsyňyz, bozulan gatnaşyklary dikeldersiňiz, siziň durmuşyňyz bolsa we tükeniksiz şatlykdan dolar.

**MessengerX.com** X -da elýeter

# X: HUDAÝYŇ SIZE BEREN GÜÝJÜNI KÖPELDIŇ




Siz haçan hem bolsa özüňizi Hudaýyň Şalygynda synlaýjy hökmünde duýupmydyňyz? Siz, belki, haýsydyr bir zatlary etmelidigiňizi bilseňiz-de, kesgitli nämeleri etmelidigiňize doly düşünip bilmeýän bolmagyňyz ahmal. Biziň köpimiz öz durmuşymyz arkaly uly täsirleri ýetirmegi arzuwlaýarys, ýöne, belki, jogapsyz galýan şeýle soraglaryňyzyň bolmagy ahmal:

- Durmuşymda Hudaýyň erkini sypdyrmaýandygymy nädip bilmeli?
- Hudaýyň Şalygyny bina etmekde meniň üýtgeşik ruhy peşgeşlerimiň orny nähili?
- Hudaýyň maňa beren güýjüni ulanýandygyma nädip göz ýetirmeli?
- Eger men “hyzmatda” bolmasam, meniň çagyrylyşym has ähmiýetsiz bolýarmy?
- Hudaýyň merhemetinde ýaýnamak bilen Onuň Şalygy üçin hereket etmegiň arasyndaky deňagramlylygy nädip saklamaly?
- Ynamsyzlygyň we töwekgelligiň bolan ýagdaýynda hem öňe hereket etmek üçin gorkyny nädip ýeňip geçmeli?

Jon Biwer yhlas bilen ýazan bu kitabynda Mukaddes Ýazgylardan jikme-jik öwrenen zatlaryna esaslanýar. Ol siziň öz çakylygyňyz babatda başgaça oýlanmagyňyza, onuň Hudaý üçin näderejede wajypdygyna düşüneriňiz ýaly, ynandyryjy wakalary mysal getirýär. Siz bu kitabyň sahypalarynda Hudaýyň beren ruhy peşgeşlerini köpeltmegi we öz mümkinçilikleriňizi doly ulanmagy öwrenip bilersiňiz!

**MessengerX.com** X -da elýeter

# MessengerX

*Her bir adam üçin şägirtçilige ýol we her ýerde*




- **115-den gowrak dilde mugt;**
- priloženiýada we onlaýnda elýeter;
- siziň ruhy ösüşiňiz üçin niýetlenen materiallar;
- öz taryhyňyzy we şägirtçilik ýoluňyzy yzarlaň.



Messenger-iň şägirdi bolmak üçin resurslaryň doly kitaphanasyny: elektron kitaplary, wideo we audio okuwlary, audiokitaplary, Mukaddes Ýazgylary alyň. Öz ähli enjamlaryňyzda tomaşa ediň, okaň we diňläň.




**MessengerX.com**

Download on the App Store

GET IT ON Google Play

Bütin dünýä boýunça App Store и Google Play-da elýeter

**«Jon Biweriň Mukaddes Ýazgylary jikme-jik öwrenmekde seýrek zehini bar. Okyjylar onuň ter we asyl özenini ýüze çykarmagy başarýan synçylygyna haýran galarlar».**

*— USA Pablişer Uikli*

Mesihileriň biri-de Hudaýy çäklendirmek islemeýär. Ýöne biziň köpimiz **hormat** babatdaky örän wajyp ruhy esasa äsgermezçilik etmek bilen, öz durmuşymyzda Hudaýyň hereketlerini bilmezden çäklendirýäris.

Hormat – bu biziň medeniýetimizde ýitdi diýseň-de boljak düşünje; emma siz kitabyň sahypalaryndan Hudaýyň Şalygynyň durmuşymyzyň ähli çäklerine aralaşyp bilmegi üçin bu düşünjäniň esas bolup durýandygyny görersiňiz.

Bestselleriň awtory Jon Biwer "Hormat sylagy" atly kitabynda hormatlamaga bolan çagyryşy kabul etmek bilen, Hudaýyň gymmatlyklar ulgamyna laýyk bolup başlaýandygyňyzy we Onuň siz üçin taýynlan zatlaryň ählisini alýandygyňyzy açyp görkezýär.

Bu kitap Mukaddes Ýazgylaryň çuňňur esaslaryny gündeki durmuşda gabat gelip, haýrana galdyrýan wakalary bilen birleşdirip, ýatdan çykyp barýan bu ýagşy häsiýete ter garaýyş bilen garamaga mümkinçilik berer we, iň esasy zat, ony durmuşyňyzyň her bir çäginde ulanmaga höweslendirer.



**JON BIWER** – halkara wagyzçy we bestselleriň awtorydyr. Ol Hudaýyň Sözi babatdaky berk garaýyşlary bilen tanalýandyr. Jon we onuň aýaly Liza Biwer "Messenjer Interneşenel" hyzmatyny esaslandyryjylardyr. Bu hyzmatyň maksady – Isa Mesihe örän sadyk bolan we dünýämizi özgerdip biljek şägirtleri aýaga galdyrmak. Jon Kolorada şatatynda öz öýünde bolan wagty dört ogly bilen dürli oýunlary oýnaýar we Lizany golf oýnuny oýnamaga yrjak bolýar.

MessengerX

Mugt indirmeler we akymlaýyn wideolar üçin **MessengerX.com** saýtyna giriň.

Has köp bilmek isleýäňizmi? Şu ýerde skanirläň:

MESSENGER INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

Bu kitap awtordan sowgat.
Satuwa degişli däl.